**Türkmenistanyň Bilim ministrligi**
**Halkara türkmen – türk uniwersiteti**

# Türki ýurtlaryň taryhy

Synag okuw kitaby

Taýýarlanlar: HTTU-nyň dosenti M.Öwlüýägulyýew,
uly mugallym A. Annaberdiýew

***Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi***

**Aşgabat -2010**

# Giriş

XX-nji asyryň ahyryna çenli dünýä kartasynda eke-täk türki döwlet Türkiýe respublikasy bolupdyr. Häzirki wagtda olaryň sany köpelip alta ýetdi. SSSR-iň dargamagy bilen Aziýa regionynda Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen ýene-de bäş sany: Türkmenistan, Gazagystan, Özbegistan we Azerbeýjan ýaly garaşsyz özbaşdak türki döwletler peýda boldy. Bu döwletleriň halklarynyň taryhy köklerindäki, medeniýetlerindäki, dillerindäki we dinlerindäki umumylyklar olaryň biri-birine has ýakyn halklardygyny subut edýär. Oguz han, Gorkut ata, Görogly we ş.m. beýik şahsyýetleriň ol döwletleriň halklarynyň halk döredijiliginde, taryhynda we edebiýatynda gaýtalanmagy hem muňa doly güwä geçýär.

1552-nji ýylda ruslar Kazan hanlygyny ýykýarlar. Kazan hanlygynyň ýykylmagy bolsa Russiýa döwletiniň Merkezi Aziýa topraklaryna süýşmegine ýol açýar. XIX asyryň ikinji ýarymyndan başlap Merkezi Aziýadaky türki halklaryň Russiýa patyşalygynyň, soňra XX asyryň başlaryndan başlap tä 90-njy ýyllara çenli Sowetleriň täsirine düşmegi ol halklaryň biri-birine ýakynlaşmagyna we ykballarynyň meňzeş bolmagyna getiripdir. Bu topraklar ilki Russiýa patyşalygynyň, soňra bolsa Sowetleriň çig mal bazasyna öwrülipdir. Elipbiý meselesinde hem bu halklar araplaryň aralaşmagy bilen arap elipbiýini ulanan bolsalar, Sowetler döwrüniň ilkibaşynda latyn soňra bolsa krill elipbiýlerini ulanypdyrlar. Elipbiýleriniň umumylygy bolsa bu halklaryň biri-biriniň medeniýetini, edebiýatyny, dilini we ş.m. öwrenmekde özüniň oňyn täsirini ýetiripdir.

XX asyryň ahyrlarynda Sowetleriň dargamagy bilen täze türki döwletleriň Garaşsyzlyk eýýamy başlanýar. SSSR-iň düzümindäki Merkezi Aziýa Respublikalary, şeýle-de

Zakawkazýadaky Azerbaýjan Respublikasy yzly-yzyna özleriniň özbaşdaklyklaryny yglan edýärler. Bu bolsa ol döwletleriň ähli ugurlarda ykdysadyýetde, syýasatda we medeniýetde ýokary göterilmegine getirmek bilen özbaşdak döwlet derejesinde dünýäniň iň möhüm meselelerini çözmäge mümkinçilik döretdi.

# AZERBAÝJAN RESPUBLIKASY

Azebaýjan tutýan meýdany boýunça 86,6 müň inedördül kilometre barabardyr. Ilatynyň sany 8,3 mln adamdyr. Paýtagty Baku şäherinde 2 mln ilat ýaşaýar.

Döwlet gurluşy Prezident respublikasydyr. Döwletiň başynda Prezident durýar. Kanun çykaryjy organy parlamentdir.

Azerbaýjan administratiw-territorial bölünişi boýunça 59 raýondan we bir awtonom respublikadan (Nahiçewan Awtonom Respublikasy) ybaratdyr.

Milli düzüminiň 90%-den gowragy azerbeýjanlardyr. Döwlet dili azerbeýjan dilidir. Şäher ilaty umumy ilatyň 52%-i düzýär. Azrbaýjanyň daş-töweregini Kawkaz daglary we Kaspiý deňzi gurşap alandyr. Ýurduň merkezi bölegini uly düzlüzkler tutýar, demirgazygynda Kawkaz dag gerişleri, günortada Kürdüstanyň daglyk ulgamlary, gündogarda Kaspiý deňzi, günbatarda bolsa Ermenistan hem-de Gruziýa bilen serhetleşýär. Azerbeýjan aram klimatly guşaklykda ýerleşendir.

Ýurduň ykdysadyýetinde öňdäki orunlary nebit-gaz toplumy, nebit-himiýa, maşyn gurluşygy şeýle hem ýeňil we azyk senagaty tutýandyr.

Ekerançylykda däneli, esasan hem bugdaýa (ekiş meýdanynyň 40%-i), ot-iýimlik, tehniki ösümliklere aýratyn üns berilýär.

Maldarçylykda ownuk şahly we iri şahly mallar köpeldilýär. Guşçylyk, balykçylyk hem ösendir.

# I BÖLÜM
# Azerbaýjan iň gadymy döwürden b.e.VIII asyryna çenli

## Azerbaýjan iň gadymy adamalaryň mekanydyr

Beýleki ýerlerde bolşy ýaly Azerbeýjanyň ýerlerinde-de iň gadymy ýaşaýjylar ýaşap geçipdirler. Bu uzak wagtyň içinde ol ýerlerde dürli-dürli wakalaryň bolup geçendigi barada üsti açylan arheologiýa-taryhy ýadygärlikleri habar berýär. Şeýle ýadygärlikleriň iň gadymyllarynyň ilkinjisi Fizuly şäherinden uzak bolmadyk Azyh gowagyny görkezmek bolar. Bu ýadygärlik paleolit (gadymy daş) asyry eýýamyna degişlidir. Ol ýerden daşdan ýasalan gadymy zähmet gurallary bilen birlikde gadymy adamyň kelle çanagy hem tapylýar. Onuň Azyh gowagyndan tapylmagy sebäpli arheolog alymlar oňa azyhantrop diýip at beripdirler. Alymlaryň çaklamalaryna görä, bu tapyndy mundan bir million 50 müň ýyl ýyl ozalky döwre (irki we orta daş asyryna) degişlidir. Azyhantroplar özleriniň daşdan ýasan zähmet gurallary bilen esasan hem ýabany haýwanlary awlapdyrlar. Olar gowakda ýaşan hem bolsalar, ot ýakmagy we ýaşamak üçin jaý gurmagy başarypdyrlar. Munuň şeýledigine ol ýerden tapylan dürli ululykdaky ojaklaryň we ýarym aýlaw görnüşinde daşdan salnan jaýyň esasynyň tapylmagy şaýatlyk edýär.

Daş asyrynyň irki we ortaky döwürlerinde adamlar uly bolmadyk toparlary döredip ýaşapdyrlar. Toparyň adamlary bilelikde aw awlapdyrlar we iýmit çöplemek bilen meşgullanypdyrlar. Azyhantroplar esasan aýylary, sugunlary, ýabylary, öküzleri, kerkleri we beýleki ýabany haýwanlary awlapdyrlar.

Azerbaýjanda irki we orta daş asyryna degişli gonalgalaryň we duralgalaryň hatarynda Gaýaly, Ajydepe, Damjyly,

Daşsalahly, Gadyrdepe, Çemahly, Marally we beýlekileri görkezmek bolar.
Daş asyrynyň ortaky döwründe Azerbaýjanda urug jemgyýeti peýda bolupdyr. Ol jemgyýetiň esasy enelik urugy bolupdyr.
Taglar, Damjaly, Ýatak ýer gowaklaryndan tapylan galyndylar bolsa, Azerbeýjanda adamzat ýaşaýşynyň taryhynyň giçki daş asyry barada maglumatlary berýär.

Azerbaýjanyň giçki daş asyr (b.e.öň 40-njy müňýyllykdan b.e.öň 12-10-njy müňýyllyklar aralygy) adamlary hem dag gowaklarynda ýaşamagy dowam etdiripdirler. Olar aw awlamak üçin amatly ýerlerde derýalaryň jülgeleriniň ugrunda ýaşapdyrlar. Erkek adamlar aw awlamak, aýallar bolsa ir-iýmiş çöplemek bilen meşgullanypdyrlar.

Azerbaýjanyň gadymy ýaşaýjylary orta daş asyry mezolit (b.e.öň X müňýyllygyň başlaryndan b.e.öň VIII asyra çenli) eýýamynda ok-ýaýlary oýlap tapypdyrlar. Bu bolsa önümçiligiň ösmegine öz täsirini ýetiripdir. Bu zamanda kiçijik daş gurallary-mikrolitler (grekçe mikro-kiçijik, latynça litos-daş) peýda bolupdyr. Adamlar ýabany haýwanlary eldekileşdirip başlapdyrlar. Gobystanda geçirilen gazuw-agtaryş işleri mahaly çakmakdaşdan ýasalan dürli zähmet gurallary, gowagyň diwarlarynyň ýüzüne çekilen aýallaryň şekilleri, şeýle hem hekden ýasalan aýal heýkeljikleri we ş.m. mezolit eýýamynda hem enelik urugynyň dowam edendigine şaýatlyk edýär. Gobystanyň adamlary awçylyk, balykçylyk we çöpleýjilik bilen meşgullanypdyrlar.

Azerbaýjanyň ýerlerinde täze daş asyry-neolit eýýamyna (b.e.öň VII-VI müňýyllyklar) degişli adamlaryň gonalgalary we duralgalary has köp gabat gelýär. Olara Nahiçewanyň golaýyndaky Küldepe, Hanlar raýonyndaky Gänjeçaý jülgesini, Kirowabadyň golaýyndaky Küllikdag ýadygärliklerini, şeýle hem Awçylar gowagyny, Ene gowagyny we beýlekileri

görkezmek bolar. Neolit eýýamynyň adamlary ilkinji bolup palçykdan dürli gap-çanaklary ýasamagy we olary bişirmegi başarypdyrlar. Şeýle gap-çanaklar Töwriziň golaýyndaky Ýanykdepe we Gasanly obasynyň golaýyndaky Firuzdepe diýen ýerden tapylýar.

**Ekerançylygyň we maldarçylygyň peýda bolmagy**

Azerbaýjanyň ýerlerinde neolit eýýamynyň başlarynda ekerançylygyň we maldarçylygyň ýönekeý görnüşi peýda bolýar. Adamzat jemgyýetiniň ösüşiniň indiki basgançagy mis-eneolit eýýamy (b.e.öň V-IV müňýyllyklar) bolup, ol uzak dowam etmändir. Bu döwre degişli ýadygärlikler Nahiçewan ASSR-ynda, Garabag we Mugan sähralyklarynda we beýleki ýerlerde has köp gabat gelýär. Ol ýerlerde ilat oturymly ekerançylyk-maldarçylyk hojalygyny alyp barypdyrlar. Olardan has öňe saýlanýany Nahiçewanyň golaýyndan tapylan Güldepe I ýadygärligidir. Ol ýeriň ilaty b.e.öň V-IV müňýyllyklardan başlap, ýüzlerçe ýyllaryň dowamynda şol bir ýerde ekerançylyk-maldarçylyk hojalygyny alyp barypdyrlar. Olar palçykdan we çig kerpiçden salnan jaýlarda ýaşapdyrlar. Ätýaçlyk bugdaý tohumlaryny palçykdan ýasalan gaplarda we ýörite gazylan çukurlarda saklapdyrlar. Ýerleri daşdan, süňkden ýasalan kätmenler bilen işläp bejeripdirler. Ekerançylykda bugdaý we arpa ýaly ösümlikler ösdürilip ýetişdirilipdir.

Azerbaýjanyň ýerlerinde eneolit eýýamynda hem aýal allaçylygy dowam edipdir. Muňa Güldepe I, Babaderwiş, Alykemek, depesinden tapylan palçykdan, hekden ýasalan aýal heýkeljikleri şaýatlyk edýär.

Eneolit eýýamynyň ýaşaýjylary neolit eýýamynyň ýaşaýjylary bilen deňeşdireniňde ýerleri işläp bejermekde, täze ýerleri özleşdirmekde, goňşy taýpalar bilen gatnaşyklary ýola goýmakda we ilatyň köpelişi boýunça has öňe saýlanypdyrlar.

Bürünjiň peýda bolmagy Azerbaýjanyň taryhynda esasy orny eýeläpdir. Bu döwürde (b.e.öň III-II müňýyllyklar) adamlar ilkinji gezek metaly eretmekligi öwrenipdirler.

Küldepe I, Babaderwiş, Gobustan, Mişarçaý duralgalaryndan metaly eretmek üçin daşdan we palçykdan salnan ýörite peçler tapylýar.

Bürünçden oba hojalyk işleri üçin zähmet gurallaryny we ýaraglary ýasapdyrlar.

Azerbaýjanda bürünç asyrynyň başlaryndan başlap ýerleri diňe bir kätmen bilen däl-de eýsem azal bilen hem işläp bejeripdirler. Dümek ekin ekip bolmaýan ýerlerde suwarymly ekerançylygyň ýönekeý usulyny ulanypdyrlar. Bagbançylyk hem peýda bolup başlapdyr.

Mugandan palçykdan ýasalan iki tigirli arabanyň we öküziň şekilleriniň tapylmagy bu eýýamyň adamlarynyň arabalar bilen ýük daşap başlandyklaryna şaýatlyk edýär. Bürünç eýýamynda ekerançylyk, maldarçylyk, hünärmentçilik biri-birinden doly bölünýär. Hojalygyň bu pudaklary erkek adamlaryň fiziki güýçlerini talap edip başlaýar. Netijede, bolsa enelik urugy öz ornuny doly suratda atalyk urugyna berýär.

Bu döwürde oturymly ilatyň peýda bolmagy olaryň howpsuzlygyny hem talap edip başlapdyr. Ilat taýpa-taýpa bolup ýaşapdyrlar. Olar ýaşamak üçin uly bolmadyk baýyrlyklary saýlap ol ýerde obalaryny gurupdyrlar. Daşlaryna bolsa goranyş galalary galdyrypdyrlar. Olar alyp barýan hojalyklaryndan: maldarçylykdan, ekerançylykdan şeýle hem ekerançylar bilen maldarlaryň alyş-çalşyndan girýän girdeýjileriň hasabyna belli bir möçberde baýlyk toplamagy başarypdyrlar. Obalardaky ilatyň sany ýylsaýyn köpelipdir. Ýanykdepe ýadygärligi şeýle obalaryň biri bolup, onuň daşyny berk goranyş diwary gurşapdyr. Ol galanyň içinden dürli zähmet gurallary, ýaraglar we şuňa meňzeşler tapylýar.

Orta bürünç eýýamynda (b.e.öň II müňýyllygyň birinji ýarymy we ortalary) öndüriji güýçleriň mundan beýläk-de ösmegi. Şol sanda hünärmentçiligiň esasan hem metallurgiýanyň we metaly işläp bejermegiň mundan beýläk-de ösdürülmegi söwda alyş-çalyşyny güýçlendiripdir. Goňşy ýurtlar bilen söwda gatnaşygy ýola goýlupdyr. Ýerlerden ýuwaş-ýuwaşdan gymmat bahaly metallardan alynýan önümleriň önümçilgi peýda bolupdyr. Ilatyň arasyndaky deňsizligiň mundan beýläk-de çuňlaşmagy şäher görnüşli ilat toparynyň döremegine getiripdir. Şeýle şäherleriň mysaly hökmünde Nahiçewan şäheriniň golaýynda ýerleşýän Küldepe II ýadygärligini bellemek bolar. Bu merkeziň iki derýanyň Nahiçewançaý bilen Egriçaý derýalarynyň çatyrygynda ýerleşmegi onuň goragyny hem ýeňilleşdiripdir.

Nahiçewan ASSR-yň territoriýasynda Garabaglar, Gäwurgala, Oglangala ýaly şäher galalar hem Küldepe II gala ýaly berk diwarly söweşjeň diňleri bolan şäher galalaryň hataryna girýär. Galalaryň içinde ýaşaýyş jaýlary hem bolup, olar ýörite desgalar arkaly suw bilen hem üpjün edilipdir.
Irki şäher galalary esasan hem söwda ýollarynyň ugrunda we beýleki wajyp ähmiýetli ýerlerde döräpdir.

Giçki bürünç asyrynda (b.e.öň II müňýyllygyň ikinji ýarymy) urug jemgyýetiniň içinde adamlaryň arasyndaky deňsizlik has çuňlaşyp, emläk deňsizligi peýda bolýar. Umuman alanyňda II müňýyllykda hem dowam eden bürünç eýýamy Azebaýjanda sürümli ekerançylygyň, örüde bakylýan maldarçylygyň, hünärmentçiligiň ösmegi, şäher tipli medeniýetiniň peýda bolmagy bilen häsiýetlendirilýär. Bularyň ählisi bolsa synpy jemgyýetiň we döwletiň döremegi üçin şert döredipdir. Bu ösüş bolsa adamlaryň demiri özleşdirişi bilen gös-göni bagly bolupdyr.

B.e.öň I müňýyllygyň I ýarymynda Azebaýjanda demir asyry başlanýar. Demiriň özleşdirilip başlanmagy gadymy Azebeýjanyň ilatynyň maddy medeniýetiniň düýpli ösmegine şert döredipdir. Bu döwürde daşdan ýasalan zähmet gurallary doly aradan aýrylip, bürünç önümleri bolsa demir önümleri bilen giňden çalşyrylyp başlanýar.

Jemläp aýdanymyzda, giçki bürünç we irki demir eýýamynda Azebaýjanda ilkidurmuş jemgyýeti dargap, onuň ýerine irki synpy jemgyýet we ilkinji döwletler peýda bolýar.

## Manna, Midiýa we Adropaten döwletleri Azerbaýjan adynyň gelip çykyşy

B.e.öňki IX asyryň ikinji ýarymynda Azebaýjanyň territoriýasynda ilkinji iri döwletleriň biri Manna patyşalygy döreýär. Onuň oturymly ilaty bolup, paýtagty Izirtu (Zirta) şäheri bolupdyr. Manna patyşalygy diňe bir Urartu döwletiniň öňki basyp alan ýerlerini yzyna gaýtaryp almak ugrunda däl-de, eýsem mannalylary bir ýere jemlemek ugrunda hem göreşipdir. B.e.öňki IX asyryň 20-njy ýyllaryna çenli mannalylar ep-esli ýerleri eýeläpdirler.

Manna döwletiniň başynda patyşa durupdyr. Emma onuň hukugy ýokary aristokratik topar (urug aksakallary, harby, dini ýolbaşyçylar) tarapyndan çäklendirilipdir. Bu bolsa ýurtda sosial gapma-garşylyklaryň bardygyny alamatlandyrypdyr. Bir tarapdan ýokary gatlaklaryň özaralarynda, beýleki tarapdan bolsa ýokary agalyk ediji topar bilen giň halk köpçüliginiň arasyndaky göreş dowam edipdir.

Galyberse-de Manna döwletini eýelemek ugrunda B.e.öňki IX asyryň ahyrlarynda-VII asyryň başlarynda güýçli döwletler bolan Assiriýa we Urartu döwletleriniň arasynda dartgynly göreş gidipdir. Olaryň özara uruşlaryndan peýdalanyp, Manna

döwleti b.e.öň VIII asyryň 40-30-njy ýyllarynda öz territoriýasyny giňeltmegi hem başarypdyr.

Emma b.e.öň VII asyryň ahyrlarynda-VI asyryň başlarynda Midiýa patyşalygy Manna döwletini basyp alýar. Netijede, Manna döwleti ýaşamagyny bes edýär.

B.e.öň VI asyryň ortalarynda Midiýa döwletini Ahamenler döwleti basyp alýar. Midiýa Ahamenler döwletiniň bir welaýatyna öwrülýär. Ahamenleriň patyşasy Dariý I dolandyran döwründe (b.e.öň 522-476ý.) mannalylar “midiýalylar” diýlip ýazgylarda ýatlanylýar.

B.e.öň IV asyryň 20-nji ýyllarynda ahamen satraby (ahamenler basyp alan ýerlerini satraplara-welaýatlara bölüpdirler. Her satrabyň öz ýolbaşyçysy bolup, ony ahamen hökümdarlary belläpdir.)

Atropat Günorta Azebaýjanyň ýerlerinde özbaşdak döwleti döredýär. Bu döwlet resmi taýdan Midiýa diýlip atlandyrylsa-da köplenç düýbüni tutan adamyň ady Atropatahan bilen baglanyşdyrylypdyr. Grek çeşmelerinde ol Atropatan ady bilen ýatlanylýar.

Netijede, Azebaýjanyň ýerlerinde Manna döwleti ýykylandan III asyr geçensoň ýene-de özbaşdak Atropatan döwleti döreýär. Bu döwlet tutuş Günorat Azebaýjan ýerlerini özüne tabyn edýär. Döwletiň paýtagty Ganzak şäheri bolup, ol häzirki Töwriz şäheriniň golaýynda ýerleşipdir.

Atropat grek-makedonlaryň ondan soňra Selewikleriň agalyk eden döwürlerinde hem döwletiň özbaşdaklygyny goramagy başarypdyr. B.e.öň II asyryň ortalarynda Atropaten döwletine parfiýalylar aralaşypdyrlar. Emma şoňa garamazdan Atropaten döwleti döwlet garaşsyzlygyny saklamagy başarypdyr.

Midiýalylar we atropatenalylar parfiýalaryň selewiklere garşy göreşini goldap çykyş edipdirler. Bu bolsa atropaten topragynda

midiýalylaryň, atropatenalylaryň we parfiýalylaryň etniki–medeni taýdan ýakynlaşmagyna getiripdir.

B.e. 20-njy ýyllarynda Atropatenda Arşakidler häkimiýeti öz ellerine alýarlar.

Atropatena tä b.e. III asyrynyň başlaryna çenli Parfiýa patyşalygynyň düzüminde bolýar. Adropaten eýýamy “azerbaýjan” düşünjesiniň peýda bolmagyna getiripdir. Şol eýýamyndan başlap gadymy azarbeýjan döwlet gurluşy we gadymy azebeýjan, has takygy, atropaten- midiýa halkyýeti öz gözbaşyny alyp gaýdypdyrlar.

Günorta Azebaýjanyň gutylar, lulubylar, hurrytlar, mannalylar we beýleki halkyýetleriniň birleşmekleri esasynda täze bir etniki toparyň-adropatenleriň peýda bolmagyna getiripdir.

Türk taryhçysy Saadettin Gömeç özüniň “Türk jumhuriýetleri we topluluklary taryhy” atly kitabynda Azebaýjan adynyň Göktürkleriň boýundan gaýdýan Aslar taýpasyndan bolup, olar Azebaýjanyň ýerlerinde gadymy döwürden ýaşap gelipdirler. Ýa-da Kasar (Hazar deňziniň kenarynda ýaşaýanlar) ady bilen bagly bolup biler. Ol atlardaky başky K we H harplaryň düşmegi bilen azarlar ady peýda bolupdyr diýip düşündirýär.

B.e. III-IV asyrlarynda Azebaýjanyň ýerlerinde feodal gatnaşyklary ösüp başlapdyr. Bu döwür esasan hem ekerançylygyň, maldarçylygyň we hünärmentçiligiň ösüşi bilen aýratyn tapawutlanypdyr.

Bu döwürde ýerleri diňe bir agaç kündeler bilen däl-de eýsem agaç azallar we ýerdemirler bilen sürüp başlapdyrlar. Ygalyň az düşýän ýerlerine ýörite ýaplary çekip suwarypdyrlar. Bulardan başga-da kärizleri gazmak bilen ýerasty suwlary alypdyrlar. Irki orta asyrlarda Azebaýjanyň ýerlerinde däneli we bakja ösümlikleri bilen birlikde bagbançylyga hem aýratyn üns beripdirler. Ilat pagtaçylyk bilen hem meşgullanupdyr.

Maldarçylykda iri we ownuk şahly mallara aýratyn üns berlipdir. Atçylyk hem ösdürilipdir.

III-VII asyrlarda Azebaýjanyň ilaty balykçylyk bilen hem meşgullanypdyrlar. Ýazuw çeşmelriniň we arheologiýa maglumatlarynyň şaýatlyk etmegine görä III-VII asyrlarda hünärmentçiligiň we söwdanyň merkezi bolan iri şäherler hem peýda bolupdyr. Şol döwürdäki şäherleriň içinde Kabala, Barda (Partaw), Çora (Çoga), Derbent, Halhal, Amaras, Sri, Hanakert, Paýtakaran, Baýlakan, Şabran, Şemah, Şeki, Şamkir, Genje, Nahiçewan, Baýlakan, Gazak, Töwriz we s.m. şäherler öňe saýlanypdyrlar.

Azebaýjan bu döwürde bütündünýä söwda merkezleriniň birine öwrülýär. Onuň territoriyasyndan iň wajyp söwda ýollary geçipdir. Bu bolsa ýurdyň ykdysadyýetiniň ýokary göterilmegine özüniň oňyn täsirini ýetiripdir. Azebaýjandan beýleki ýurtlara mal, ýüpek matalar, polotno, daşky egin-eşikler we beýleki harytlary çykarypdyrlar. Öz gezeginde bolsa, ýakyn gündogardan we beýleki ýerlerden Azebaýjana dürli harytlary getiripdirler. Muňa gazuw-agtaryş mahaly tapylan ýüpek matanyň bölekleri, çüýşe önümleri, kümüş gap-çanaklar, aýal-gyzlaryň bezeg şaý-sepleri, sasany patyşalygynyň we Wizantiýa monetalaryň tapylmagy hem şaýatlyk edýär. Bularyň hemmesi irki orta asyrlarda Azebaýjanyň ýakyn gündogar ýurtlary bilen giň söwda gatnaşyklary ýola goýandygyna görkezýär.

Irki ort asyrlarda feodal önümçilik güýçleriniň we önümçilik gatnaşyklarynyň ösmegi netijesinde Azerbaýjanda täze synplaryň-feodallaryň we daýhanlaryň döremegine getiripdir. Ýurtda döwleti patyşa dinastiýasy dolandyrypdyr. Patyşanyň öz rezidentsiýasy (döwlet we hökümet baştutanynyň hemişe bolýan ýeri), harby goşuny we sudy bolupdyr.

## Azerbaýjanyň ýerlerine sasanylaryň, araplaryň we hazarlylaryň aralaşmaklary

B.e. 224-nji ýylynda dörän Sasaniler döwleti Adropateni basyp alýar. Sasaniler Töwriz şäherini özlerine paýtagt edinýärler.

Sasanileriň agalyk edýän döwründe V asyryň ahyrlarynda daýhanlaryň ýagdaýlary has erbetleşipdir. Netijede, V asyryň 80-nji ýyllarynda feodal ezilişe garşy güýçli halk hereketi başlanýar. Bu bolsa adamlary şeriň ähli görnüşiniň garşysyna göreşmäge çagyrýan mazdakçylyk (Mazdak diýen adamyň adyndan gelip çykýar) hereketiniň ýüze çykmagyna getiripdir. Mazdakçylyk hereketi özakymlaýyn, guramaçylyksyz häsiýete eýe bolup, ol 529-njy ýylda basylyp ýatyrylýar.

VII asyryň ortalarynda araplaryň ýörişi netijesinde Sasaniler döwleti ýykylýar. Araplaryň basyp alan ýerlerinde bolsa Arap halyflygy dikeldilýär. Araplar VIII asyryň başlarynda Azerbaýjanyň ýerlerine hem baryp ýetýärler we ol ýerde hem Yslam dinini girizýärler. Bu ýerde yslam agalyk ediji dine öwrülýär. Ýöne yslam dini girizilse hem onuň bilen birlikde hristian we zaroastarizm dini entek saklanypdyr.

Araplar Azerbaýjanyň basylyp alnan ýerlerinde iki welaýat döredipdirler. Her bir welaýaty arap halyfy tarapyndan bellenen- emir (hökümdar) dolandyrypdyr. Emir dolandyryş we harby häkimiýeti öz elinde jemläpdir.

Azerbaýjandaky arap halyflygy ýurduň demirgazyk serhetinde ýerleşýän esasy şäherlerinde we ilatly punktlarynda arap harby garnizonlaryny döretmek syýasatyny ýöredipdirler. Bu garnizonlar gorag gullygy, jeza beriş çärelerini ýerine ýetirmek bilen birlikde ilatdan salgyt ýygnamaga kömek ediýärdiler.

VII asyryň ortalaryndan VIII asyryň ahyryna çenli Azerbaýjanyň ykbaly diňe bir Arap halyflygyna bagly bolman, eýsem Hazar hanlygyna hem bagly bolupdyr. Hazarlar 627-628-nji ýyllarda tutuş Zakawkaziýany basyp alýarlar. Olar Azerbaýjanyň üstüne 629-630-njy, 664-665-nji, 668-nji, 684-nji ýyllarda çozuş edýärler. Hazarlar Kabal şäherini özleriniň rezidentsiýasy edip saýlapdyrlar we Azerbaýjanyň üstüne yzygiderli çozuş edip, Ardabil şäherine çenli baryp ýetipdirler. VIII asyrdan başlap arap goşunlary hazarlaryň çozuşlaryny yzyna serpikdirip başlapdylar we hatda olaryň öz üstlerine hem ýöriş edip başlapdylar.

# II BÖLÜM
# Azerbaýjan VIII-XV asyrlarda

## Ýerli ilatyň arap basybalyjjylaryna garşy göreşi. Babegiň gozgalaňy

IX asyryň ortalaryndan başlap Azerbaýjanda feodalizm has çalt ösüp başlaýar. Agalyk ediji synp bolan feodal topary güýçlenip başlaýar. Feodallar daýhanlary has güýçli ezip başladylar.

Azerbaýjana araplaryň gelmeginiň ilkibaşlarynda salgyt ulgamynda uly bir üýtgeşiklik bolmandyr. Emma soňra esasy salgydyň daşyndan dürli goşmaça salgytlar we borçlar girizilip başlanýar. Emirleriň we çinownikleriň eden etdilikleri daýhan köpçüliginiň we ownuk feodallaryň esasy böleginiň tozamagyna getiripdir. Bu ýagdaýlar bolsa ýurtda synpy gapma-garşylyklaryň ýitileşmegine getiripdir. VIII asyryň ortalaryna çenli daýhanlaryň bir bölegi öz nägileliklerini bildirip ýerlerini taşlap giden bolsalar, beýleki bir bölegi daşarky duşmanyň ezişine garşy gozgalaň turzupdyrlar. Şeýle gozgalaňlar VIII-IX asyryň sepgidinde has hem ýitileşip başlapdyr. Gozgalaňlaryň iň ulularynyň biri 816-837-nji ýyllarda bolup geçen Babegiň ýolbaşçylygyndaky gozgalaňdyr. Bu gozgalaň häsiýeti boýunça arap agalygyna we ýerli feodallaryň ezişine garşy gönükdirilipdir. Gozgalaňa täjir maşgalasyndan gelip çykan Babek atly daýhanlaryň serdary ýolbaşçylyk edipdir. Ol eýýäm 18 ýaşyndaka gozgalaňlara gatnaşyp, özüni ýolbaşçy, guramaçy, belli goşun serkerdesi we syýasy işgär hökmünde tanadypdyr.

Babegiň ýolbaşçylygyndaky gozgalaňa diňe bir daýhanlar gatnaşman eýsem şäher garyplary hem gatnaşypdyrlar. Onuň goşunynda halk tarapyndan meýletin düzlen 20 müň adamdan ybarat atly goşun we köp sanly pyýada goşun bolupdyr.

Gozgalaň gysga wagtyň içinde tutuş Azerbaýjany öz içine alypdyr. Gozgalaňçylaryň hataryna döwletiň özbaşdaklygyny isleýän feodallaryň hem bir bölegi goşulypdyr.

819-829-njy ýyllaryň dowamynda gozgalaňçylar araplaryň gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin iberen atly armiýasyny derbi-dagyn etmegi başarýarlar. Bu söweşleriň gidişinde Şirwan we Nahiçewan ýerleri şeýle hem Ardebil, Balaýkan we Barda şäherleri azat edilýär. Gozgalaňçylar 830-njy ýyla çenli bütin Azerbeýjany diýen ýaly öz ellerine almagy başarypdyrlar.

IX asyryň 20-30-njy ýyllatynda Babegiň gozgalaňy has uly gerime eýe bolup diňe Azerbaýjanyň günorta böleginde we oňa degişli dagly oblastlarynda 300 müňden gowrak adam bolupdyr.

Emma gozgalagyň gidişinde ýerli feodallar Babege dönüklik edip, araplaryň tarapyna geçip başlaýarlar.

Araplar Babegi tutup berene 2 milion dirhem berjekdiklerini wada berýärler. Netijede, öň gozgalaňçylaryň tarapynda duran ýerli feodallaryň biri Babegiň onuň öýünde gizlenýändigini araplara habar edip ony tutdyrýar. Babek ol feodalyň öýünden ýesir alynyp, 838-njy ýylyň 4-nji ýanwarynda jezalandyrylyp öldürilýär. Babegiň gozgalaňy adamalaryň aňynda uzak wagtlap saklanyp, tä IX asyryň ahyryna çenli halk gozgalaňlary dowam edip durupdyr. Gozgalaňlaryň taryhy ähmiýeti onuň tutuş arap halyflygyna uly zarba urup düýpli gowşadandygyndan ybaratdyr.

### Seljuklaryň Azerbaýjanyň ýerlerine aralaşmaklary

XI asyryň birinji ýarymynda Azerbaýjanyň üstüne alanlar, ruslar, sarirler ýaly dürli taýpalar bilen birlikde Wizantiýa imperiýasynyň goşuny hem birnäçe gezek çozuş edipdirler. Bu bolsa ýurdyň gowşamagyna getiripdir. Olaryň

yzysüre bolsa Azerbaýjanyň üstüne Beýik Seljuk türkmen döwletiniň ýörişi başlanýar.

Seljuklaryň garşysyna Töwriz, Hoý, Şemah we Salmas şäherleriniň ilaty näçe garşylyk görkezseler hem basyp alyjylaryň öňünde durup bilmändirler. XI asyryň 40-70-nji ýyllatynda seljuklar Azerbaýjanyň üstüne birnäçe gezek tozduryjylykly ýörişleri geçirip, ýurdyň ykdysadyýetine uly zyýanlary ýetiripdir. Ilkinji nobatda oba hojalygy we daýhanlar uky zyýan çekipdir.

Netijede, XI asyryň 70-80-nji ýyllarynda Azerbeýjan Zakawkazýanyň beýleki ýurtlary bilen birlikde Srljuklar döwletiniň ýapjasyna öwrülýär. Mundan beýläk-de seljuklar Azerbaýjanyň taryhynda esasy orny oýnap başlapdyrlar. Ýurdyň ykbaly Seljuklar döwletiniň ykbaly bilen bagly bolupdyr.

XI-XII asyrlarda Azerbaýjanda ýerli ilat seljuklaryň we feodallaryň garşysyna birnäçe gezek gozgalaňlary hem turzypdylar. 1064-nji ýylda Hoý, 1132-1134-nji ýylda Ardabil şäheriniň ilaty seljuklaryň garşysyna aýaga galypdyrlar. 1110-njy ýylda Baýlakan şäherinde gozgalaňçylar şäheriň emirini öldürip, şäheri özleri dolandyryp başlapdyrlar. Gozgalaňçylar birnäçe aýlap seljuk goşunynyň gabawyny yzyna serpikdiren bolsalar hem deň bolmadyk söweşde ýeňlişe sezewar edilýär.

Beýik Seljuklar döwletiniň dargamagy (1118-nji ýyl) netijesinde Azerbaýjanyň ýerleri Yrak Seljuk soltanlygynyň (1118-1194-nji ýyl) düzümine geçýär.

XI-XII asyryň wakalary Azerbaýjanyň etnik toparyna hem öz täsirini ýetiripdir. Dürli taýpalar ýurduň teritoriýasynda ýerli halkyň emele gelmeginde oguz we beýleki türki taýpalar esasy orny eýeläpdirler. Azerbaýjanyň ýerlerine XI asyryň birinji ýarymynda oguzlar, XII asyryň ikinji ýarymynda bolsa gypjaklar has köpçilikleýin ýagdaýda gelip başlaýarlar. Ol Azerbaýjanda ýerleşmek bilen yuwaş-yuwaşdan ýerli ilat bilen

goşulyşypdyrlar. Bu bolsa ýerli ilatyň diliniň türkleşmegini güýçlendiripdir we ahyrky netijede azerbeýjan halkynyň jebisleşmegine getiripdir.

## Ildeňiz atabegligi. Azerbaýjany mongollaryň basyp almagy

IXII asyrda Azerbaýjanyň taryhynda Ildeňiz atabegler döwleti (1136-1225) esasy roly oýnapdyr. Töwriz, Nahiçewan, Hamadan we Maraga şäherleri ol döwletiň administratiw merkezleri bolupdyrlar. Döwlet basybalyjylykly harby syýasaty alyp barypdyr. Ildeňiz atabegligi Seljuklaryň Yrak we Kerman soltanlyklaryny, Şirwan döwletini we beýleki ýerleri öz tabynlygynda saklapdyr. Döwleti Şamsetdin Ildeňiz esaslandyrýar, ol 1136-1175-nji ýyllar aralygynda hökümdarlyk edýär. Ildeňizden soňra ýurdy onuň ogullary Jahan Pehlewan (1175-1186) we Gyzyl Arslan (1186-1191) dolandyrýarlar. Gyzyl Arslanyň dolandyran döwründe täze döwlet Azerbeýjan soltanlygy döreýär. Emma Gyzyl Arslan ölenden soňra bu döwlet ýuwaş- ýuwaşdan pese gaçyp başlaýar.

1125-nji ýyldan başlap Azerbaýjanyň günorta ýerlerine Köneürgenç türkmen döwletiniň hökümdary Jelaleddiniň ýörişi başlanýar. Jelaleddiniň özi mongollaryň çozuşy zerarly ýurdundan çykmaga mejbur bolýar. Zakawkaziýa gelen mahaly bolsa ol rehimsiz basybalyjynyň roluny ýerne ýetiripdirýär.

Ol Azerbaýjanda Ildeňiz atabegler döwletiniň hem soňuna çykýar. Jelaleddiniň basybalyjylykly syýasatynyň garşysyna ilat gozgalaňa başlaýar. 1231-nji ýylda Bendaryň ýolbaşçylygynda Genje şäherinde başlanan gozgalaň iň güýçli gozgalaňlaryň biri bolýar. Gozgalaňçylar basybalyjylaryň şäherdäki goşunyny derbi- dagyn edýärler. Olar Köneürgenç şasy bilen gepleşikleri geçirmekden hem ýüz öwüripdirler. Gozgalaň baslyp ýatyrylýar we onuň 30 adamdan ybarat ýolbaşçylary jezalandyrylyp

öldürilýär. Gozgalaň basylyp ýatyrylan hem bolsa, ol Jelaleddini güýçli gowşadypdyr. Şol ýylyň özünde bolsa Çormagunyň ýolbaşçylygyndaky mongol goşuny Jelaleddiniň goşunyny ýeňip, günorta Azerbeýjany eýeleýär.

Mongollar Azerbaýjanyň ýerlerine ilkinji gezek 1220-nji ýylda çozýarlar. Bu çozuşa mongol goşun serkerdeleri Jebe we Subutaý ýolbaşçylyk edip, olaryň goşunynda 30 müň adam bolupdyr.

1221-nji ýylda mongollar Marga, Ardabil, Serab, Hoý, Salmas, Balaýhan we Nahçiwan şäherlerini doly diýen ýaly ýumrupdyrlar.

1222-nji ýylda mongollar Genje şäheriniň üstüne dökülýärler. Şäheriň ilaty mongollara güýçli garşylyk görkezýärler. Netijede, mongollar Genje şäheriniň ilatyndan paç almak bilen çäklenýärler. Mongollar şol ýylyň özünde Şirwanşalarynyň paýtagty Şemah şäherini hem talap, azerbeýjandan çykyp gidýärler.

1231-nji ýylda mongollar ýene- de Genje şäheriniň soňra bolsa Şamhor, Baku we beýleki şäherleriň üstüne çozup, olary talaýarlar. 1239-njy ýylda bolsa mongollar Derbent şäherini eýelemek bilen Azerbaýjany basyp almagy tamamlaýarlar.

Mongollaryň agalyk edýän döwründe Azerbaýjanyň ilatynyň ýagdaýy iň göz-gyny ýagdaýda bolupdyr. Mongol salgyt ýygnaýjylary-basgaklar ýerli ilatdan rehimsizlik bilen salgyt ýygnapdyrlar. Salgydyny töläp bilmedik daýhanlar dürli sütemlere, ýagny ellerinden çagalaryny alyp gulçuluga satmak we ş.m.sütemlere sezewar edipdirler. Iň ökde ussalar Mongoliýa sürlüpdir.

Ýerli ilata ýer salgydyndan daşary emirleri we döwlet çinowniklerini saklar ýaly salgytlary salypdyrlar. Olardan başga-da ýerli ilaty ýol, galalar, köşkler we kanallary dikeltmek ýaly agyr işlere hem ulanypdyrlar.

Halkyň güýçli suratda ezilmegi XIII asyryň ahyrlarynda ýurduň ykdysadiýetiň düýpli krizise düşmegine getiripdir.

## Temirleriň, garagoýunlylaryň we akgoýunlylaryň Azerbaýjanyň ýerlerine ýörişleri

1386-njy ýylda Temiriň goşuny Töwrizi basyp alýar. Müňlerçe azerbeýjan hünärmenleri teýmirleriň paýtagty Samarkanda sürgün edipdirler. Halk basybalyjylyklara garşy göreşmegini dowam etdiripdir. Duşmana garşy göreşde Nahiçewanyň Alynjak galasyny goraýjylary gahrymançylygyň iň ýokary nusgasyny görkezipdirler. Ony goraýjylar 14 ýylyň dowamynda Teýmiriň we onuň ogly Mizan şanyň goşunynyň garşysyna gaýduwsyz göreş alyp barypdyrlar.

1397-nji ýylda Şeki hökümdary gruziýanyň otrýady bilen bilelikde galany goraýjylara kömege barýarlar we duşmanyň goşunyny uly ýeňlişe sezewar edýärler.

Şirwan şasy Ybragym I (1382-1417) Temir bilen gepleşikler geçirip, Temiriň öz üstüne çozmagynyň öňüni alýar. Ol gepleşik mahaly Temire gymmat baha sowgatlary hem getiripdir.

Bu gepleşigiň netijesinde Temiriň talabyna laýyklykda şirwanlylar Altyn Orda hany Togtamyşyň we türk soltany Baýezit I garşysyna ýörişe gatnaşypdyrlar. 1405-nji ýylda Teýmir ölenden soňra Azerbaýjanyň ýerlerinde hem onuň häkimýeti gowşap başlapdyr. Töwrizde, Maragada, Garabagda we beýleki welaýatlarda halk hereketleri başlanypdyr. Şu pursatdan peýdalanyp Ybragym I öz goşunyny Kura derýasyndan geçirip Genje şäherini we Garabagyň ep-esli bölegini eýeleýär. Ol 1406-njy ýylda temirleri Azerbaýjandan gysyp çykarýar we Töwrizi eýeleýär. Emma Azerbaýjanyň bu gezekki birleşigi berk bolmaýar we tiz wagtda Ybragym I Töwrizi goýup demirgazyga tarap çekilmeli bolýar.

Garagoýunly türkmenler oguzlaryň iwe taýpasundan gelip çykandyr. Garagoýunly döwletiniň baýdagynyň ýüzünde gara goýnuň şekili ýerleşdirilipdir. Döwlet Gara Ýusubyň hökümdarlyk eden döwründe (1410-1420) has güýçlenýär, ol Azerbaýjanyň ep-esli bölegini we tutuş Ermenistany eýeleýär. Gara Ýusup 1408-nji ýylda Temiriň ogly Mizan şany, soňra bolsa Bagdadyň häkimi Soltan Ahmed Jelaýyzy ýeňlişe sezewar edýär. Ol 1410-njy ýylda Garagoýunly türkmen döwletini esaslandyrýar. Döwletiň paýtagty Töwriz şäheri bolupdyr. Garagoýunlylar döwletiniň düzümine Azerbaýjanyň Kuradan günortadaky ýerleri, Ermenistan, Kürdistan, Yrak girýär. 1420-nji ýylda Temiriň ogly Şahruh köp sanly goşuny bilen Hyratdan garagoýunlylaryň üstüne ugraýar. Uruş mahaly Gara Ýusup ýarawsyzlygy sebäpli aradan çykýar. Gara Ýusubyň ogly Jahan şanyň hökümdarlyk eden döwründe (1435-1467) Garagoýunlylar döwleti has berkeýär. Boýun bolmaýan çarwa begzadalarynyň merkezi döwlete boýun bolmagyny gazanýar. Jahan şa 1467-nji ýylda Muş diýen ýerde akgoýunly taýpasynyň ýolbaşçysy Uzyn Hasan bilen bolan çaknyşykda ölýär we Garagoýunly döwleti ýaşamagyny bes edýär.

Gargoýunly döwleti ýykylanyndan soň, onuň ýerlerinde Akgoýunly türkmen döwleti döreýär. Akgoýunly türkmen döwleti hem Töwriz şäherini öz paýtagtyna öwürýär. Akgoýunly türkmen döwleti Azerbaýjandan daşary Ermenistany, Kürdistany, Yragy we Eýranyň bir bölegini özüne birikdirýär.

Akgoýunly taýpa birleşiginiň esasyny türkmeniň baýandyr taýpasy düzüpdir. Döwletiň baýdagynda ak goýunyň şekiliniň bolandygy sebäpli oňa Akgoýunly türkmen döwleti diýipdirler.

Akgoýunly döwleti Uzyn Hasanyň dolandyran döwründe (1453-1478) has gülläp ösýär. Ol Italiýa, Wengriýa, Awstriýa, Polşa we beýleki Ýewropa döwletleri bilen diplomatik hem-de

söwda gatnaşyklaryny ýola goýupdyr. Bu döwletler Azerbaýjan hökümdaryny türk soltany Mehmet II garşysyna göreşde özleriniň ýarany hökmünde görüpdirler.

Hatda Uzyn Hasan Osmanlylaryň garşysyna söweşmek üçin Wenesiýa bilen ýaranlyga hem giripdir. Akgoýunlylaryň paýtagty Töwrizde Wenesiýa ilçileri- Lazaro Kwirino, Katarino Zeno, Jozeppa Barbara, Abrojo Kontarini hemişelik diýen ýaly bolup, olar özleriniň Azerbaýjana syýahatlary barada gymmatly ýazgylary galdyrypdyrlar.

Uzyn Hasanyň ejesi Sara hatyn hem Ýewropada we gündogarda diplomat we döwlet işgäri hökmünde özüni tanadypdyr.

1472-nji ýylda Akgoýunly döwleti türk soltany Mehmet II Fatihyň goşuny bilen çaknyşýar. Bu söweşde Wenesiýa akgoýunlylara kömek etmek maksady bilen öz flotyny Turkiýanyň kenarlaryna iberendigine garamazdan Uzyn Hasanyň goşuny ýeňilýär. Emma muňa garamazdan türk soltany Azerbaýjany alyp bilmeýär.

1478-nji ýylda Uzyn Hasan ölenden soňra Akgoýunly döwletiniň içinde tagt ugrynda söweş başlanýar. Netijede, Akgoýunly türkmen döwletiniň ýerine Uzyh Hasanyň gyzyndan bolan agtygy Ysmaýyl I şa sefewiler döwletini döredýär.

## Medeniýet we ylym

VII-X asyrlarda Azerbaýjanyň medeniýeti mundan beýläkde ösüpdir. Bu döwürde Azerbeýjanda mekdepler bolup, olarda ilatyň dürli gatlaklarynyň çagalary okadylypdyr. VII-VIII asyryň sepgitlerinde araplaryň gelmegi bilen öňki dowam edip gelýän ýerli hat-ýazuw arap hat-ýazuwy bilen çalşyrylypdyr. VII asyrdan soň, azerbeýjan medeniýetine musulman medeniýati öz täsirini ýetirip başlapdyr. Musulman medeniýeti VIII-X asyrlarda has güýçlenipdir. Arap elipbiýsi Azerbaýjanda

XX asyryň 20-nji ýyllaryna çenli ulanylyp gelnipdir. Ýurtda mekdepler açylyp, olarda sapaklar arap dilinde geçilipdir. Matematika, medisina, astronomiýa, filosofiýa, geografiýa we beýleki dünýewi ylymlar uly ösüşlere eýe bolupdyr. Emma okuw okamak diňe barly adamlaryň çagalaryna ýetdiripdir. Bu döwürde Azerbaýjanda binagär.ilik we gurluşyk sungaty hem ösüpdir. Muňa mysal edip şol döwürlerde gurlan şäher gorag diwarlaryny, galalary, kerwen.saraýlary, köprüleri we beýlekileri görkezmek bolar. Şeýle ýadygärlikler Azerbaýjanyň Barda, Genje, Ardabil, Kabala şäherlerinde saklanyp galandyr. Arahs derýasyndan geçýän birinji Hudaferin köprüsi baryp VII asyrda gurlan köprüdir. Azerbaýjanda şol döwürde metjitleriň gurluşygy hem giňden alnyp barlypdyr.

XI-XII asyrlar Azerbaýjanda feodal medeniýetiniň ösen döwri bolupdyr. Bu ýüzýyllyklarda Azerbeýjan dünýä belli akyldarlary, şahyrlary, alymlary orta çykarypdyr. Olaryň arasynda belli alym Abu Ali ibn Sinanyň okuwçysy filosof Bahmanýary,orta asyrda belli bolan Bagdatdaky `Nyzamyňe` uniwersitetinde sapak beren filosof, dilçi Hatib Töwrizini, taryhçy Masud ibn Namdary, belli şahyrana zenan Mahesti Genjewini, gurlan binalary biziň günlerimize çenli gelip ýeten binägärler Muhammet ibn Abu-Behri, Ajemi Abu-Bekri, Amir ad-din Masudy, Abu Mansur ibn Musany görkezmek bolar.

Nyzamy Genjewi (1141-1209) hem şol döwürde öz döredijiligi bilen dünýä edebiýatynyň altyn fonduna giren beýik akyldarlaryň biridir. Ol tutuş gündogar poeziýasynyň ösmegine öz täsirini ýetiripdir. Emyr Hosrow Dehlewi, Abdyrahman Jamy, Alyşir Nowaýy, Muhammet Fizuly ýaly şahyrlar öz döredijilik işlerinde onuň agzyna öýkünipdirler. Nyzamy diňe bir şahyr bolmak bilen çäklenmän, eýsem adalatçylyga, deňsizlige, ýokary gatlaklaryň eden etdiligine garşy hem göreş alyp barypdyr.

XI-XII asyrlarda jaý gurluşyk sungaty hem ösüpdir. Nahiçewan, Şirwan, Aran ussalarynyň guran binalary diňe bir öz ýurtlarynda däl-de, eýsem Merkezi we Kiçi Aziýada, Eýranda we beýleki ýurtlarda hem tanalypdyr. Şol döwürlere degişli Baku galasy, Apşeron, Nahiçewanda gurlan Ýusup ibn Kuseýir, Zermiýdäki Üç gümmez, Maragadaky Geý gümmez diňleri, şeýle hem dünýä binägärlik we gurluşyk sungatynyň özboluşly ýadygärligi bolan Bukuwdaky Gyzlar Diňi biziň günlerimize çenli gelip ýeten taryhy ýadygärliklerdir.

Amaly-haşam sungaty uly ösüşe eýe bolupdyr. Şäherlerde we obalarda ady belli aýdymçylar we sazandalar bolup, olar dürli halk aýdymlaryny aýdypdyrlar. Şol döwürde halk arasynda ýörgünli bolan- nagara, naý, zurna, tüýdük, kemençe ýaly saz gurallary şu günki güne çenli gelip ýetipdir. Aýdym, saz we tans ähli baýramçylyklaryň bezegi bolupdyr.

XIII-XIV asyrlarda azerbaýjan poeziýasynda eserleri azerbaýjan dilinde ýazmak meýli döräp başlaýar. Yzzadin Gasan ogly, Gazy Burhaneddin ýaly belli şahyrlar öz eserlerini azerbeýjan dilinde ýazypdyrlar. Imameddin Nesimi XIV asyryň ahyrlarynda XV asyryň başlarynda ýaşap geçen beýik azerbeýjan şahyry bolup, ol öz döwründe feodal jemgiýetinde dowam edýän deňsizlige, adalatsyzlyga, eden- etdilige we dini nadanlyga garşy aýgytly göreşipdir. Bu erkin pikirleri üçin ol 1417-nji ýylda jezalandyrylyp öldürilipdir.

Azerbaýjanda ylym hem ösüpdir. 1259-njy ýylda Maragada Nasreddin Tusy tarapyndan belli obserwatoriýa esaslandyrylýar. Tusy astronomiýa ylmy boýunça diňe bir Gündogarda tanalman, eýsen Ýowropada hem giňden tanalypdyr. Onuň obserwatoriýasynda dünýäniň köp ýurtlarynyň alymlary işläpdirler. Töwrizde kitaphana döredilip, onda Eýranyň, Hindistanyň, Hytaýyň, Gresiýanyň gymmat bahaly golýazmalar kitaby saklanypdyr.

# III BÖLÜM
# Azerbaýjan XVI-XVIII asyrlarda

## Azerbaýjan sefewiler döwründe
## Osmanly-sefewi urşy

Sefewi türkmenleriň hökümdarlygyny XVI asyryň ahyrlarynda Ysmaýyl I (1502-1524) esaslandyrýar. 1500-1501-nji ýylda Sefewiler Şirwan şasy Farruh Ýasaryň goşunyny derbi- dagyn edip Semahy we Bakuwy eýeleýärler. Soňra bolsa günorta tarap Nahiçewana süýşýärler. Bu ýerde 1501-nji ýylda Ysmaýyl  Akgoýunly döwletiniň esasy güýjüni ýeňlişe sezewar edýär. Ol şol ýylyň ahyrynda dabaraly ýagdaýda Töwrize girýär. Şol ýerde şa täjini geýmek bilen özüni Azerbaýjanyň şasy diýip yglan edýär. Ysmaýyl şa döwletiň paýtagty edip Töwriz şäherini saýlaýar.

XVI asyryň başlarynda Merkezi Aziýada Temirler döwletini ýykan Muhammet Şeýbany han (1500-1510) güýçli döwlet gurup, Sefewiler döwletiniň garşysyna durýar. 1518-nji ýylda Ysmaýyl şa Şeýbany hany ýeňip, Horasany Şeýbanylaryň elinden alýar. Sefewileriň günbatara süýşmegi bolsa Osmanly döwleti tarapyndan güýçli garşylyga sezewar bolýar. Şeýlelikde, 1514-nji ýylda Çaldyran düzlüginde gazaply söweş bolup, söweşde Ysmaýyl I goşuny soltan Selim I goşunyndan ýeňilýär. Şol söweşden soň, ysmaýyl şa uly söweşlere gatnaşmandyr we 1524-nji ýylda 35 ýaşynda tarpa-taýyn aradan çykypdyr. Tagta Ysmaýylyň ogly Tahmasp I (1524-1576) çykypdyr.

Tutuş XVI asyryň dowamynda Osmanly döwleti Azerbaýjany basyp almak meýlinden el üzmändir. Osmanly hökümdary soltan Süleýman Azerbaýjanyň üstüne dört gezek (1534, 1535, 1548, 1554) ýöriş edipdir.

Söweşiň gidişinde osman goşunlary Töwriz şäherini basyp alýarlar we rehimsizlik bilen talaýarlar. Urşuň netijesinde 1555-

nji ýylda Amasýa şäherinde iki döwlet arasynda ýaraşyk şertnamasyna gol çekilýär. Şertnama boýunça Gündogar Ermenistan, Gündogar Gürjüstan we Azerbaýjan Sefewiler döwletiniň düzüminde galýar. Osmanly döwletiniň Azerbaýjany basyp alyp, Kaspiý deňziniň kenarlaryna çykmak meýli başa barmaýar.

1576-njy ýylda Tahmasp I ölenden soň, onuň ogullarynyň tagt ugrundaky özara dawalary başlanýar. Ýokary gatlak wekilleriniň goldamagynda tagta Ysmaýyl II (1576-1577) çykýar. Emma ol ýyl ýarym geçensoň dildüwşülip öldürilýär.

Sefewiler döwletiniň içki agzalalygyndan Osman soltany Myrat III peýdalanypdyr. 1578-nji ýylda ýüz müň adamdan ybarat osman goşuny Zakawkazýa çozýar. Netijede, on iki ýyla çeken uruş başlanýar. Basyp alyjylar Şemahy, Derbendi we Şirwany alýarlar. Şol bir wagtda Osmanlylary goldap Sefewileriň üstüne Krym hanlygy hem çozuş edýär. Sefewiler bir wagtyň özünde hem Osmanly döwletiniň hem Krym hanlygynyň garşysyna göreşmeli bolupdyr.

Osman soltany Myrat III uly ýitgiler çekip, tutuş Zakawkaziýany şeýle hem Azerbaýjany basyp alypdyr. 1590-njy ýylda Stambul şertnamasy boýunça Sefewiler döwletiniň patyşasy Abbas I (1587-1629) Azerbaýjanyň günorta-gündogar böleginden galanyny Osman döwletine bermäge razy bolýar. Osman döwletiniň Azerbaýjany basyp almagy XVII asyryň başlaryna çenli dowam edipdir. Azerbaýjanyň territoriýasyndan Osman goşunlaryny çykarmak maksady bilen Abbas I birnäçe reformalary geçirýär. Ol Azerbaýjanyň tertip-düzgünli goşunyny döredýär. Merkezi häkimiýeti berkidýär. 1598-nji ýylda Sefewiler döwletiniň paýtagtyny Kazwinden Eýranyň Yspyhan şäherine geçirýär. Abbasylaryň döwründe döwlet dili azerbaýjan dili bolupdyr.

1607-nji ýylda Abbas I Osmanly döwletinden tutuş Azerbaýjany, şeýle hem Ermenistanyň we Gürjistanyň bir bölegini yzyna almagy başarýar.

Osman-sefewi urşy ara wagt salnyp, tä 1639-njy ýyla çenli dowam edýär. Urşuň netijesi Sefewiler döwletiniň ýeňşi bilen gutarýar.

## Azerbaýjan-rus gatnaşyklary
## Stambul parahatçylyk şertnamasy

Baryp XV asyryň ikinji ýarymyndan başlap, azerbaýjan-rus gatnaşyklary janlanyp başlaýar. 1465-nji ýylda Şirwan şasy Farruh Ýasar Moskwanyň beýik knýazy Iwan III öz ilçisini iberýär. Muňa jogap edip Moskwanyň knýazy hem 1466-njy ýylda Wasiliý Paniniň ýolbaşçylygynda öz ilçi wekillerini Şemaha iberýär. Olar bilen birlikde Azerbaýjana twerli täjir, belli syýahatçy Afanasiý Nikitin hem gelýär. Ol özüniň ``Üç deňziň aňyrsyna syýahat`` diýen işinde Azerbaýjana eden syýahaty barada hem ýazýar.

1521-nji ýylda Sefewi döwletiniň hökümdary şa Ysmaýyl I Moskwa ilçilerini iberipdir. Moskwa knýazy Wasiliý III birnäçe top we beýleki ýaraglary berýär. 1569-njy ýylda bolsa ruslar Tahmaspa 100 sany top bilen 500 sany tüpeň iberýär. Ruslar Azerbaýjanyň osmanlara garşy göreşini goldapdyr. XVIII asyryň birinji ýarymynda hem Azerbaýjanyň osman we eýran basypalyjylaryna garşy göreşi dowam edipdir. XVIII asyryň 20-nji ýyllarynda Şirwan Eýrana garşy göreşiň merkezine öwrülipdir. Emma Şirwanly daýhanlaryň ilkinji gozgalaňlary üstünlik getirmändir. Gozgalaňçylaryň ýolbaşçysy demirgazyk-gündogar Azerbaýjanyň feodallarynyň biri Gajy Dawud Russiýa döwletinden harby kömek soraýar. Emma ruslar olara kömek etmändirler. Sebäbi Russiýa döwletiniň imperatory Pýotr I şol wagtky gündogar syýasaty muňa ters gelipdir. Bu

ýagdaýda Gajy Dawud Dagystan feodallaryndan kömek sorap ýüz tutýar. 1721-nji ýylda dagystanlylaryň kömek bermeginde gozgalaňçylar Şemahy gabap basyp alýarlar. Gozgalaňçylar şäheri talaýarlar. Talaňçylyk mahaly Şemahdaky rus täjirler hem uly zyýan çekýär. Bu bolsa Russiýa döwletinde nägilelik döredýär. Pýotr I rus täjirlerine ýetiren zyýanlary üçin gozgalaňçylardan ar almagyň kararyna gelýär. Gajy Dawud bu ýagdaýdan çykalga gözläp Türkiýä ýüz tutýar. Bu bolsa Pýotr I Kaspiý deňziniň kenarlaryndaky welaýatlara harby ýöriş etmegine bahana bolýar. Pýotr I ýörişine başlamazdan öň öz ýörişiniň maksady barada azerbeýjan dilinde ``Manifest`` çykaryp, halka ýaýradýar. Manifesti okan ýerli halk Pýotr I gelmegini goldapdyrlar. 1722-nji ýylda Pýotr I Derbentde düşleýär. Onuň ýanyna Bakuwyň, Salýanyň, Reşdiň we beýleki ýerleriň dürli gatlaklarynyň wekilleri gelip, ondan Azerbaýjanyň ýerlerini daşarky duşmanlardan goramak üçin rus goşunlaryny ibermegini hem-de özlerini Russiýanyň tabynlygyna almagyna haýyş edipdirler.

Netijede, 1723-nji ýyla çenli Kaspiý deňziniň tutuş günbatar we günorta –günbatar kenarlary rus goşunlary tarapyndan eýelenýär. Rus goşunlarynyň Kaspiý deňziniň kenarlarynda peýda bolmagyndan howatyr edip Türkiýe 1723-nji ýylda öz goşunyny Zakawkazýa girizýär. 1734-nji ýylda bolsa Stambulda bu iki döwletiň arasynda şertnama baglaşylýar. Şertnama laýyklykda Zakawkazýe Türkiýe bilen Russiýanyň arasynda paýlaşylýar. Türkiýe Russiýanyň Kaspiý deňziniň kenarlaryndaky agalygyny ykrar edýär. Russiýa bolsa öz gezeginde Türkiýanyň Zakawkazýanyň beýleki ýerlerindäki agalygyna garşy bolmajakdygyna wada berýär. Stambul şertnama görä, Şirwan içerki syýasaty boýunça awtonom hukugyna eýe bolýar. Türkiýe Şirwanyň ýerlerinde goşunyny saklamak hukugyndan kesilýär.

XVIII asyryň 30-njy ýyllarynda Azerbaýjanda ýagdaý ýene-de ýitileşip başlaýar. Onuň territoriýasy Türkiýe bilen Eýranyň arasyndaky söweş meýdanyna öwrülýär. Eýran-türk urşy döwründe Russiýa döwleti Reşt (1732) we Genje (1735) şertnamalary boýunça Eýranyň peýdasyna Kaspiý deňziniň kenarlaryndaky welaýatlardan el çekýär.

## Azerbaýjanyň Eýranyň agalygyndan halas bolmagy Azerbaýjan hanlyklarynyň döremegi

Pýotr I aradan çykandan soň, Russiýanyň içerki we daşarky ýagdaýy çylşyrymlaşyp başlaýar. Russiýanyň gündogar syýasatyna Angliýa, Fransiýa we Türkiýe garşy durup başlaýarlar. Eýranyň hökümdary Nedir şa bolsa Eýranyň serhedini öňki ýagdaýyna getirmek ugrunda göreş alyp barýar.

Ýerli halkyň bolsa täze eýran basypalyjylaryna garşy gahar-gazaby has ýitileşip başlaýar. Netijede, XVIII asyryň 40-njy ýyllarynda Azerbaýjanda Eýranyň garşysyna durýan täze halk hereketleriň ojaklarynyň döremegine getirýär. Şeýle ojaklaryň biri ýerli feodal Gajy Çelebiniň ýolbaşçylygynda Şekide tutaşypdyr. Nedir şanyň gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin birnäçe gezek eden synanyşygy başa barmandyr. Şeýle gozgalaňlaryň ulusy 1743-nji ýylda Şirwanda hem bolup geçýär.

Eýranyň Azerbaýjanyň garşysyna alyp baran talaňçylykly syýasaty ýerli ilatda olara bolan ýigrenji artdyrypdyr. Olaryň Russiýa ýakynlaşmak meýlini bolsa güýçlendiripdir. 1743-nji ýylda Şirwan gozgalaňynyň eýranlylar tarapyndan basylyp ýatyrylmagy we olardan öç alynmagy bolsa azerbeýjanlaryň tutuş maşgala bolup Russiýa göçmegini has hem artdyrypdyr. XVIII asyryň 40-njy ýyllarynda Eýranyň garşysyna uly halk gozgalaňlary Ardabilde we Töwrizde hem bolup geçýär. Bularyň ählisi XVIII asyryň 40-njy ýyllaryň ahyrlarynda

Azerbaýjanda Eýranyň agalygynyň ýok edilmeginde uly rol oýnapdyr.

Azerbaýjanyň Eýranyň agalygyndan azat bolmagy onuň taryhynda täze döwrüň-garaşsyz we ýarym garaşly hanlyklaryň döwrüniň başlanmagyna getiripdir. Azerbeýjanyň territoriýasynda Şeki, Garabag, Kuba, Şemah, Baku, Nahiçewan, Genje, Töwriz, Sarab, Ardabil, Hoý, Urmi, Garadag, Talyş, Maraga, Maki hanlyklary döreýär.

XVIII asyryň ikinji ýarymynda Azerbaýjanyň eke-täk ykdysady merkezi bolmandyr. Bu döwürde hojalygyň natural görnüşi agalyk edipdir. Ýerli hanlar, soltanlar, mälikler, begler öz hususy özbaşdaklyklary ugrunda alada edip, merkezleşen häkimiýetiň bolmagyny islemändirler. Jemgyýetiň esasy gatlagyny feodallar we daýhanlar tutupdyr. Olardan başga-da şäherlerde hünärmentçiler, täjirler hem ýaşapdyrlar. Ýöne natural hojalygyň agalyk edýän ýerinde olar ýurduň ykdysadyýetinde-de, jemgiýetçilik-syýasy durmuşynda-da azda-kände aýgytly rol oýnap bilmändirler.

Azerbaýjanyň hanlyklarynyň ählisiniň taryhy yzygiderli uruşlardan we gandöküşikli köşk agdarylyşyklaryndan doly bolupdyr.

Urmi, Şeki, Garabag, Kuba, Hoý hanlyklary has kuwwatly hanlyklar hökmünde öňe saýlanyp, olaryň içinde XVIII asyryň ortalaryndan başlap Urmi hanlygy has tapawutlanyp başlaýar. Bu hanlygy esaslandyran Fataly han Azerbaýjanda bitewi döwlet döredip, onuň başynda bolsa özi durmak isläpdir. Ol maksadyna ýetmek üçin özüniň harby kuwwatyny güýçlendirmegiň çärelerini geçiripdir. Oňa Nedir şanyň öňki goşun serkerdesi owganly Azat hany 15 müň goşuny bilen öz tarapyna çekmek başardypdyr. Fataly hana aňsatlyk bilen Garadag, Maraga, Töwriz hanlyklary we Günorta Azerbaýjandaky ownuk feodallaryň birnäçesini öz

hökümdarlygyna birleşdirmegi başarypdyr. Fataly han birnäçe hanlyklary özüne tabyn edenden soňra, tutuş Zakawkazýany tabyn etmek ugrunda çalşypdyr.

Ol Kahetiýa, Ýerewan we Garabag hanlyklaryň hem özüne tabyn bolmagyny talap edipdir. Emma olar tabyn bolmakdan boýun gaçyrypdyrlar. Netijede, Fataly han 1751-nji ýylyň ýazynda uly goşuny bilen Ýerewan galasyny gabaýar. Kahetiýanyň patyşasy Irakliý II gabalan Ýerewana kömek kömek üçin öz goşunyny iberýär. Muňa jogap edip Fataly han öz goşunyny gabawdan aýyryp, Kahetiýa tarap ugraýar. Söweş Urmi goşunlarynyň peýdasyna gutarýar. Fataly han ýeňlen tarapdan girewine adam we kontribusiýa (pul) alýpdyr.

1756-njy ýylda Fataly han Garabag hanlygyny, soňra bolsa Talyş hanlygyny we Kutkaşen soltanlygyny öz tabynlygyna geçirýär.

Şol döwürde Demirgazyk Azerbaýjanda Şeki hanlygyny esaslandyryjy Gajy Çelebiniň abraýy galyp başlaýar. Ol hem öz töweregindäki hanlyklary birleşdirmek ugrunda göreş alyp barypdyr. Ilkibaşda oňa Kabal we Arzeş soltanlyklaryny birleşdirmek başardypdyr. Emma onuň Genje, Garabag we Şemah hanlyklaryny birleşdirmek ugrunda alyp baran uruşlary netijesiz gutarypdyr. 1755-nji ýylda Gajy Çelebi aradan çykandan soň Şeki hanlygy belli bir derejede öz kuwwatyny ýitiripdir.

Garabag hanlygyny Panak Aly han esaslandyrypdyr. Onuň gurduran Şuş galasy hanlygyň paýtagty bolup daşarky duşmanlaryň çozuşlarynyň hötdesindan gelmegi başarypdyr. Ybragim hanyň dolandyran döwründe (1763-1805) Garabag hanlygyň abraýy ýene-de has ýokary galypdyr.

Kuba hanlygy Fataly han Kubalynyň dolandyran döwründe (1758-1789) azerbeýjan ýerlerini birleşdirmek ugrunda Zakawkazýada uly rol oýnapdyr. Gysga wagtyň içinde

ol Salýan soltanlygyny, Derbent, Baku we Şemah hanlyklaryny özüne birleşdiripdir. Şeki hanlygy hem Kuba hanlygyna garaşly edilipdir. Netijede, Kuba hanlygy XVIII asyryň 60-njy ýyllarynda Azerbaýjanda iň kuwwatly hanlyklaryň birine öwrülipdir. Şoňa görä hem 1769-njy ýylyň rus-türk urşy mahaly Türkiýe Kuba hanlygyny öz tarapyna çekmäge çalşypdyr. Emma Fataly han Türkiýäniň bu teklibini düýbinden ret edipdir. Ol Russiýa bilen ýakynlaşmagyň ýollaryny gözläpdir. Ol 1774-nji ýylda Peterburga öz wekillerini ugradyp Russiýa döwletinden demirgazyk-gündogar Azerbaýjany öz howandarlygyna almagyny haýyş edipdir. Emma şol ýylyň özünde Fataly han Azerbaýjanyň we Dagystanyň iri feodallarynyň bileleşiginden ýeňlişe sezewar bolýar. Diňe Russiýa döwletiniň kömegi netijesinde Fataly hana Azerbaýjanyň demirgazyk-gündogar ýerlerinde berkemeklik başardypdyr. 1787-nji ýylda Fataly han öz ilçisi Mürze Sadyk Muhammet Weliýewiň üsti bilen Russiýanyň imperatory Ekaterina II hat üsti bilen ýüz tutupdyr.

Fataly hanyň döwründe onuň agalyk edýän Azerbaýjan ýerleri daşarky duşmanlaryň çozuşlaryndan halas bolupdyr. Emma ol ölenden (1789) soň, onuň garamagyndaky hanlyklar tiz wagtda dargapdyr.

## Azerbaýjan-gajar gapma-garşylyklary

XVIII asyryň 80-nji ýyllarynda Eýranda häkümiýet Gajarlar dinastiýasyny esaslandyran Aga Muhammet hanyň eline geçýär. Ol tutuş Zakawkazýanyň we Günorta Azerbaýjanyň hökümdarlaryna perman iberip, olaryň özüne tabyn bolmagyny talap edipdir. Muňa jogap edip hökümdarlaryň köpüsi Russiýa döwletinden kömek sorap, ýüz tutupdyrlar. Gazaba münen Aga Muhammet han Zakawkazýa ýerlerine ýörişe başlaýar. Ol Talyş, Nahiçewan we Ýerewan

hanlyklaryny derbi-dagyn edýär. Emma Şuş galasy olara berk gaýtawul berýär. Garabaglylar ermeniler we gürjüler bilen birleşip 33 günüň dowamynda duşmandan üstünlikli goranmagy başarypdyr. Aga Muhammet han Şuş galasyny gabamagy bes edip, öz goşunyny Gürjüstana tarap sürýär.

Eýran goşunlarynyň Zakawkazýa çozmagy rus hökümetini ynjalykdan düşrüp başlapdyr. Ýerli hökümdarlaryň hat ýazyp kömek soramagyny göz öňünde tutup, 1796-njy ýylyň aprel aýynda rus goşuny B. Zubowyň ýolbaşçylygynda Azerbaýjana girýär. Muny eşiden Aga Muhammet han çaltlyk bilen Zakawkazýadan çykýar.

Rus goşunlary gysga wagtyň içinde Kubany, Bakuwy, Şemahy, Genjäni eýeläpdirler. Eýran goşunlaryndan tapawutlylykda rus goşunlary ýerli halk bilen hoşniýetli gatnaşypdyrlar. Galybersede, Ekaterina II egerde kimde-kim ýerli ýaşaýjylara kast etse onuň berk jezalandyryljakdygy barada buýruk hem çykarypdyr.

Emma 1796-njy ýylda Ekaterina II aradan çykandan soň, tagta çykan Pawel I tiz wagtda goşuny yzyna çagyrýar. Mundan peýdalanyp Aga Muhammet han ýene-de Azerbaýjana Garabag hanlygynyň üstüne çozýar. Tiz wagtda Aga Muhammet han dildüwşülip öldürilýär.

Azerbaýjanyň hanlary we Kartli Kahetiýa patyşasy Georgiý II (1798-1890) ýene-de kömek sorap Russiýa döwletine ýüz tutýarlar. Zakawkazýa hökümdarlarynyň birnäçe gezek ýüztutmalaryndan soň, Pawel I ahyry rus goşunyny Zakawkaýa girizmegiň kararyna gelýär. Emma Eýran şasy Fataly şa öz goşunynyň kuwwadynyň rus goşunyndan pesdigine garamazdan, Zakawkazýany basyp almak pikirinden el çekmeýär. Ol öz goşunynda harby tälimleri geçirmek üçin Fransiýadan harby hünärmenleri çagyrýar.

Azerbaýjanyň ýerleriniň Eýran we Türkiýe tarapyndan baslyp alynmagy, geljekde ol ýerleriň Angliýanyň we Fransiýanyň kolonial obýektine öwrülmegine we halkyň tozdurylmagyna getirjekdi. Eýranyň we Türkiýanyň Azerbaýjandaky basypalyjylykly syýasaty ýerli ilatda Russiýa döwleti bilen ýakynlaşmak meýlini has güýçlendiripdir. Şeýlelikde, XVIII asyryň ahyrlarynda- XIX asyryň başlarynda dörän taryhy ýagdaý Azerbaýjanyň Russiýa birikmegi üçin ähli zerur şertler döräpdir.

## Medeniýet

XVI-XVIII asyrlarda Azerbaýjanda medeniýet we ylym ösmegini dowam etdiripdir. Ysmaýyl I öz hökümdarlyk eden döwründe edebiýata we sungata aýratyn ähmüýet beripdir. Onuň köşgünde Surury, Şahy, Matemi, Tufeýli, Kasymy ýaly şahyrlar ýaşap öz döredijiliklerini artdyrypdyrlar. Şahyrlaryň öz jemgiýeti bolup, oňa ``şahyrlaryň şasy Habibi`` ýolbaşçylyk edipdir.

Ysmaýyl I şanyň özi hem görnükli şahyrlaryň biri bolmak bilen, ol goşgularyny öz ene azerbeýjan dilinde ýazypdyr. Onuň Ysmaýyl şa Hatai diýen şahyr lakamy bolup, ol azerbaýjan edebiýatynyň ösmegine uly täsirini ýetiripdir. Bu döwürde beýik şahyr Muhammet Fizulynyň döredijiligi azerbaýjan poeziýasynyň çür depesi bolupdyr. Onuň döreden ``Leýli- Mejnun``, ``Şikaýatnama`` we beýleki eserleri uly meşhurlyga eýe bolupdyr. XVI-XVII asyrlarda Muhammet Amany, Gowşy Töwrizi, Mesihi, Tarzi Afşar, Saiba Töwrizi we beýlekiler ýaly şahyrlar hem azerbeýjan diliniň we edebiýatynyň döredijilikli ösmeginde öz goşantlaryny goşupdyrlar. Halk özleriniň taryhy- gahrymançylyk dessanlarynyň (eposlar) üsti bilen han- begleriň eden etdiliklerini we basypalyjylary tankytlap, halkyň olara garşy göreşindäki edermenliklerini, gahrymançylyklaryny wasp

edipdirler. Şol wagt halkyň dilden döreden ``Şa Ysmaýyl``, ``Asly we Kerem``, ``Aşyk Garyp``, ``Abbas we Gülgöz`` ýaly eserleri şu günlerde hem öz ähmüýetini ýitirmän gelýär.

XVI-XVII asyrlarda aşug (dessançylyk) sungatynyň hem ýokary göterilen döwri bolupdyr. Halk aýdymçylarynyň-aşugçylaryň ýerine ýetiren folklor eserleri häzirki döwürde hem saklanyp galypdyr. Aşyk Gurbany XVI asyrda halk aýdymlaryny- aşugy aýdymlary ýerine ýetiren tanymal aýdymçylarynyň biri bolupdyr. XVII asyrda bolsa Aşyk Abbas, Sary aşug, Aşug Abdylla ýaly aýdymçylar halkyň arasynda giňden tanalypdyr.

Suratkeşlik, hatdatlyk we jaý gurluşyk sungaty hem ösüpdir. Bu döwürde XIV asyrda Töwrizde dörän miniatýura suratkeşligi özüniň ösüşiniň iň ýokary derejesine ýetipdir. Soltan Muhammet sungatyň bu görnüşiniň görnükli wekili bolupdyr. Onuň miniatýuralary Leningradyň, Londonyň, Leýpsigiň, Wenesiýanyň muzeýlerinde saklanýandyr. Sungatyň bu mekdebi Kemaleddin Behzada, Mir Musawir Töwrizi, Mir Zeýnalabdin Töwrizi, Möwlana Muzaffer Aly we beýlekiler ýaly ukyply suratkeşleri taýarlap ýetişdiripdir. XVI-XVII asyrlar Azerbaýjanyň taryhyna, tebigatyna bagyşlanan hem birnäçe işler ýazylypdyr. Azerbaýjan taryhçysy Gasanbek Rumly Azerbeýjanyň taryhyna bagyşlap 12 tomdan ybarat ``Ahsan at-tawarih`` diýen ýygyndysyny ýazýar. Isgenderbek Munşi bolsa Azerbaýjanyň, Eýranyň we goňşy döwletleriň taryhy boýunça gymmatly ýygyndyny ýazyp galdyrypdyr.

Azerbaýjanda lukmançylyk ylmy hem belli bir ösüşe eýe bolupdyr. Halk arasynda Hakim kiçik (kiçijek lukman) ady bilen Abulfath Töwrizi giňden tanalýan lukman bolupdyr. Onuň boýy kiçi bolany üçin oňa Hakim kiçik diýip at beripdirler. Ondan başga-da Ala Töwrizi, Imadaddin Mahmudy we beýleki lukmanlar hem halkyň arasynda tanymal adamlar bolupdyr.

Bu döwürde Gündogarda entek kitap çap etmek işi bolmadyk bolsa-da kitaplar golýazma görnüşinde ýörite kitap göçürijiler (hatdatlar) tarapyndan göçürilip köpeldilipdir we satylypdyr. Şeýle ussat hatdatlaryň içinde Mir Aly Töwriziň ogly Ubeýdullany, Aly-bek Töwrizini, Muhammet Bagir Ordubady, Nyzam ad-din Aly Ardebili, Mir Abdulbegi Danyşmendi, Aly Riza Töwrizi Abbasyny we beýlekileri görkezmek bolýar.

XVIII asyrda esasan hem Eýran agalygy ýok edilenden soňra Azerbaýjanyň şäherlerinde medeni durmuş janlanyp başlanýar. Şäherleriň köpüsinde mekdepler, medreseler açylypdyr. Azerbaýjan dilinde taryhy edebiýatlar peýda bolup başlapdyr. Mysal üçin azerbaýjan dilinde ýazylan ``Hanadan-e Sefewi`` atly eserde sefewiler dinastiýasynyň dörän wagtyndan başlap taryhy beýan edilýar.

XVIII asyr azerbaýjan şahyrlary halkyň ruhuna has ýakyn eserleri döretmek bilen, olary azat edijilik göreşe çagyrypdyrlar. Nişat Şirwany, Şakir Şirwany we beýlekiler ýaly görnükli azerbeýjan edebiýatçylarynyň wekilleriniň eserlerinde ýurda uly zyýan ýetirýän daşary ýurt basypalyjylarynyň eden-etdiliklerine we özara uruşlara garşy närazylyk bildiripdirler.

Şakir Şirwany özüniň ``Şirwan hakynda gürrüň`` diýen muhammesinde 1743-nji ýyldaky gandöküşikli wakany, Nedir şanyň goşunynyň Şemahdaky gozgalaňy basyp ýatyryşyny beýan edýär.

XVIII asyrda Şirwandaky özara uruşlar barada bolsa Azerbaýjanyň beýleki görnükli şahyry Aga Masihiniň muhammeslerinde öz beýanlaryny tapýar.

XVIII asyrda Azerbeýjanda prozanyň dürli görnüşleri ösüpdir. ``Şahriýar hakynda gürrüň``, ``Ogry we kazy`` ýaly proza eserleri öz döwründäki sosial deňsizligi paş edipdir. XVIII asyrda azerbajan poeziýasyny ösdürmekde liriki şahyrlar

Molla Panah Wagif we Molla Weli Widady görnükli yz galdyrypdyrlar. Şahyr Wigafini Garabagyň hany Ibragim han köşgüne çagyryp, ony özüniň baş weziri edip hem belläpdir. XVIII asyrda azerbaýjan poeziýasy, esasan hem dessançylyk Kawkaz halklarynyň poeziýasyna görnüp duran täsirini ýetiripdir. Ermeni, lezgin dessançylarynyň köpüsi özleriniň aýdymlaryny azerbeýjan dilinde ýerine ýetiripdirler. Gruziýada, Ermenistanda we Dagystanda azerbeýjan poeziýasy uly meşhurlyga eýe bolupdyr. Saz sungaty hem ösüpdir. Tar, kemençe, zurnaý, tüýdük, nagara, dep ýaly saz gurallary giňden ýaýrapdyr.

# IV BÖLÜM
# Azerbaýjan XIX-XX asyryň başlarynda

## XIX asyryň birinji ýarymynda azerbaýjan-rus gatnaşyklary
## Türkmençaý şertnamasy
## Demirgazyk Azerbaýjanyň Russiýa birikdirilmegi we onuň netijeleri

XVIII we XIX asyrlaryň sepgidinde hem Azerbaýjanyň halkara ýagdaýy çylşyrymly bolmagynda galypdyr. Eýran we Türkiýe Zakawlazýany basyp almak syýasatyndan entek el çekmändir. Patyşa Russiýasy hem Zakawkazýany, şol sanda Azerbaýjany basyp almaga ymtylypdyr. Şu hili şertlerde Azerbaýjanyň ýönekeý ilaty, şeýle hem feodal gatlagyň daşdan görüji dolandyryjy topary Russiýa döwletine birikmegiň tarapdary bolupdyrlar. Patyşa Russiýasy Azerbaýjan meselesinde kolonial syýasatyny ýöredýärdi. Emma muňa garamazdan Azerbaýjanyň Russiýa birikdirilmegi onuň üçin ähmiýetli bolupdyr.

1800-nji ýylda Talyş, Kuba we Garabag hanlyklary Russiýanyň howandarlygyny kabul edýärlerler. 1801-nji ýylda Gruziýanyň Russiýa birikmegi baradaky manifest täzeden dikeldilýär. Netijede, Azerbaýjanyň şol wagtlar Gruziýanyň düzüminde bolan Gazak we Şamşadil soltanlyklary hem Russiýa birikdirilýär.

1804-nji ýylyň başlarynda rus goşunlary Genje hanlygyny eýeleýärler. 1805-nji ýylda bolsa Garabag, Şeki, Şirwan hanlyklarynyň hökümdarlary özleriniň Russiýa birikdirilmegi baradaky şertnama gol çekýärler. 1806-njy ýylda Kuba we Bakuw, 1809-njy ýylda bolsa Talyş hanlygy Russiýa döwletine birikdirilýär. Şeýlelik bilen, 1809-njy ýyla çenli Demirgazyk

Azerbeýjanyň ähli territoriýasy diýen ýaly parahatçylykly ýol bilen Russiýa birikdirilýar.

Zakawkazýanyň Russiýa birikdirilmegi Eýranyň, Türkiýänyň şeýle hem Angliýanyň we Fransiýanyň Russiýa bolan gapma-garşylygynyň has ýitileşmegine getiripdir. 1804-nji ýylda Eýran, 1806-njy ýylda bolsa Türkiýe Russiýanyň garşysyna urşa başlaýarlar.

Bu uruşda Zakawkazýanyň halklary, Russiýanyň tarapynda durupdyrlar. Uruş Russiýanyň ýeňmegi bilen tamamlanýar. 1813-nji ýylyň 12-nji oktýabrynda Gülüstan ýaraşyk şertnamasyna gol çekilýär. Parahatçylyk şertnama laýyklykda Eýran Demirgazyk Azerbaýjanyň Nahiçewandan galan ähli hanlyklaryň Russiýa birikdirilmegini ykrar edýär. Emma Demirgazyk Azerbaýjanyň Russiýa birikdirilmegi Eýrany we Angliýany kanagatlandyrmandyr. Netijede, Angliýa tarapyndan meçew berlen Eýran 1826-njy ýene-de Russiýanyň garşysyna täzeden urşa başlaýar. Urşa Türkiýe hem goşulýar. Urşuň gidişinde ýerli ilat yzygiderli ýagdaýda rus goşunyna kömek beripdurupdyrlar. Şamhoryň we Genjäniň eteginde Eýranyň goşuny derbi-dagyn edilýär. Rus goşunlary eýran goşunyny Araks derýasynyň aňrysyna çenli gysyp çykaryp, Günorta Azerbaýjanyň territoriýasyna girýärler we Töwriz, Ardabil we beýleki şäherleri eýeleýärler. Günorta Azerbaýjanyň ilaty rus goşunlaryny gyzgyn garşylapdyrlar. Eýran parahatçylyk soramaga mejbur bolupdyr. 1828-nji ýylyň 10-njy fewralynda Töwriz şäheriniň golaýyndaky Türkmençaý obasynda Eýran bilen Russiýanyň arasynda parahatçylyk şertnamasyna gol çekilýär. Şertnama laýyklykda Eýran Demirgazyk Azerbaýjandan el çekýär we ol ýerleriň Nahiçewan bilen birlikde Russiýa birikdirilmegini ykrar edýär. Günorta Azerbaýjan bolsa Eýranyň düzüminde galdyrylýar. Zakawkazýanyň, şeýle hem Demirgazyk Azerbaýjanyň Russiýa

birikdirilmegini Türkiýe hem ykrar edýär. Şeýlelikde, XIX asyryň başlarynda Demirgazyk we Günorta Azerbaýjan taryhy ösüşiň dürli ýoly bilen gitmeli bolupdyrlar.

Demirgazyk Azerbaýjanyň Russiýa birikdirilmegi azerbaýjan halkynyň taryhy ykbalynda uly progressiw rol oýnapdyr. Azerbaýjan halkynyň durmuş-ykdysady, syýasy we medeni ösüşiniň mundan beýlekki ýoluny kesgitläpdir. Halk daşarky duşmanlaryň yzygiderli talaňçylykly çozuşlaryndan halas bolup asuda ýaşap başlapdyrlar.

Patyşa hökümetiniň düzümine birikdirilmeginiň ilkinji ýyllaryndan başlap, hanlyk düzgüni ýatyrylypdyr. Azerbaýjan welaýatlara-prowinsiýalara bölnüp, onuň başynda patyşa ofiserleri (serkerdeleri)-komendantlar goýlupdyr. Olar harby-okrug ýolbaşçylaryna, harby-okrug ýolbaşçylary bolsa öz gezeginde Kawkazyň baş serkerdebaşysyna tabyn bolupdyrlar. Komendantlar giň ygtyýarlyklardan peýdalanypdyrlar. Garabagda we Nuhda welaýat, Bakuw, Kuba we Genje şäherlerinde şäher sudlary döredilipdir.

Komendantlaryň eden-etdikleri, salynýan salgytlar ilatyň arasynda nägilelikleri döredipdir. Bu bolsa daýhanlaryň we şäher garyplarynyň topalaňlaryna getiripdir. Şeýle gozgalaňlar 1831-nji ýylda Talyşda, 1837-nji ýylda Kubada, 1838-nji we 1849-njy ýyllarda Şekide we beýleki ýerlerde bolup geçipdir. Kähalatlarda ýerli han-begler bu gozgalaňlary öz peýdalaryna ulanjak bolupdyrlar. Emma bu gozgalaňlar diňe bir rus kolonizatorlarynyň garşysyna däl-de eýsem baý-feodallaryň garşysyna hem gönükdirilipdir.

1840-njy ýylda patyşa hökümeti Azerbaýjanda öz möwrütini geçiren, Komendant dolandyrylyşyny üýtgedip, onuň ýerine sud-administratiw düzgüni girizýär. 1840-njy ýylyň reformasy boýunça Zakawkazýanyň territoriýasy paýtagty Tbilisi şäheri bolan Gruzin-Imeret guberniýasyna we paýtagty

Şemah şäheri bolan Kaspiý oblastyna bölünipdir. Azerbaýjanyň guberniýasynyň bir bölegi Gruzin-Imeret guberniýasyna degişli bolupdyr. Emma territoriýasynyň esasy bölegi Kaspiý oblastyna degişli bolup, oňa Şemah, Nuh, Zenkoran, Bakuw, Kuba we Derbent uýezdleri giripdir. 1846-njy ýylda Kaspiý oblastynyň ýerine Şemah guberniýasy döredilýär. 1859-njy ýylda güýçli ýer titremegi sebäpli Şemahyň weýarn bolmagy guberniýanyň merkeziniň Bakuwa geçirilmegine getirýär. Netijede, geberniýanyň ady hem üýtgedilip Bakuw guberniýasyna öwrülýär. 1868-nji ýylda Azerbaýjanyň territoriýasynda ikinji guberniýa-Ýelizawetpol guberniýasy döredilýär.

Patyşa hökümeti Azerbaýjany Russiýa birikdiren ilkinji günlerinden başlap, ýerli feodallara we dindarlara daýanyp başlaýar. Ýerleriň uly bölegi patyşa hökümetiniň we ýerli han-begleriň elinde jemlenipdir.

Emma patyşa hökümetiniň alyp baran kolonial syýasatyna garamazdan, Azerbaýjanyň Russiýa birikdirilmegi ol ýerlerde oba hojalygyň, hünärmentçiligiň we söwdanyň ösmegine itergi beripdir.

Ýüpekçilik çalt depgin bilen ösüp, Russiýa äkidilýän ýüpegiň mukdary hem artypdyr. Oba hojalygynda haryt önümçiligi giňelipdir, haryt-pul gatnaşygy mundan beýläkde ösüpdir. Azerbaýjanyň şäherlerinde we obalarynda demirden ýasalýan önümleriň, dürli gurallaryň, mis gap-çanaklaryň, dokmaçylyk, küýzegärçilik önümleriniň önümçiligi giňelipdir. Halyçylyk giňden ösüpdir. Azerbaýjan halylary ýurduň daşynda hem uly meşhurlyga eýe bolupdyr. XIX asyryň 20-nji ýyllarynda Azerbaýjanda manufaktura görnüşindäki kärhanalar hem peýda bolup başlapdyr.

## Azerbaýjanyň sosial-ykdysady ýagdaýy

XIX asyryň ikinji ýarymynda Azerbaýjanyň ösüşinde täze döwür başlanýar. Bu döwürde Russiýada başlanan sosial-ykdysady üýtgeşmeler Azerbaýjana-da öz täsirini ýetiripdir. Russiýada krepostnoýçylyk hukugynyň ýatyrylmagy kapitalistik gatnaşyklaryň ösmegine itergi beripdir. Russiýanyň ýüpek mata senagatynyň ýüpegi talap edip başlamagy Azerbaýjanda ýüpek egirme-dokma fabriginiň döremegine getiripdir. 60-njy ýyllaryň başynda Hanabatda moskwaly senagatçylar Alekseý we doganlar Woroninler 432 stanokly 500 orunlyk ýüpek egirme-dokma fabrigini gurýarlar. 1865-nji ýylda Kadabek mis erediji zawod işe girizilip, onda 200 işçi işläpdir.

1859-njy ýylda rus telekeçileri tarapyndan Surahanda nebiti gaýtadan işleýän iri zawod gurulýar. Bu zawoddan başga-da Apşeronda onlarça nebit senagaty kärhanalary işläpdirler.

Obalarda kapitalistik gatnaşyklar haýal ösüpdir. Russiýada krepostnoýçylyk hukugy ýatyrylandan 10 ýyl geçensoň 1870-nji ýylda Azerbaýjanda daýhan reformasy geçirilipdir. Bu reforma daýhanlaryň feodallara garaşlylygynyň soňuna çykman, tersine, feodallaryň daýhanlary mundan beýläkde ezmegine mümkünçilik döredipdir. Daýhanlar reformadan soň hem ýer eýeleriniň peýdasyna dürli borçlary ýerine ýetirmeli bolupdyrlar. Olar tölegleri pul ýa-da azyk görnüşinde töläpdirler. Suwarymly ýerler we öri meýdanlar ýene-de han-begleriň ellerinde galypdyr.

Azerbaýjanda daýhan reformasy hemme ýerde geçirilmändir. Ol diňe beglik ýerlerinde ýaşaýanlara degişli bolup, galan ýerlerede geçirilmändir. Daýhanlaryň 70 %-ni öz içine alýan döwlet ýerlerinde ýaşaýan daýhanlara degişli bolmandyr. Bulara garamazdan Azerbaýjanda geçirilen daýhan reformasy belli bir derejede oba kapitalizmiň ösüşine itergi beripdir. Daýhanlaryň azat bolmagy şäherlerde ösýän senagaty

üpjün etjek işçi armiýasynyň rezerwini döredipdir. Olar ýuwaş-ýuwaşdan işçi kadrlarynyň üstüni dolldurypdyrlar.

Deýhanlar reformasy ýurtda haryt gatnaşyklarynyň kapitalistik-haryt gatnaşyklarynyň peýda bolmagyna hem getiripdir.

Azerbaýjanda ykdysadyýetiň we pul-haryt gatnaşyklarynyň ösmeginde 1883-nji ýylda Bakuwy Tiblisi şäheri bilen birleşdiren Zakaspiý demir ýolunyň bakuw böleginiň gurluşygy we Kaspi deňiz gämi gatnawy uly orny eýeläpdir. Azerbaýjanyň Russiýa döwleti bilen söwda gatnaşygy giňelip başlapdyr. Rus telekeçileriniň azerbaýjan çig malyna bolan islegi has artyp başlaýar. 80-nji ýyllaryň ahyrlarynda dörän pagta senagaty Azerbaýjanyň oba hojalygynyň esasy pudagy hökmünde mundan beýläk ösüp başlapdyr. Pagta senagatynyň ösmegine birinji nobatda rus pagta senagatynyň oňa bolan islegi şert döredipdir. Netijede bolsa, Azerbaýjanyň uýezdlerinde senagatyň täze pudagy bolan pagta arassalaýan zawodlaryň peýda bolmagyna getiripdir.

Azerbaýjanyň oba hojalygynda buýan kööküni almak, temmäkiçilik, üzümdarçylyk, bagbançylyk ýaly pudaklary uly ösüşlere eýe bolup, olar Russiýanyň bazarlary bilen ýakyn gatnaşykda bolupdyrlar.

Emma bulara garamazdan, Azerbaýjanyň obalarynda feodal gatnaşyklaryň saklanmagy ol ýerlerde kapitalizmiň ösüşini bökdäpdir. Ýerleriň öňküsi ýaly döwletiň, pomeşikleriň we han-begleriň elinde saklanmagy daýhanlarda nägileligi artdyrypdyr. Bu bolsa öz gezeginde daýhanlaryň ýerli hen-begleriň we rus kolonizatorlaryň garşysyna göreşe galmagyna getiripdir. Ýaraglanan daýhanlaryň uly bolmadyk toparlarynyň han-begleriň we patyşa çinownikleriniň üstüne çozuş edip, olaryň ellerinden zatlaryny alyp garyplara paýlan wagtlary hem az bolmandyr. Bu daýhanlaryň özbolușly çykyşy bolup, halk

arasynda olara gaçaklar diýip at beripdirler. Şeýle otrýadlaryň biri Zangerur we Nahiçewan uýezdlerinde hereket edip, oňa belli gaçak Nabi ýolbaşçylyk edipdir. Ol birnäçe ýyllap ezijileriň garşysyna göreş alyp barypdyr.

Umuman alanymyňda, XIX asyryň ikinji ýarymynda Azerbaýjanyň obalarynda kapitalistik gatnaşyklar haýal we köp kynçylyklar bilen ösüpdir. Hemme ýerlerinde bir meňzeş ösmändir.

Senagatda esasan hem nebit senagatynda ösüş bildiripdir. Bu ösüş ilkinji nobatda rus senagatynyň ýangyja bolan islegi bilen bagly bolupdyr. Nebit senagatyna XIX asyryň II ýarymyndan başlalp ýerli rus maýadarlary bilen birlikde daşary ýurt maýadarlary hem aralaşyp başlapdyrlar.

1885-nji ýylda Baku guberniýasyndan 489 mln. put nebit alnypdyr. Doganlar Nobeliň firmasy 1879-njy ýylda 3 mln. manat maýa goýan bolsa, 11 ýyldan soň, ol 15 mln. manada baryp ýetipdir. Nebiti gaýtadan işleýän zawodlaryň sany ýyl geçdigiçe artyp başlapdyr. 1890-njy ýylda Bakuwda şeýle zawodlaryň 148-si işläpdir. Bakuwyň nebiti Ýewropa, Aziýa, 1886-njy ýylda Hindistana, soňra bolsa Hytaýa çenli baryp ýetipdir.

Bakuwyň nebit senagatynyň güýçli ösmegi onuň Kawkazda iri senagat merkezine öwrülmegine getiripdir. Senagatyň ösmegi bilen onuň ilaty hem ösüpdir. 1897-nji ýylda onuň ilaty 113.904 adama ýetipdir. Azerbaýjanyň beýleki şäherlerinde hem senagatyň dürli görnüşleri bilen bilelikde ilat sany hem artypdyr. Kuba şäheriniň ilaty 18 müň, Şemahyňky 23 müň, Nuhuňky 26 müň, Şuşuňky 26 müň, Ýelizawetpoluňky 34 müň adama baryp ýetipdir. Netijede, Azerbaýjanyň ilatynyň sosial gurluşynda hem üýtgeşmeler bolup geçýär. Ýurtda täze buržuaz we proletar synplary döreýär. Azerbaýjanda buržuaz

synpy köp milletiň ruslaryň, azerbaýjanlaryň, ermenileriň we beýleki milletleriň wekilleri hökmünde kemala gelipdir.

Buržuaz synpy bilen bilelikde ýene-de bir synp proletariat synpy hem peýda bolýar. Azerbaýjanda proletariat synpynyň kemala gelmeginde obalardaky ýersizleşen daýhanlar esasy rol oýnapdyrlar. Olar iş gözläp şäherlere gidip proletariatlara öwrülipdirler. Işçiler synpynyň kemala gelmeginiň ýene-de bir çeşmesi Günorta Azerbaýjandan iş gözläp gelýän talaban daýhanlardy. Bakuwda senagatyň güýçli ösmegi köp mukdarda işçi güýjini talap edýärdi. Bu bolsa öz gezeginde Bakuwda köpmilletli işçi synpynyň döremegine şert döredipdir.

## Işçileriň rewolýusion hereketleri
## Işçileriň demokratik partiýasynyň döremegi
## Buržuaz-demokratik rewolýusiýanyň ýeňmegi

Azerbaýjanyň işçileriniň rus işçileri bilen bir ýerde zähmet çekmekleri olaryň biri-birine ýakynlaşmagyna hem-de olaryň umumy rus rewolusion- azat edijilik hereketine çekilmegine getiripdir. XIX asyryň 70-nji ýyllaryndan Azerbaýjanda işçileriň iş taşlaýyşlary başlanýp, olar soňra işçileriň uly çykyşlaryna getiripdir. 1891-nji ýylyň dekabrynda şeýle uly çykyşlaryň biri Bakuwda bolup, oňa 5.000 adam gatnaşypdyr. Emma işçileriň bu çykyşlary özakymlaýyn, guramaçylyksyz, diňe ykdysady talaplar bilen çäklenipdir.

XIX asyryň 90-njy ýyllarynyň ortalaryndan başlap, Azerbaýjanda işçiler hereketi marksistik gurnaklar we toparlar bilen aragatnaşyk saklap başlaýar. 1888-nji ýylda Bakuwda işçiler gurnagy döredilýär. 1896-1897-nji ýyllarda bolsa ilkinji sosial-demokratik gurnaklar döredilýär. 1899-njy ýylda Bakuwda şeýle gurnaklaryň 6-sy iş alyp barypdyr. Bakuwdaky sosial-demokretik gurnaklara gatnaşyjylaryň arasynda Mämmed

Mämmedýarow, Balaamy Dadaşew, Mir Başir Kasymow we beýlekiler ýaly azerbaýjanyň öňdebaryjy işçileri hem bardy.

XIX asyryň ikinji ýarymyndan başlap, Azerbaýjanda progressiw medeniýeti öňe sürýän demokratik pikirli intellegensiýa topary hem kemala gelýär.

XIX asyryň ahyrlarynda Ýewropada başlanan ykdysady çökgünlik XX asyryň başlarynda Russiýany hem öz içine alypdyr. Bu bolsa öňden hem ýagdaýy pes azerbaýjan işçileriniň ýaşaýyş derejesiniň has pese gaçmagyna getiripdir. Kärhanlardan işçileriň köpçülikleýin işden çykarylmagy işsizligiň artmagyna getiripdir. Diňe 1901-1903-nji ýyllarda bakuwly işçileriň 30 %-i diýen ýaly işsiz galypdyrlar. Diňe nebit senagatynda işçileriň sany 1901-nji ýylda 35911 adam bolanlygyndan, 1903-nji ýylda 26886 adama çenli azalypdyr. Gündeki zähmet sagatlary 14-15 sagada çenli artyp, zähmet haklary bolsa iň pes derejä getirilipdir.

Işçileriň we daýhanlaryň ýagdaýlarynyň erbetleşmegi rewolusýon syýasy işleriň ýaýbaňlanmagyna şert döredipdir. 1900-nji ýylyň dekabr aýynda sosial-demokratik gazet bolan ``Iskra`` gazetiniň ilkinji sanynyň çykmagy Zakawkazýanyň, şol sanda Azerbaýjanyň sosial-demokratlarynyň işinde adatdan daşary ähmiýete eýe bolýar.

1900-nji ýylda sosial demokratlar Bakuwda öz işlerini has hem giňden ýaýbaňlandyrypdyrlar. 1901-nji ýylyň ýazynda Bakuwda ilkinji leninçi-iskraçylar komiteti döredilýär. Marksistik edebiýatlary ýaýratmak üçin Bakuwda ``Nina`` atly gizlin çaphana döredilýär. Çaphanada leninçilik ``Iskra`` gazeti köpeldilip halkyň arasynda ýaýradylypdyr.

Bu döwürde işçiler hereketi has giň gerim alyp başlaýar. 1903-nji ýylyň iýulynda Bakuw işçileriniň ähliumumy iş taşlaýşy bolup, ol tutuş Zakawkazýa we günorta Russiýa öz täsirini ýetirýär. Azerbaýjan proletariatynyň arasynda

guramaçylyk we syýasy işleri mundan beýläk-de ýaýbaňlandyrmak maksady bilen 1904-nji ýylyň ahyrlarynda Russiýanyň sosial-demokratik işçiler partiýasynyň (RSDIP) Bakuw Komitetiniň ýanynda ``Gummet`` atly sosial-demokratik topar döredilýär.

Bakuw işçileriniň rewolýusýon çykyşlary Azerbaýjanyň beýleki ýerlerinde hem synpy göreşleriň ýaýbaňlanmagyna itergi beripdir. 1901-1903-nji ýyllarda Şamah uýezdiniň Nawag, Bakuw uýezdiniň Zyk, Ahmetli we Maştag obalarynda, Ýelizawetpol we Nahiçewan uýezdlerinde daýhanlaryň tolkunyşyklary bolup geçýär. Bu döwürde hem gaçaklar hereketi daýhanlar hereketiniň esasy görnüşine öwrülipdir.

1905-nji ýylyň oktýabr aýynda Russiýada bolup geçen ähliumumy oktýabr syýasy iş taşlaýyş Azerbaýjana hem öz täsirini ýetirýär. 1905-nji ýylyň 25-nji noýabrynda 226 adamdan ybarat işçiler deputatlarynyň Bakuw soweti döredilip, onuň düzüminde uly bolmadyk bolşewikler topary hem giripdir.

Azerbaýjan obalaryndaky agrar hereketler milli-azat edijilik hereketi bilen utgaşykly gidipdir. Azerbaýjan milli buržuaziýasy bolsa synpy göreşi öz bähbitleri üçin peýdalanjak bolup hereket edipdirler. Şu maksat üçin azerbaýjan milli buržuaziýasy 1911-nji ýylda özleriniň ``Musawat`` (Deňlik) atly milli buržuaz partiýasyny döredýärler.

1913-1914-nji ýyllarda Azerbaýjanda rewolýusion hereket ýene-de güýçlenip başlaýar. 1913-nji ýylda Bakuwda 40 müň adamdan ybarat işçi ähliumumy iş taşlaýyş yglan edýärler. Iş taşlan işçileriň aglaba köplügi öz iş şertleriniň gowulaşmagyny gazanypdyrlar.

1914-nji ýylyň iýul aýynda I jahan urşy başlanýar. Azerbaýjan buržuaziýasy bu urşy goldap çykyş edýär. Sebäbi, olar uruşdaky ýeňşi öz peýdalaryna maksat edinýärler. Azerbaýjanyň bolşewikler topary bolsa bu urşyň imperialistik,

talaňçylykly uruşdygyny onuň halkyň bähbidne hiç hili peýda getirmeýändigini halkyň arasynda düşündiripdirler.

Uruş azerbaýjan halkynyň ýagdaýyny öňküsinden-de beter agyrlaşdyrypdyr. Bu bolsa zähmetkeş halkyň patyşa hökümetiniň, pomeşikleriň we buržuaziýanyň garşysyna çykyşlaryny güýçlendiripdir. 1915-nji ýylyň tomusyndan başlap işçileriň hereketi has güýçlenip, olar diňe ykdysady talaplary däl-de, eýsem syýasy talaplary hem öňe sürüp başlapdyrlar.

1917-nji ýylyň fewral aýynyň ahyrynda Russiýada fewral buržuaz-demokratik rewolusiýasy patyşa hökümetini agdarýar. Azerbaýjanyň bolşewikleri gizlinlikden çykyp, zähmetkeş halkyň arasynda guramaçylyk işlerini alyp barýlarlar.

Beýleki ýerlerde bolşy ýaly Bakuwda hem wagtlaýyn hökümet bilen bir wagtda işçileriň we soldatlaryň deputatlarynyň sowetleri döredilýär. Emma Bakuwda we Azerbaýjanyň uýezdleriniň köpüsinde sowetleriň düzüminde menşewikler we eserler agdyklyk edýärdiler. Netijede, beýleki ýerlerde bolşy ýaly Bakuwda we Azerbaýjanyň beýleki şäherleriniň köpüsinde iki häkimýetlilik peýda bolýar.

## Medeniýet

XIX asyryň ikinji ýarymynda XX asyryň başlarynda Azerbaýjanda medeniýet ösmegini dowam etdiripdir. Ýurtda edebiýat janlanypdyr, milli teatr döräpdir we gazetler çap edilip başlanypdyr. 1875-nji ýylda ilkinji azerbeýjan gazeti ``Ekinçi`` ady bilen çykyp başlaýar. Gazetiň redaktory belli publisist G.B. Zardabi bolupdyr. Bu döwürde şäherleriň birnäçesinde kitaphanalar we ylmy jemgiýetler peýda bolupdyr. 1894-nji ýylda Bakuw şäherinde N. Narimanow tarapyndan ilkinji kitaphana esaslandyrylýar.

XIX asyryň ahyrlarynda XX asyryň başlarynda azerbeýjan medeniýetini, aň-bilimini ýaýratmakda alym we akyldar

Gasanbek Melikowyň (1842-1907), belli dramaturg Najapbek Wezirow (1854-1926), mugallym we aň-bilim ýaýradyjy, satirik-şahyr Seýit Azym Şirwany (1835-1888), Azerbaýjanyň belli syýasy we jemgiýetçilik işgäri Naryman Narymanow (1870-1925) we beýlekiler uly goşantlaryny goşupdyrlar. Olar öz işlerinde ýurtda dowam edýän sosial deňsizlikleri, yzagalaklyklary tankytlamak bilen demokratiýanyň we aň-bilimiň ösmegini wagz edipdirler.

XX asyryň başlarynda ýurtda sowatsyzlygy ýok etmek ugrunda hem uly işler alnyp barlypdyr. G. Zardabi, U. Gajybekow, G. Mahmutbekow, S. Ganizade we beýlekiler ýaly halk magaryfçylary halkyň arasynda sowatsyzlygy ýok etmekde, bilim ulgamyny giňeltmekde göreşipdirler.

Azerbaýjanda jemgiýetçilik-syýasy durmuşyň janlanmagy bilen metbugatda hem öňegidişlikler bolup geçýär. 1904-1908-nji ýyllarda azerbeýjan dilinde ``Gummet``, ``Tehamýul``, ``Ýoldaş`` ýaly gazetler çykarylypdyr. Olardan başga-da, rus we ermeni dillerinde ``Bakinskiý raboçiý``, ``Gudok``, ``Prizyw``, ``Banwori draýn``, ``Orer`` we beýlekiler ýaly gazetler hem peýda bolupdyr.

Azerbaýjanda jemgiýetçilik-syýasy pikiriň ösmeginde rewolýusion-demokratik metbugatyň giňden çap edilmegi uly ähmiýete eýe bolupdyr. 1906-nji ýylda J. Mametkulizadanyň redaktorlyk etmeginde ``Molla Nasreddin`` atly söweşjeň satiriki žurnal çykarylyp başlanýar. Bu žurnal Azerbaýjanda demokratik edebiýatyň we metbugatyň ösmeginde görnükli orny eýeläpdir. ``Molla Nasreddin`` žurnalynyň çykmagy bilen azerbeýjan dilinde ``Bahlul``, ``Tuty``, ``Zenbur``, ``Baba Emir`` ýaly hem satiriki žurnallar çykarylypdyr. Çagalar üçin hem birnäçe žurnallar neşir edilipdir. Buržuaz metbugatyň sany hem artypdyr. Olaryň ``Şergi-rus``, ``Irşat``, ``Nijat`` ýaly gazetleri bilen bir hatarda ``Fiýurat``, ``Şelale`` we beýlekiler

ýaly žurnallary hem çykarypdyrlar. ``Kaspiý`` we ``Bakuw`` ýaly rus dilinde çykýan buržuaz gazetleri hem yzygiderli çykarylyp durupdyr.

XX asyryň başlarynda Azerbaýjanyň rewolýusion-demokratik edebiýaty mundan beýläk-de ösüpdir. Edebiýatyň bu ugruny ösdürmekde J. Mämetkulizade, M. A. Sabir, N. Narymanow, A. Ahwerdow ýaly wekilleriniň roly uludyr. Edebiýatyň realistik ugruny ösdürmekde bolsa N. B. Wezirow, S. S. Ahundow, S. M. Ganidze, Ýusup Wezir we beýlekiler ýaly wekilleri uly abraýa eýe bolupdyrlar.

Azerbaýjanyň teatr sungatynda hem öňegidişikler bolupdyr. Teatr sungatyny ösdürmekde J. Reýnalow, G. Arablinskiý, M. Alyýew, G. Sarabskiý, A. Şarifzade, Sidgi Ruhulla we beýleki görnükli artistler meşhurlyga eýe bolupdyrlar. Olar azerbeýjan teatr sungatynyň realistik däbini dowam etdiripdirler we ony ösdüripdirler.

Azerbaýjanyň saz sungaty hem täze-täze eserler bilen baýlaşdyrylypdyr. Saz sungatynyň öňe gitmeginde U. Gajybekow, M. Mogamaýew, J. Garýagdy, G. Sarabskiý, K. Primow we beýlekiler uly goşantlaryny goşupdyrlar. 1908-nji ýylda U. Gajybekowyň goýan ``Leýli we Mejnun`` operasy azerbaýjan opera sungatynyň döremeginiň nyşany bolupdyr.

Azerbaýjanyň şekillendiriş sungatyny ösdürmekde A. Azymzade, B. Kengerli we beýlekileriň eserleri uly ähmiýete eýe bolupdyrlar.

# V BÖLÜM
# Azerbaýjan Sowet häkimiýeti ýyllarynda
# (1917-1991-nji ýyllar)

## Azerbaýjanda sosialistik rewolýusiýanyň ýeňmegi
## Sowet häkimiýetiniň berkarar edilmegi

Azerbaýjanyň işçileriniň we daýhanlarynyň sosialistik rewolusiýasyna bolşewikler guramalary ýolbaşçylyk edýärdiler. Azerbaýjanda şeýle rewolusiýany amala aşyrmak üçin zerur sosial-ykdysady şertler döräpdir. Russiýada synpy gapma-garşylyklaryň ýitileşmegi täze rewolýusion krizisiň döremegine getiripdir. Işçiler, daýhanlar we milli-azat edijilik hereketi birleşip, ýurtda bir bitewi umumy azat edijilik hereketiniň döremegine itergi beripdir.

Bolşewikler zähmetkeş halky rewolýusion herekete çekmekde uly kynçylyklary ýeňip geçmeli bolupdyrlar. Sebäbi, ýurduň hemme ýerinde ykdysadyýetiň we syýasatyň ösüşi deň bolmandyr. Işçier synpy milli düzümi boýunça köp milletli bolupdyr. 1917-nji ýylda ilatyň 76 %-i oba hojalyk bilen meşgullanypdyr. Bakuw şäheri Kawkazda iň iri senagat merkezi bolup, onda işçileriň esasy bölegi jemlenipdir. Onuň 100 müňden gowrak köp milletli işçisi bolup, olar tutuş Azerbeýjanyň işçiler hereketiniň başynda durýardylar. Patyşa hökümeti, azerbeýjan, ermeni, gruzin buržuaz milletçileri olaryň arasynda milletara dawalary tutaşdyryp, olaryň ünsüni rewolýusion hereketden sowmaga çalyşypdyrlar.

Zakawkazýada bolşewikler guramasynyň berkemeginde 1917-nji ýylyň oktýabr aýynda Tbilisi şäherinde bolup geçen Kawkaz bolşewikleriniň birinji gurultaýy wajyp ähmiýete eýe bolupdyr. Gurultaý ähli milletleriň, şol sanda Kawkaz halkynyň hem öz hukuklaryny özleriniň hat-da döwlet bolup bölünmäge çenli hukuklarynyň zerurlygyny belläp geçýär. ``Bütin

häkimiýet Sowetlere!`` atly şygar astyndaky göreş tutuş ýurdy öz içine alypdyr. 1917-nji ýylyň 13-nji oktýabrynda Bakuw sowetiniň menşewik-eser ispalkomy mejbury ýagdaýda otstawka gitmeli bolýar.

1917-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda Petrogradda ýaragly gozgalaň başlanýar. 25-nji oktýabrda bolsa Beýik Oktýabr sosialistik rewolusýasy ýeňýär. 27-nji oktýabyrda bolşewikler Bakuwda häkimiýetiň Sowetleriň eline berilmegini talap edýärler. Emma eser-menşewik-daşnak bileleşigi Jemgyýetçilik howupsyzlyk komitetiniň döremegi baradaky reformanyň kabul edilmegini gazanýarlar. 1917-nji ýylyň oktýabr aýynyň ahyrynda ``Musawat`` partiýasy I gurultaýyny çagyryp, onda ýaragly gozgalaňy goldamaly däl we wagtlaýyn hökümeti goldamaly diýen karara gelýär. Musawatçylar Russiýa buržuaz federasiýasynyň düzüminde Azerbeýjanyň awtonomiýa hukugyny gazanmaga umyt edipdirler.

Emma Bakuwyň partiýa komitetiniň işçileri Petrograddaky Oktýabr rewolusýasynyň ýeňişini goldaman häkimiýetiň tiz wagtda işçileriň, esgerleriň we daýhanlaryň deputatlarynyň sowetleriniň eline berilmegini talap etmäge çagyrypdyrlar.

1917-nji ýylyň 31-nji oktýabrynda Giňeldilen Bakuw Soweti bolşewikleriň rewolusiýa kabul edip, onda Bakuw Sowetiniň täze halk sowetiniň tarapyna geçýändigi barada aýdylýar. 2-nji noýabrda Giňeldilen Bakuw Soweti işçileriň we esgerleriň deputatlarynyň Sowetleriniň ýerine ýetiriji komitetiniň Bakuw şäherinde iň ýokary halk häkimiýeti bolup durýandygyny yglan edýär. Şeýlelikde, Bakuw Kawkazda Sowet häkimiýetini yglan eden, Beýik Oktýabr rewolýusiýasynyň Gyzyl baýdagyny ýokary galdyran ilkinji şäher bolýar.

Buržuaziýanyň häkimiýet organlary bolan jemgietçilik howpsyzlygy komiteti, jemgyýetçilik guramalarynyň ýerine ýetiriji komiteti ýatyrlypdyr.

Emma muňa garamazdan şaher dumasy, musulman we ermeni mili sowetleri yaly kontrrewoluýsion toparlar häkimieti basyp almak ugrunda göreşlerini dowam etdiripdirler. Bu döwürde Azerbaýjanyň guberniýalarynda daýhanlar çykyşlary bolsa-da, olar entek işçileriň rewolýusion hereketleri bilen ysnyşykly hereket edip bilmändirler.

1918- nji ýylyň fewral aýynda gruzin menşewikleri, azerbeýjan musawatçylary, ermeni daşnaklary rewolýusiýanyň garşysyna Zakawkazýa sebtini döredýärler. Bu bolsa ýurtda täze rewolýusion hereketiň döremegine getiripdir. 1918 – nji ýylyň mart aýynda azerbaýjan musawatçylary Bakuwda Sowet häkimiýetiniň garşysyna ilkinji bolup açyk ýaragly çykyşa başlaýar. Bolşewikler bu gozgalaňy tizlik bilen basyp ýatyrýarlar. Gozgalaňy guraýjylar Genje şäherine tarap gaçýarlar. Gozgalaňyň basylyp ýatyrylmagy netijesinde, aprel aýynda sowet häkimiýeti öz pozisiýasyny has berkidip, tutuş Bakuw raýonyny öz elinde saklapdyr. Tutuş Azerbaýjanda sosialistik rewolýusiýanyň ýeňmegi ugrundaky göreşi ýaýbaňlandyrmak üçin amatly şertler döredipdirler.

1918-nji ýylyň aprel we maý aýlarynda tutuş Bakuw şeýle hem Lenkoran, Şemah, Zawad, Kuba uýezdlerinde Sowet häkimiýeti berkarar edilipdir.

1918-nji ýylyň 25-nji aprelinde S. G. Şaumýanyň ýolbaşçylygynda Sowet hökümetiniň Zakawkazýedäki ilkinji ygtyýarly hökümet organy bolan Bakuw Halk Komisarlar Soweti döredilýär. Ähli ýerlerde Sowet häkimiýetini berkitmek we ilkinji sosialistik özgerilişikleri durmuşa geçirmek ugrunda işler alnyp barlypdyr. Bakuwda şäher dumasy ýatyrylypdyr, ähli administratiw guramalar we kärhanalar üýtgedilip gurlupdyr.

Täze işçi-daýhan milisiýasy döredilipdir, halk sudy guralypdyr, kontrrewolýusiýa garşy göreş boýunça Adatdan daşary komissiýa düzülipdir. Bakuw Halk Komissarlar Soweti tarapyndan nebit senagaty, balykçylyk, banklar, söwda floty, transport millileşdirilipdir. Önümçiligiň üstünden işçi gözegçiligini girizipdirler. Ilkinji sosialistik özgertmeler bilim, medeniýet we beýleki möhüm pudaklaryny hem öz içine alypdyr. Obalarda Daýhanlar deputatlarynyň sowetleri döredilipdir. Bakuw, Şemah, Lenkoran, Kuba, Jawat, Gökçaý uýezdleriniň daýhanlary Sowet häkimiýetiniň tarapyna geçip Daýhanlar deputatlarynyň sowetlerini döretmäge işeňňir gatnaşypdyrlar.

1918-nji ýylyň 26-nji maýynda Bakuw uýezdiniň Daýhanlar deputatlarynyň Sowetleriniň gurultaýy geçirilip, onda Bakuw uýezdiniň Daýhanlar deputatlarynyň Sowetleriniň ýerine ýetiriji Komiteti döredilýär. Onuň başlyklygyna M. A. Azizbekow tassyklanýar.

1918-nji ýylyň 18-nji iýunynda Bakuw Halk Komissarlar Soweti ýerleri millileşdirmek barada dekret çykarýar. Dekret boýunça hanlaryň, begleriň, mälikleriň ähli ýerleri hiç hili tölegsiz zähmetkeş daýhanlara berilmeli edilýär. Emma bu dekrediň biraz gijikdirilip çykarylmagy we raýatlar urşunyň ýitileşmegi sebäpli ony doly durmuşa geçirip bolmandyr.

## Azerbaýjanyň garşysyna daşary ýurt interwensiýanyň guralmagy we raýatlyk urşy

Zakawkazýa kontrrewolýusionerleri Sowet häkimiýetiniň tutuş Azerbaýjana, soňra bolsa Gruziýa we Ermenistana ýaýramagyndan howatyr edipdirler. Şoňa görä Kawkazda rewolýusion hereketiň daýanjy bolan Bakuw kommunasyny ýok etmäge çalşypdyrlar. Rewolýusýanyň duşmanlary bu meselede daşary ýurt interwentleriniň güýjüne daýanmak isläpdirler. Şu

maksat bilen 1918-nji ýylyň 22-nji aprelinde Zakawkazýe seými tarapyndan Zakawkazýa ``garaşsyz federatiw respublika`` diýip yglan edilýär. Şol ýylyň maý aýynda bolsa Batumyda german-türk goşunyny Zakawkazýa çozmagyny kanunlaşdyrýan şertnama gol çekilýär. 26-nji maýda bolsa interwentleriň talabyna laýyklykda Zakawkazýe seými ýatyrylýar. 1918-nji ýylyň 28-nji maýynda Tiblisi şäherinde ýerleşen Azerbaýjan milli soweti Azerbaýjany ``garaşsyz demokratik respublika`` diýip yglan edýär we Fataly Han-Hoýyň ýolbaşçylygynda ``milli hökümet`` döredýär.

Türk interwentleri Ermenistany basyp alyp, Azerbaýjanyň üstüne çozýar. 1918-nji ýylyň maý aýynyň ahyrlarynda türk goşunynyň şatby general Nury paşanyň ýolbaşçylygynda Genje şäherinde berkeýärler. Şol wagtlar Tbilisi şäherinde Genje şäherine gelen musawat hökümetini türk goşuny ykrar etmeýär. 1918-nji ýylyň 17-nji iýunynda Fataly han-Hoýyň ýolbaşçylygynda täze musawat hökümeti döredilýär. Bu hökümet türk basybalyjylaryň elindäki oýnatgy hökümet bolupdyr.

German-türk interwentleriniň Zakawkazýa çozmagy Azerbaýjanda Sowet hökümetine düýpli howp salypdyr. Interwentler içki kontrrewolýusionerler bilen birleşip, goşunyny sowet Bakuwyň üstüne sürüpdirler. Bakuwyň nebitine göz gyzdyryp, iňlisler hem Eýranda öz goşunlaryny jemläpdirler. Olar Bakuwy basyp almagy göz öňünde tutupdyrlar.

1918-nji ýylyň 27-nji iýulynda bolşewikleriň umumy Bakuw konferensiýasy geçirilip, onda Bakuwy goramaklygy dowam etdirmeli diýlen karara gelinýär. Bakuw Halk Komissarlar Soweti ähliumumy mobilizasiýa yglan edip, zähmetkeş halky Sowet häkimiýetini goramaga çagyrypdyr. Daşnak-menşewik-eserler tarapynyň dönüklük etmegi Bakuw Kommunasynyň ýatyrylmagyna getirýär. 1918-nji ýylyň 31-nji

iýulynda Bakuw Halk Komissarlar Soweti öz ygtyýarlyklaryny bes edýär. Netijede, Azerbaýjanda Sowet häkimiýeti wagtlaýynça ýykylýar.

1918-nji ýylyň 1-nji awgustynda eserler, menşewikler we daşnaklar Bakuwda kontrrewolýusion hökümeti döredýärler. Bu hökümetiň çagyrmagy boýunça 4-nji awgustda Bakuwa iňlis goşunynyň otrýady, 17-nji awgustda bolsa iňlis generaly Densterwil öz ştaby we goşun bölümleri bilen gelýär.

Bu wagta çenli türk basybalyjylary Bakuwyň alkymyna gelipdirler. 14-nji awgustda gije sowet otrýady, işgärleri, kommunistler 17 gämä münüp Bakuwdan sowet Astrahanyna tarap ýüzüp başlaýarlar. Emma tiz wagtda kontrrewolýsionerleriň harby gämileri olaryň yzyndan ýetýärler we yzlaryna öwrülmäge mejbur edýärler. Sowet goşunlaryny ýaragsyzlandyrýarlar, 36 sany sowet we partiýa işgärlerini, şeýle hem Bakuw kommisarlaryny tutup, türmä atýarlar.

1918 – nju ýylyň 13 -njy sentýabyrynda türk goşunlary Bakuwa tarap aýgytly hüjüme geçip başlaýar. Kontrrewolýusionerler bilen iňlisler çaltlyk bilen Bakuwy taşlap gidýärler. Bakuwy türk interwentleriniň basyp almagyň öňsyrasynda Bakuw kommisarlaryny türmeden boşatmak başardypdyr. Olar ``Türkmen`` atly gämide Bakuwdan ýene-de Astrahana ýüzüp başlapdyrlar. Emma gämidäki sowet hökümetiniň duşmançylykly topary gämini Krasnowodska (Türkmenbaşy) getiripdirler. Bu ýerde şol wagtlar akgwardiýaçylar we iňlis interwentleri agalyk edipdirler. Bakuw kommisarlary duşmanyň eline düşüpdirler. 1918-nji ýylyň sentýabr aýynyň 19-yndan 20-sine geçilýän gije iňlis-eser wagşylary 26 Bakuw Kommisarlaryny Krasnowodskiniň türmesinden äkidip, Akjaguýma bilen Perewal menzilleriniň aralygynda 207-nji wýorstlykda wagşylarça atyp öldürýärler.

## Azerbaýjan SSR-niň döredilmegi

1919-njy ýylyň maý aýynda Azerbaýjanyň kommunistleri ``Garşsyz Sowet Azerbaýjany ugrunda`` diýen şygary öňe sürýärler. Bu şygar astynda kommunistler işçileri we daýhanlary, tutuş progressiw pikirli adamlary Azerbaýjan Sowet Respublikasyny döretmek ugrundaky göreşe çagyrypdyrlar. Bu çagyryşa jogap edip diňe bir işçiler däl-de, eýsem daýhanlar hem köpçülikleýin guramaçylykly çykyş edip başlapdyrlar. 1919-nji ýylda Azerbaýjanyň ähli uýezdlerinde daýhanlar bilen pomeşikleriň arasynda ýaragly çaknyşyklar bolup geçýär. Genje, Gazak, Şuş, Gökçaý we Lenkoran uýezdlerinde ýaragly gozgalaň has giň gerime eýe bolupdyr. Genje uýezdiniň Gyzyl-Gajylyly obasynda Meşady Kadyryň ýolbaşçylygynda bolup geçen daýhanlar gozgalaňy pomeşiklere uly howyp salypdyr.

Ýene-de bir daýhanlaryň ýaragly otrýady Gazak uýezdiniň Ýokary-Aýyply we beýleki obalarynda hereket edipdir. Bu ýerde 1919–njy ýylyň güýz aýynda Gyzyl gwardiýanyň daýhanlar otrýadlary döredilipdir Garabagda, Şamsadil we Gazak yýezdlerinde azerbaýjan we ermeni daýhanlary birleşip, musawat we daşnak häkimetiniň garşysyna çykyş edipdirler.

Musawatçylaryň yaragly güýçlerniň garşysyna Geranboý-Ahmetli obasynda Gatyr Mamedin ýolbaşçylygyndaky daýhanlar otrýady duýdansyz göreş alyp barypdyrlar. Gatyr Mamediň we Meşady Kadyryň daýhanlar otrýady dowlet edaralarnyň, hanlaryň, begleriň we pomeşikleriň üstüne çozuş edip, olaryň ýerlerini we mallaryny daýhanlara paýlap beripdirler. Musawatçylara 1919–njy ýylyň sentýabr aýynda Gatyr Mamedi wagşylarça öldürmek başardan hem bolsa, tutuşlugyna daýhanlar hereketiniň öňini almak başartmandyr.

Rewolýusion wakalaryň içinde Lenkoran uýezdiniň zähmetkeşlerniň Sowet häkimýeti ugryndaky göreşi has tapawutlanypdyr. 1919–njy ýylyň 25– nji aprelinde işçileriň,

daýhanlaryň we rewolýusion esgerleriň ýaragly otrýadlary tarapyndan reaksion ofiserleri ýesir alýarlar we Lenkoran uýezd uprawasyny (iş dolandyryjysyny) agdarýarlar. Häkimýet Rewolýusion Komitetiň eline geçýär.

Rewolýusion hereketden gorkan musawaçylar we reaksiýon toparlar tutha – tutlugy we terrorçylykly hereketi güýçlendiripdiler.

Sowet häkimiýeti ugrundaky göreşde duşmanyň elinde K. Agasiew, A. Aliew, M. Aýdinbekow, F. Gubanow, B. Dadaşew, A. Katarzade, I. Kolomiýsew, M. Melikýans, M. Musawi, B. Sardarow, A. Suleýmanow we beýlekiler ýaly halkyň edermen ogullary wepat bolupdyrlar. Bu waka Azerbaýjan musawatçylarynyň halka dönükligini ýene-de bir gezek subut etdi.

1920-nji ýylyň 24-nji aprelinde Azerbaýjanyň Kommunistik (bolşewikler) Partiýasynyň Merkezi Komitetiniň (AK(b) P MK) harby tehniki kommisiýasy ähli raýon harby-syýasy kommisiýalaryna ýaragly gozgalaňy taýarlamak boýunça göreşiň instruksiýasyny iberýär.

1920-nji ýylyň 27-nji aprelinde Bakuwda gozgalaň turýar. Azerbaýjanyň gozgalaň eden zähmetkeşlerine 11-nji Gyzyl Goşun kömege gelipdir. Azerbaýjan kommunistleri musawatçylar parlamentine ultimatum berip, Bakuwyň esasy punktlaryny eýeläpdirler. Netijede, şol gün musawatçylar parlamenti häkimiýetiň Azerbaýjanyň rewolýusion kommitetiniň eline geçýändigi baradaky karara gol çekýär. Şeýlelikde, 1920-nji ýylyň 27-nji aprelinden 28-nji apreline geçilen gije musawatçylar hökümeti agdarylýar we Azerbaýjanda Sowet häkimiýeti ýeňýär. Azerbaýjan Sowet Sosialistik Respublikasy jar edilýär. Wagtlaýyn rewolýusion Kommitet döredilip, onuň düzümüne N. Narimanow (başlyk), A. Aliýew, D. Buniatzade, M. Guseýnow, A. Garaýew, G.

Musabekow we G. Sultanow giripdirler. Azerbaýjan Sowet Sosialistik rewolýusiýasy yglan edilýär. 1920-nji ýylyň 28-nji aprelinde bolsa, Azerbaýjan Rewolýusion Kommiteti N. Narimanowyň ýolbaşçylygynda Halk Komissarlar Sowetiniň ilkinji düzümini tassyklaýar.

1921-nji ýylyň 6-njy maýynda Bakuwda Azerbaýjan SSR-niň Sowetleriniň I gurultaýy bolup, onda Azerbaýjanyň ilkinji Konstitusiýasy kabul edilýär. Konstitusiýanyň kabul edilmegi Azerbaýjan halkynyň syýasy ösüşinde uly taryhy ähmiýete eýe bolupdyr. Gurultaýda ýokary döwlet organlary Azerbeýjan Merkezi Ispolnitel Komiteti (AzMIK) we Halk Komissarlar Soweti saýlanypdyr. HKS-yň başlyklygyna N. Narimanow, AzMIK-nyň başlyklygyna M. Gajyýew saýlanypdyr.

## Azerbaýjan 20-nji-30-njy ýyllarda

Raýatlyk urşy gutarandan soň, Azerbaýjanyň zähmetkeşleri hem birnäçe kynçylyklary ýeňip geçmeli bolypdyrlar. Ilkinji nobatda bolsa, raýatlyk urşy sebäpli dargan ykdysadyýeti dikeltmelidi.

Nebitiň çykarlyşy 1913–nji ýylda 7,3 mln. tonna bolan bolsa, 1920–1921–nji ýylarda ol 2,4 mln. tonna çenli pese gaçypdyr. Senagat kärhanalarnyň aglaba bölegi işlänokdy.

Oba hojalykda hem ýagdaý gaty agyrdy. Azerbaýjan daýhanlary interwentler we musawatçylar tarpyndan talanypdy. Oba hojalykda ekin meýdanlarnyň möçberi 1921–nji ýylda 1913–nji ýyl bilen deňeşdireňde 33% - e çenli azalypdyr, pagtaçylyk bolsa has pese düşip 5% - e barabar bolupdur.

Azerbaýjanda weýran edilen hojalygy dikeltmek iň wajyp meseleleriň biri bolup durýardy. Şu maksat sebäpli Sowet Azerbaýjanyň ähli hojalygy dien ýaly 1921–nji ýyldan başlap täze ykdysady syýasata (NEP) laýyklykda üýtgeip gurlyp başlanýar. Azerbaýjan daýhanlarnyň agyr ýagdaýy göz öňünde

tutulyp, olar 1922–nji ýyla çenli azyk salgydyndan boşadylypdyr.

Halk hojalygyny dikeltmekde ilkinji nowatda sowet dowlet gurluşyny berkitmek we zahmetkeş halky ýurduň jemgyýetçilik –syýasy durmuşyna çekmek meselesi iň wajyp meselä eýe bolupdyr. 1921- nji ýylyň ýaz aýyndan başlap, Azerbaýjanyň uýezdlerinde taryhyň belli döwründe öz taryhy roluny oýnan rewolýusion komitetler bilen daýhanlar komitetleriniň ýerine Işçileriň we daýhanlaryň deputatlarnyň sowetlari girizilýär.

1921–nji ýylyň 6–njy maýynda Bakuwda Azerbaýjan SSR–niň Sowetleriniň birini gurultaýy açylyp, onda Azerbaýjanyň birinji Konstitusýasy kabul edilyär. Konstitusiýada Azerbaýjan SSR–niň sosialistik ösüş ýoly öz beýaýyny tapýardy. Konstitusiýa Azerbaýjanda sowet gurluşygynyň berkararlygyny bellige almak bilen döwlet apparatynyň gurluşyny berkidipdir. Gurultaýda iň ýokary dowlet organlary – Azerbeýjan Merkezi ýerine ýetriji we Halk Komissarlar Soweti saýlanylydyr. HKS– niň başlyklygyna N. Narimanow, AzMIK – nyň başlyklygyna M. Gajuew saýlanylypdyr.

1923 njy ýylyň 7–nji iýulynda Azerbaýjan SSR– niň düzüminde Daglyk – Garabag awtanom oblasty, 1924 – nji ýylyň 9–njy fewralynda bolsa Nahiçewan ASSR – y(Awtanom Sowet Sosialistik Respublikasy) döredilýär.

1922-nji ýylyň dekabr aýynda Zakawkazýe Sowet Federatiw Sosialistik Respublikasy (ZSFSR) döredilip, oňa Zakawkazýe respublikalary bilen bilelikde Azerbaýjan SSR-i hem girýär. Şol ýylyň 30-njy dekabrynda bolsa Sowet Sosialistik Respublikalar Soýuzy (SSSR) döredilip, Azerbaýjan SSR-i ZSFSR-iň düzüminde bolmak bilen ol soýuza girýär.

Ýurduň oba hojalygy we senagaty ýuwaş-ýuwaşdan dikeldilip başlanýar. 1922-nji ýylda daýhanlaryň tutanýerli zähmeti bilen azyk salgydyny ýygnamak bellenen möçberden artykmaç ýerine ýetirilýär. Pagtaçylyk täzeden kemala gelýär. 1925-nji ýylda Azerbaýjanyň ähli oba hojalyk pudagynyň umumy önümi uruşdan öňki derejesiniň 72 %-ne barabar bolýar. Respublikanyň oba hojalyk meýdanlarynda ilkinji traktorlar hem peýda bolup başlaýar. Azerbaýjanyň obalarynda oba hojalyk kooperatiwleri ösüp başlaýar.

Ýurduň senagaty hem ösüp başlapdyrýr. Täze senagat kärhanalary işe girizilip başlanypdyr. 1926-1928-nji ýyllarda Bakuwda SSSR-de ilkinji ýod-brom we nebiti gaýtadan işleýän kuwwatly zawody, Genje şäherinde ýüplük kombinatynyň birinji nobatdakysy we pagta arassalaýan zawody, Lenkoranda konserwa zawodlary we beýlekiler gurlupdyr. Nebitiň çykarylyşy artdyrylypdyr. 1924-1925-nji ýyllarda çykarylan nebitiň mukdary 4,6 mln. tonna bolanlygyndan 1928-1929-njy ýylda 8,6 mln. tonna baryp ýetýär.

müň işçini öz içine alypdyr. 1930-njy ýylyň tomsunda Azerbaýjanyň tutuş senagat pudagy boýunça 32,7 müň zarpçy zähmet çekipdir.

Azerbaýjan SSR-inde birinji bäşýyllyk plan umuman alanyňda möhletinden öň üç ýarym ýylyň içinde ýerine ýetirilipdir.

Bäşýyllygyň ahyrynda ýurdyň senagaty (nebit senagatyny almanyňdan) 1913-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 5,3 esse, 1928-nji ýyl bilen deňeşdireniňde bolsa 2,5 esse ösüpdir.

Birinji bäşýyllygyň dowamynda Azerbaýjanda kolhoz gurluşygy hem ýeňýär. Bäşýyllygyň ahyrynda daýhanlar köpçülikleýin bolup kolhozlara girip başlaýarlar. Ýöne oba hojalygyny kollektiwleşdirmekde ötegeçmelere,

howlukmaçlyklara hem ýol berilen ýagdaýlar bolupdyr. Ýagny käýerlerde daýhanlary zor bilen kolhozlara ýazýardylar.

1931-nji ýyl Azerbaýjanda kolhoz gurluşygynda öwrülişik ýyly bolýar. 1932-nji ýylda respublika boýunça daýhanlaryň 50,6 %-i kolhozlara girip, ähli ekin meýdanlarynyň 63,7 %-i öz içine alýar. 1930-njy ýylda ýurduň obalarynda ilkinji Maşyn-traktor stansiýalary (MTS) peýda bolýarlar.

Şeýlelik bilen birinji bäşýyllygyň dowamynda Azerbejan SSR-inde sosialistik ykdysadyýetiň düýbi tutulýar.

Ikinji bäşýyllygyň (1933-1937) dowamynda Sowet Azerbaýjanyň senagatynyň ösüşinde hem özgerilişikler bolup geçýär.1937-nji ýylda nebitiň çykarylyşy 1913-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 3 esse, gazyň-69 esse, benziniň öndürilişi-47 esse artypdyr. Ikinji bäşýyllygyň ahyrynda Azerbaýjanyň nebit kärhanalary tutuş SSSR-iň çykarýan nebitiniň 70 %-ni beripdir.

Bu döwürde Azerbaýjan SSR-inde takyk maşyngurluşygy, himiýa, trikotaž, mebel, çaý we beýlekiler ýaly senagatyň täze pudaklary peýda bolýar.1936-njy ýylyň başlarynda respublikada jemi 1671 sany, şol sanda 688 sany iri senagat kärhanalary bolupdyr. Azerbaýjanyň ähli senagat önümleriniň 90 %-inden gowragyny Sowet häkimiýeti ýyllarynda doly üýtgedilip gurlan ýa-da täze gurlan senagat kärhanalary öndüripdirler. Kirowabad (öňki Genje) şäherden soňra Nahiçewan, Stepanakert ýaly täze senagat merkezleri hem ösüpdir.

Ikinji bäşýyllygyň dowamynda respublikada kolhoz gurluşygy esasan amala aşyrylýar. 1937-nji ýylyň tomsunda ekin meýdanlaryň 93,5 %-ini öz içine alýan ähli daýhan hojalyklaryň 86,5 %-i kolhozlara giripdirler.

1926-1939-njy ýyllaryň dowamynda Azerbaýjanyň ilatynyň sany 2,3 mln. adam bolanlygyndan artyp 3,2 mln. adama ýetipdir. 1939-njy ýylda respublikanyň ilatynyň 57,5 %-ini işçiler we gullukçylar, 42,4 %-ini bolsa daýhanlar tutupdyr.

1936-njy ýylda ZSFSR ýatyrylýar we şol ýylyň özünde Azerbaýjan SSR-i SSSR-iň düzümine girýär. 1937-nji ýylyň mart aýynda Azerbeýjan Sowetleriniň IX gurultaýy geçirilip, onda Azerbaýjan SSR-iniň täze Konstitusiýasy kabul edilýär.

## Azerbaýjan Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda (1941-1945)

1941-nji ýylyň 22-nji iýunynda faşistik Germaniýanyň ähtiýalanlyk bilen çozmagy zerarly azerbeýjan halkynyň hem parahatçylykly zähmetiniň arasy kesilýär. Azerbaýjan halky hem SSSR-iň beýleki halklary bilen bilelikde nemes-faşistik basybalyjylarynyň garşysyna aýaga galypdyrlar.

Urşa gidenleriň ornuny zähmet weteranlary, aýallar we ýaşlar çalşypdyrlar. 1942-nji ýylyň tomsunda diňe bir nebit senagatynda 25 müň aýal-gyzlar işläp, olar nebit senagatynda işleýän işçileriň 33 %-ni tutupdyr. Respublikanyň senagatynda uruş ýyllarynda 70 müňden gowrak ýaş ýigitler we gyzlar zähmet çekipdirler. 1941-nji ýylyň ahyrlarynda Azerbaýjan SSR-inde, esasan hem Bakuwda goşun üçin gerek bolan ýaraglaryň, ok-därileriň, harby enjamlaryň, dürli harby tehnikalaryň 130-dan gowragy öndürilidir. Uruş ýyllarynda Sowet Azerbaýjany ýurduň esasy nebit rezerwuary bolupdyr. Onuň paýyna SSSR-de öndürilýan ähli nebitiň 70-75 %-i, awiasiýa benzininiň 85-90 %-i düşýärdi.

Uruş döwrüniň ähli kynçylyklaryny ýeňip geçmek bilen Bakuwyň nebitçileri 75 mln. tonna golaý nebit, 22 mln. tonna benzin we beýleki nebit önümlerini beripdirler.

Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda gaýduwsyz zähmet edermenlikleri üçin nebitçiler Süleýman Wezirowa, Baba Babazade, Rustam Rustamowa Sosialistik Zähmetiň Gahrymany diýlen belent at dakylypdyr. Zähmetkeşleriň onlarça müňüsi ordenler we medallar bilen sylaglanypdyrlar.

Azerbaýjanyň ulag işleri hem öz öňünde goýlan wezipeleri üstünlikli berjaý etmegiň hötdesinden gelmegi başarypdyrlar. Respublikanyň demirýolçulary uruş ýyllarynda 1.300 müň wagon ýüki, şol sanda 600 müň sistern benzini we nebit önümlerini daşamagy başarybdyrlar. Kaspi gämiçileri bolsa 20 milýon tonna dürli ýükleri daşapdyrlar.

Esasy bölegini aýalalar we ýaş ýetginjekler tutýan oba hojalyk zähmetkeşleri ýokary hasyly ösdürip ýetişdirmek bilen bir hatarda maldarçylykda hem uly üstünlikler gazanypdyrlar. Respublika uruş ýyllarynda 1 mln. put bugdaý, 500 müň tonna golaý pagta, 1 müň tonna et, ýag we beýleki oba hojalyk önümlerini beripdir.

Azerbeýjanyň ogullary uruşyň ilkinji günlerinden başlap, söweş meýdanlarynda gahrymançylygyň nusgalaryny görkezmek bilen öz Watanyny daşarky duşmanlardan gorapdyrlar.

Uruş ýyllarynda Sowet Azerbaýjanyň 500 müňden gowrak ogullary we gyzlary söweş meýdanlarynda duşmana garşy gaýduwsyz göreş alyp barypdyrlar. Olaryň köpüsi watanlarynyň azatlygy we garaşsyzlygy ugrunda janlaryny gurban ettiler. Bu edermenlikleri üçin olaryň 120-si Sowet Soýuzunyň gahrymany diýen ada mynasyp bolsa, 30-y Şöhrat ordenynyň derejeleriniň 3-si, 176 müňisi bolsa, SSSR-iň ordenleri we medallary bilen sylaglanypdyrlar.

Uruş ýyllarynda Azerbaýjanyň tylda galan zähmetkeşleri fronta yzygiderli kömekleri berip durypdyrlar.

1941-1943-nji ýyllarda respublikanyň zähmetkeşleri watan goragçylaryna eşikleriň dürli görnüşleriniň 1.601,5 müňüsini, 125 wagon içki ýyly egin başlary, 350 müň posylka iberipdirler. 1941-1942-nji ýyllarda Azerbaýjan SSR-i goranmak fondyna 15 kg. altyn, 952 kg. kümüş, 295 mln.

manat, 15 mln. manatlyk döwlet zaýomynyň obligasiýasyny we beýlekileri tabşyrypdyrlar.

**50-80-nji ýyllarda Azerbaýjanyň sosial-ykdysasady we syýasy ýagdaýy**

Uruşdan soňra 1946-nji ýyldan başlap Azerbaýjanda halk hojalygyny parahatçylyk esasynda üýtgedip gurmak işleri başlanýar. Azerbaýjanyň halk hojalygy gysga wagtyň içinde uruşdan öňki derejesinden-de ýokary galýar. Azerbaýjan SSR-iň senagatynyň 1950-nji ýyldaky önümi 1940-njy ýyl bilen deňeşdireniňde 39 % artyk bolan bolsa, 1958-nji ýylda 1950-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 1,8 esse köp önüm beripdir. 1969-1979-njy ýyllarda Sowet Azerbaýjanyň jemi önümi tutuş uruşdan soňky döwir bilen (1945-1969) deňeşdireniňde 1,3 esse köp bolupdyr.

1979-njy ýylda Sowet Azerbaýjanyň senagat önümleriniň 350 görnüşi daşary ýurtlaryň 65-ne eksport edilipdir. Oba hojalygynyň umumy önümi rewolusiýadan öňki döwir bilen deňeşdireniňde 7 esse artypdyr.

1969-1971-nji ýyllarda pagtanyň öndürilişi 2,5 esse, bugdaý 2,1 esse, üzüm 3,4 esse artdyrylypdyr. 1979-njy ýylda maldarçylyk önümleri 1969-njy ýyl bilen deňeşdireniňde 1,5-2 esse artyk öndürilýär. 10 ýylyň içinde ilatyň jan başyna düşýän milli girdeýji 1,7 esse artypdyr.

1929-njy ýylda Azebaýjan ýazuwynda arap elipbiýinden latyn elipbiýine geçilmegi medeni gurluşykda uly ähmiýete eýe bolýar. Täze elipbiýe geçilmegi diňe bir Sowet Azerbeýjanyň durmuşynda däl-de, eýsem gündogaryň beýleki halklarynyň durmuşynda hem ägirt uly waka bolupdyr. Azerbaýjan SSR-inde başlanan latyn elipbiýine geçmek hereketi sowet we daşary ýurt gündogar halklarynyň 40-a golaýyny öz içine alypdyr. Sowet häkimiýeti ýyllary içinde ýurtda ilatyň sowatsyzlygy

doly ýok edilipdir. ÄhLumumy başlangyç bilime geçilip orta mekdepleriň giň seti döredilipdir.

1914-1915-nji ýyllar bilen deňeşdireniňde Azerbaýjanda mekdepleriň umumy sany 3,5 esseden hem köp artypdyr. Diňe orta mekdepde okaýan okuwçylaryň sany 9 esse köpelipdir. Köp mukdarda tehnikumlar we ýokary okuw mekdepleri açylypdyr. Eger 1921-nji ýyllarda bary ýogy iki sany ýokary okuw mekdebi bolan bolsa 1940-1941-nji ýyllarda ol san 16-a ýetipdir. Olaryň içinde Azerbaýjan Döwlet Uniwersitetini, Nebitçilik Institutyny, Oba Hojalyk Institutyny, Mugallymçylyk institutyny, konserwatoriýany agzamak bolar.

Köp sanly azerbeýjan sowet milli intelegensiýasynyň kemala gelmegi bolsa ýetilen sepgitdäki esasy üstünlikleriň biri diýip bolar. Mysal üçin rewolusiýa çenli bary-ýogy 45 sany azerbeýjan lukmany we 12 sany inžener bolan bolsa, onda 1938-nji ýylda azerbeýjan milli lukmanlaryň sany 1000-e, inženerler bolsa 3 müňe ýetipdir.

1935-nji ýylyň oktýabr aýynda SSSR Ylymlar akademiýasynyň Azerbeýjan filialynyň açylmagy bolsa ýurtda nebitçilik, geologiýa, himiýa, lukmançylyk we ylmyň beýleki pudaklarynyň ösmegine getiripdir.

Azerbeýjan sowet edebiýaty we sungaty hem ösüpdir. 20-30-njy ýyllarda azerbeýjan dramaturglary- Jafar Jabarlynyň (“Sewil”, “1905-nji ýyl”, “Oduň gelni”) we Mirza Ibragimowyň (“Haýat”), Şahyrlar- Samed Wurgunyň (“Wagif”, “Rot Front”, “Komsomol poemasy”), Süleýman Rustamyň (“Gijäniň romantikasy”, “Gaçak Nabi”), prozaçylar- M. S. Ordubadyň (“Dumanly Töwriz”) we Ragimowyň (“Şamo”), kompozitorlar Y. Gajybekowyň (“Kerogly” operasy, “Arşin mal alan” sazly komediýasy), M. Magameýewiň (“Nargiz” operasy), A. Badalbeýliniň (“Gyz galasy” atlyilkinji azerbeýjan baledi) we beýlekileriň ajaýyp eserleri döräpdir.

1949-njy ýyla çenli Azerbaýjan SSR-nde mekdepleriň seti uruşdan öňki derejesine çenli dikeldilipdir. Obalarda ýediýyllyk bilim, şäherlerde bolsa doly orta bilim ugrundaky göreş dowam edipdir. Mekdepleriň maddy-tehniki bazasy berkidilipdir. 1952-1953-nji okue ýylynda respublikada 28 müňden gowrak mugallym işläpdir.

1946-1959-njy ýyllarda ýörite orta we ýokary okuw jaýlarynyň seti ep-esli giňeldilipdir. Ýurtda 20 sany ýokary okuw mekdebi we 80 sany tehnikum bolup, olarda 50 müňden gowrak oglanlar we gyzlar okadylypdyr. Ylymlar akademiýasy bilen bir hatarda 81 sany ylmy edaralar işläpdirler. Gazetleriň 99 görnüşi, şol sanda 8-si respublika möçberinde we 32 žurnal çykarylypdyr.

Ýurduň halk hojalygynyň ähli pudaklarynda diýen ýaly işleýän hünärment aýal-gyzlaryň sany äşgär ösüpdir. 1961-nji ýylda Azerbaýjan SSR-niň ýokary okuw mekdeplerinde 36 müňden gowrak, tehnikumlarynda 27 müňden gowrak aýal-gyzlar hünär alypdyr.

1980-nji ýylda respublikanyň halk hojalygynyň dürli pudaklarynda zähmet çekýän adamlaryň 83,2 %-niň ýokary, orta we doly däl orta bilimleri bolupdyr. Azerbeýjanyň ýaşaýjylarynyň her ikinji ýaşaýjysy okapdyr ýa-da tejribesini ýokarlandyrypdyr. Respublikanyň umumy bilim berýän mekdeplerinde 107 müňden gowrak mugallym işlän bolsa, 17 sany ýokary okuw mekdeplerinde 105 müň talyp bilim alypdyr. Ýurtda Ylymlar akademiýasynyň ýolbaşçylygynda 120-den gowrak ylmy barlag institutlary üstünlikli ylmy işleri alyp barypdyrlar. Olarda 21,5 müňe golaý golaý ylmy işgärler zähmet çekip, olaryň 9 müňe golaýy ylymlaryň doktorlary we kandidatlary bolupdyrlar.

# VI BÖLÜM
# Azerbaýjan Garaşsyzlyk eýýamynda

## Garaşsyz Azerbaýjanyň içeri we daşary syýasaty

XX asyryň 80-nji ýyllarynyň ikinji ýarymyndan SSSR-de başlanan demokratik özgertmeler Azerbaýjan SSR-ne hem öz täsirini ýetiripdir. Bu özgertmeler ýurdyň içinde döwlet häkimiýetini we kommunistik partiýanyň ýolbaşçylygyny gowşadypdyr. 1980-nji ýylda Daglyk - Garabag awtonom oblastynyň üstünde azerbeýjan-ermeni gapma-garşylyklary ýitileşip başlaýar. Daglyk -Garabag oblastynda ýaşaýan ermeni etniki toparyň aglabasy oblastyň Ermenistan SSR-ne berilmeginiň tarapdary bolup çykyş edip başlaýarlar. Bu bolsa azerbaýjan-ermeni gatnaşyklarynyň ýitileşmegine getiripdir. 1990-njy ýylyň 19-njy ýanwaryndan 20-nji ýanwaryna geçilen gije SSSR goranmak ministrlginiň goşuny Azerbaýjanyň paýtagty Bakuwa goşunyny girizipdir. Netijede, parahat ilatyň köpçülikleýin gyrylmagyna getiripdir. Bu waka Azerbaýjanyň taryhyna Gara Ýanwar ýa-da Ganly ýanwar ady bilen giripdir.

1990-njy ýylyň 18-nji maýynda Azerbaýjanyň parlamentiniň mejlisi Azerbeýjanyň Kommunistik partiýasynyň 1-nji sekretary Aýaz Mutalibowy Azerbeýjanyň Prezidentligine saýlaýar.

1991-nji ýylyň 30-njy awgustynda Azerbeýjanyň Ýokary Soweti Azerbeýjan Respublikasynyň döwlet garaşsyzlygyny dikeltmek baradaky deklerasiýany kabul edýär.

1991-nji ýylyň 18-nji oktýabrynda Azerbeýjanyň Ýokary Soweti "Azerbaýjan Respublikasynyň döwlet garaşsyzlygy barada" Konstitusion akty kabul edýär. Bu akt Garaşsyz Azerbaýjanyň döwlet syýasy we ykdysady esasyny düzüpdir. Şol gün 18-nji oktýabr Azerbaýjanyň Garaşsyzlyk güni diýlip yglan edilýär.

1992-nji ýylyň iýun aýynda Aýaz Mutalibowyň ýerine Azarbaýjanyň mili halk frontunyň ýolbaşçysy Abdulfaz Elçibeý geçýär. Azerbaýjanyň milli halk frontunyň düzen hökümetiniň ýurdy dolandyrmaga ukypsyz bolup çykmagy häkimiýetiň krizise düşmegine getirýär. Bu bolsa, 1993-nji ýylyň 4-nji iýunynda Genje şäherinde polkownik Suret Guseýnowyň ýolbaşçylygynda gozgalaňyň turmagyna getirýär. Abdulfaz Elçibeý raýatlyk urşunyň öňüni almak maksady bilen şol wagtlar Nahiçewanda ýaşap ýören Azerbaýjan SSR-niň Kommunistik partiýasynyň öňki birinji sekretary Geýdar Aliýewi Bakuwa çagyrýar. Şeýlelik bilen, Geýdar Aliýew ýene-de häkimiýet başyna gelýär.

Bu wakalaryň gidişinde polkownik Alakram Gummatowyň ýolbaşçylygynda Lenkoranda talyş-ofiserler topary Azerbaýjanyň düzüminde Talyş-Mugan awtonom respublikasyny yglan edýärler. Emma Geýdar Aliýew awtonomiýany ykrar etmeýär we 23-nji awgustda ýerli ýaşaýjylar ol awtonom respublikany agdarýarlar.

1991-nji ýylyň ahyrlarynda - 1992-nji ýylyň başlarynda Azerbaýjan Respublikasy bilen ykrar edilmedik Dagly-Garabag Respublikasynyň arasynda Daglyk-Garabagyň we oňa degişli raýonlarynyň üstünde harby çaknyşyklar başlanýar.

1994-nji ýylyň maýynda GDA döwletleriniň arada durmagynda Azerbaýjan, Ermenistan we Daglyk-Garabag respublikasy urşy bes etmek baradaky ylalaşyga gol çekýärler. Emma muňa garamazdan häzirki wagta çenli bu meseläni kadalaşdyrmak boýunça geçirilýän gepleşikler öz netijesini bermän gelyär.

2003-nji ýylda Geýdar Aliýew aradan çykandan soň, onuň ýerine ählihalk saýlawy esasynda ogly Ilham Aliýew geçýär.

Azerbaýjanda Milli mejlis ýurduň iň ýokary kanun çykaryjy organydyr. Onuň ählihalk tarapyndan bäş ýyl möhlet bilen saýlanýan 125 deputaty bardyr.

1995-nji ýylda Garaşsyz Azerbaýjanyň taryhynda ilkinji gezek parlament saýlawy geçirilýär. Parlamentiň häzirki düzümi 2005-nji ýylyň noýabrynda saýlanandyr.

Parlamentiň deputatlarynyň aglaba bölegi partiýa agzasy däldir ýa-da “Täze Azerbaýjan” prezident partiýasynyň wekilleridir.

Ýurtda 30-dan gowrak syýasy partiýalar we hereketler hasaba alnandyr . Olaryň içinde “Täze Azerbaýjan” partiýasy, Azerbaýjanyň milli garaşsyz partiýasy, “Musawat” partiýasy, Azerbaýjanyň Halk fronty partiýasy, Azerbaýjanyň liberal partiýasy, Azerbaýjanyň sosial-demokratik partiýasy, Azerbaýjanyň Demokratik partiýasy esasy partiýalar bolup durýandyr.

Azerbaýjan döwleti dünýäniň köp ýurtlary bilen dilomatik gatnaşyklary ýola goýupdyr. Esasy hyzmatdaşlyk eden döwletleri Yzraýyl, Eýran, Gazagystan, ABŞ, Russiýa, Tükiýe, Italiýa döwletleridir. Azerbaýjan BMG, OBSE, GDA, Yslam konferensiýasy guramasy, Türk soweti ýaly dünýä we sebitara halkara guramalarynyň köpüsi bilen aragatnaşyk saklaýar.

1999-njy ýylyň sentýabr aýyndan başlap azerbaýjan harby gullukçylary Kosowada, Owganystanda we Yrakda parahatçylygy goramak işi boýunça halkara parahatçylyk güýçleriniň düzüminde hereket edýärler.

Azerbaýjan ösen senagaty we köp pudakly oba hojalygy bolan industrial-agrar ýurtdyr. Azerbaýjanyň hojalygynda nabit-gaz, nebiti gaýtadan işleýän, himiýa, maşyn gurluşygy, dag magdan senagaty we reňkli metallurgiýa, azyk we ýeňil senagatyň dürli görnüşleri esasy orny eýeländir.

Ýurduň içerki umumy önümi yglewodorod çig malynyň gazylyp alynmagynyň we daşary ýurtlara çykarylmagynyň hasabyna artýandyr. Ýaňy ýakynda altyn hem gazlyp alnyp başlandy.

Oba hojalygynda esasan hem üzümdarçylyk, bagbançylyk, temmäki, bakjaçylyk, maldarçylyk we ýüpekçilik ýöriteleşdirilendir. Esasy tehniki ekinleri-pagta, temmäki we

çaýdyr. Däneli ösümlikleriň içinde iň köp ekilýäni bugdaýdyr. Ol ekin maýdanynyň 40 %-ni tutýar. Suwarymly ekin meýdany 1401 müň ga. (1990-njy ýyl) barabardyr. Maldarçylyk pudagynda goýundarçylyk, iri şahly mallar, guşçulyk, ýüpekçilik esasy orny eýeleýär.

Azerbaýjan dünýäde tirana balygyny we gara işbili öndürýän hem-de daşary ýurtlara çykarýan iň iri döwletleriň biridir.

Azerbaýjan respublikasynda demir ýol transportyň esasy görnüşi bolup onuň uzynlygy 2195 km. deňdir. Haryt dolanyşygynyň 40 %-i (2007-nji ýyl) we ilat gatnawynyň 25 %-i onuň paýyna düşýändir. 29 müň km-den gowrak uzynlykda (asfalt düşelen) awtomobil ýoly bardyr.

## Türkmenistan - Azarbaýjan gatnaşyklary

Täze Galkynyş we beýik Özgertmeler zamanasynyň başlanmagy Türkmenistan-Azerbaýjan gatnaşyklary ähli ugurlarda ösüp başlady. 2007-nji ýylyň 9-10-njy iýunynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Russiýanyň demirgazyk paýtagtya Sankt-Peterburgyň şäherine bardy. Ol bu ýerde Peterburg halkara ykdysady maslahatyna hem-de GDA-nyň resmi däl ýokary derjedäki duşuşygyna gatnaşdy. 2007-nji ýylyň 10-njy iýunynda ol ýerde Türkmenistanyň Prezidenti Azerbeýjanyň Prezidenti Ilham Aliýew bilen ikitaraplaýyn duşuşyk geçirdi.

Duşuşukda soňky döwürde iki ýurduň arkalaşykly hereketiniň ösüş depgininden kanagatlanma bildirip, Prezidentler bu işde ýaňy-ýakynda döredilen ikitaraplaýyn hökümetara toparyna möhüm hyzmatyň degişlidigini belllediler.

Türkmenistanyň we Azerbaýjanyň baştutanlary söwda-ykdysady we gumanitar ugurlary hyzmadaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda belllediler. Iki ýurduň geografiki

ýerleşişini nazara almak bilen, ulag we kommunikasiýalar babatda hyzmatdaşlygy ösdürmäge ikitaraplaýyn gyzyklanma beýan edildi.

Prezidentler Azerbaýjanyň paýtagty Baku şäherinde Türkmenistanyň Ilçihanasynyň işini dikeltmek hakynda hem şertleşdiler.

2008-nji ýylyň 19-20-nji maýynda Türkmenistanyň Prezidenti resmi sapar bilen Azerbeýjan respublikasyna bardy.

Azerbaýjanyň Prezidenti Ilham Aliýew bilen gepleşikleriň barşynda Hazar deňziniň hukuk derejesini işläp taýýarlamakda pozisiýalar ylalaşyldy. Prezidentler hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary diýip söwda-ykdysady, ýangyç energetika we ulag aragatnaşyk sferalaryny, oba hojalygyny, himiýa we dokma senagatyny öňe sürdüler.Olar gumanitar ugurdaky hyzmatdaşlygy hem dowam etdirmegiň zerurlygyny bellediler.

Saparyň gidişinde Türkmenistanyň Prezidentiniň Azerbaýjanda bolmagy oňa Baku uniwersitetiniň Hormatly doktory diýen adyň dakylmagy bilen şöhratlandy. Bu ýokary okuw jaýynyň Alymlar Geňeşiniň Gurbanguly Berdimuhamedowa türkmen-azerbeýjan gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga, ylmy we bilimi ösdürmäge goşan goşandy üçin beren hormatly adydyr. Özüniň uniwersitetiň alymlarynyň, mugallymlarynyň we talyplarynyň öňünde eden çykyşynda Gurbanguly Berdimuhamedow azerbaýjan alymlaryny ylym we bilim ugrunda ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmäge çagyrdy we şeýle hemşeriligiň türkmen we azerbaýjan halklarynyň eşretine hyzmat etjekdigini nygtady.

2008-nji ýylyň 28-29-njy noýabrynda Azerbaýjan respublikasynyň Prezidendi Ilham Aliýew resmi sapar bilen Aşgabada geldi. Ol Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bilen ilki ikiçäk, soňra giňişleýin düzümde

iki dostlukly ýurduň hökümet delegasiýalarynyň gatnaşmaklarynda gepleşikler geçirdi. Gepleşikleriň barşynda deňhukukly we özara bähbitli döwletara hyzmatdaşlygynyň, Türkmenistanyň we Azerbaýjanyň halkara arenasynda arkalaşykly hereket etmekleriniň derwaýys meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Taraplar gadymy döwürlerden bäri ruhy garyndaşlyk bilen bagly iki goňşy halklaryň bähbitleriniň hatyrasyna hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek hakynda ylalaşyga geldiler. Saparyň dowamynda ikitaraplaýyn resminamalara: "Ýükleri daşamagy guramak", "Ýük wagonlaryny we konteýnerlerini ulanmak, belgileýin hasaba almak we olaryň Türkmenbaşy we Baku deňiz menzilleriniň arasyndaky halkara demirýol-parom gatnawynda ulanylandygy üçin hasaplaşyklar hakyndaky" Ylalaşyga; "Bilim babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda" Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen Azerbaýjan respublikasynyň Bilim ministrliginiň arasyndaky Ylalaşyga; "Türkmenbaşy-Baku deňiz menzilleriniň üsti bilen halkara demirýol-parom gatnawyny guramak" hakynda türkmenistanyň hökümeti bilen Azerbaýjan respublikasy hökümetiniň arasyndaky Ylalaşyga we "Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-azerbaýjan topary" hakynda Türkmenistanyň hökümeti bilen Azerbaýjan respublikasy hökümetiniň arasyndaky Ylalaşyga gol çekildi.

Saparyň çäklerinde Türkmenistanyň iň iri ylym-bilim merkezinde Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýewe "Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň hormatly professory" diýen diplomy gowşurmak dabarasy boldy. Azerbaýjanyň lideri bu belent ada parahatçylyk we jemgyýetçilik-syýasy durnuklylyk işine, türkmen we azerbaýjan halklarynyň arasyndaky dostlukly, doganlyk gatnaşyklary pugtalandyrmaga goşan uly goşandy, şeýle hem

ylym, bilim we medeniýet babatda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda bitiren görnükli hyzmatlary üçin mynasyp boldy.

## ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASY

Özbegistan döwleti Merkezi Aziýanyň merkezi böleginde ýerleşýändir. Ol demirgazyk Gündogarda Gyrgyzstan bilen, Demirgazykda we demirgazyk-günbatarda Gazagystan bilen, Günorta-günbatarda Türkmenistan bilen, günorta-gündogarda Täjigistan bilen, günortada Owganystan bilen serhetleşýär. Onuň serhediniň umumy uzynlygy 6621 müň kilomtere barabardyr.

Özbegistanyň deňze çykalgasy ýokdur. Özbegistan Respublikasynyň paýtagty Daşkent şäheridir. Ilatynyň umumy sany 27,5 milliondan geçýär.

Özbegistan Respublikasynyň umumy ilatynyň 83,2 %-ni özbekler, 5,2-%-ni täjikler, 3,5-%-ni ruslar, 3,1-%-ni gazaklar, 2,2-%-ni garagalkaplar, 0,7-%-ni türkmenler we beýlekiler tutýandyr. (2009-njy ýylyň 1-njy ýanwarynyň maglumaty).

Respublikada 120 sany şäher we 115 sany şäherçeler bardyr. Özbegistan Respublikasy Amyderýa bilen Syrdeýanyň aralygynda ýerleşip, territoriýasynyň bäşden dört-5/4-bölegini düzlükler (Turan pesligi) tutýar. Diňe Gündogar çetinde Týan-Şan we Gissar-Alaý sistemalaryna degişli bolan daglar bar.

Konstitusiýa laýyklykda Özbegistan demokratik we hukuk döwletdir. Döwletiň ýolbaşçysy Prezidentdir. Döwletiň iň ýokary kanunçykaryjy organy Oliý Mejlisidir.

Oliý Mejlis iki palatadan - Kanunçykaryjy palatadan (aşaky palata) we Senatdan (ýokarky palata) ybaratdyr. Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Yslam Abdyganiýewiç Kerimowdyr.

# I BÖLÜM
## Özbegistan iň gadymy döwürden VIII asyra çenli

### Özbegistan iň gadymy adamlaryň watanydyr

Özbegistanyň territoriýasynda geçirilen gazuw agtaryş işleri ol ýerlerde hem gadymy adamlaryň ýaşandyklaryny subut edýär. Irki daş asyryna paleolit eýýamyna degişli zähmet gurallarynyň we haýwanlaryň sünkleriniň tapylmagy bolsa, ol ýerlerde gadymy adamlaryň ýaşandyklaryna şaýatlyk edýär. Gadymy daş asyryna degişli ýadygärlikler Surhanderýa (Deşikdaş), Samarkant (Amankutan), Daşkent (Hojikent, Obirahmet) oblastlaryndan, Fergana hem-de Zerewşan derýalarynyň jülgelerinden we beýleki ýerlerinden tapylandyr.

1938-1939-njy ýylda alym A.P.Okladnikow tarapyndan öwrenilen Deşikdaş gowagy has hem özüne çekijidir. Bu ýadygärlik deňiz derejesinden 1500 metr belentlikde Surhanderýa welaýatynyň Baýsundag dagynda ýerleşipdir. Gowagyň medeni gatlaklarynyň galyňlygy 1,5 metr (bäş gat) bolup, ol ýerde daşdan ýasalan dürli zähmet gurallarynyň we dürli haýwanlaryň süňkleriniň bölekleri tapylypdyr. Gowakdan dag tekeleriniň, sugunyň, ýabany atlaryň, gaplaňyň, aýynyň, syrtlanyň, towşanyň, käkiligiň, kepderiniň we şulara meňzeşleriň süňkleri hem tapylýar. Deşikdaş gowagyndan jemi 3000-e golaý daşdan ýasalan zatlar tapylyp, olaryň 339-sy doly gural halyna getirilipdir. Bu ýerden çaga süňkleri hem tapylypdyr.

Maglumatlara baý ýadygärlikleriň ýene-de biri Daşkent şäherinden 100 km. demirgazyk-gündogarda ýerleşýän Obirahmat gowagydyr. Bu ýadygärlik ilkinji gezek 1962-nji ýylda öwrenilip başlanýar. Ýadygärlik 20-sany medeni gatlakdan ybaratdyr. Diýmek, bu gowakda ilkidurmuş adamlary uzak ýyllaryň dowamynda ýaşapdyrlar.

Gadymy döwrüň adamlary esasan hem awçylyk we iýmit çöplemek bilen meşgullanypdyrlar. Olar topar-topar bolup ýaşapdyrlar.

Giçki paleolit eýýamy b.e.ö. 40-njy müňýyllyklardan 12-nji müň ýyllyklar aralygynda dowam edipdir. Gök çakmak daşdan ýasalan çapgyçlar, ujy tommaýly taýaklar, ujy ýiteldilen çyryklar bu döwürde ýaşan adamlaryň esasy zähmet gurallary bolupdyr.

Zähmet gurallary kem-kemden kämilleşipdirler. Wagtyň geçmegi bilen gadymy adamlaryň ilkidurmuş sürüleri ganybir garyndaşlyga-uruga, esaslanýan obşina bilen çalşypdyr. Ilkidurmuş urugy adatça az sanly ganybir garyndaşlaryň birleşmesi bolupdyr. Urug özüniň ýönekeý hojalygyny bileleşip alyp barypdyr. Köplenç umumy jaýda-gowakda ýa-da uly çatmalarda-kümelerde ýaşapdyrlar.

Özbegistanyň territoriýasynda giçki paleolite degişli ýadygärlikleriň içinde Samarkandyň şäher seýilgähiniň territoriýasynda ýerleşýän ýadygärligi görkezmek bolar. Bu ýadygärlik 1958-1966-njy ýyllar aralygynda öwrenilip, onuň 3 sany medeni gatlakdan durýandygynyň üsti açylýar. Ondan paleolit adamsynyň aşaky äňiniň süňki hem tapylýar. Medeni gatlaklarda birnäçe durmuş ojaklary bolup, olaryň töwereklerinden daşdan ýasalan birnäçe zähmet gurallary we haýwanlaryň süňkleri tapylýar.

Takmynan b.e.ö. XIII müňýyllykda Özbegistanyň ýerlerinde daş asyrynyň ortaky döwri (mezolit) başlanyp, ol b.e.ö.V müňýyllyga çenli dowam edipdir. Bu döwürde adamlar ok-ýaýy oylap tapýarlar we palçykdan dürli gap-çanaklary ýasap başlapdyrlar.

Özbegistanda mezolit eýýamyna degişli ýadygärlikleriň hatarynda Surhanderýa welaýatynyň Baýşun etrabyndan tapylan Maçaý gowagyny, Daşkentdiň Fergana welaýatynyň Soha

obasynyň golaýyndan tapylan ýadygärlikleri we beýlekileri görkezmek bolar.

Neolit (täze daş asyry) eýýamyna degişli ýadygärlikler merkezi Ferganada, Zarafşan derýasynyň aşaky akymlarynda duş gelýär. Merkezi Ferganada şeýle ýadygärlikleriň 24-si öwrenilendir. Olar Merkezi Fergananyň günorta-günbatarynda ýerleşen gadymy Uzunkul we Taýpakkul kölleriniň kenarlarynda ýerleşipdirler. Şeýle ýagygärlikler Mahanderýanyň basseýnine we Kaşkaderýanyň aşak akymlarynda hem gabat gelýär.

## Ekerançylygyň we maldarçylygyň peýda bolmagy

Arheologiki gazyp-agtaryşlaryň maglumatlaryna görä, Özbegistanyň territoriýasynda ýaşan gadymy adamlar misi Günorta Türkmenistanyň ýerlerinde ýaşan adamlardan has soňrak, b.e.ö. III asyryň ahyrlarynda ulanyp başlapdyrlar.

Eneolit eýýamyna degişli ýadygärlikleriň galyndylary Zarafşan derýasynyň aşak akymlarynda, Buhara welaýatynyň demirgazyk böleginde gabat gelýär.

Buhara welaýatynyň demirgazygynda tapylan gadymy adamlaryň duralgalary bolan Lawlakan we Beşbulak duralgalarynda metallurgiýa önümçiliginiň galyndylarynyň üsti açylýar. Bu ýeriň adamlary misi eredip, ondan dürli zatlar ýasapdyrlar. Özbegistanda eneolit eýýamynda adamlar ekerançylygyň we maldarçylygyň ýönekeý usullaryny ulanyp başlapdyrlar. Orta Aziýanyň beýleki ýerlerinde bolşy ýaly, Özbegistanyň territoriýasynda hem ilkinji ekerançylyk ýerleri amatly howa şertleri bolan dag eteklerinde peýda bolupdyr. Ekerançylygyň bilen bir hatarda maldarçylyk hem peýda hem döräp başlapdyr.

Bürünç eýýamynda ekerançylyk we maldarçylyk mundan beýläk-de giňelipdir we ösüpdir. Özbegistanyň territoriýasynda

bu döwre degişli ýadygärlikleriň köpüsi Zarafşan derýasynyň aşaky akymlarynda köp gabat gelýär. Şeýle ýadygärlikleriň ilkinjileriniň biri Zamanbaba ýadygärligidir. Ol ýadygärlik Zamanbaba kölüniň kenarynda ýerleşendigi üçin şeýle atlandyrylypdyr. Zamanbaba medeniýetinde ýeri özleşdirmekde kätmen ulanylyp başlapdyr. Ol bolsa, önümçiligiň ösmegine oňyn täsir edipdir. Bu ýerden çakmak daşdan ýasalan oraklaryň, däne owgyçlarynyň bölekleriniň, bugdaý we arpa däneleriniň yzlarynyň tapylmagy ekerançylygyň bolandygyna doly şaýatlyk edýär.

Zamanbabanyň ilaty otyrymly maldarçylyk bilen hem meşgullanypdyrlar. Ol ýerden gazuw agtaryş mahaly tapylan haýwanlaryň süňkleriniň 80%-i öý haýwanlaryna degişli bolup çykýar.

Otyrymly ekerançylyk medeniýeti Özbegistanyň demirgazyk ýerlerine garanyňda günortasynda has ir döräpdir.

Surhanderýa welaýatynyň Sapalydepe diýilýän ýerinde geçirilen gazuw-agtaryş işleri, ol ýerde ýaşan günorta taýpalaryň Türkmenistanyň günortasynda ýaşan taýpalar bile bir wagtda suwarymly ekerançylyga we oturymly maldarçylyga geçendiklerine şaýatlyk edýär. Olarda küýzegärçilik, dokmaçylyk we metaly işläp bejermeklik ösen bolupdyr.

Aýry-aýry taýpalar oňat berkidilen berkitmelerde ýaşapdyrlar. Olar bugdaý, arpa, dary ösdürip ýetişdirmeklik bilen, öý haýwanlaryň ähli görnüşini diýen ýaly köpeldipdirler. Keramiki küýze önümleriniň dürli görnüşlerini taýýarlapdyrlar. Arheologlaryň berýän maglumatlaryna görä, Fergana jülgesi gadymy ekerançylar tarapyndan giçki bürünç asyry döwründe giňden özleşdirilip başlanypdyr.

Dag etegindäki düzlükler, şol ýeriň bol suwy ol ýerde otyrymly ekerançylyk hojalygyny alyp barmaga amatly şertler döredipdir. Çust, Dalwerrin, Aşkaldepe, Çimbaý, Targaç we

beýleki ýerler şol döwür barada maglumat berýän ýerleridir. Bular keramiki nagyşlary boýunça özboluşly aýratynlyklary bilen tapawutlanýarlar. Şoňa görä hem bu ýadygärlikler toparyna has giň öwrenilen ilkinji ýadygärligiň ady bilen baglanyşdyrylyp “çust ” ýadygärlik medeniýeti diýlip at berilýär. “Çust ” medeniýeti b.e.ö. I müňýyllygyň II asyrynyň ahyrlaryny we I asyryny öz içine alýar.

Bu toparlaryň ilaty ekerançylygy emeli usullar bilen suwarypdyrlar. Olaryň esasy önümçilik gurallary daş gyrgyçlar, sokudaşlar, oraga meňzeş pyçaklar we bürünçden ýasalan oraklar bolupdyr. Oba hojalygynda bugdaýy, arpany we daryny has köp ösdürip ýetişdiripdirler. Maldarçylyga hem uly ähmiýet beripdirler. Ilkinji nobatda ownuk mala, ikinji nobatda bolsa, iri şahly mala we gylýalçylyga üns beripdirler.

Ekerançylaryň ýaşaýan ýerleri palçykdan we çig kerpiçden galdyrylan kuwwatly diwarlar bilen goralypdyr. Bu galalar bir tarapdan otyrymly ekerançylyk hojalygynyň ýokary derejesini, baýlygyny, jemgiýetdäki emläk deňsizligi görkezýän bolsa, ikinji tarapdan, ekerançylyk taýpalary bilen göçme çarwa taýpalarynyň arasyndaky harby çaknyşyklaryň güýçlenýändigine şaýatlyk edýär.

Bürünç asyrynyň ahyrlaryndan başlap, Özbegistanyň ýerlerinde adamlaryň sürümli ekerançylyk hojalygyna geçmegi bilen emeli kanallar gurlup başlanypdyr. Ilkinji kanallaryň uzynlygy onlarça metre barabar bolupdyr.

Maldarçylyyň ösmegi oturumly taýpalaryň sürümli ekerançylyga geçmegine şert döredipdir. Netijede, hojalygyň iki esasy pudagy bir ýere sygman başlapdyr. Bu bolsa öz gezeginde maldarçylygyň ekerançylykdan bölünip aýrylmagyna getiripdir.

Emeli suwaryşa esaslanýan sürümli ekerançylygyň we örüde bakylýan maldarçylygyň çalt depgin bilen ösmegi diňe ilatyň azyk goruny yzygiderli üpjin etmän, eýsem olaryň hal-

ýagdaýynyň hem ýokary galmagyna getirýär. Awçylyk we iýmit çöpleýjilik jemgyýetde mundan beýläk-de esasy rol oýnamagyny bes edipdir. Bu döwre çenli atlar eldekileşdirilip, ol adamzat durmuşynda esasy jandara öwrülýär. Ekerançylyk medeniýetiniň we maldarçylygyň ykdysadyýetde esasy orny eýelemegi bolsa, maşgala durmuşynda atalaryň hukugy berkleşip başlaýar. Garyndaşlyk gatnaşyklary ata tarapyndan yzarlanyp başlanypdyr.

Otyrymly ekerançylaryň we maldarlaryň mal-mülküni goramak zerurlygy taýpa harby birleşmeleriň döremegine getiripdir. Urug serdarlary we serkerdeleri jemagatyň jemgiýetçilik we ykdysady durmuşynyň başynda durupdyr.

**Ýerli ilatyň grek-makedonlaryň agalygyna garşy göreşi**

B.e.ö. IV asyrda Gresiýanyň demirgazygynda ýerleşýän kiçijik ýurt-Makedoniýa güýçlenip, ol dünýä agalygy ugrunda göreşe başlaýar.

B.e.ö. 334-nji ýylda bu döwletiň hökümdary Aleksandr Makedonskiý Kiçi Aziýa ýöriş edip, ahameni goşununy derbi-dagyn edýär. B.e.ö. 329-njy ýylda Aleksandr Makedonskiýniň goşuny Marakand (häzirki Samarkand) şäherine girýär. Samarkantdan çykyp, Syrderýanyň kenarlaryna süýşüp başlaýar. Ol Syrderýa barýan ýolunyň ugrunda birnäçe şäherleri basyp alýar. Şäherleriň ilaty Aleksandr Makedonskiýniň goşunyna berk gaýtawul berýärler. Söweşiň gidişinde Aleksandryň özi hem ýaralanýar.

Ol Syrderýanyň kenaryna gelip, çaltlyk bilen gala gurduryp başlaýar. Makedonlar derýanyň sag kenarynda berkleşip onuň beýleki kenaryndaky saak goşunlary bilen söweşe girişýär. Saaklar bilgeşleýin yza çekilip, Aleksandryň goşunyny Gazagystanyň düzliklerine äkitmek isläpdirler. Emma Aleksandr muňa düşnüp, özüni aldawa saldyrman yzyna gaýdyp gelýär we gala saldyrýar.

Ol bu gala "Uzakdaky Aleksandriýa" diýip at berýär. Aleksandr Makedonskiniň goşuny Sogdiana çozmak bilen ýerli halky güýçli talapdyrlar we gysypdyrlar. Bu bolsa ýerli halkda nägilelik döredip, olaryň basybalyjylara garşy aç-açan aýaga galmagyna getiripdir. Şeýle gozgalaňlaryň iň ulusy Spitameniň ýolbaşçylygynda b.e.ö. 329-njy ýylda Samarkantda başlanýar. Gozgalaňçylar makedon goşunyny gabawa salypdyrlar. Aleksandr gozgalaňçylaryň garşysyna goşun sürmäge mejbur bolupdyr.

Spitamen Samarkandy goýup, Zarafşan derýasynyň aşaky akymlaryna gidipdir. Ýolda gozgalaňçylar özlerini kowalap gelýän grek goşunyny dargadýarlar we ýene-de yzlaryna öwrülip, Marakandy täzeden gabaýarlar. Ýagdaýyň gowy däldigini aňan Aleksandr ähli güýjini gozgalaňçylaryň garşysyna gönükdirýär. Spitamen Aleksandryň goşunynyň ýakynlaşyp gelýändigini bilip, Marakandy goýup ýene-de Zarafşan derýasynyň aşak akymlaryna gidýär. Aleksandr gozgalaňçylary yzarlap, ýüzüniň ugruna 120 müň adamy gyrýar. Ol Marakantda Pewkolaýyň başlyklygynda 3 müň sany pyýada goşuny galdyryp, Amyderýadan geçip, gyşlamak üçin Baktriýa gaýdyp gelýär.

B.e.ö. 328-nji ýylyň ýazynda Aleksandr halk köpçüliginiň gozgalaňyny basyp ýatyrmak üçin täzeden goşun sürüp başlaýar. Bu gezekki çaknyşykda Spitameniň goşuny ýeňilýär.

Spitamen b.e.ö. 328-nji ýylyň güýzünde çarwa taýpalaryň serdarlary tarapyndan öldürilenden soň hem Baktriýada we Sogdiýanada gozgalaňlar uzak wagtlap dowam edipdir. Bu ýagdaý Aleksandr Makedonskiniň b.e.ö. 328-327-nji ýylyň gyşyny Sogdiýanada gyşlamaga mejbur edipdir.

## Özbegistanyň ýerlerine arap basybalyjylarynyň aralaşmagy Yslam diniň ýaýramagy

VII asyryň ikinji ýarymyndan başlap, araplar basybalyjylar hökmünde syýasy arena çykyp başlaýarlar.

651-nji ýylda araplar Merwi basyp alandan soňra Buharanyň, Sogdiananyň mes toprakly ýerlerine we Merkezi Aziýanyň beýleki etraplaryna göz gyzdyryp başlaýarlar. 674-nji ýylda arap goşunlary Ubaýdulla ibn Ziýadyň ýolbaşçylygynda Amyderýadan geçip, ilki Paýkendi, soňra Buharany basyp alypdyrlar.

Ol Buharadan we Paýkentden baý olja-ýarag, eginbaş, altyn, kümüş we köp mukdarda ýesirleri sürüp Merwe äkidipdir. Araplar Merkezi Aziýanyň üstüne Horasandan çozuş edipdirler. Arap halyfy Horasanyň namestnigine (hökümdaryna) Mawerennahr ýerlerini dolandyrmagy tabşyrypdyr. Araplar Amyderýanyň sag kenaryny Mawerennahr, derýanyň özüni bolsa "Jeýhun" diýip atlandyrypdyrlar.

677-nji ýylda arap goşuny Seýit ibn Osmanyň ýolbaşçylygynda ýene-de Buharany gabapdyrlar. Buharanyň patyşasy (aýal, ady belli däl) araplar bilen parahatçylykly şertnama gol çekmäge mejbur bolýar. Şondan soňra Seýit Samarkanda ýöriş edip, ony tabyn edýär. Seýit Medinä 30 müň ýesir, köp mukdarda altyn, kümüş, ýarag iberipdir. Patyşanyň we ýokary gatlak wekilleriniň garyndaşlaryndan girewine alnan 70 adamy beýleki ýesirler bilen bir hatarda gullara öwrüp, agyr zähmetlerde ulanypdyrlar. Azatlyk söýüji we söweşjeň buharalylar bu kemsitmeler bilen ylalaşman köşge kürsäp girip, Seýdi öldüripdirler, soňra bolsa özlerini hem heläkläpdirler.

Tä 705-nji ýyla çenli Horasanyň namestnikleri Mawerennahr ýerlerine birnäçe tozduryjylykly çozuşlary edip, her gezek hem Merwe dolanyp gelipdirler. 704-nji ýylda Horasanyň namestnikligine Kutaýba ibn Muslim bellenilýär.

Oňa Mawerennahry tabyn etmeklik  we tutuş Merkezi Aziýany öz häkimligine almaklyk tabşyrylýar.

706-njy ýylda Küteýba Amyderýadan geçip, Paýkent şäherini gabaýar (şäher galyndylary häzirki Ýakatut menzilinde saklanyp galypdyr). Paýkent Samarkantdan soňra özüniň berk diwarlary we diňleri bolan ikinji baý, söwda şäheri bolupdyr. Şäheriň ilaty duşmana garşy berk gaýtawul beripdirler. Emma araplar diwaryň aşagyny köwüp ýykypdyrlar we şähere giripdirler. Şäheriň ilatyny rehimsizlik bilen gyrypdyrlar. Paýkent kynlyk bilen basylyp alnypdyr. Küteýba goşunyny Buhara sürmekden çekinip, Merwe yzyna gaýdypdyr.

Küteýba düýpli taýýarlyk görenden soň, Buhara oazisiniň güýçli mülkleriniň biri bolan Wardanzi ýerlerine çozupdyr. Onuň hökümdary Wardan-hudata ferganalylar, sogdiýalylar we Günorta Gazagystanda ýaşaýan türkler kömege gelipdirler. Mawerennahryň birleşen güýçleri arap goşunlaryny gabap halka alyp başlapdyrlar.

Kütaýbany halas eden ýeke-täk zat onuň harby mekirlige baş urmagy bolupdyr. Ol şol wagt Buharada ýerleşen sogdy hökümdary Tarhunyň ýanyna jansyzyny iberýär. Iberilen jansyz Tarhuna olara kömege gelen kömekçileriň araplaryň Merwe ugran badyna  onuň ýurduna eýe boljakdyklary baradaky ýalan maglymaty berýär. Mundan gorkan Tarhun araplar bilen parahatçylyk şertnamasyny baglaşyp, pajyny töläp Samrkanda gitmäge howlugýar.

Şeýlelik bilen Küteýba arkalaşygy  bozup, aňsatlyk bilan ýeňiş gazanypdyr. Buhara we onuň etegindäki mes toprakly ýerler tutuşlygyna araplaryň eline geçýär.

Ýaraşyk şertnamasyna laýyklykda, buharalylar her ýylky salgydyň daşyndan araplara şäherdäki öýleriniň ýarysyny bermäge, olar üçin odyn taýýarlamaga, atlary üçin ot-iým we şuňa meňzeşleri taýýarlamaga borçly edilipdir.

721-nji ýylda Küteýba Surhanderýa we Kaşgarderýa oazislerini basyp alýar. Şol ýylyň özünde 300 sany daş zyňyjy we diwar ýykyjy ýaraglary bolan ägirt köp mukdardaky goşuny bilen Samarkanda ýörişe başlaýar. Deň bolmadyk söweşiň gidişinde araplar Samarkandy gabaýarlar.

Alty aý gabawdan soň araplar Samarkandy basyp alýarlar. Ýaraşyk şertnamasy boýunça Samarkandyň içki bölegi araplar üçin boşadylypdyr. Olar 2.200.000 dirhem kontribusiýa töläpdirler. Onuň daşyndan hem ýylda Halyflyga 200.000 dirhem we 300 ýaş gul ibermäge borçly edilipdir. Ondan soňra Küteýba Daşkendi we Ferganany basyp alyp, ol ýerleriniň hökümdarlygyna arap emirlerini belläpdir.

715-nji ýylda Kütaýba täze halyf Süleýmanyň garşysyna gozgalaň turuzýar, emma ol öz esgerleri tarapyndan öldürilýär.

Araplar basyp alan ýerlerinde yslam dinini ýarradypdyrlar. Olar yslamy ýaýratmakda ykdysady syýasaty hem ulanypdyrlar. Dini kabul etmediklere jan başyna salynýan salgydy (jizýa) tölemäge mejbur edipdirler. Kimde-kim ony kabul etse salgytdan boşadylypdyr. Jizýa salgydyndan başga, ýer salgydy (hyraç) hem bolup, bu salgyt boýunça daýhanlar ýygnan hasylynyň bäşden bir ýa-da dörtden bir bölegini bermäge borçly bolupdyrlar. Soňra bolsa “jizýa”, “hyraç” salgytlaryndan daşary, malyň kyrkdan bir bölegini, ussaçylykdan, söwdadan girýän girdejiden salgyt ýygnap başlapdyrlar.

## Medeniýet

Merkezi Aziýa aralaşan arap basybalyjylarynyň medeniýeti, ýerli halklaryň medeniýeti bilen deňeşdireniňde pes derejede bolupdyr. Arap hökümdarlary ýerli din, sungat, edebiýat wekillerini, alymlary öldüripdirler. Olaryň eserlerini bolsa ýakypdyrlar.

VI-VII asyrlarda Merkezi Aziýada medeniýet ösüpdir. Bu döwürde Samarkant, Buhara, Paýkent we beýleki şäherler abadanlaşdyrylypdyr. Suwaryş kanallary kada salnypdyr.

Söwdanyň ösmegi bilen haryt-pul gatnaşyklary hem ösýär. Şäherlerde we aýry-aýry obalarda nah, ýüpek matalary dokamak, altyndan, kümüşden we beýleki metallardan bezeg şaý-sepleri ýasamak boýunça hünärmentçilik ösüpdir. Şol döwürde ýasalan galkan we beýleki harby enjamlar özleriniň ajaýyplygy bilen haýran galdyrypdyrlar.

Binagärlik sungaty hem ösüpdir. Buharadan 40 km. uzaklykda ýerleşýän Warahşa şäheriniň harabaçylygynda geçirilen arheologiýa gazuw-agtaryş işleri mahaly birnäçe uly we kiçi zallary bolan köşgüň üsti açylýar. Zallaryň diwarlarynyň we üçekleriniň dürli bezegler bilen bezelmegi, şol döwrüň sungatynyň ýokary derejede ösendigine şaýatlyk edýär. Atyň üstünde oturan atçaparlaryň, ak pilleriň üstünde oturan adamlaryň, ylgap barýan ýyrtyjy haýwanlaryň dürli reňkler bilen bezelmegi suratkeşligiň ösendigini gökezýär.

Käbir zallar we eýwanlar alebasterden ýasalan nagyşalar we heýkeljikler bilen bezelipdir. Alebasterden ýasalan ganatly atlaryň, adamlaryň, guşlaryň we hasylly agaçlaryň we ş.m-iň şekilleri şol döwrüň medeniýetiniň öz döwrünr görä, ýokary derejede ösendigine şaýatlyk edýär. Samarkantdan uzak bolmadyk Penjikent harabalygynda geçirilen gazuw işleri mahaly diwaryň ýüzüne çekilen suratlaryň tapylmagy bolsa, suratkeşlik sungatynyň ýokary derejede ösendigini görkezýär.

1957-nji ýylda Fergana jülgesiniň Kuwa şäheriniň harabalygyndan budda ybadathanasynyň galyndylary tapylýar. Ybadathanadan tapylan zatlar VII asyrda Merkezi Aziýanyň beýleki ýerlerinde zoroastrizm (otparazlyk) dininiň agalyk edendigine garamazdan, Ferganada buddaçylyk dininiň agalyk edendigine şaýatlyk edýär.

VI-VII asyrlarda gurlan jaýlaryň ählisi çig kerpiçden ýa-da palçykdan salnypdyr.

# II BÖLÜM
# Özbegistan VIII - XV asyrlarda

## Ýerli ilatyň arap basybalyjylaryna garşy göreşi

Araplaryň ýerli halky yzygiderli talap durmagy, olaryň hukuklaryndan mahrum edilmegi, medeniýetiniň, diliniň kemsidilmegi, arap ýazuwynyň we yslamyň zor bilen girizilmegi ýerli halkyň gahar-gazabyny artdyrypdyr.

720-721-nji ýyllarda Sogdiýanada araplaryň garşysyna uly halk gozgalaňy başlanýar. Sogdiýanalylar Semireçiýeden göçme taýpalary kömege çagyrýarlar. Gozgalaňçylaryň birleşen güýçleri Sogdiýanadaky arap otrýadyny derbi-dagyn edýärler. Horasanyň emiri gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin goşun sürýär. Güýçleri deň bolmadyk sogdianalylar Fergana tarap yza çekilipdirler. Gozgalaňçylary Horasanyň namestnigi Seýit Haraşiniň hut özi uly goşuny bilen yzarlapdyr. Fergan///anyň patyşasy muny eşidip, sogdianalylara kömek etmekden ýüz öwürýär.

Netijede, sogdianalylar bilen Seýit Haraşynyň arasynda söweş bolup geçýär. Söweşde gozgalaňçylar ýeňilýärler we Hojent şäherinde gizlenýärler. Gozgalaňçylar araplaryň goýan şertlerini kabul etmeli bolýarlar. Şertnama laýyklykda gozgalaňçylar hyraç salgydyny we salgydyň tölenilmedik bölegini doly tölemeli edilýär, özleri bolsa yzlaryna Sogdiana gitmeli edilýär. Soňra Haraşy Hojentiň ilatyndan berk öç alypdyr. Tabaranyň aýtmagyna görä, 3000 adam, başga maglumatlar boýunça bolsa, 7000 adam öldürilýär.

728-nji ýylda Sogdianada ýene-de gozgalaň turýar. Emma bu gozgalaň Horasanyň emiri tarapyndan çaltlyk bilen basylyp ýatyrylýar.

Mawerennahr ýerlerinde arap halyflygynyň agalygyna garşy yzygiderli gozgalaňlar bolup durupdyr. Şeýle

gozgalaňlaryň ulusy 776-njy ýylda Hakim ibn Haşymyň ýolbaşçylygynda Mawerennahr ýerlerinde başlanýar.

Taryhçy Narşahynyň habar bermegine görä, Haşym ibn Häkim ýüzüni ýaşyl örtük bilen ýapyp gezipdir. Şoňa görä hem halk ony ýüzi örtükli adam-Mukanna diýip atlandyrypdyr. Sebäbi onuň ýüz keşbi gelşiksiz, bir gözi bolsa gyşyk bolupdyr. Ol gozgalaňa Merwde taýýarlyk görüp başlapdyr. Emma onuň bu hereketini ýerli häkimiýet bilipdir. Şoňa görä-de, ol Mawerennahra gaçýar.

Muhannanyň tarapdarlary ak geýim geýipdirler, şoňa görä-de olara ak geýimli adamlar diýip diýip hem at beripdirler.

Mukanna adamlaryň sosial deňligini we erkinligini wagz edipdir. Onuň tarapdarlary tutuş häzirki Özbegistanyň territoriýasynda gozgalaňa başlapdyrlar. Ýerli han-begler tarapyndan goldanylýan arap hökümdarlary Mukannanyň garşysyna uly güýçleri sürüpdirler. Şeýle-de bolsa, olar diňe birnäçe ýyla çeken erjel göreşden soň, gozgalaňy ýatyryp bilipdirler.

Yzly-yzyna üznüksiz diýen ýaly gozgalaňlar halyfatyň kuwwatyny örän gowşadypdyr. “Ak geýimli adamlaryň ” we Mukannanyň gozgalaňy basylyp ýatyrylsa-da, ýerli halkyň arap halyflygynyň eden-etdiligine bolan gahar-gazaby köşeşmändir, tersine, güýçlenip kähalatlar-da ol täze ýaragly çykyşlaryň döremegine getiripdir.

806-njy ýylda Sogdianada Rafi ibn Leýsiň ýolbaşçylygynda daýhanlaryň gozgalaňy başlanýar. Gozgalaň Samrakantda başlap, soňra Daşkente, Fergana, Kaşgaderýa we Horezme geçýär. Gozgalaňyň başlanmagynyň sebäbi yslam dinine we daşary ýurt basybalyjylaryna bolan ýigrenç bolupdyr. Gozgalaň Mawerennahryň köp bölegini öz içine alypdyr. Halyflygyň gozgalaňy harby güýç bilen basyp ýatyrmak synanyşyklarynyň ählisi başa barmandyr. Şonda Horasanyň

namestnigi Mamun ýerli feodallardan kömek sorap, ýüz tutýar. Hökümdar kim kömek etse ýurdy dolandyrmakda uly hukukdan peýdalanmaga kömek berjekdigine söz beripdir. Rafi ibn Leýs araplara we halyfa garşy söweşini bes edipdir. 806-njy ýylda başlanan gozgalaň 810-njy ýylda basylyp ýatyrylýar, onuň ýolbaşçylary bolsa jezalandyrylypdyr.

Gozgalaň basylyp ýatyrylan hem bolsa arap halyflygynyň syýasy taýdan pese gaçmagyna getiripdir. IX asyryň birinji çärýeginiň ahyrlarynda Horasanda we Mawerennahrda häkimýet ýerli feodallaryň-ýer eýeleriniň eline geçýär. Halk köpçüliginiň daşary ýurt zulumyna garşy azatlyk ugrunda gaýduwsyz göreşleriniň netijesinde ýerli nebereleriň başda durmagynda özbaşdak döwletiň döremegi üçin şertler döräpdir.

## Arap agalygynyň ýykylmagy

809-njy ýylda halyf Harun al-Raşid aradan çykýar. Onuň ogullary Amin bilen Mamunyň arasynda tagt ugrunda göreş başlanýar.

813-nji ýylda Mamun iri ýer eýeleri Tahyr ibn Huseýiniň we beýlekileriň kömegi bilen Bagdady eýeleýär we halyflyk tagtyna geçýär.

Tahyr ibn Huseýin Bagdatda ýokary wezipeleri eýelemek bilen Horasanyň we Mawerennahryň ähli ýerlerinde diýen ýaly öz adamlaryny goýýar. 821-nji ýylda ol Horasanyň emirligine bellenilýär. Emma ol tiz wagtda garaşylmadyk ýagdaýda aradan çykýar.

Mamun Horsanyň emirligine Tahyryň uly ogly Talhany, soňra bolsa onuň kiçisi Abulabbas Abdyllany belläpdir. Tahyrylar neberesi 821-nji ýyldan 873-nji ýyllar aralygynda Horasanda agalyk etmek bilen Mawerennahry hem öz tabynlygynda saklapdyr. IX asyryň ortalarynda başlanan gozgalaňlar Tahyrylar döwletini gowşadypdyr.

873-nji ýylda Ýakup ibn Leýsiň gozgalaňy Tahyrylar nebeleriniň Mawerennahr ýerlerindäki agalygynyň ýykylmagyna we onuň ýerine Saffarylar (misçiler) nesliniň hökümdarlygynyň gelmegine getiripdir. Saffarylaryň hökümdarlygy Samanylar döwletiniň golastyna geçýär.

IX asyryň ahyrynda merkezi Buhara şäheri bolan Samanylar döwleti Özbegistanyň köp ýerlerini özüne birikdiripdir.

Tahyrylaryň ýykylmagy bilen Buhara şäheriniň dolandyryjy topary şäheri Samanylaryň öz golastyna almaklaryny haýyş edip ýüz tutupdyrlar. 874-nji ýylda Samany hökümdary Nasr öz inisi Ysmaýyly Buhara hökümdar edip iberýär. 823-nji ýylda Ysmaýyl agasy Nasr ölenden soňra tutuş Mawerennahry öz tabynlygyna geçirýär.

Ysmaýyl halk gozgalaňlaryny rehimsizlik bilen basyp ýatyrypdyr we olardan öç alypdyr. Samanylar döwründe Mawerennahr ýerleri ykdysady taýdan ýokary göterilipdir. Oba hojalygy, şäherler, söwda, senetçilik we beýlekiler ösüpdir. Samanylar döwleti X asyryň ortalarynda özüniň ösüşini iň ýokary dereesine ýetip, ol özüne Mawerennahry, Horasany, Demirgazyk-Gündogar Eýrany birleşdiripdir.

999-njy ýylda Buharany türkmenleriň Garahanly döwletiniň basyp almagy bilen Samanylar dinastiýasy, özüniň ýaşaýşyny togtadýar. Merkezi Aziýada Samanylar döwletiniň ýerinde Garahanly döwleti peýda bolýar. Garahanly döwletini türkmenleriň garlyk, ýagma, çigil taýpa birleşmesi döredipdir. Bu birleşmä üç oguz diýip at beripdirler. Olar X asyrda yslamy kabul edýärler. Olaryň Mawerennahra arlaşmagy Samanylar döwletiniň ýykylmagyna getiripdir.

XII asyryň ikinji ýarymyndan başlap, garahanlylar bilen seljuklaryň arasynda özara çaknyşyklar başlanýar. Ýurduň içinde-de özara dawalaryň başlanmagy merkezi häkimýeti

gowşadypdyr. Netijede, Garahanlylar döwleti özbaşdaklygyny ýitiripdir.

IX asyryň ikinji ýarymynda syýasy meýdanda Gaznaly döwleti peýda bolýar. Ol güýçli döwlet bolmak bilen 999-njy ýylda Samanylar döwletini agdarýar. Gaznalylar Garahanly döwletine-de güýçli zarba urýar.

Gaznaly hökümdary soltan Mahmyt Gaznaly 1017-nji ýylda Horezmi zorluk bilen özüne tabyn edýär. 1040-njy ýylda Daňdanakan diýen ýerde seljuklar soltan Mesut Gaznalynyň goşunyny uly ýeňlişlere sezewar edýär. Bu söweşden soň, Gaznaly döwletiniň bir bölegi, şol sanda Mawerennahr hem seljuklaryň eline geçýär.

Gündogar Seljuk soltanlygyna Soltan Sanjaryň hökümdarlyk (1118-1157) edýän döwründe Mawerennahra garahytaýlylar çozuş edip başlapdyrlar. Soltan Sanjaryň goşuny 1141-nji ýylda Samarkandyň golaýynda Katawan diýen ýerde garahytaýlylar bilen çaknyşýar we güýçli ýeňlişe sezewar bolýar. Garahytaýlylar şonuň yzy bilen Buharany hem eýeläpdirler.

1157-njiylda soltan Sanjar aradan çykandan soň Gündogarda we Günbatarda birnäçe ownuk eýeçiliklre bölünýär.

## Özbegistanyň ýerlerine mongollaryň ýörişi

Bu syýasy ýagdaýdan Könürgenç hökümdary Atsyz hanyň nesilleri peýdalanypdyrlar we soltan Sanjar ölenden soň özbaşdaklygyny gazanypdyrlar. Atsyz hanyň agtygy Tekeş (1172-1200) Syrderýanyň aşak akymyndan Yraga çenli aralygy Köneürgenç döwletiniň düzümine girizipdir.

Çingiz hanyň Köneürgenç döwleti bilen gatnaşyklary baryp 1215-nji ýylda başlanypdyr. 1218-nji ýylda iki döwletiň arasynda gapma-garşylyklar döräp başlapdyr. Bu gapma-

garşylyklaryň döremegine bolsa, Otrar şäherinde mongol kerweniniň talanmagy we mongol ilçileriniň öldürilmegi sebäp bolupdyr.

Mongollar Otrar şäherini alty aý gabawdan soň, 1219-njy ýylda basyp alýarlar. Çingiz hanyň goşuny 1120-njy ýylyň gyşynda Buhara şäherini gabaýar. Şähere hiç kim kömege gelmändir. Galyberse-de, dindarlar hem dönüklik edipdirler. Bu bolsa, şäheri goraýjylaryň boýun egmegine getiripdir. Mongol goşunlary şol ýylyň özünde Samarkanda ýakynlaşypdyrlar.

Çingiz han Samarkandy gabap, ony goraýjylaryň boýun egmegini talap edipdir. Şäheri 60 müň esger gorapdyr. Şäheri gahrymanlarça goramakda halk meýletinçileriniň hyzmaty örän uly bolupdyr. Emma şäher ilatynyň gurply gatlagy ruhanylar öz janlaryny we emläklerini halas etmek maksady bilen halk meýletinçilerini goldamandyrlar. Mongollar meýletinçileri gabapdyrlar we olaryň onlarça müňüsini gyrypdyrlar. Ýerli han-begler, ruhanylar  şäheri duşmana bermek barada mongollar bilen gepleşikleri geçiripdirler we ýygy-ýygydan mongollaryň tarapyna geçipdirler. Mongollar Samarkandy ýumrupdyrlar we talapdyrlar. Gana gark edilen Mawerennahr gysga wagtyň içinde mongollaryň eline geçipdir.Ondan soňra Çingiz hanyň goşuny Hojent şäherini gabap özüne boýun egdirýär.

## Mahmyt Tarabynyň gozgalaňy

Ýerli halk daşary ýurt basybalyjylarynyň, şeýle hem ýerli feodallaryň eden-etdiliklerine çydap bilmän olaryň garşysyna yzygiderli azat-edijilik hereketleri alyp barypdyrlar. 1238-nji ýylda Buharada we onuň eteklerinde asly Tarab obasyndan bolan Mahmydyň ýolbaşçylygynda gozgalaň tutaşýar. Mahmyt Taraby öz töweregine zähmetdeş halky ýygnap, mongol otrýadyny ýeňmegi başarypdyr.

Bu üstinlikden ruhlanan Buharanyň şäher ilaty ýaraga ýapyşypdyrlar we Mahmyt Tarabynyň adyndan welaýatyň ähli

ýerlerine adamlary iberip daşarky duşmana garşy göreşe çagyrypdyrlar. Tarabynyň ýolbaşçylygyndaky gozgalaňçylar otrýady ýüzleriniň ugruna mongol goraglaryny ýeňip geçip Buhara giripdirler.

Taraby öz tarapdarlary bilen 1206-njy ýylyň gozgalaňyna ýolbaşçylyk eden Sanjaryň ornaşan köşgünde ornaşypdyr. Taraby şeýle etmek bilen Sanjaryň başlan işini dowam etdirýändigini aýan edipdir. Ol köşge sadralary (mongollary goraýan ruhanylar, feodallar we belli adamlar) çagyryp we özüniň resmi taýdan hökümdarlygyny ykrar etmäge mejbur edipdir. Bu döwürde Buharanyň ruhanylarynyň arasynda mongollara garşy durýan güýçli oppozisiýa hem bolupdyr. Bu oppozisiýa halkyň içinde abraýy bolan dindar Şamsutdin Mahbubi ýolbaşçylyk edipdir.

Ol Tarabyny goldap, halky ýaraga ýapyşmaga çagyrypdyr. Mahmyt Taraby Buharada öz häkimýetini kanunlaşdyryp mongollary goldaýan ruhanylaryň we feodal arestokratlaryň garşysyna tutha-tutlugy geçiripdir. Juweýniniň aýtmagyna görä, “ol gurply adamlaryň uly bölegini kemsidipdir we abraýdan gaçyrypdyr, käbirlerini öldüripdir, beýleki bölegi bolsa gaçypdyr. Ýönekeý halka we öýsüz-öwzarsyzlara bolsa, ol tersine, gowy garapdyr”

Derbi-dagyn edilen mongollar Kermin şäherine gaçyp, ol ýerde güýç toplap Mawerennahryň namestnigi Mahmyt Ýalawaja (mongollar tarapyndan Horezmiň namestnigi edilip bellenen dikme) garaşypdyrlar. Gozgalaňçylaryň hataryna täze-täze otrýadlar goşulypdyrlar. Bu bolsa Mahmyt Tarabynyň mongollary yzarlamagyna mümkinçilik döredipdir.

Kerminiň eteginde mongollaryň berk ýaraglanan goşuny bilen Mahmyt Tarabynyň ýolbaşçylyk edýän ýönekeý ýaraglanan tarapdarlary we halk meýletinçileriniň arasynda söweş bolup geçýär. Söweşiň gidişinde 10 müňden gowrak

mongol öldürilipdir. Ýöne, söweşde gozgalaňçylaryň ýolbaşçylary Mahmyt Taraby we Şamsutdin Mahbuby hem wepat bolupdyrlar.

Gozgalaňçylar olaryň ýerine doganlar Mahmyt Muhammedi we Alyny saýlapdyrlar. Emma täze saýlanan ýolbaşçylaryň harby tejribesi we ýeterlik abraýy bolmandyr. Munuň şeýledigi mongollar bilen ikinji çaknyşykda belli bolýar. Bu çaknyşykda gozgalaňçylar ýeňilýär we 20 müňe golaý adamlaryny ýitirýärler.

Halk meýletinçileriniň ýeňilmeginiň sebäbi, mongollara Hojentden köp mukdarda söweş taýýarlyklary bolan otrýadlaryň gelmegi bolupdyr. Gozgalaňçylar bolsa, erbet ýaraglanandygy we söweşjeň ýolbaşçylaryny ýitirendikleri sebäpli ýeňilmäge mejbur bolupdyrlar. Mongollar Buharany täzeden basyp alypdyrlar we ol ýerde ýene-de öz düzgünlerini dikeldipdirler.

Gozgalaňdan gorkan mongollar we ýerli feodallar salgyt meselesinde käbir eglişiklre giden hem bolsalar, halk köpçüliginiň agyr durmuşyny özgertmekde üýtgeşikleri etmändirler.

## Serbedarlar hereketi

Mongol basybalyjylarynyň we olaryň tarapynda durýan iri feodallaryň garşysyna halk köpçüligi ýygy-ýygydan çykyş edip durupdyrlar. XIV asyryň birinji ýarymynda mongollaryň garşysyna has giň gerime eýe bolan hereket serbedarlar hereketi bolupdyr. Bu hereket ilki bilen Horasanda döräpdir.

Serbedarlar-dardan asylan adamlar diýmek bolup, olar özlerine şeýle at beripdirler. Olar “eger-de ýeňiş gazansak, halky mongollaryň we olaryň çinownikleriniň zulumyndan boşadarys, eger-de ýeňilsek dar agajyna gitmäge taýýar, çünki, mundan beýläk-de zorluga çydamak bolmaz” diýipdirler. Serbedarlar mongollary we olaryň ýaranlary bolan ýerli

feodallary agdarmagy, soňra bolsa giň zähmetkeş halkyň, daýhanlaryň, hünärmentleriň, ownuk söwdagärleriň, intelligensiýanyň wekilleriniň we hat-da, orta daýhanlaryň bähbitlerine laýyk gelýän öz düzgünini girizmegi maksat edinipdirler. Şoňa görä-de sarbadarlary şol toparyň wekilleri has giňden goldapdyrlar.

Bu hereket sebäpli mongollaryň ar almagyndan gorkan ruhanylar we feodallar serbedarlaryň ýolbaşçylaryndan bu göreşden ýüz öwürmeklerini talap edipdirler. Emma serbedarlar olaryň teklibinden doly ýüz öwüripdirler. Olaryň azat edijilikli göreşiniň gidişine Horasanda merkezi Sebzewar şäheri bolan özbaşdak döwletini hem döredýärler. Bu döwlet 1337-nji ýyldan 1381-nji ýyllar aralygynda ýaşapdyr.

1365-nji ýylda serbedarlar hereketi Mawerennahrda peýda bolýar. XIV asyryň ortalarynda mongol basybalyjylarynyň we ýerli feodallaryň eden-etdilikleri sebäpli Samarkant, Buhara we beýleki şäherler özleriniň güýçli durgunlylygy başdan geçirýärler. Mawerennahryň ýagdaýy ýylsaýyn agyrlaşýardy.

Güýçli hökümdaryň ýokdugy sebäpli, ýurt doly feodal dagynyklyk ýagdaýyna gelip ýetdi. Her mongol hanynyň tutuş Mawerennahyry basyp almaga çalyşmagy ýurtda ýagdaýyň çylşyrymlaşamyna getiripdir. Olaryň biri Çagataý ulusyň hany Togluk-Temir 1360-njy ýylda öz goşuny bilen Mawerennahra giripdir we hiç hili garşylyk görmezden Kaşgaderýa çenli baryp ýetipdir. Emma bäş ýyl geçenden soň, Mawerennahryň emirleri Togluk-Temiriň ogly Ylýas hoja boýun egmegi bes edipdir. 1365-nji ýylyp başlarynda Ylýas hoja uly bolmadyk goşuny bilen Mawerennahra ugraýar.

Şol wagtlar Mawerennahrda döwlet başynda iki sany abraýly emirler- Temir we Hüseýin durupdyr. 1365-nji ýylyň ýazynda olaryň goşuny Ylýas hojanyň goşuny bilen çaknyşýar,

emma ýeňilýärler. Emirleriň ikisi hem dargan goşunynyň galyndysy bilen Amyderýadan geçip günorta tarap gaçýarlar.

Ylýas hojanyň goşunynyň öňünde Samarkanda tarap ýol açylýar. Şäheriň ilaty mongollardan goranmaga taýýarlyk görüp başlapdyr. Samarkandy goramaklyga şäheriň iň sowatly adamlarynyň biri Mawlonazade Muhammet Samarkandy ýolbaşçylyk edipdir. Onuň ýanynda Samarkantly serbedarlar Abubekir Kuluý, Hurdek-i-Buhary we beýlekiler hem bolupdyr.

Ylýas hojanyň goşuny Samarkandy uzak wagtlap netijesiz gabapdyr. Şäheri goraýjylar mongollaryň atly goşununyň üstüne çar tarapdan hüjüm edipdirler. Ylýas hoja ilkibaşda Samarkandyň eteklerini, soňra bolsa Mawerennahry taşlap gitmäge mejbur bolupdyr.

Serbedarlar şäheri edara etmek bilen käbir demokratik çäreleri hem durmuşa geçirmäge girişipdirler. Olar şäher obşinasynyň ýolbaşçylygyna halkyň içinden çykan ýönekeý adamlary çekipdirler.

Wagtyň geçmegi bilen serbedarlar hereketi iri feodallaryň we ruhanylaryň tagallalary bilen rehimsizlik basylyp ýatyrylypdyr.

## Merkezleşen döwletiň döremegi

XIV asyryň 50-60 njy ýyllarynda Mawerennahrdaky özara uruşlar we feodal dagynyklyk öň hem agyr durmuşda ýaşap ýören halk köpçüliginiň ýagdaýynyň has hem pese gaçmagyna getirýär. Zähmetkeş halkyň mongollaryň we ýerli feodallaryň ezişlerine garşy berk göreşi ýygy-ýygydan halk gozgalaňlarynyň turmagyna getiripdir. Mongollaryň dolandyrmagyndan ýerli dolandyryjy ýokary ýokary gatlagyň belli bir toparynyň arasynda hem nägilelik döräpdir.

Mongollaryň agalyk etmegi ýerli feodallaryň bähbitlerine laýyk gelmändir. Olar ýurtda ähli häkimiýeti öz ellerinde jemläp, gol astyndaky zähmetkeş halky bolsa özleri ezmek isläpdirler. Garşy durýan gatlaklaryň arasynda özara uruşlardan we dagynyklardan esasy zyýan çekýän täjirler topary has hem gaýduwsuz hereket edipdir. Söwda-hünärment toparlary kerwen ýollarynyň merkezlerine eýe bolmak we daşarky hem-de içerki söwdanyň ösüşini üpjün edip biljek merkezleşen döwletiň tarapdary bolup çykyş edipdir. Olar mongollara garşy durýan ýerli feodallaryň wekilleri, emirleri we ruhanylary öz taraplaryna çekipdirler.

Serbedarlaryň gozgalaňlarynyň netijesinde Mawerennahrda mongol agalygynyň ýykylmagyndan peýdalanyp, mongollara garşy durýan topar Emir Temiriň ýolbaşçylygynda häkimiýeti öz ellerine alýarlar.

Temiriň harby we guramaçylyk ukyby agalyk ediji ýokary gatlagyň arasynda uly abraýa eýe bolmagyna getiripdir. XIV asyryň başlarynda Temmir Keş welaýatynyň hökümdary bolýar. 1361-nji ýylda ol Samarkandyň emiri Hüseýin bilen bileleşige girýär. Bularyň bileleşigi Mawerennahrdaky uly güýje öwrülýär.

Bu bileleşik baglaşylandan soň, Temir öz garşydaşy Togluk-Temire we onuň ogly Ylýas hoja garşy uzak wagtlyk göreşe başlaýar. 1366-njy ýylda Temir bilen Hüseýin serbedarlaryň Samarkantda bolup geçen gozgalaňyny basyp ýatyrýarlar. Emma olaryň bileleşigi uzak dowam etmändir. Çünki, olaryň ikisi hem öz häkimiýetiniň güýçlenmegi ugrunda çalşypdyrlar. 1370-nji ýylda Hüseýin öldürilýär we onuň goşuny derbi-dagyn edilip, Temir Mawerennahryň ýeke-täk hökümdary bolýar.

Temiriň döwletiniň paýtagty Samarkant şärheri bolupdyr. 1373-1374-nji ýyllarda Temir Günorta Horezmi boýun egdirýär. 1388-nji ýylda ol tutuş Horezmi gutarnykly basyp alýar. Temir

XIV asyryň 80-90-njy ýyllarynda Merkezi Aziýany birleşdirmekligi, Eýrana, Zakawkaziýa we beýleki territoriýalara rehimsiz ýörüşleri geçirmek bilen utgaşdyryp alyp barýar. Temir Altyn Orda hany Togtamyşyň garşysyna 1389-1391-nji we 1394-1395-nji ýyllarda ýörüş geçirip, ony hem derbi-dagyn edýär. 1398-nji ýylda ol Hindistana ýörüş edýär we Deli şäherini basyp alýar. Hindistandan gaýdyp gelenden soň, ol osmanly soltany Baýazit I garşy 1402-nji ýylda urşa başlaýar. Çaknyşykda osmanly goşuny ýeňilýär we Baýazit I ýesir alynýar.

Temir 1405-nji ýylda Hytaýa garşy urşa taýýarlyk görüp ýörkä aradan çykýar. Temiriň döwleti onuň ömrüniň ahyryna çenli özüne Mawerennahry, Horezmi, Horasany, Zakawkaziýäni, Eýrany we Penjaby birleşdirýär. Şeýlelik bilen Temir öz öňde goýan syýastynda merkezleşen döwlet döretmegi maksat edinipdir. Ol esasy garşydaşlary bolan Altyn Ordany, Eýrany we beýleki ýurtlary özüne tabyn edipdir. Ownuk feodal eýeçilikleriniň soňuna çykypdyr. Bu bolsa öz gezeginde Mawerennahryň ykdysady we syýasy kuwwatyny artdyrypdyr.

Merkezleşen döwletiň döremegi, feodal dagynyklygyň soňuna çykylmagy mongol agalygy döwründe ýurduň ýumrulan öndüriji güýçleriniň we ykdysadyýetiniň ýokary göterilmegine amatly täsirini ýetiripdir. Bu döwürde zähmetkeş köpçiliginiň ägirt uly tagallalarynyň netijesinde ekerançylykda, hünärmentçilikde, içerki we daşarky söwdada belli bir derejede öňe gidişlikler bolupdyr. Ylmyň, medeniýetiň ösmegine şertler döräpdir. Mawerennahryň şäherleriniň içinde Samarkant şäheri aýratyn tapawutlanyp başlapdyr. Şäheriň köp sanly ilaty bolup, olaryň esasy bölegi hünärmetçiligiň dürli görnüşleri we söwda bilen meşgullanypdyrlar.

## Özbegistan temirleriň döwründe

Temir aradan çykandan soňra onuň imperiýasy ýykylyp, onuň ýerinde iki sany döwlet emele gelýär. Olaryň biri merkezi şäheri Hyrat bolan Horasan, beýlekisi  merkezi Samarkant şäheri bolan Mewerannahr döwletleri bolupdyr. Horasany Temiriň ogly Şahruh, Mewerannahry bolsa, Şahruhyň ogly Ulugbeg dolandyrypdyr. Ulugbegiň döwletiniň serhedi häzirki Özgebistan döwletiniň serhedi bilen deň gelipdir diýen ýalydyr. Mundan başga-da, onuň düzümine Syrderýanyň basseýniiniň bir bölegi, ýagny Otrardan Sygnaga çenli öz içine alypdyr. 1411-nji ýyldan başlap, Ulugbeg özbaşdak hökümdar hökmünde çykyş edip başlaýar.Ulugbeg öz döwrüniň beýik alymy, guramaçysy we ylmyň, sungatyň howandary hökmünde taryha girendir. XV asyryň başlaryndan başlap, dünýä söwda ýoly Termez sähralyklarynyň üstünden geçip, ol ondan aňrylygyna bolsa Hindi ummanyna çenli aralykda has işeňňirleşip başlapdyr.

Temirler döwletleriniň içinde alnyp barylýan salgyt syýasaty zähmetkeş halk köpçüliginiň arasynda nägilelikleriň artmagyna getiripdir. Şol bir wagtyň özünde Ulugbegiň döwlet dolandyrşyndan ýurduň aristokratlarynyň (agalyk edýän synpyň aýratyn hukukly gatlagy) we  reaksion pikirli ruhanylarynyň arasynda  nägilelik döräp başlapdyr. Olar jemgyýetiň medeni ösüşine, dünýä ylmy taýdan akyl ýetirişlerine we erkin pikirlenmelere garşy durupdyrlar. Ulugbege garşy durýan şeýle pikirli topara onuň ogly Abdulatyf ýolbaşçylyk edipdir.

1449-njy ýylda Samarkandyň eteginde Dimişk diýen obanyň golaýynda Ulugbeg bilen Abdulatyfyň arasynda söweş bolýar. Bu söweşde Ulugbeg ýeňilipdir. Söweşde Ulugbegiň harby serkerdeleri oňa dönüklik edipdirler. Samarkandyň emiri bolsa, şäheriň derwezesini berk ýapypdyr. Ulugbeg öz ogluna boýun egmeli bolupdyr. Netijede, Abdulatyf kakasyna gizlin

sud etdirýär we 1449-njy ýylyň 29-njy oktýabrynda ony öldürmegi guraýar.

Häkimet Abdulatyfyň eline geçen hem bolsa, Samarkantda we onuň töwereklerinde Abdulatyfy we onuň tarapdarlaryny tagtdan agdarmak üdin oňa garşy durýan toparlar hereket edip başlapdyr. 6 aý hem geçmänkä Abdulatyf gabawa alnypdyr we kakasyny öldüren ogul hökmünde halk tarapyndan näletlenilip öldürilipdir. Ondan soňra, temirler Abuseýit, Abdylla Muhammet we Juçynyň arasynda tagt üstünde göreş başlanypdyr. Olaryň üçüsi hem özbek hany Abdylhaýrdan kömek sorap ýüz tutupdyrlar. 1451-nji ýylda Abdylhaýr Samarkanda gelýär we Abuseýidiň tagty eýelemegine kömek edýär. Tiz wagtda Abuseýit Şahruhyň Geratdaky tagtyny hem eýeleýär.

Şeýlelik bilen, ol temirler döwletini birleşdirýär. Onuň ogullary Soltan Ahmet, Soltan Muhammet, Omar Şeýh we beýlekiler özbaşdaklykda Samarkandy, Ferganany ve Buharany dolandyrypdyrlar. 1468-nji ýylda Abuseýit Azerbeýjandaky söweşleriň birinde wepat bolýar. Onuň tagtyny bolsa, soltan Hüseýin Baýkara basyp alýar. Şeýlelik bilen, Horasan we Merkezi Aziýa özbaşdak eýeliklere bölünýär.Ol eýelikleriň hökümdarlary biri-birleri bilen garyndaş bolupdyrlar.

## Medeniýet we ylym

IX-X asyrlarda Merkezi Aziýada ekerançylyk mundan beýläk hem ösüp başlaýar, şäherlerde bolsa hünärmentçilik giň gerime eýe bolýar. Şäherlerde durmuşyň kadaly ýola goýulmagy ylmyň, filosofiki pikirleriň, edebiýatyň we sungatyň ösmegine, şeýle hem Ýakyn Gündogar, Gündogar Ýewropa,Hytaý bilen ykdysady gatnaşyklar berkleşipdir. Samanylar eýýamynda Mawerannahrda arap dili bilen birlikde pars dili hem döwlet dili hökmünde alnyp barlypdyr.

Şol döwrüň taryhy mümkinçilikleri belli taryhçylaryň, şahyrlaryň, ýazyjylaryň, filosoflaryň, hatdatlaryň we beýlekileriň peýda bolmagyna amatly şertleri döredipdir. IX-X asyrlarda Merkezi Aziýada belli bolan buharaly taryhçy Narşahyny, alym ensiklopediýaçy Horezmini, belli filosoflar Farabyny, Birunyny, Ibn Sinany, dilçi alymlar we akyldarlar Mahmyt Kaşgarlyny, Ýusup Hos Hajybyny, beýik şahyrlar Rudakyny, Ferdöwsini we beýlekileri bellemek bolar.

Orta asyr Gündogarynyň iň bir uly alymlarynyň biri Muhammet Ibn Musa al-Horezmi (790-847) bolupdyr. Asly hyorezmli Muhammet IX asyrda Bagdatda halyf Mamunyň köşgünde eýýäm kämil alym hökmünde işläpdir. Ol matematika, astronomiýa, taryh we geografiýa ylymlary barada köp işleri bitiripdir. Matematika ugrunda bolsa, ol algebra boýunça ajaýyp ylmy işleri ýazypdyr. Algebra diýen adalganyň özi-de onuň ylmy işleriniň biriniň mowzugynyň ilkinji sözünden, ýagny "Al-jabr" diýen sözden emele gelipdir.Onuň adaty latyn ýazwynda algaritmi diýlip ýoýlan görnüşinde häzire çenli "lagorifm" adalgasynda saklanylypdyr.

Alymyň ylmy işleri baryp orta asyrlarda latyn diline geçirilip, Gündogarda we Günbatarda ylmyň ösmegine öz täsirini ýetiripdir.

Abu Nasr Faraby (872-950) Gündogaryň orta asyr meşhur alymlarynyň biridir. Ol Syrderýanyň kenarynda ýerleşýän Daşkent şäheriniň golaýyndaky Farap obasynda eneden dogulýar. Ol Buharada okaýar, soňra bolsa, okuwyny Bagdatda dowam etdirýär. Farabynyň döreden eserleri onuň öz döwründe dünýä medeniýetiniň ýeten derejesinden habarlydygyna şaýatlyk edýär.Ol jemgyýetiň kanunalaýyklyklary, ykdysadyýet, matematika ylmyna öz goşandyny goşupdyr.

Ol öz bilimini Merwde, Buharada, Samarkantda artdyrypdyr. Oňa "Gündogaryň Aristoteli" hem diýipdirler.

Sebäbi ol Aristoteliň ýazan işleriniň hemmesine diýen ýaly düşündiriş beripdir, ony çuňlaşdyrypdyr, ösdüripdir. Faraby arap, grek, latyn ýaly dilleri suwara bilipdir.

Farabynyň progressiw garaýyşlary beýik orta asyr ensiklopediýaçy alym Abu Aly Ibn Sinanyň dünýägaraýşynyň çeşmeleriniň biri bolupdyr. Ibn Sina (980-1037) başlangyç bilimi öz dogduk şäheri Buharada alypdyr. Ol dürli ylymlar bilen gyzyklanypdyr. Ibn Sina eýýäm on ýedi ýaşynda belli lukman we alym hökmünde tanalyp başlapdyr. Onuň eserlerinde zähmetkeş halkyň bähbidi beýan edilipdir.

1000-nji ýylda mejbury ýagdaýda Buharany taşlap Horezmiň merkezi şäheri Ürgenje barypdyr. Ol Horezmde on iki ýyl ýaşapdyr. Bu ýerde Abu Reýhan Birunya ýaly alymlar bilen tanşyp, ýakyndan gatnaşyk saklapdyr. Ol bu ýerde özüniň belli kitaby bolan "Lukmançylyk ylmynyň kanunlary" atly işini ýazypdyr. Ibn Sinanyň "Lukmançylyk ylmynyň kanunlary" atly işi ylmyň iň gymmat hazynalarynyň biri bolmak bilen, tebigatda bolup geçýän hadysalara dogry düşünmäge kömek berýär. Onuň bu işiniň bäş jildinde hem gadymy lukmançylygyň mähnetleri Gippokrat we Galen ýaly keselleri bejermekde gymmatly maslahatlar berilýär. Bu eser şu günki gün hem öz ähmiýetini ýitiren däldir.

Orta asyrlaryň ýene-de bir beýik alym-ensiklopediýaçysy Abu Reýhan Birunydyr (973-1048). Ol taryh, filosofiýa, astronomiýa, mineralogiýa ýaly ylymlara degişli bolan eserleriň 150-den gowragynyň awtorydyr.

Biruny özüniň “Hindistan” atly işinde: “Alymyň hakyky sypatlarynyň beýikligi hakyky alymlykdan, sadalykdan hem-de öz okap öwrenen zatlaryňy alymlara öwretmekden ybaratdyr”-diýip ýazýar.

Biruny 995-nji ýylda, ýagny 22 ýaşynyň içinde Ýeriň globusyny (şekilini) çyzypdyr. 1003-nji ýylda Biruny özüniň

“Geçen nesillerden galan ýadygärlikler” atly meşhur işini tamamlapdyr.Ylmy edebiýatda bu işiň ady “Hronologiýa” diýilip tutulýar. Bu işde Eýranda ýaşan halkyýetleriň taryhy, dini, däp-dessurlary, yrym-ýorumlary, gylyk-häsiýetleri hakda gyzykly maglumatlar berilýär. Biruny Gürgende bolan alty ýylynyň içinde ylmy işleriň 15-ni ýazypdyr.

Biruny 1019-njy ýylda ýazyp başlan “Geodeziýa” kitabyny 1025-nji ýylda tamamlapdyr. Ol soltan Mahmydyň köşgünde bolan döwürleri (1025-1030-njy ýyllar) aýratyn öndümli işläpdir we ululy-kiçili işleriň ýedisini ýazypdyr. Beýhaky akyldar Biruna ýokary baha berip, geometriýa we pelsepe babatynda, “..şol döwürde onuň bilen deňeşdirer ýaly başga bir adam hem ýokdy” diýip ýazypdyr. Akyldar “Hordalar” atly kitabyny 20 aýda ýazypdyr. Ol uly bir traktatdyr. “Fergananyň elementlerine düzedişler”, “Jaýlaryň merkezini kesgitlemekde azimutlaryň tegeleklerini peýdalanmak hakda”, “Gnomonika”, “Aý duralgalaryny anyklamak hakda” we “Astronomiýanyň açary” atly işleri onuň meşhur işleridir.

Biruny 1030-njy ýylda “Ýyldyzlar hakynda ylym” diýen meşhur kitabyny hem ýazypdyr. Ol öz eserlerini özüniň perzendi hasap edipdir. Bu babatda onuň galamyndan çykan setirlerine ýüzleneliň: “Meniň ähli kitabym-meniň perzentlerimdir, adamlaryň köpüsi bolsa öz perzentlerini we şygyrlaryny ölemen söýýändir”. Alym Biruny dünýä ertekilerinde wasp edilýän, Gündogaryň baý mirasyny özünde jemleýän Hindistan ýurduna bagyşlap ýazan eseri bolan “Hindistany” miladynyň 1030-njy ýylynda ýazypdyr. Akyldar alym miladynyň 1048-nji ýylynyň Dekabr aýynyň 11-ne 75 ýaşynyň içinde aradan çykypdyr.

Samanylar döwründe Mawerannahrda taryhy ýazmak boýunça aýratyn gyzyklanma döräpdir. Şol döwrüň belli taryhçylarynyň içinde Madainini, Belazuryny, Tabaryny,

Muhammet Narşahyny we beýleki taryhçylary bellemek bolar. Muhammet Narşahynyň Buharanyň taryhy barada ýazan gymmatly işi häzirki döwürde hem ähmiýetini ýitiren däldir.

IX-X asyrlarda Mawerannahrda binagärlik sungaty uly ösüşlere eýe bolupdyr. Gurluşykda ýokary hilli bişen kerpiçler we alebastr ulanylypdyr. X asyryň gurluşyklarynda agaçlardan hem peýdalanypdyrlar. Agaçlary köplenç sütün ornunda ulanypdyrlar.

Araplaryň Merkezi Aziýa aralaşmagy netijesinde,ýerli arhitektura sungatyna hem öz täsirini ýetiripdir. Ýerlerde metjitler, medreseler gurlupdyr. Gümmezli jaýlaryň gurluşygy giňden ýaýbaňlanypdyr. Şol döwrüň binagärçilik sungatynyň belli ýadygärlikleriniň içinde Buharada gurlan Samanylaryň aramgähi häzirki döwre çenli gelip yetipdir. Ol IX-X asyrlaryň sepgidinde Ysmaýyl Samanynyň buýrugy boýunça gurlupdyr.

Bu kümmet Ysmaýylyň kakasy Ahmet ibn Asad üçin gurlandyr.Soňra bu aramgähde 907-nji ýylda aradan çykan Ysmaýylyň özi we onuň agtygy Nasr ibn Ahmet hem jaýlanypdyr. Bu bina häzirki wagtda hem oňat durkunda saklanyp, syýahata, zyýarata gelenleri haýrana galdyrýar. Mawerannahrda IX-X asyrlarda gurlan ýene-de bir binagärlik sungatyna degişli bolan aramgähleriň biri Tim obasyndaky Arapata mazarydyr.

Mawerannahrda orta asyrlarda çig kerpiçden hem-de palçykdan gurlan jaýlar hem giňden ýaýrapdyr.

Şekillendiriş we bezeg sungatynda hem düýpli özgerişler bolupdyr. Bu döwürde yslam dininiň ýaýramaklygy bilen adamlaryň we haýwanlaryň şekilleriniň ýerine ýazgylar we ösümlikleriň şekilleri ýaýrapdyr. Yslam dininiň kadasy boýunça adamlaryň şekilini çekmek gadagan edilipdir. Arhitektura gurluşygynda arap ýazuwynyň kufi görnüşindäki haty giňden peýdalanylypdyr.Netijede,yslam dininiň yayramagy bilen

heýkeltaraşlyk sungaty pese gaçypdyr. Şekillendiriş senetçiliginde esasan hem keramiki hünärmentçilik ösüpdir.

X asyrda keramiki gap-çanaklary taýýarlamakda ýaşyl, gyzyl, goňur, gara reňkler giňden peýdalanylypdyr. Gap-çanaklaryň ýüzlerine nakyllar, atalar sözi, alkyşlar arap diliniň kufi hatynda ýazlypdyr.

XIV-XV asyrlarda hem Merkezi Aziýada ykdysadyýet, ylym we medeniýet ösüpdir. Temiriň dolandyran döwründe Mawerannahra diňe bir maddy gymmatlyklar getirilmän, eýsem, ökde hünärmenler, gurluşykçylar, alymlar, suratkeşler ýesir edilip getirilipdir. Şol döwürde Samarkantda Horezmden, Yspyhandan, Şirazdan, Halapdan we Gündogaryň beýleki şäherlerinden getirilen hünärmenleri görmek bolupdyr.

Ulugbegiň dolandyran döwründe Mawerannahrda ylym we sungat ösüpdir. Samarkant şäherinde alymlaryň, suratkeşleriň, gurluşykçylaryň, senetçileriň giden topary şäherdäki gurluşyk we medeni işlerini alyp barypdyrlar. Ulugbegiň Samarkantda gurduran obserwatoriýasy ylmyň merkezine öwrülmek bilen ýurduň medeni durmuşynda esasy waka bolupdyr.

Şol döwürde Samarkantda Kazy-Zade Rumy, Horezmi, Jamid bin Masudy, Muýiddin we onuň ogly Mansur Kaşi, Aly ibn Muhammet Birjondi ýaly belli alymlar ýaşapdyrlar we döredipdirler. Ulugbegiň astronomiýa tablisasy bütin dünýä meşhur bolup, ol häzirki wagtda hem öz ähmiýetini ýitiren däldir. Özbegistanyň medeniýetiniň we ylmynyň taryhynda Ulugbegiň şägirdi Alauddin Aly ibn Muhammet Kuşçi Samarkandy (1403-1474) görnükli orny eýeläpdir. XV asyrda ýaşap geçen özbek halkynyň beýik şahyry, alymy, akyldary we döwlet işgäri Alyşir Nowaýydyr (1441-1501).

Ol Hyratda temirler çinownigi Kyýasetdin Kiçginäniň maşgalasynda dogulýar. Onuň öýi sungat adamlarynyň, şahyrlarynyň ýygy-ýygydan üýşýän ýeri bolupdyr. Alyşir

Nowaýy on bäş ýaşlarynda iki dilde (türki we pars) ýazan şahyr hökmünde belli bolupdyr. Ol Hyratda, Maşatda we Samarkantda bilim alypdyr. Alyşir Nowaýy 1469-njy ýylda öz mekdep ýoldaşy patyşa Hüseýin Baýkaranyň möhürdary bolýar. Döwlet öňünde bitiren hyzmatlary üçin ol 1472-nji ýylda wezirlige bellenilýär we emir diýen derejä mynasyp bolýar (Mir ýa-da Emir Alyşir atlandyrlmagy-da şondandyr). Şonda ol alymlara, suratkeşlere, sazandalara, şahyrlara, hatdatlara kömek berip durupdyr. Ol öz serişdelerine köprüler, ýollar, kanallar, kerwensaraýlar, mekdepler, hatdatlar we suratkeşler üçin ussahanalar gurdurypdyr.

Alyşir Nowaýynyň edebi mirasy köp, hem her taraplydyr. Ol XV asyrda Merkezi Aziýanyň ruhy durmuşyny aýdyň görkezýän otuza golaý goşgular ýygyndysyny uly poemalar we gymmatly ylmy traktatlar döredipdir. Onuň eserlerinde kadysa, gazal, rubaýy ýaly dürli liriki žanrlara (görnüşlere) duşmak bolýar. Aýratynam gazal Alyşir Nowaýynyň köp döreden žanry bolupdyr. Ullakan bäş poemany öz içine alýan dünýä meşhur "Hamsa" Alyşir Nowaýynyň döredijilik ussatlygynyň iň ýokary derejesi hasaplanylýar.

Geçmişde onuň eserleri, aýratynam, "Hamsasy" mekdep-medreselerde sapak edilip geçilen bolsa, häzirki döwürde Alyşir Nowaýynyň edebi döredijiligi tutuşlygyna öwrenilýär. Alyşir Nowaýyny türkmen halky hem hut öz şahyry ýaly söýýär. Şahyryň türkmenleriň arasynda gadymdan bäri tanymaldygyna onuň obrazynyň biziň milli folklorymyza ornaşyp galanlygyda güwä geçýär.

Türkmen halkynyň Alyşir Nowaýyny hormatlaýandygynyň ýene bir şaýatnamasy hökmünde biziň milli sungatymyzda önjeýli orna eýe bolan "Nowaýy" perdäni-de ýatlamak bolar. Bularyň hemmesi Alyşir Nowaýynyň edebiýatyň, ylmyň we

sunagtyň köp taraplaryndan habarly bolandygyny, onuň egilmez zehininiň eýesidigini tassyklaýar.

XIV-XV asyrlarda Mawerannahrda sungat, binagärlik we gurluşyk tehnikasy uly ösüşe eýe bolupdyr. Bu döwürde Samarkantda täze-täze binalar, halk üçin amatlyklary bolan bazarlar gurlupdyr. Şol döwürde gurlan binalaryň bir bölegi biziň günlerimize hem gelip ýetipdir. Şolaryň içinde örän täsin gurlan Şahy-Zind kümmetler toplumyny, Bibi-hanym metjidini, Temiriň jaýlanan ýeri bolan Gur-Emir mazarlygyny görkezmek bolar.

XIV asyryň 70-nji ýyllarynda saz sungaty bilen birlikde halk teatr sungaty hem ösüpdir. Özbek halk sazlary her bir diňleýjä özüniň özboluşly täsirini ýetirmek bilen, adamlara ruhy lezzet beripdir.Özbek mukamlaryny ýerine ýetirjiler halk aýdym-sazlaryny ýerine ýetirenlerinde halk döredijiliginden we nusgawy şahyrlaryň eserlerinden giňden peýdalanypdyrlar. XIV-XV asyrlarda Merkezi Aziýada gurjak teatry, masgarabazlaryň oýunlary, togara oýunlary, akrobatiki we beýleki oýunlar giňden ýaýrapdyr.

# III BÖLÜM
# Özbegistan XVI-XIX asyryň ortalarynda

## Şeýbany hanyň Mawerannahry basyp almagy

XV asyryň ahyrlarynda Mawerannahrda taýpa serdarlarynyň özara uruşlary netijesinde Abulhaýryň döwleti çagşaýar. Döwletiň ýykylmagyna, şeýle hem ýurduň ykdysady dagynyklygy, feodal ýer eýeleri bilen daýhanlaryň synpy göreşleriniň ýitileşmegi hem öz täsirini ýetiripdir. Halk köpçüligi agyr salgytlara, feodallaryň yzygiderli özara uruşlaryna çydap bilmän ezijileriň garşysyna aç-açan çykyş edip başlapdyrlar.

Ýurtda syýasy bulam-bujarlyk we hojalyk weýrançylygynyň şertlerinde Mawerannahra Şeýbany hanyň (1451-1510) ýolbaşçylygynda göçme taýpalar çozuş edip başlapdyrlar. Merkezi Aziýa çozuş etmezden ozal, Şeýbany hanyň goşuny Horezmiň, Buharanyň, Daşkendiň, Samarkandyň üstüne çozuş edipdir. Emma, ol şol oazislerde saklanman ýene-de yzyna sähralyga gaýdyp gelipdir. Şeýbany han Şeýbanylar dinastiýasynyň düýbini tutujydyr we Çingiz hanyň nesillerindendir. Ol ýaşlygyndan başlap, göçme taýpalary birleşdirip öz atasy Abulhaýryň döwletini dikeltmek ugrunda çalşypdyr. Emma, bu başa barmandyr we şoňa görä-de temirleriň gowşan döwletlerini basyp alyp başlapdyr.

1500-nji ýylda ol Mawerannahry öz häkimetine tabyn edýär. XVI asyryň başlarynda Şeýbany han Merkezi Aziýa çozuş edip, Buharany hem-de Samarkandy basyp alýar. Babyr öz goşuny bilen Şeýbany hanyň ýörişiniň öňüni almaga synanyşypdyr. Emma ol ýeňlip Owganystana tarap çekilipdir. Şeýbany han Gissary, Ferganany, Daşkendi basyp alypdyr we Horasana çozuş edýär. 1507-nji ýylda Şeýbany han Hyrady eýleýär we ähli temirler agalygyny ýok edýär.Şeýbany han

Horasany basyp alandan soň, Syrderýadan Merkezi Owganystana çenli bolan agalygyň hökümdary bolýar. Ondan soňra, ol Sefewi Eýranyny basyp almaga çalyşýar.

Emma Sefewiler oňa berk gaýtawul berýärler.1510-njy ýylda Merwiň eteginde Şeýbany hanyň goşunyny Sefewi şasy Ysmaýyl I derbi-dagyn edýär. Söweşiň gidişinde Şeýbany hanyň özi hem wepat bolýar. Şeýbany ölenden soňra onuň döwleti eýesiz galýar. Sefewi şasy Ysmaýyl I Babyry Samarkantdaky öz tagtynda oturmaga çagyrypdyr. Emma Babyr ýerli halk tarapyndan goldaw tapmandyr. Şoňa görä-de, ol Samarkantda uzak saklanyp bilmändir.

Samarkandyň we Buharanyň şol wagtky dolandyryjy toparlary Türkistana soltan Ubaýdullanyň ýanyna öz adamlaryny iberip onuň Merkezi Aziýa gelmegini haýyş edipdirler. Soltan Ubaýdulla uly bolmadyk goşunyň başynda durup ýörişe başlaýar. Oňa Babyryň goşunyny dargatmak başardypdyr. Şondan soňra Babyr Mekezi Aziýany hemişelik taşlap gitmäge mejbur bolupdyr.

Şeýlelik bilen, Merkezi Aziýada temirler agalygy ýykylýar we onuň ýerine Şeýbanylar dinastiýasynyň ýolbaşçylygynda Altyn Ordanyň göçme özbek taýpalarynyň häkimeti gurlupdyr. Bu türki dilli göçme taýpalar Merkezi Aziýanyň ýerli türki ilaty bilen goşuluşyp ýaşap başlapdyrlar.

## Buhara hanlygy

Mawerannahry şeýbanylaryň basyp almagy bilen Buhara ykdysady we medeni merkez hökmünde ýuwaş-ýuwaşdan ýokary galyp başlapdyr. Abdylla hanyň (1557-1598) dolandyran döwründe Buhara şäheri Şeýbany döwletiniň paýtagty bolupdyr. Abdylla han ýurduň içindäki agzalalyklary ýok edip, öz häkimetini güýçlendirmek ugrunda çalşypdyr.

Ol birnäçe harby ýörişleri geçirip Samarkanty, Daşkendi, Ferganany, Saýrany, Garşyny, Merwi, Hisary, Deşti-Gypjagy we beýleki ýerleri basyp alýar. Abdylla han Sibir hanlyklaryna hem öz täsirini ýetirmek maksady bilen Kuçum hana öz harby kömegini beripdir. Emma bu oňa üstünlik getirmändir.

Buhara hanlygy Russiýa, Eýran, Hindistan, Hytaý bilen söwda we diplomatiki gatnaşyklary ýola goýupdyr. Şäherlerde hünärmentçilik, dokmaçylyk, söwda ösüpdir. Buharada we Samarkantda iri bazarlar emele gelip, olar her dürli ýüpek-şahy matalar, mis gaplar, kişmiş we şuňa meňzeşleri öndürmegiň, satmagyň merkezine öwrülipdir. Köp şäherlerde köşkleriň, medreseleriň, metjitleriň we mawzoleýleriň gurluşygy alnyp barlypdyr.

Abdylla han ölenden soňra Buhara hanlygynda şeýbanylaryň dinastiýasy synypdyr hem-de döwlete 150 ýylyň dowamynda aştarhamylaryň dinastiýasy (1599-1753) eýelik edipdir. Aştarhamylar özbekleriň etniki bir şahasy bolup, ol Astrahan hanlyklaryň nesilleridir. Şu döwürde hanlyk gowşap, feodal dagynyklyk başlanypdyr. Özara içki we daşky uruşlaryň yzy kesilmändir. Buhara hanlygy Eýran, Hywa hanlygy hem-de gazak ordalary bilen uruşlar alyp barypdyr. Bularyň hemmesi merkezi häkimiýeti gowşadyp, ýerli feodallary gylawlandyrypdyr.

1740-njy ýylda Buhara hanlygyny Nedir şa hiç hili garşylyksyz basyp alypdyr. 1747-nji ýylda Nedir şa ölenden soň, onuň imperiýasy dargaýar. Buhara hanlygynda iri feodallaryň içki uruşlary ýene-de güýçlenip başlapdyr. Netijede, häkimiýet başyna täze Maňgyt dinastiýasy (1753-1920) geçipdir. Bu döwürde ýurduň syýasy-ykdysady ýagdaýy ep-esli derejede gowlanypdyr. Aýratyn-da Şamyrat Welnamynyň we onuň müderris ("okymyş") adyny alan ogly Mirhaýdaryň döwründe (1800-1826) hanlygyň içki düzgüni berkleşipdir.

1785-nji ýylda Şamyrat Welnamy Maryny basyp alypdyr we Soltanbendi weýran edipdir.

1801-1802-nji we 1824-nji ýyllarda Mirhaýdar ärsary türkmenleriniň gozgalaňlaryny rehimsizlik bilen basyp ýatyrypdyr. Emma bular feodal dagynyklygyň soňuna çykyp bilmändir. Buhara hanlygynda ýer eýeçiliginiň XVI asyrda emele gelen ulgamy saklanyp galypdyr. Ýerler, esasan, üç görnüşe: emläk (döwlet ýerleri, patyşalyk ýerleri), mülk (hususy eýeçilikdäki ýerler), wakyf (dini ruhanylaryň ýerleri) ýerlerine bölünipdir.

Ýersiz daýhanlaryň aglaba bölegi ýerleri kärendesine (üçden birine) işläp bejeripdirler. Çärjew begliginde ýaşan türkmenler emläk ýerlerine, Kerki begliginde ýaşan türkmenler bolsa mülk ýerlerine ekin ekipdirler. Merkezi Aziýa tä Russiýa birikýänçä, Buhara hanlygynda içki we daşky uruşlar dowam edipdir. Halk köpçüligi häli-şindi feodalçylyk zuluma garşy gozgalaň edip durupdyrlar.

Içerki we daşarky tükeniksiz uruşlar feodallaryň agyr ezişleri zähmetkeş halkyň tozmagyna we gedaýlaşmagyna getiripdir. Bu bolsa olaryň gozgalaňlarynyň turmagyna itergi beripdir. 1708-nji ýylda Buharada şeýle gozgalaňlaryň has güýçlileriniň biri bolup geçýär. Halk tolgunşygynyň sebäbi Ubaýdulla hanyň şowsuz geçiren "pul reformasy" bolupdyr. Bu reformanyň netijesinde teňňäniň hümmetiniň dört esse peselmegi ilkinji nobatda halk köpçüliginiň zyýan çekmegine getiripdir.

Buhara hanlygyny sarsdyran iň uly gozgalaň 1821-1825-nji ýyllarda bolupdyr. Bu gozgalaň hem feodal ejişe garşy bolupdyr. Gozgalaň rehimsizlik bilen basylyp ýatyrylypdyr. 1868-nji ýylda Buhara hanlygy patyşa Russiýasy tarapyndan eýelenýär. Şertnama laýyklykda Buhara hanlygy Russiýanyň protektoratlygyny (güýçli döwletiň gowşak döwlete

howandarlyk etmegi) kabul edipdir. Ýurduň halk hojalygy kem-kemden umumyrus bazaryna goşulyp başlapdyr. Öňki yzagalak oba hojalygyna we hünärmentçilige kapitalistik gatnaşyklar aralaşyp ekerançylygyň haryt önümçiligi artypdyr. Aýratyn hem pagtaçylyk giňden ösüp başlapdyr. Söwda gatnaşyklary has giň ýaýbaşlanypdyr.

Ýurduň durmuşynda daşarky söwda uly ähmiýete eýe bolupdyr. Söwda kerwenleri Buharadan Eýrana, Hindistana, Gazagystana we Nogaý sähralyklaryna, Sibire we Kaşgara gatnapdyrlar. XVI-XIX asyrlarda Russiýa döwleti bilen söwda gatnaşyklary giňden alnyp barlypdyr.

1920-nji ýylyň 2-nji sentýabrynda gyzyl goşunyň goldamagy netijesinde Buhara zähmetkeşleri emiriň häkimetini agdarýarlar. 1920-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda bolup geçen Halk wekilleriniň Bütinbuhara I gurultaýynda Buhara Halk Sowet Respublikasy yglan edilýär.

## Hywa hanlygy

Hywa hanlygy XVI asyrdan XX asyryň başlaryna çenli ýaşan Merkezi Aziýadaky feodal döwletdir. Bu hanlyk 1512-nji ýylda özbek hany Ilbarsyň häkimligi astynda döredilýär. Ol gadymy Horezmiň territoriýasyny, Müňgyşlakda, Dehistanda we Uzboýda ýaşaýan çarwa türkmenlerini, şeýle hem Horasanyň demirgazyk bölegini özüne birleşdiripdir. Döwletiň paýtagatlary: Wezir, Ürgenç, Hywa şäherleri bolupdyr. XVI asyrdan XVIII asyryň birinji ýarymyna çenli Hywa hanlygynda hemişe özara içki göreş dowam edipdir, Buhara, Eýran we çarwa türkmenler bilen uruşlar alyp barypdyr.

1703, 1714-nji ýyllarda Şanyýaz hanyň ilçileriniň Hywa hanlygyny rus raýatlygyna kabul edip almagy barada Pýotr I bilen gepleşikler geçirendigine garamazdan, Pýotr I 1717-nji ýylda Bekowiç-Çerkasskiniň baştutanlygynda iberen

ekspedisiýasy Hywa hany Şirazgy hanyň ýolbaşçylygynda hywalylar tarapyndan ýok edilýär.

1740-njy ýylda Hywa hanlygy Eýran şasy Nedir şa tarapyndan basylyp alynýar. Emma 1747-nji ýylda ol ölenden soň ýene-de özbaşdak bolýar. 1763-nji ýylda özara içki uruşlaryň netijesinde özbekleriň goňrat taýpasynyň baştutany Muhammet emin orta çykýar we täze Hywa dinastiýasy bolan goňrat dinastiýasynyň düýbini tutýar. Bu dinastiýanyň iň güýçli wekili bolan Muhammet Rahym (1806-1825) Hywa hanlygyny birleşdirmegi tamamlaýar.

Ol ýokary maslahat döredýär, salgyt reformasyny geçirýär. Ownuk goňşy mülkleri (aral, garagalpak we beýlekileri) özüne birikdirýär. Bu döwür merkezi häkimiýetiň we içki durnuklylygyň berkleşen döwri bolýar. Patyşa hökümeti Hywa hanlygyny öz täsirine tabyn etmek üçin ençeme gezek (1605, 1717, 1739 we beýlekiler) synanyşyk edýär.

Patyşa hökümeti 1839-njy ýylyň noýabrynda Orenburgyň genral-gubernatory W.A.Perowskiniň ýolbaşçylyk etmeginde 5 müň adamlyk goşuny Hywa tarap ugradýar. Emma adatdan daşary gazaply gyşyň şertlerinde başlanan ýörişiň guramaçylyk tarapyndan pes bolmagy netijesinde ol 3 müňden gowrak adamsyny ýitirip, 1840-njy ýylyň ýazynda Orenburga gaýdyp gelýär.

1873-nji ýylyň ýazynda Daşkentden, Orenburgdan, Müňgyşlakdan, Krasnowodskiden Türküstanyň general-gubernatory general K.P. Kaufmanyň baştutanlygynda rus goşunlary ýörişe başlaýar. Şol ýylyň 27-28-nji maýynda patyşa goşunlary Hywa goşunlarynyň gowşak garşylygyny syndyryp, 29-njy maýda Hywany eýeleýärler. 1873-nji ýylyň Gendemiýan parahatçylyk şertnamasy boýunça Hywa hanlygy özüni Russiýanyň protektoraty diýip ykrar edýär.

Şertnama boýunça Hywa hanlygy özüniň Amyderýanyň sag kenaryndaky ýerlerden elçekmäge mejbur bolýar we içki awtonomiýasyny saklamak şerti bilen Russiýanyň wassalynya öwrülýär. Hywa hanlygynyň ilaty ekerançylyk hem-de maldarçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Feodal düzgünleri patriarhal-urug we guleýeçilik düzgünleri bilen utgaşykly bolupdyr. Hywa halygynda pagta arassalaýan zawodlaryň birnäçesi diýmeseň senagat kärhanalary bolmandyr.

Daşary ýurtlara pagta, guradylan miweler, bagana, ýüň ýaly harytlary çykarypdyr. Ýurtda eden-etdilik we zorluk höküm sürüpdir. Ýurduň durmuşynda musulman ruhanylary uly rol oýnapdyrlar. 1920-nji ýylyň 2-nji fewralynda gyzyl goşun tarapyndan goldanylan halk gozgalaňy hanyň häkimiýetini syndyrýar. 1920-nji ýylyň 26-nji aprelinde I Bütinhorezm halk gurultaýy Horezm Halk Sowet Respublikasynyň döredilýändigini jar edýär.

## Kokant hanlygy

Kokant hanlygy XVIII-XIX asyrlarda merkezi Aziýadaky feodal döwletdir. XVIII asyryň II ýarymynda Fergana jülgesine göçme taýpalaryň birnäçe gezek çozuş etmekleri, şeýle hem ýagdaýy agyr ülkäniň durmuşyny has hem kynlaşdyrypdyr. XVIII asyryň 60-njy ýyllarynda Fergana, Namangan, Kokant, Margelan, Andijan ýaly böleklere bölünipdir. Olaryň hersiniň başynda biri-birine garaşsyz özbaşdak hökümdarlary durupdyr. Olaryň arasyndaky göreşiň gidişinde Kokant begliginiň roly has ýokary galyp başlapdyr.

Kokant begliginiň başynda özbekleriň Miň dinastiýasyndan bolan Irdanabiýa durupdyr. Bu döwürde Kokant hökümdarlary Fergana jülgesindäki häkimiýeti basyp alyp, harby güýç bilen goňşy etraplaryň hasabyna öz territoriýasyny giňeltmek ugrunda çalşypdyr. Dinastiýasyny esaslandyryjy Şahruk beg 1710-njy

ýylda Buhara emirligine garşy uly bolmadyk özbaşdak döwleti döredipdir. Onuň agtygy Ýodan begiň (takmynan 1774-nji ýylda ölen) häkimlik süren döwründe Andijan, Namangan, Margelan we Kokant ýerlerini birleşdirýär.

Kokant hanlygy Buharadan gurtarnykly bölünip aýrylýar. Alymyň (1800-1809), Omaryň (1809-1822), Muhammet Alymyň (1822-1842) hanlyk süren döwründe Kokant hanlygy has hem güýçlenýär. Kokant hanlygyna Daşkent, Hojaent, Karategin, Darwas, Kulab, Alaý şäherleri birleşdirilýär. Kokant hanlygy gazak mülkleri bilen araçäkleşýän ýerlerde uly berkitme galalarynyň ençemesini gurdurýar.

Kokant hanlygynyň uly şäherlerinde senetçilik önümçiligi, ylaýta-da ýüpek, nah mata dokamak ösýär. Oba hojalygynda, esasan, gowaça we şaly ekilýär. 1839-njy we 1841-1842-nji ýyllarda Buhara emiri Kokant hanlygyna güýçli zarbalar urup onuň birnäçe welaýatlaryny basyp alýar. Alym hanyň doganoglany Şiraly hana (1842-1845) Kokant hanlygynyň ýerlerinden Buhara çinowniklerini kowmak başardýar.

XIX asyryň ortalarynda patyşa Russiýasy tarapyndan Merkezi Aziýa basylyp alynmaga başlanýar. Rus goşunlary 1865-nji ýylda Daşkendi, 1866-njy ýylda Hojaendi basyp alýar. 1873-1876-njy ýyllarda Kokant hanlygynda bolan gozgalaň hanlygy ep-esli derejede gowşadýar. Kokant gozgalaňy çarwa gyrgyzlaryň Hudaýar han tarapyndan salynýan salgytlaryň çensiz artmagyna we umuman feodalçylyk zuluma garşy hereket hökmünde başlanýar.

Gozgalaň ilki 1874-nji ýylda ýatyrylýar. 1875-nji ýylda täzeden möwç alan gozgalaňa molla Ishak Hasan ýolbaşçylyk edýär. Muňa hanyň syýasatyndan närazy bolan ruhanylar, feodallar hem goşulýarlar. Emma bu ýagdaý gozgalaňyň halkylyk häsiýetini üýtgedip bilmeýär. Sebäbi, gozgalaňyň hereketlendiriji güýji giň halk köpçüligidi. Hudaýar hanyň

harby serkerdeleriniň oňa garşy guran dildüwşügi gozgalaňyň öwrülişik döwri bolýar.

Dildüwşüge harby serdarlar, hanyň ogly Nasreddin beg (Andijanyň hökümdary) we onuň dogany Myrat beg (Margelanyň hökümdary) goşulýarlar. Soňra olar özleriniň ähli harby güýçleri bilen Polat begiň baştutanlygyndaky gozgalaňçylaryň tarapyna geçýärler. Hudaýar han kömek sorap Türküstanyň general-gubernatoryna ýüz tutýar.

Özi bolsa, 1875-nji ýylda Daşkende gaçýar. Türküstan general-gubernatory K.P. Kaufman bilen gizlin gepleşige başlan we Rus imperiýasynyň wassalygyny kabul eden Nasreddin beg han diýlip yglan edilýär. Nasreddin hanyň bu dönüklik syýasaty Kokant gozgalaňyna gatnaşyjylaryň diňe bir hana däl, eýsem patyşa Russiýasyna garşy hem täze çykyşlarynyň ýokary göterilmegine getirýär. Gozgalaňçylar Nasreddin derek Polat begi han diýip yglan edýärler.

Olar başga-da ençeme üstünlikler gazanýarlar. Emma 1876-njy ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda rus goşunlary gozgalaňçylary uly ýeňlişe sezewar edýärler. 1876-njy ýylyň 19-njy fewralynda Kokant hanlygy ýatyrylýar we onuň deregine Russiýa imperiýasynyň Türküstan general-gubernatorlygynyň düzümine girýän Fergana welaýaty döredilýär. Soňra gozgalaňçylaryň baştutany Polat han tussag edilýär we 1876-njy ýylyň martynda asylyp öldürilýär.

## 1821-1825-nji ýyllardaky Buhara gozgalaňy

XIX asyryň başlarynda Özbegistanyň ähli hanlyklarynda zähmetkeş halkyň ýagdaýy örän agyr bolupdyr. Olar salynýan salgytlardan we paçlardan, hanyň dolandyryjy toparlarynyň eden-etdiliklerinden, feodallaryň gutarnyksyz özara uruşlaryndan zyýan çekip halys bolupdyrlar. Bu bolsa öz

gezeginde zähmetkeş halkyň öz ezijilerine garşy aç-açan çykyşlaryna getiripdir.

Şeýle uly hereketleriň biri 1821-nji ýylda Buhara hanlygynyň Miankal etrabynda başlanypdyr.Öz wagtynda salgydyny töläp bilmedik daýhanlar salgyt ýygnaýjylar tarapyndan agyr sütemlere sezewar edilipdir we olaryň hususy emläklerini ellerinden alypdyrlar. Daýhanlaryň arza-şikaýatlary hökümdarlaryň hiç biri tarapyndan diňlenilmändir. Tersine, arz edenler rehimsizlik bilen yzarlanypdyr we olara goçmaça agyr jezalar ýüklenipdir.

Bu bolsa, olary gutarnykly tozdurupdyr. 1821-nji ýylyň Buhara gozgalaňynyň sebäbi Miankal etrabynyň ýaşaýjylaryndan Merwde gulluk etmek üçin goşuna adamlaryň alynmagy bolupdyr. Munuň üstesine şol bir wagtda Ketdekurgan hökümdary Aýazbi tarapyndan ilatdan ýene-de salgyt ýygnamak barada buýruk bermegi halkyň nägileligini has hem artdyrypdyr. Tiz wagtda gozgalaň aç-açan ýagdaýa geçipdir. Netijede gozgalaň has güýçlenipdir.

Gozgalaňçylar emiriň ähli çinowniklerini urup-ýenjipdirler we olary kowup, Ketdekurgan, Çilek, Ýangykurgan we beýleki käbir iri şäherleri basyp alypdyrlar. Ketdekurgan şäherinde gozgalaňçylara senetçi Safar aksakalyň ýolbaşçylygynda şäheriň aşaky gatlaklary hem goşulypdyr. Mundan soňra gozgalaňçylar Samarkant şäherine süýşüpdirler.

Gozgalaňçylaryň garşysyna emir uly goşun birikmelerini iberipdir we Ketdekurgany eýeläpdir. Olar gozgalaňçylardan rehimsizlik bilen öç alypdyrlar. Jezalandyrylanlaryň umumy sany ýedi ýüz adama ýetipdir. Gozgalaňçylaryň serkerdeleriniň biri Safar aksakal hem wepat bolupdyr. Muňa garamazdan gozgalaňçylaryň bir bölegine gaçyp, Ýangykurganda gizlenmek başardypdyr.

Emir Haýdar Ketdekurganyň alnandygy baradaky habary eşidip top atyjy goşuny bilen şähere gelipdir. Ýöne, şäherdäki ýagdaý gaty dartgynly bolupdyr. Şoňa görä hem Emir Haýdar şäher ilatynyň garşysyna aýgytly hereketleri edip bilmändir. Emir gozgalaňçylar bilen gepleşikler geçirmek üçin ruhanylaryň abraýly wekillerini iki gezek iberipdir. Emma bu hiç hili netije bermändir. Gozgalaň has giňelip, tutuş Miankal etrabyny basyp alypdyr. Emir Haýdar gozgalaň tuzuran halkyň garşylygyny ýatyryp bilmän mejbury ýagdaýda Buhara gaýdypdyr.

1822-nji ýylda hem Emiriň goşunynyň gozgalaňçylaryň eýelän galasyny basyp almak ugrundaky göreşi şowsuzlyk bilen gutarypdyr. Gozgalaňçylar bilen hökümet goşunynyň göreşi gandöküşikli we dartgynly häsiýete geçipdir. Emir Miankaldaky gozgalaňçylaryň garşysyna alyp baran söweşi bilen birlikde hanlygyň demirgazyk we demirgazyk-gündogar ýerlerine çozuş eden Hywa hanlygynyň garşysyna hem göreşmeli bolupdyr.

Gozgalaňçylar şol bir wagtyň özünde Kokant hanyndan we emiriň garşysyna durýan beýleki hökümdarlardan kömek sorap ýüz tutupdyrlar. Bu bolsa emir Haýdaryň ýagdaýyny has hem kynlaşdyrypdyr. Gozgalaňçylar birleşen güýç bilen Samarkandy basyp almaga synanyşypdyrlar. Emma olaryň ýaranlarynyň arasynda agzybirlik bolmandyr. Tersine, özara dawalar başlanypdyr. Netijede, gozgalaňçylar Samarkandy basyp almak umydyndan el çekip gabawy aýryp, hersi öz ugruna gidipdirler.

Miankalyň gozgalaň turuzan ilaty öz taraplaryna Buhara hanlygynyň beýleki etraplarynyň daýhanlaryny çekmek ugrunda çalşypdyrlar. Olar şol maksat bilen ýurduň jümmişine süýşip başlapdyrlar. Emma olaryň hereketi Miankal ýerlerinde gabalypdyr. Netijede, gozgalaň pese gaçyp başlapdyr. Dört ýylyň dowamynda etrabyň hojalygy gutarnykly dargapdyr. 1825-nji ýylyň ýazynda emir Haýdar gozgalaňçylaryň garşysyna goşun sürüp, olary aýgytly ýeňlişe sezewar edipdir.

Emma emiriň goşuny gaty ýadaw bolupdyr we şoňa görä hem ol gozgalaňçylaryň harby hereketi bes etmek we gozgalaňa gatnaşanlaryň günäsini geçmek baradaky talaplaryny berjaý etmäge mejbur bolupdyr. Şondan soňra Çilek we Ýangykurgan galalaryny beripdirler. Gozgalaňyň esasy hereketlendiriji güýji daýhanlar bolupdyr. Emma gozgalaňyň eke-täk ýolbaşçysynyň bolmanlygy oňa üstünlik getirmändir.

1821-1825-nji ýyllaryň gozgalaňy Buhara hanlygynyň syýasy durmuşyna özüniň uly täsirini ýetiripdir. Gozgalaň Buhara hanlygynyň syýasy güýjini gowşadyp, onuň syýasy durmuşyna ullakan täsirini ýetiripdir.

## Medeniýet we ylym

XVI asyrda Mawerannahrda edebiýat, ylym, binagärçilik we şekillendiriş sungaty mundan beýläk-de ösüpdir. Şygryýet bu döwürde uly ösüşlere eýe bolupdyr. Hasan Buhary Nisarynyň "Muzakkir al-ahbap" (1566) we Mutribiniň "Tazkiraty Şuara" (1604-1605) atly antologiýalary muňa doly şaýatlyk edýär. Olaryň işlerinde Samarkandyň, Buharanyň, Daşkendiň we Merkezi Aziýanyň beýleki şäherlerinde ýaşap geçen ýüzlerçe edebiýat we ylym işgärleriniň atlaryny görmek bolýar.

XVI asyrda hünärmentçiligiň we söwdanyň ösmegi ýazyjylaryň we şahyrlaryň sanynyň artmagyna öz täsirini ýetiripdir. Zeýniddin Wasifi özüniň memuarlarynda (ýatlamalarynda) Samarkantda geçirilen ýygnanşyklara şahyrlaryň, hünärmenleriň, täjirleriň we ýönekeý şäher ilatynyň gatnaşandygyny belleýär. XVI asyryň birinji ýarymynda özbek dilinde edebi we taryhy eserler peýda bolup başlaýar. Olaryň hatarynda ýazary näbelli bolan "Tawarih-i guzida Nusrat-name" eserini we Muhammet Salyhyň "Şeýbany-name" eserini görkezmek bolar.

Bu eserleriň ikisinde hem Merkezi Aziýanyň halklarynyň taryhy, etnografiýasy barada takyk, gyzykly maglumatlar berlendir. Bu döwürde ýazylan taryhy we edebi ýadygärlikleriň ýene-de biri "Baburnamadyr". Onuň ýazary Zahyritdin Baburdyr. Ol eserde Watanyndan jyda düşen adamynyň öz Watanyna bolan söýgüsi beýan edilýär.

XVI asyrda ylym has uly ösüşlere eýe bolupdyr. 1593-nji ýylda Amin Ahmet Razy "Haft iklim" diýen geografiki görkeziji sözlügini düzýär. Şol döwürde Mutribi özüniň "Tazkiraty Şuara" atly dünýä kartasyny çap edipdir. Lukmançylyk ylmy hem ösüpdir. 1541-nji ýylda Muhammet Huseýin ibn al-Mireki as-Samarkandy özüniň "Lukmançylyk dermançylygy" boýunça traktatyny düzüpdir. Onuň bu işinde derman ösümliklerini taýýarlamagyň usullary, olary saklamakda gerek bolan gap-gaçlar hem-de dermanlaryň häsiýetli aýratynlyklary şekillendirilipdir.

Saz sungaty hem belli bir ösüşlere eýe bolupdyr. XVI asyryň birinji ýarymynda Buharaly Mulawy Kaukaby atly sazanda saz eserlerini döredipdir. Bu döwürde hatdatlyk sungaty hem özüniň ösüşinde ýokary derejelere ýetipdir. XVI asyrda soltan Aly Meşhedi, Mir Aly Faraby, Mahmut ibn Ishak aş-Şyhaby we beýlekiler hatdatçylyk sunagtynda uly meşhurlyga eýe bolupdyrlar. Derwüş Muhammet ibn Dust Muhammet Buhary hatdatlyk sunagtynyň nazaryýeti barada eser döredipdir.

XVI asyrda binagärçilik sungaty hem uly ösüşlere eýe bolupdyr. Bu döwürde öz ajaýyp binalar gurlupdyr. Olaryň içinde Samarkantda gurlan Şeýbany hanyň medresesini, Abdyrahym Sadryň medresesini we beýleki binalary görkezmek bolar. Bu döwürde Kalon Metjidi, Miri Arap medresesi, iki sany uly Abdylla han medresesi, Gögeldaş, Kalobot we medreseleri bina edilipdir.

XVI asyrda dini mekdepler hem ösüşe eýe bolup, olarda gurply adamlaryň çagalary okapdyrlar. Hat-da gurply maşgalalaryň öýlerinde ýörite maşgala mugallymlary hem saklanypdyr. Çagalar alty ýaşdan başlap mekdeplerde okadylyp başlanypdyr. Olar arap elipbiýni öwrenipdirler. Soňra mekdepden medreselerde okuwlaryny dowam etdirip, ol ýerde yslam dininiň esaslaryny öwrenipdirler.

Aýry-aýry ugurlar mysal üçin hasabat ýöretmek, şeýle hem goşgy ýazmak we hatdatlyk sungaty medresäniň daşyndan öwredilipdir. Medreselerde dersler üç sany topara bölünip, ýagny olar başlangyç, orta we ýokary toparlardyr. Medreselerde okaýan talyplara öz toparlaryna görä talyp we azyk haklary bellenilipdir. Talyplar medreselerde sekiz ýyl okapdyr.

XVII-XVIII asyrlarda talyplar takyk we tebigy ylymlarlar bilen meşgullanypdyrlar. Olar ruhylar tarapyndan yzarlanylypdyr. Bu döwürde şahyr we filosof Ýusup Garabagy, belli hukukçy alym Nasreddin Buhary, suratkeş-hatdat Muhammet Amin we beýlekiler has tapawutlanypdyrlar. XVII asyrda Merkezi Aziýa halklarynyň durmuşynyň edebiýat meýdanynda görnükli orny eýelän şahyr Babarahym Maşrapdyr. Ol öz goşgularynda agalyk ediji synplaryň eden-etdiligini, ýaranjaňlygyny berk tankytlapdyr.

Halkyň içinde Mirza Abdulkadyr Bediliň (1644-1720) eserleri uly meşhurlyga eýe bolupdyr. Onuň progressiw pikirleri Merkezi Aziýa halklarynda jemgyýetçilik filosofiki pikirleriň kemala gelmegine öz täsirini ýetiripdir. Bedil halkyň durmuşyny örän gowy bilipdir we öz döredijiliginde olaryň agalyk ediji topara garşy göreşini şöhlelendiripdir.

XVIII asyryň ikinji ýarymynda Buharada Abdyrahman Talynyň "Abul-faýz-hanyň taryhy" we Muhammet Wafaýi Kermanigiň "Tuhfai hani" diýen taryhy eserleri ýazylypdyr. Ol eserlerde XVIII asyrda Merkezi Azyýada bolup geçen synpy

göreşler barada giňişleýin maglumatlar berilýär. XVIII asyrlaryň ahyrlarynda bolup geçen halk gozgalaňlary barada asyryň ahyrynda ýazylan Muhammet Şarifiniň "Tadž-at-tawarih" atly taryhy ýyl ýazgylarynda gymmatly maglumatlar berilýär.

XIX asyryň birinji ýarymynyň taryhy eser bolan Muhammet Mir Alyma Buharynyň "Faht-name-i sultani" diýen golýazmasynda şol döwrüň wakalary öz beýanyny tapýar. Bu eserde salgyt reformalary, 1821-1825-nji ýyllaryň halk gozgalaňlary we 1826-njy ýylyň syýasy wakalary barada gyzykly maglumatlar berilýär. XIX asyryň birinji ýarymynda hywa hanlygynyň taryhy döredilýär.

Onuň awtorlary Şirmuhammet Munis we Agehi bolupdyr. XIX asyryň başlarynda Kokantda zehinli, demokrat şahyr Mahmur ýaşapdyr we döredijilik işi bilen meşgullanypdyr. Ol özüniň satiriki eserleriniň üsti bilen halk köpçüliginiň adalatsyzlyga garşy nägileligini beýan edipdir.

Başga bir progressiw pikirli ýazyjy, demokrat, ferganaly Gulhany bolupdyr. Ol özüniň satiriki gürrüňlerinde we basnýalarynda ýönekeý halkyň bähbidini gorap, agalyk ediji toparyň wekilleriniň üstünden gülüpdir. Onuň döredijiligi halk köpçüliginiň içinde uly abraýdan peýdalanypdyr.

XVIII asyryň ahyrlarynda XIX asyryň başlarynda özbek poeziýasynyň görnükli wekili belli kokant şahyry Gazy bolupdyr. Ol özüniň liriki goşgularynda feodallaryň eden-etdiliklerini paş etmek bilen adama we adamzat mertebesine ýokary baha beripdir.

# IV BÖLÜM
# Özbegistan XIX asyryň ikinji ýarymynda we XX asyryň başlarynda

## Patyşa Russiýasynyň Özbegistanyň ýerlerine harby ýörişi

XIX asyryň ikinji çärýeginde Russiýada kapitalizmiň ösüşi, ilkinji nobatda nah mata senagatynyň ösmegi patyşa Russiýasyny ol senagat üçin çig mal çeşmesini gözlemäge mejbur edipdir. Rus senagaty we söwda buržuaziýasy patyşa Russiýasyny pagta çig malyny edinmek üçin Merkezi Aziýa garşy harby hereketleri başlamaga mejbur edipdir.

Patyşa hökümeti bolsa öz gezeginde Merkezi Aziýa täze ýerleri eýelemek bilen Russiýanyň içindäki synpy garşylyklary gowşatmagy göz öňünde tutupdyr. 1861–nji ýylda patyşa Russiýasynda geçirilen daýhanlar reformasy ýurtda iri kapitalistik senagatyň ösmegine şert döredipdir. Russiýada kapitalizm "çuňlugyna" däl-de "giňligine" ösüpdir. Şoňa görä-de Russiýanyň Merkezi Aziýany basyp almagynyň rus buržuaziýasy we pomeşikleri üçin birinji derejeli ähmiýeti bardy.

1853-nji ýylda ilkinji harby hereketler başlanypdyr. Şol ýyl patyşa goşunlary Kokant galasyny eýeläpdirler. Onuň ýerinde Fort Perogskiý berkitmesini dikeldipdirler. 1864-nji ýylda general Werewkiniň goşuny Türküstana çenli baryp ýetipdir.1864-nji ýylyň oktýabr aýynda rus goşunlary kokantlylaryň garşylyk görkezmegine garamzdan Çimkent şäherini alypdyrlar.Ýokarda agzalan ýerleriň basylyp alynmagy Syrderýa we Sibir çäklerini birleşdirmäge mümkinçilik beripdir.

Patyşa hökümeti ähli berkitmelerden, ýagny Çu derýasyndan Syrderýasynyň kenaryndaky Ýaňykurgan galasyna çenli aralykdaky berkitmelerden täze çäk döredilip, ol Täzekokant adyny alypdyr. 1865-nji ýylda Syrderýa we

Täzekokant çäklerinden Türküstan welaýaty döredilpdir. Bu welaýat Orenburg general-gubernatorlygyna degişli bolupdyr. Türküstanyň harby gubernatorlygyna general maýor Çernýaýew bellenilipdir.

Ol 1865-nji ýylyň maý aýynda Daşkende bolan hüjüme hem ýolbaşçylyk edipdir. Şäheri goraýjylar güýçli garşylyk görkezseler hem Çernýaýewiň goşuny Daşkendi basyp alypdyr. 1866-njy ýylda bolsa. Buhara garşy harby hereketler başlanypdyr.

Patyşa goşuny Irjaryň eteginde emiriň goşunyny derbi-dagyn edip, soňra Hojenti, Ura-Tübäni, Jyzagy, Ýaňykurgan galasyny alypdyrlar. Kokant hanlygynyň Buharadan arasy kesilipdir.

1867-nji ýylda patyşa Russiýasy tarapyndan gazak sähralyklaryndan, Kokant we Buhara hanlyklaryndan basylyp alnan ýerleri birleşdirilip Türküstan general-gubernatorlygy döredilipdir. Onuň merkezi Daşkent şäheri bolupdyr. Gubernatorlyk ilkibaşda iki welaýatdan, birinjisi merkezi Daşkent şäheri bolan Syrderýa welaýatyndan we ikinjisi bolsa, merkezi Wern şäheri bolan Semireçýe welaýatyndan ybarat bolupdyr.

General-gubernatorlyk bilen birlikde Türküstan harby okurgy hem döredilipdir. Ilkinji general-gubernator we okurgyň baş serkerdesi edilip, general-adýutant K.P.Kaufman bellenilipdir. General K. P. Kaufman Kokant hany Hudaýar bilen parahatçylyk şertnamasyny baglaşyp, 1868-nji ýylda Buhara emirligine garşy harby hereketlerini dowam etdiripdir.

Şol ýylyň maý aýynda rus goşuny ilki bilen Samarkandy, soňra bolsa Ketdekurgany alypdyr. 1868-nji ýylyň iýun aýynda Zirabulak belentliginde aýgytly söweşiň gidişinde Buhara emiriniň goşuny dargadylýar. 1868-nji ýylyň 28-nji iýulynda Buhara bilen Russiýanyň arasynda parahatçylyk şertnamasyna

gol çekilýär. Şertnama laýyklykda Zirabulakda basylyp alnan ýerler Russiýa birikdirilipdir. Netijede, basylyp alnan ýerleriň hasabyna Türküstan general-gubernatorlygynyň düzüminde Zerewşen okrugy döredilipdir.

1873-nji ýylyň 18-nji sentýabryndaky şertnama boýunça Buhara Russiýanyň protektoratlygyny ykrar etmeli bolupdyr we oňa daşary ýurt döwletleri bilen özbaşdak gepleşikleri geçirmek gadagan edilipdir. Soňrak bolsa, emirlikde hemişelik Rus syýasy agentligi döredilipdir. 1873-nji ýylda rus goşuny Hywa hanlygyna ýöriş edýär.

Hywa hanlygyna üç tarapdan-Daşkentden, Orenburgdan we Kawkazdan ýöriş edilipdir. 1873-nji ýylyň awgust aýynda patyşa goşuny hanlygyň paýtagty Hywa şäherini eýeleýär. 1873-nji ýylyň 12-nji awgustynda baglaşylan parahatçylyk şertnamasyna laýyklykda Hywa hany Russiýanyň wassalyna öwrülipdir we özbaşdak daşary syýasy gatnaşyklary geçirmekden mahrum bolupdyr. Hanlygyň ýerleriniň bir bölegi ýagny Amyderýanyň sag kenary Russiýa geçirilip, ol ýerde Amyderýa bölümi döredilipdir.

## 1892 we 1898-nji ýyllaryň halk gozgalaňlary

Patyşa Russiýasynyň baknalyk we halka garşy syýasaty ýerlerde synpy gapma-garşylyklaryň ýitileşmegine getiripdir. XIX asyryň 80-nji ýyllaryň ahyrlarynda we 90-njy ýyllaryň başlarynda hususy ýerler iri han-begleriň we söwdagärleriň ellerinde jemlenipdir. Bu bolsa, az ýerli we ýersiz daýhanlaryň sanynyň artmagyna getiripdir.

Fergana jülgesinde pagtanyň köpçülikleýin ekilmegi netijesinde azyk we ot-iýmlik ekinleriniň ekilmeginiň düýpli kemelmegine getiripdir. Netijede, azyk önümleri gymmatlap başlapdyr. 1890-njy ýyldan 1894-nji ýyllar aralygynda çöregiň nyrhy iki ýarym esseden gowrak ýokary galypdyr. Pagtaçylygyň

ösmegi netijesinde oba hojalygyna söwda-süýthorluk kapitalynyň aralaşmagyna getiripdir. Bu bolsa, daýhanlaryň köpçülikleýin ýagdaýda süýthorlara bakna bolmagyna mejbur edipdir.

Daýhanlaryň çykgynsyz ýagdaýa düşmeginden peýdalanyp, alyp-satarlar (jerçiler), olaryň hasylny ujypsyz nyrhdan alypdyrlar. XIX asyryň 90-njy ýyllarynda patyşa häkimiýetiniň salgyt syýasaty hem daýhanlaryň durmuş derejesini has hem kynlaşdyrypdyr. Daýhanlar her desýatina pagta üçin goşmaça salgyt tölemeli bolupdyrlar.

Agyr sosial we milli baknalyk ezişi halkda nägileligiň ösmegine we halk köpçüliginiň ezijilere garşy göreşe başlamagyna getiripdir. Özbegistanyň dürli etraplarynda halk köpçüliginiň hereketlendiriji güýçleri bolup daýhanlar we şäher garyplary çykyş edipdirler. XIX asyryň ahyrynda bolup geçen esasy wakalaryň biri hem 1892-nji ýylda Daşkentde başlanan "mergi topalaňy" adyny alan gozgalaňdyr.

Mergi keseli we oňa garşy çäklendirilen çäreleriň geçirilmegi gozgalaň üçin, Daşkendiň ilatynyň arasynda nägileligiň döremeginiň diňe daşarky bahanasy bolupdyr. 1892-nji ýylyň mart aýynda mergi keseli Kabulda we Hyratda peýda bolupdyr. Şol ýylyň 1-njy iýunynda ol Samakant welaýatynyň Jyzak uýezdinde bellige alnypdyr. 7-nji iýunda Daşkent şäherinde mergi keseli bilen ilkinji näsaglar hasaba alnypdyr.

Şäheriň dolandyryjy toparlary mergi keseliniň öňüni almak maksady boýunça birnäçe çäreleri geçiripdirler. 20-nji iýunda köne Daşkent şäheriniň ilaty metjitlere ýygnanyp mergi keseline garşy çäklendirilen çäreleri üýtgetmegi talap edipdirler. Deputatlar saýlanylyp, gollar ýygnalypdyr. Emma şäher häkimiýetine tarap iberilen ýüzlenme başa barmandyr. Çünki, halk köpçüligi ondan öňürdip, aç-açan çykyşa başlapdyr.

1892-nji ýylyň 24-nji iýunyna geçilýän gije şäher ilatynyň uly topary şäher dolandyryşyna tarap ugrapdyrlar. Olar şäher aksakaly Ma-Ýakuby wezipesinden aýyrmagy we özlerine bermegi talap edipdirler. Şäher naçalnigi Putinsew olaryň talaplaryny ýerine ýetirmekden ýüz öwrüpdir we ýaraglanan esgerleri çagyryp, topalaňçylaryň garşysyna ot açdyrypdyr.

Resmi maglumatlara görş, ona golaý adam öldürilipdir. Gozgalaň basylyp ýatyrylandan soňra Daşkendiň ähli dolandyryjy topary çalşyrylypdyr. Polkownik Putinsew, ähli aksakallar we kazylar wezipelerinden daşlaşdyrylypdyr.

Gozgalaňa gatnaşanlar boýunça geçirilen derňew işleriniň netijesinde altmyş adam suda berilipdir. Harby-okrug sudy sekiz adamy ölüm jezasyna höküm edipdir, üç adamy sürgüne, on ýedi adamy bolsa, harby-düzediş işlerine iberipdir.

Soňrak bolsa, bu höküm has ýumşadylyp, ölüm jezasyna höküm edilenler dürli möhletler bilen türmelere iberilipdir. 1892-nji ýylyň Daşkent gozgalaňy boýunça ýumşaklyk edilen hem bolsa, patyşa hökümetiniň ýerlerde halk köpçüliginiň çykyşlaryndan rehimsiz öç alynjakdygyny görkezipdir.

1898-nji ýylda "Andijan gozgalaňy" ady bilen tutuş Fergana jülgesini öz içine alan ýerli ilatyň uly hereketi bolup geçýär. Gozgalaňa esasan hem Fergananyň obalarynyň we şäher etekleriniň zähmetkeş daýhanlary hem-de maldarlary gatnaşypdyrlar.

Gozgalaň 1898-nji ýylyň 17-nji maýynda Minktepa obasynda başlanýar. Gozgalaňçylar ilkibaşda iki ýüz atlydan ybarat topar döredýärler. Tiz wagtda olara beýleki obalardan hem ýüzlerçe adamlar goşulypdyrlar. Iki müň adama barabar bolan gozgalaňçylar uýezd merkezi bolan Andijana tarap ugrapdyrlar. Şähere girip olar patyşa goşunlarynyň harby-kazarmalaryna çozupdyrlar. Atyşyklaryň gidişinde iki tarapdan

hem ýitgiler bolupdyr. Soňra patyşa goşuny şäheri gabapdyr we gozgalaňçylar pytradylypdyr.

Emma gozgalaňyň uçguny diňe bir Özbegistanyň etraplarynyň we şäherleriniň köpüsini öz içine almak bilen çäklenmän, eýsem ol Gazagystanyň günorta ýerlerini hem öz içine alypdyr. Patyşa Russiýasy uly kynçylyk bilen gozgalaňy basyp ýatyrypdyr. Derňewleriň gidişinde 777 adam tutulypdyr. Olaryň ýarysyndan gowragy Sibirde işlemek üçin sürgün edilipdir. Galanlary bolsa, dürli möhletler bilen tussag edilipdir.

Gozgalaňa ýerli ilatyň dürli sosial gatlaklarynyň wekilleri gatnaşypdyrlar. XIX asyryň ahyrlarynda Özbegistanda bolup geçen halk köpçüliginiň çykyşlary özakymlaýyn, gurmaçylyksyz häsiýete eýe bolup, ol rehimsizlik bilen baslyp ýatyrylypdyr. Gozgalaňçylaryň feodallara we  baknalyga garşy göreşi patyşa Russiýasyna garşy uly urgy bolupdyr.

## Birinji rus rewolýusiýasynyň Özbegistana täsiri

1905-907-nji ýyllarda bolup geçen birinji rus rewolýusiýasy Özbegistana hem öz täsirini ýetitipdir. Ýurduň senagat şäherlerinde, obalarynda patyşa Russiýasynyň alyp barýan syýasatyndan nägile halk köpçüligi sosial demokratik guramalaryň täsirinde bolmak bilen, rewolýusion hereketlere işeňňirlik bilen gatnaşypdyrlar.

1907-nji ýylyň noýabr aýynda Özbegistanyň ýerlerinde hem rewolýusion hereketler basylyp ýatyrylýar. Patyşa hökümeti rewolýusion herekete gatnaşanlardan rehimsizlik bilen öç alypdyr. Reaksiýa ýyllarynda (1907-19010) sosial demokratik guramalar dargadylypdyr.

Olaryň işeňňir ýolbaşçylarynyň bir bölegi tutulypdyr, beýlekileri bolsa, sürgün edilipdir. 1908-nji ýylyň sentýabr aýynyň başlarynda Türküstan general-gubernatorynyň buýrugy

bilen ýurtda çykýan "Daşkent kurýeri", "Türküstan durmuşy", "Samarkant" ýaly progressiw gazetler ýapylypdyr.

Reaksiýa ýyllarynda şäherlerde we obalarda işçi-daýhanlaryň ýagdaýynyň mundan beýläk-de agyrlaşmagy sebäpli synpy gapma-garşylyklar ýitileşip başlapdyr. Kärhanalaryň köpüsinde iş güni 13 sagada çenli ýetirilipdir. Işçilere salynýan jerimeler agyrlaşdyrylypdyr, iş haklary pese düşürlipdir. Rewolýusion pikirli işçileriň ýüzlerçesi işlerinden boşadylypdyr we gara sanawa girizilipdir.

Pagta arassalaýjy zawodlaryň we dag-magdan senagaty kärhanalarynyň işçileriniň ýagdaýy has hem agyr bolupdyr.

Daýhanlaryň bergileri ýyl-ýyldan artypdyr. Reaksiýa ýyllarynda Türküstanda milli eziş has hem güýçlenipdir. Bu döwürde häkimet tarapyndan goldanylýan "Türküstan serkerdeleriniň soýuzy", "Rus halkynyň soýuzy" ýaly milletçi guramalar hereket edip başlapdyrlar.

Olaryň garşysyna esasan hem ýerli intelligensiýadan çykan buržuaz milletçi toparlar güýçlenip başlapdyr. Bu döwürde Türküstan, Buhara we Hywa žadidleri ýaly milli buržuaziýasynyň bähbidini goraýan toparlar hem janlanyp başlapdyrlar.

Türküstanyň žadidleri ýurtda patyşa hökümetiniň dolandyryşyny gowulandyrmak boýunça käbir reformalary geçirmegi, ýerli buržuaziýanyň hukugyny rus buržuaziýasynyň hukugy bilen deňleşdirmegi, Türküstana Russiýadan daýhanlaryň göçürilip getirilmegini bes etmegi we şuňa meňzeşleri talap edipdirler.

Ýerli buržuaziýa patyşa hökümetiniň öňünde bu talaplary goýmak bilen özlerini tutuş özbek halkynyň umumymilli bähbidini goraýan hökmünde görkezipdir. Žadidleriň has sagçy topary Russiýadan bölünip, dini mezhebi ýakyn bolan Türkiýä döwleti bilen ýakynlaşmagyň tarapdary bolupdyr.

Žadidler rewolýusiýadan gorkupdyrlar. Olar rewolýusion herekete we işçileriň iş taşlaýyşlaryna garşy bolupdyrlar. 1905-1907-nji ýyllaryň rewolýusiýasynyň tejribesi Türküstanyň milli buržuaziýasynyň patyşa Russiýasy bilen ýakynlaşmagyna getiripdir. Buhara hem-de Hywa žadidleri Türküstan žadidlerinden käbir taraplary bilen tapawutlanypdyrlar.

Çünki, Buharada we Hywada žadizmiň döremeginiň käbir başga taryhy şertleri bolupdyr. Bu ýerlerde orta asyr feodal ezişleri we din has güýçli bolupdyr.

1905-1907-nji ýyllaryň rewolýusiýasy Buhara žadidleriniň progressiw özgerişleri geçirmek ugrunda çalyşmaklaryny güýçlendiripdir. Şoňa görä hem, şol döwürlerde Buhara we Hywa žadidleriniň alyp baran işleri progressiw häsiýete eýe bolupdyr. Sebäbi olar emirleriň we hanlaryň eden-etdiligini hem-de feodal gurluşy ýok edip, ýurtda buržuaz özgerişleri geçirmegi maksat edinipdirler.

Türküstanda rewolýusion pikirli işçileriň köpçülikleýin tutulmagy we ýurtdan sürgün edilmegi bilen, olaryň rewolýusion çykyşlarynyň öňüni alyp bolmandyr. 1907-nji ýylyň sentýabrynda Kaunçy şugundyr-gant zawodynyň işçileri, 1908-nji ýylyň maýynda bolsa, Daşkendiň demirýolçylarynyň iş taşlaýyşlary bolup geçýär.

1909-njy ýylyň aprel aýynda mis känleriniň işçileri öz hal-ýagdaýlarynyň gowulandyrylmagyny talap edip iş taşlaýarlar. Oba daýhanlary hem salgyt tölemekden ýüz öwrüp, yzygiderli çykyşlary gurap durupdyrlar. 1912-nji ýylyň tomsunda goşunda hem rewolýusion hereketler güýçlenipdir.

Daşkent, Termez, Samarkant harby rewolýusion guramalary özleriniň gizlin hereketlerini has güýçlendirip başlapdyrlar. Bu guramalar esgerleriň arasynda rewolýusion edebiýatlary ýaýradypdyrlar. Olar ýaragly gozgalaňa çagyrýan syýasy gürrüňdeşligi geçiripdirler.

1912-nji ýylyň birinji iýulynda Daşkent şäherinde başlanan sapýorlaryň (harby gurluşyk bölümleriniň harby gullukçylary) gozgalaňy diňe bir Türküstanda däl-de, eýsem bütin ýurtda uly waka bolupdyr. Sapýorlar ýaraga ýapyşypdyrlar. Gozgalaň turuzan sapýorlaryň sany 300 adamdan ybarat bolupdyr. Emma olar takyk meýilnamasynyň, tejribeli ýolbaşçylarynyň bolmandygy sebäpli, guramaçylyksyz hereket edipdirler.

Deň bolmadyk göreş 2-nji iýulyň daňdanyna çenli dowam edipdir. Ahyrda gozgalaň basylyp ýatyrylypdyr. Patyşa häkimiýeiti gozgalaň turuzan esgerlerden gazaply öç alypdyr. 14 adama ölüm jezasy berilipdir. 18-si ömürlik sürgüne, 62-si bolsa on bäş ýyl sürgüne, galanlary bolsa dürli möhletler bilen sürgüne höküm edilipdir. Sapýorlaryň gozgalaňy basylyp ýatyrylan hem bolsa, ýerlerde gozgalaňlaryň wagtal-wagtal bolup durmagy dowam edipdir. 1914-nji ýylda Türküstanda rewolýusion tolgunyşyklar täzeden başlanypdyr.

## Buhara we Hywa hanlyklarynda halk köpçüliginiň ýagdaýy

1873-nji ýylyň 18-nji sentýabryndaky Russiýa bilen Buharanyň arasynda baglaşylan şertnama laýyklykda Buhara öz garaşsyzlygyny gutarnykly ýitiripdi. Buhara emiri özüniň syýasy özbaşdaklygyny ýitiren hem bolsa, öz raýatlarynyň üstünden çäklendirilmedik häkimiýetini saklap galypdyr.

1885-nji ýylda emiriň we onuň hökümetiniň üstünden gözegçilik etmek maksady bilen Buharada "Rus imperatorlygynyň" syýasy agentligi döredilýär. Bu agentlik patyşa Russiýasynyň resmi wekilýeti bolup, onuň üsti bilen goňşy Türküstan we Buhara emirligi bilen gatnaşyklar ýola goýulypdyr.

Mundan başga-da, syýasy agent rus-owgan serhediniň ýagdaýyna gözegçilik etmäge hem borçly bolupdyr.

XIX asyryň ahyrlarynda Buhara emirligi 28 sany welaýatdan ybarat bolupdyr. Buhara şäheriniň aýratyn adminstratiw-dolandyryş statusy bolup, ol birinji ministriň (Kuşbegi) garamagynda bolupdyr. Her bir welaýatyň başynda begler durup, olary emir belläpdir. Buhara feodal döwletiniň esasy wezipesi emirigiň we onuň çinownikleriniň peýdasyna köp mukdarda salgyt ýygnamak bolupdyr.

Hanlykda salgytlaryň iki esasy görnüşleri bolupdyr: heraç (ýaragdan alynýan salgyt) we zekat (mallardan we söwdadan alynýan salgytlar). Emma olardan başga-da, hiç kim tarapyndan hasaba alynmadyk we çäklendirilmedik salgytlaryň köp ýygymlary hem dowam edipdir. Salgyt ýygnamaklyk köplenç ýagdaýlarda aç-açan talamak, gödek zorluklar we gorkuzmak ýagdaýna geçipdir.

Buharanyň syýasy we jemgyýetçilik durmuşynda musulman ruhanylary uly rol oýnapdyrlar. Ýokary suduň başynda ruhany durupdyr. Ruhanylar wakuf ýerlerinden gelýän girdejilerden hem-de dindarlaryň haýyr-sahawatyndan peýdalanypdyrlar.

Feodal gatlagyň, we diniň ýokary gatlagynyň wekilleri hem-de iri ýer eýeleri ilatyň esasy bölegi bolan daýhanlary rehimsizlik bilen ezipdirler. Şol döwürde hanlyň ilatynyň 85%-ni daýhanlar düzüpdirler. Daýhanlaryň uly bölegi oturymly ekerançylyk bilen meşgullanypdyrlar. Daýhanlaryň öz ýerleri bolmandygy sebäpli döwlet, wakuf we mülk ýerlerini kärendesine alypdyrlar. Netijede, olaryň öndüren önümleriniň agramly bölegi çinownikleriň we ruhanylaryň peýdasyna berlipdir.

Şäher ilatynyň esasy bölegini hünärmenler we söwdagärler tutupdyrlar. Hünärmenler we ownuk söwdagärler hem ýokary salgyt tölemäge mejbur edilipdir. Buhara emirliginiň patyşa Russiýasynyň protektoratyna öwrülmegi ýurtda agyr kolonial ezlişlere getiren hem bolsa, emirligiň sosial-ykdysady we

syýasy ösüşinde käbir progressiw netijeleri beripdir. Emirlikde gulçulyk we gul söwdasy ýatyrylypdyr.

Buharada hayrt-pul gatnaşyklary ilkinji nobatda pagtaçylyk pudagynda ösüpdir. Munuň beýle bolmagynda Merkezi Aziýa demir ýol gurluşygy hem belli bir derejede täsir edipdir. Şonuň netijesinde Buhara bilen Russiýanyň arasynda ykdysady gatnaşyklar güýçlenipdir.

1865-nji ýylda olaryň haryt dolanyşygy 5,2 mln. manat bolanlygyndan 1913-nji ýylda 66,6 mln. manada ýetipdir. Buhara rus kapitaly giňden aralaşypdyr. Ol ýerde birnäçe rus banklarynyň bölümleri ulag we ätiýaçlandyryş edaralary we beylekiler peýda bolupdyr.

1914-nji ýylda ýurtda uly bolmadyk 60 sany senagat kärhanalary hasaba alnypdyr. Buharada jemgyýetiň täze synplary bolan milli buržuaziýa we ýerli milli işçiler synpy kemala gelipdir. Emma bulara garamazdan Buhara öňküsi ýaly feodal gurluşly döwlet bolmagynda galypdyr. Buhara buržuaziýasy rus buržuaziýasy bilen deňeşdireniňde örän gowşak bolupdyr. Şoňa görä-de Buhara işçileri hem gowşak bolupdyr.

XIX asyryň ahyrlarynda XX asyryň başlarynda Buhara emirliginde halk köpçüliginiň ýagdaýy erbetleşipdir. Zähmetkeş halka salynýan yzygiderli salgytlar, çinownikler tarapyndan mejbur edilyän tölegsiz zähmetleri we şuňa meňzeşler olaryň tozmagyna getiripdir. Netijede, 1871-nji ýylyň mart aýynda Güzaryň eteklerinde, şol ýylyň özünde Garşyda ilatyň garyplaşan toparynyň gozgalaňlary bolup geçýär.

1885-1886-njy ýyllarda Şirabat daýhanlary agyr salgytlaryň salynmagyna garşy çykyş edýärler. XX asyryň başlarynda Buhara emirliginde daýhanlar hereketi mundan beýläk hem dowam edipdir. 1905-1907-nji ýyllarda Russiýa we goňşy Türküstanda bolup geçen rewolýusiýanyň täsiri astynda Gissar,

Kulýap, Baljuwan we beýleki begliklerde daýhanlar tolkunşyklary bolup geçýär. Daýhanlar hereketi soňky ýyllarda hem dowam edipdir.

1873-nji ýylyň 12-nji awgustyndaky şertnama laýyklykda Hywa hanlygy özbaşdak daşary syýasat ýöretmekden mahrum edilýär. Hanlyk bilen aragatnaşyklar etmek we onuň işine gözegçiligi ýola goýmak üçin ýedi adamdan ybarat maslahat (sowet) döredilýär. Olaryň dördüsi patyşa adminstrasiýasynyň, üçüsi bolsa, Hywa hanlygynyň (han, diwanbeg we mehter) wekilleri bolupdyr. Maslahatyň has wajyp kararlary Türküstan general-gubernatorlygy tarapyndan tassyklanmaly bolupdyr.

Şol bir wagtyň özünde ol maslahatyň agzalaryny hem belläp we aýryp bilipdir. Amyderýa bölüminiň Türküstana birikdirilmegi bilen maslahat ýatyrylypdyr. Netijede, Russiýanyň Hywa hanlygyndaky diplomatik wekili bolsa, şol bir wagatayň özünde Amyderýa bölüminiň hem başlygy bolupdyr. Ol bir wagtyň özünde ýurduň dolandyrylyşyna we hanyň iş hereketlerine hem gözegçiligi ýerine ýetiripdir.

Hywa hanlygynyň jemgyýetçilik syýasy gurluşy 1873-nji ýyldan soň hem kän bir üýtgemändir. Hywa hanlygy feodal monarhiýasy görnüşinde dolandyrylyp, onuň başynda han durupdyr. Hanyň elinde çäklendirilmedik adminstratiw kazyýet we harby häkimiýet jemlenipdir. Hywanyň dolandyryjy topary ýurduň döwlet gurluşynda we jemgyýetçilik durmuşynda köne tertip-düzgünleriniň saklanylmagynyň tarapdary bolupdyr.

Emma Hywa hanlygynyň üstünden Russiýanyň protektorlygynyň berkarar edilmeginiň belli bir derejede progressiw ähmiýeti hem bolupdyr. Ýurtda dowam edýän feodallaryň tozduryjylykly uruşlarynyň soňuna çykylypdyr we gulçulyk ýatyrylypdyr.

Russiýa bilen ýakyn ykdysady gatnaşyklaryň ýola goýulmagy Hywa hanlygynyň ykdysadyýetine hem kapitalistik

gatnaşyklaryň aralaşmagyna getiripdir. Bu bolsa, öz gezeginde oba hojalyk önümleriniň, hususan-da, pagtaçylygyň ösmegine we kapitalistik senagat kärhanalarynyň peýda bolmagyna getiripdir. Senagat kärhanalarynyň peýda bolmagy bolsa, Hywada işçiler toparynyň kemala gelmegine getiripdir.

Hywa hanlygy ýigrimi sany begliklere we welaýatlara bölünipdir. Olaryň her biriniň başynda han tarapyndan bellenilen han ýa-da häkim durupdyr.Olardan başga-da iki sany has ownuk welaýat (naib) bolup, olaryň başynda naiblar durupdyrlar. Hywa şäheri we onuň etekleri hanyň garamagynda bolupdyr. Ähli wezipeli adamlaryň girdeji çeşmeleri bolsa ýerler, zähmetkeş halkdan alynýan salgytlar bolupdyr.

Hywa hanlygy agrar ýurt bolup, onuň ykdysadyýetiniň esasyny emeli suwaryşly oba hojalygy düzüpdir. Ilatyň 90%-den gowragy ekerançylyk bilen meşgullanypdyr. Hywa hanlygynda däneli ösümlikler, pagta ösdürilip ýetişdirilipdir. Bagbançylyga we üzümdarçylyga hem uly ähmiýet berlipdir. XIX asyryň ahyrlarynda we XX asyryň başlarynda hanlygyň hojalygynda pagtanyň tutýan orny has ösüpdir.

Ýeriň ägirt uly bölegi feodal ýokary gatlagyň elinde jemlenipdir. Olaryň ýerlerini bolsa ýersiz we az ýerli daýhanlar kärendesine işläp bejeripdirler. Daýhanlar salgytlaryň birnäçe görnüşlerini tölemäge borçly edilipdir. Hanlykda 25-e golaý salgydyň görnüşi bolupdyr. Mysal üçin daýhanlar ýer salgydyny, mala salynýan salgyt, döwlet ýerlerinde işleýänler üçin, öri meýdanlary peýdalanýandygy üçin we şuňa meňzeş salgytlary töläpdirler.

Bulardan başga-da daýhanlar suwaryş ulgamlarynda, ýollarda yzygiderli mugt bejejeriş işlerini geçirmäge borçly edilipdir.Salgytlaryň agramly bölegi zähmetkeş halkyň başyna düşüpdir. Wezipeli adamlar we ruhanylar salgydyň ähli görnüşinden boşadylypdyr. XIX asyryň ahyrlarynda Hywa

hanlygynda çig maly, esasan hem pagtany işläp bejerýän senagat kärhanalary kemala gelipdir we ösüpdir.

Şeýle kärhanalar Hywada, Kungratda, Täze Ürgençde, Hazaraspda gurlupdyr. XX asyryň başlarynda Hywa hanlygynda senagat kärhanalarynyň sany köpelipdir. Egerde XIX asyryň ahyrynda dokuz sany pagta arassalaýan zawod bolan bolsa, 1917-nji ýylda olar otuz alta ýetipdir.

Zawodlarda işleýän işçileriň ýagdaýy örän gözgyny bolupdyr.Olar telekeçiler tarapyndan agyr ýagdaýda ezilipdir we iň ýönekeý adam hukugyndan mahrum edilipdir. Demir ýollaryň çekilmegi, şeýle hem Aral deňzi we Amyderýa boýunça deňiz we derýa gämiçiliginiň döremegi rus-hywa söwda gatnaşyklarynyň ösmeginde uly rol oýnapdyr.

Eger-de Russiýanyň Hywany basyp almazynyň öňüsyrasynda Hywadan 20.000 manatlyk pagta äkidilen bolsa, 1915-1916-njy ýyllarda 15 mln. manatlyk pagta äkidilipdir. Hywa hanlygyndan Russiýa garaköli bagana, balyk, tüwi, ýag, ýüpek, doňuz eti, ýüň, deri önümleri, kakadylan gök önümler we şuňa meňzeşler äkidilipdir. Russiýadan bolsa, dürli senagat önümleri, bugdaý, gant getirilipdir.

Şeýlelik bilen, XIX asyryň ahyrlarynda XX asyryň başlarynda Hywa hanlygy rus basypalyjylarynyň çig mal çeşmesine we girde jili söwda bazaryna öwrülýär. Hywa hanlygyndaky zähmetkeş halkyň iki taraplaýyn, ýagny ýerli han-begleriň we patyşa kolonizatorlarynyň ezilişine sezewar bolmagy olaryň rewolýusion işeňňirligini artdyrypdyr.

## 1916-njy ýylyň halk gozgalaňy

Birinji jahan urşy patyşa Russiýasynyň urşa taýýarlyksyzdygyny we tehniki-ykdysady taýdan yzagalakdygyny ýene-de bir gezek subut etdi. Uruş ýurduň ykdysadyýetini doly çökerdi.Ýurduň milli girdejisi 1914-1915-

nji ýyllarda 15,8 mlrd. manat bolanlygyndan 1916-1917-nji ýyllarda 12,2mlrd. manada çenli pese gaçdy. Harby çykdajylar bolsa 4,3 mlrd. manatdan 7,1 mlrd. manada çenli baryp ýetipdir.

Bu bolsa, milli girdejiniň ýarysyndan gowragyny öz içine alypdyr. Uruş patyşa Russiýasynyň koloniýalaryny talamagyny güýçlendiripdir. Salynýan salgytlaryň möçberi ýokarlanypdyr. Türküstan ülkesinde 1914-nji ýylda ýere salynýan salgyt 6859021 manat bolan bolsa, 1916-njy ýylda ol iki esse köpelip, 14 mln 311 müň 771 manada baryp ýetipdir.

Merkezi Russiýanyň senagatynyň we oba hojalygynyň pese gaçmagy Türküstanda kolonial ezişiň has hem güýçlenmegine getiripdir. Türküstandan ähli azyk, ýangyç, pagta ýagy, sabyn, et, gök önüm, çakyr we şuňa meňzeşler äkidilipdir. Olardan başga-da iş mallary, keçeler, göçme gara öýleri we şuňa meňzeşler hem äkidilipdir. Olar örän arzan bahadan alnypdyr. Russiýadan Türküstana getirilýän bugdaýyň we senagat önümleriniň möçberi yzygiderli azalypdyr. Bu bolsa, azyk önümleriniň we senagat harytlarynyň nyrhlarynyň çalt ösmegine getiripdir.

Bularyň hemmesi zähmetkeş halkyň tozdurypdyr we gedaýlaşdyrypdyr. 1916-njy ýylyň 25-nji iýunynda Russiýasynyň patyşasy Nikolaý II-niň 19 ýaşdan 43 ýaşa çenli bolan ýerli erkek adamlary päleçilige (urşa çekmek) almak baradaky çykaran karary zähmetkeş halkda uly nägilelik döredipdir.

Netijede, 1916-njy ýylyň 4-nji iýulynda Türküstanda hem halk tolgunşyklary we gozgalaňlary başlanypdyr. Şeýle gozgalaň Samarkant welaýatynyň Hojant şäherinde başlanýar. 5-nji iýulda Samarkant uýezdiniň Urgut obasynda nägile daýhanlaryň iki müňüsi dolandyryjy wolostlygyna ýygnanyp, urşa iberiljek adamlaryň sanawyny bermekligi talap edipdirler. Olar dolandyryjylaryň üstüne çozup, sanawy alyp ýok

edipdirler. Şeýle topalaňlar şol günüň özünde Samarkant uýezdiniň Siab, Mahalla, Hoja-Ahrar we Angar wolostlarynda hem bolup geçipdir.

7-nji iýulda Samarkant uýezdiniň Dagbit wolostynyň Dagbit obasynda halk köpçüliginiň uly çykyşy bolup geçýär. Bu gozgalaňa Molla Osman Abdurasulow ýolbaşçylyk edipdir. Gozgalaňçylar wolosty dolandyryjylardan urşa çagyrlanlaryň sanawyny bermeklerini talap edipdirler.Netijede ,urşa çagyrylanlaryň ählisiniň diýen ýaly diňe garyplardan düzülenliginiň üsti açylýar.Gozgalaň basylyp ýatyrylýar we 30 adam tussag edilýär.

Şeýle gozgalaňlar 11 iýulda Samarkant , Daşkent şäherlerinde we beýleki ýerlerde bolup geçýär. Daşkent uýezdiniň oba ilaty hem ýerli häkimiýete boýun bolman olaryň garşysyna çykyş edip başlapdyrlar. Ýaňgybazar, Toýtube, Hanabat we Pskent obalarynda daýhanlar bilen patyşa goşunynyň we polsiýasynyň arasynda ganly çaknyşyklar bolup geçýär.

12-13-nji iýulda Samarkant welaýatynyň Jyzak uýezdinde halk köpçüliginiň uly çykyşy başlanýar. Gozgalaňçylar bu ýerde uýezdi dolandyryjylaryň binasyna çozup, ol binany ýumrupdyrlar .Uýezd merkezleri Jyzakda, Sanzarda, Zaaminede we beýleki ýerlerde gozgalaňlaryň gyzan mahaly olara ýerli baý-feodallar goşulyp, Russiýanyň garşysyna gazawat urşuny yglan edipdirler. Emma gozgalaňyň gidişinde Jyzak uýezdiniň gozgalaňçylarynyň ýolbaşçylary halk köpçüliginiň bahbidi barada az alada edipdirler. Olar Russiýa gowşar we häkimiýet başyna özümiz geleris öýdüp pikir edipdirler. Haçanda öz maksatlarynyň başa barmajagyny bilenlerinden soňra, olar gozgalaňçylara dönüklik edýärler.

Jyzagyň hany diýlip yglan edilen ýerli baýlaryň baş serdary Abdyrahnam Abdujabbarow öz goşuny bilen söweşsiz boýun

egýär.Gazawat urşunyň ruhlandyryjysy işan Nazyr-Hoja Abdusalamow Garaguma gaçýar we ol ýerde tutulýar. Ketdekurganda gazawat urşunyň käbir serdarlary ikirjiňlenip, gozgalaňçylary urşy bes etmeklige yrmaklygy başarypdyrlar.

1916-njy ýylyň 8-18-iýulynda Fergana welaýatynda milli azat edijilik hereketi has giň gerime eýe bolupdyr. Gozgalaňçylar oba we wolost adminstrasiýasynyň 34 wekilini öldüripdirler. Köpüsini bolsa ýaralapdyrlar. 1916-njy ýylyň 17-nji iýulynda Türküstan harby ýagdaýda diýlip yglan edilýär. Ýurtda harby-meýdan düzgüni girizilýär. Ol düzgün tä 1917-nji ýylyň fewral rewolýusiýasyna çenli dowam edipdir.

Gozgalaň baslyp ýatyrlypdyr we olardan rehimsizlik bilen öç alypdyrlar. Emma jeza beriji otrýad hem, köpçülikleýin tutha-tutluk hem halk gazabynyň oduny öçürip bilmändir. 1916-njy ýylyň 17-30-njy iýulynda halk çykyşynyň tolkuny başlanyp, ol Daşkent, Samarkant, Hojant uýezdleriniň oba ýerlerini öz içine alypdyr. 1916-njy ýylyň gozgalaňy ýeňilýär. Gozgalaňyň ýeňilmeginiň esasy sebäpleri birinjiden, gozgalaň özakymlaýyn häsiýete eýe bolupdyr, ikinjiden, gozgalaňçylaryň arasynda agzybirlik bolmandyr. Bu gozgalaň özüniň häsiýeti boýunça milli-azat edijilik halk hereketi bolupdyr.Ol patyşa Russiýasyna we imperialistik urşa garşy gönýkdirilipdir. Gozgalaň başlananda baknaçylyga, imperializme garşy gönükdirilen hem bolsa, gozgalaňyň gidişinde ol feodalizme garşy hem gönükdirilipdi.

## Medeniýet we ylym

XIX asyryň ahyrlarynda XX asyryň başlarynda Özbegistanda bilim ösüpdir. XIX asyryň ahyrlarynda ýerli ilat başlangyç bilimi mekdeplerde, ýokary we orta bilimi medreselerde alypdyrlar. Olarda dersleri ymamlar ýa-da metjidiň beýleki gullukçylary beripdirler. Mekdeplerde okatmaklyk ýönekeý dini bilim bermeklik bilen çäklendirilipdir.

Ýagny Gurhanyň arapça tekstini-ýazgylaryny okamak we musulmanyň esasy borçlaryny bilmek bolupdyr.

Şäher mekdeplerinde dini okuwlardan başga-da umumy bilimiň ýönekeý esaslary hem öwredilipdir.Okuwçylar hat ýazmaklygy we hasaplamaklygy öwrenipdirler, belli şahyrlaryň eserlerini okapdyrlar. Bu hili mekdeplerde gurply ene-atalaryň çagalary okapdyrlar.Okuwlaryny gutaryp olar alan bilimlerini söwdada, hünärmentçilik ussahanalarynda ulanypdyrlar. Käbirleri bolsa, ussat hatdatlar bolup ýetişipdirler. Beýleki birleri bolsa, medereselere giripdirler.

Medrese ýokary musulman mekdebi bolup, onda talyplar dini filosofiýany, musulman hukuklaryny, arap grammatikasyny we beýlekileri öwrenipdirler.Medresäni gutaranlar ders okatmaga hukuk alypdyrlar. Mekdeplerde we medreselerde diňe oglanlar okadylypdyr. Şäherlerde käbir başlangyç dini bilimleri gyzlara hem öwredipdirler.

Mekdeplerde we medreselerde özbek, arap, parsy-täjik dillerinde okadylypdyr.Merkezi Aziýanyň Russiýa birikdirilmegi bilen mekdeplerde we medreselerde käbir özgerişlikler geçirilýär.Musulman mekdepleri üçin ýörite çap edilen okuw kitaplary peýda bolýar. Kazandan Gurhanyň çap edilen görnüşi, Hindistandan we Eýrandan şahyrlaryň litografik (basma) ýygyndylary getirilipdir.

Mekdepler üçin litografiki okuw kitaplaryny çykarmak Daşkentde hem guralypdyr.Patyşa hökümeti musulman mekdeplerindäki okuwlaryň alnyp barlyşyna goşulmandyr. XX asyryň başlaryndan başlap, medreselerde rus dili sapaklaryny girizmek barada haýyşlar gelip başlapdyr.Şoňa görä hem 1913-1917-nji ýyllarda käbir medreselerde rus dili sapaklary girizilipdir.XIX asyryň 90-njy ýyllaryndan başlap täze usullar boýunça okadylýan mekdepler hem peýda bolup başlapdyr. Şeýle mekdepler ilkinji gezek Fergana jülgesinde peýda

bolupdyr. Täze usulda okadylýan mekdepler öz öňlerinde şu aşakdaky wezipeleri goýupdyrlar: birinjiden, ýaş nesle iş-durmuş tejribesinde zerur bolýan bilimleri bermekden; ikinjiden, okatmaklygyň häzirkizaman usullaryny peýdalanmakdan ybarat bolupdyr.

Bu mekdeplerde orta asyr eýýamyndaky ýaly okuwçylar aýry-aýrylykda okadylman, eýsem okuwçylaryň toplanan görnüşi bolan synplarda (klaslarda) okadylypdyr. Klaslarda geografiýa kartalary, globuslar we beýleki görkezme esbaplary peýdalanylypdyr.

Öňki okuwçylar ýerde oturyp okan bolsalar, indiki okuwçylar partalarda oturypdyrlar. Okuwçylara her dersiň arasynda arakesme berlipdir. Okuwçylara ten jezasyny bermek gadagan edilipdir. Emma bulara garamazdan täze mekdeplerde berilýän bilim hem doly öz maksadyna ýetmändir.

Okatmaklyk döwri dört ýyldan aňry geçmändir. Mekdepleriň sany az bolupdyr ýa-da ýeterlik bolmandyr. Diňe Daşkent, Kokant we Samarkant şäherleriniň her birinde täze usul boýunça okadylýan mekdepleriň biri bolupdyr.

Olarda hem okuwyň möhleti alty ýa-da ýedi ýyl bolupdyr. Bu mekdeplerde ýeke-täk ylmy ders arifmetika bolupdyr. Patyşa hökümeti täze usulda okadylýan mekdeplere rus diliniň girizilmegine garşy bolupdyrlar. Sebäbi, ol mekdepler rus-tuzem mekdepleri bilen bäsleşipdirler.

Rus-tuzem mekdeplerinde okuwçylar okuw döwrüniň ýarsynda rus mugallymlary bilen rus dilini, arifmetikany we az mukdarda dünýäni öwreniş derslerini öwrenen bolsalar, beýleki böleginde köne musulman mekdebinde öwrenilýän dersleri öwrenipdirler.

Rus-tuzem mekdeplerinde diňe oglanlar okadylypdyr. Gyzlary ene-atalary bu mekdebe bermändirler. 1903-nji ýylda Türküstanyň pedagogika gurnagy Daşkentde rus-tuzem aýallar

mekdebini açypdyr. Emma ol bary-ýogy iki ýyldan soň ýapylypdyr. Rus diline bolan isleg gitdigi saýyn artypdyr. Ulular üçin rus dilini öwredýän kurslar gurnalypdyr. 1909-1911-nji ýyllarda diňe Daşkentde şeýle kurslarda ýylda 150 adam okadylypdyr.

Türküstanda ýerli ilata garanyňda rus ilatyna mekdep bilimi has oňat berlipdir. Türküstanda ilkinji rus mekdebi 1866-njy ýylda Daşkentde açylypdyr. Ondan iki-üç ýyl geçenden soňra beýleki şäherlerde hem açylypdyr. Rus mekdeplerinde ýerli milletleriň çagalarynyň uly bolmadyk sany okapdyr.1876-njy ýylda Daşkentde erkekler we aýallar gimnaziýasy, 1894-nji ýylda bolsa, uçilişe açylýar. Bu okuw jaýlary döwlet tarapyndan maliýeleşdirilipdir.

1879-njy ýylda Daşkentde Türküstan mugallymlar seminary açylyp, onda okuwçylaryň ene dilini bilýän başlangyç klaslaryny okatmaklyk üçin ýörite mugallymlar taýýarlanylypdyr. Mekdepleriň ulgamy gitdigiçe giňelipdir. 1905-1916-njy ýylllarda orta mekdepleriň ulgamy iki esseden gowrak köpelipdir. Olar ähli uýezd merkezlerinde diýen ýaly bolupdyr.

Merkezi Aziýanyň Russiýa birikdirilmegi netijesinde, XIX asyryň ahyrlarynda XX asyryň başlarynda syýasy, ykdysady, sosial özgertmeler bolup geçýär. Bu bolsa, edebiýatda we jemgyýetçilik aňynda progressiw taglymatlaryň ösmegine amatly şertleri döredipdir.

XIX asyryň ahyrlarynda XX asyryň başlarynda Donişiň, Furkatyň, Mukymyň we beýlekileriň işlerinde halk köpçüliginiň bähbidini goraýan taglymatlar peýda bolup başlaýar. XIX asyryň ahyrlarynda Özbegistanda progressiw taglymatyň wekili hökmünde Ahmet Doniş (1827-1897) belli ýazyjy we akyldar hökmünde öňe çykýar. Ol Buharada ýaşapdyr we zähmet çekipdir.

Ol öz ýurdunyň yza galmagynyň sebäplerini, ýurtda emiriň alyp barýan adalatsyz, jenaýatçylykly syýasatynda görüpdir. Ol öz eserlerinde zähmetkeş halkyň we ylmyň hem-de medeniýetiň

wekilleriniň agyr durmuşyny beýan edipdir. Ol Buhara hanlygynda reforma geçirmegiň taslamasyny düzüpdir. Ilkinji nobatda adalatly döwlet gurluşyny berkarar etmegi, ekerançylygy ösdürmegi, suwaryş desgalaryny giňeltmegi we kämilleşdirmegi, peýdaly ýerasty baýlyklary öwrenmegi hem-de peýdalanmagy öňe sürüpdir.

Ahmet Doniş magaryfy progressiw ösüşiň esasy hasaplapdyr. Zakirjan Halmuhammedowyň (Furkat), (1858-1909) hem Ahmet Doniş ýaly XIX asyryň ahyrlarynda XX asyryň başlarynda Özbegistanda progressiw pikirleriň ösmeginde bitiren hyzmatlary uludyr. Furkatyň goşgularynda feodal yza galaklyk berk tankyt edilip, beýleki halklaryň medeniýeti bilen ýakynlaşmak syýasaty öňe sürülipdir.

Ol Nowaýynyň we Puşkiniň taglymatlaryny öz eserlerinde ýarag edinipdir. XX asyryň başlarynda Özbegistanda progressiw pikiriň we edebiýatyň ösmeginde Hamza Hekim-zade Nyýazy uly rol oýnapdyr. Ol 1889-njy ýylda Kokantda tebip maşgalasynda eneden dogulýar. 1910-njy ýylda mugallymçylyk edip başlapdyr. Hamza Kokantda mekdep açyp, onda bilim bermekligi guramak bilen birlikde edebi eserleri çykarmaklygy hem giňden alyp barypdyr.

Hamzanyň eserlerinde rewolýusion pikirler giňden öňe sürlüpdir.Sowet häkimetiniň ýeňmegi bilen Hamza Hekim-zade Nyýazy halk köpçüliginiň bähbidi ugrunda yzygiderli göreş alyp barypdyr.

Merkezi Aziýanyň Russiýa birikdirilmegi ol ýerde ylmyň ösmegine hem zerur şertleri döredipdir. Merkezi Aziýany öwrenmekde rus alymlarynyň bitiren hyzmatlary uludyr. Merkezi Aziýanyň fizika-geografiýasyny öwrenmekde belli rus zoology, geografiýaçysy hem-de syýahatçysy N.A. Sewersew (1827-1886) Pamir daglaryny öwrenmekde, Týan-Şan daglaryny öwrenmekde bolsa belli rus geografiýaçysy P.P. Semýonow-Týan-Şanskiý (1827-1914), Türküstanyň tebigatyny

öwrenmekde rus syýahatçysy A. P. Fedçenko (1844-1873) uly hyzmatlary bitiripdirler.

Ylym adamlaryna kömek bermek maksady bilen 1870-nji ýylda Daşkentde Türküstan kitaphanasy açylýar. Kitaphana açylan mahaly onda bary-ýogy 1700 tom bolan bolsa, 1917-nji ýylda 80.000 müň tom kitap bolupdyr. Özbegistanyň taryhyny we arheologiýasyny öwrenmeklik bilen birlikde etnografiýasyny hem giňden öwrenipdirler. Bu ugurda Gündogary öwreniji alymlar W.W.Bartoldyň, N.I. Weselowskiýniň, W.W. Radlowyň, A.N. Samoýlowiçiň işleri uly ähmiýete eýedir.

XIX asyryň ahyrlarynda XX asyryň başlarynda Özbegistanda üç sany binagärlik mekdepleri, ýagny Buhara, Horezm we Fergana binagärçilik mekdepleri gutarnykly kemala gelýär. Bu mekdeplerde özbek halk binagärçiliginiň dürli ugurlary we olaryň syrlary öwredilipdir. Bu döwre degişli ýadygärlikleriň içinde Buharada ýerleşýän Sitorai Mohi Hosa atly köşk ýadygärlikler toplumyny bellemek bolar.

XIX asyryň ikinji ýarymyndan başlap Özbegistanyň binagärçilik sunagtynda rus sunagtynyň täsiri ýiti duýlup başlanypdyr. Öz gezeginde rus binagärçilik sungaty hem özüne geçiripdir. Özbegistanyň Russiýa birikdirilmegi bilen köne şäherleriň töwereginde täze şäherler peýda bolup başlapdyr. Olar giň we göni köçeleri, özboluşly bezegleri bilen tapawutlanypdyrlar.

Adaty ýaşaýyş öýleriden we ybadathanalardan başga-da, söwda merkezleri, demir ýol wokzallary, banklar, dürli döwlet edaralary peýda bolupdyr.

Merkezi Aziýanyň Russiýa birikdirilmegi bilen Özbegistanda rus saz sungaty peýda bolýar. Ol öz gezeginde wagtyň geçmegi bilen özbek sazyna öz täsirini ýetiripdir.

# V BÖLÜM
# Özbegistan Sowet häkimiýeti ýyllarynda (1917-1991)

## Özbegistanda sosialistik rewolýusiýanyň ýeňmegi we ilkinji sosialistik özgerişler

Özbegistan XX asyryň başlarynda yza galak agrar ýurtlaryň biri bolupdyr.Özbek obalarynda feodal gatnaşyklary höküm sürüpdir.Musulman ruhanylary Özbegistanyň ykdysady we syýasy durmuşynda ep-esli rol oýnapdyrlar. XX asyryň başlarynda Özbegistanda ilkinji sosial-demokratik gurnaklar peýda bolýar.

Ýurduň ilatynyň esasy bölegini daýhanlar tutupdyr. Ýerli ilat bir tarapdan patyşa Russiýasy, beýleki tarapdan içerki feodal ezişlere sezewar edilipdir. Şeýlelik bilen, Türküstanyň zähmetkeş halkynyň hukugy ähli babatlarda basgylanyp, hemişe gedaýlykda, açlykda bolup, medeni taýdan yza galypdyr.

Netijede, XX asyryň başlarynda daýhanlaryň feodallara garşy hereketi samoderjawiýä, imperializme garşy göreşe geçip, ol milli-azat edijilik hereketine getiripdir. XX asyryň başlarynda Merkezi Aziýadaky rewolýusion hereketliriň başynda bolşewikler partiýasy durupdyr.Bu partiýa Türküstanyň zähmetkeş daýhanlaryň milli-azat edijilik hereketini rus daýhanlarynyň agrar-rewolýusion hereketi bilen utgaşdyrmaklyga ugrukdyrypdyr.

Basybalyjylaryň öz ýurdundaky we baslyp alnan ýerlerdäki daýhanlaryň agrar hereketi işçiler hereketi bilen bileleşip 1917-nji ýylyň buržuaz-demokratik rewolýusiýanyň ýeňmegine getiripdir. Özbegistanyň zähmetkeş halky rus işçiler synpy bilen ysnyşyp, patyşa somderjawiýesine we ýerli ezijilere garşy göreşlerini güýçlendiripdirler.

Özbegistanda synpy gapma-garşylyklaryň güýçlenmegi 1916-njy ýylda halk gozgalaňynyň başlanmagyna sebäp

bolupdyr. Şeýlelik bilen, 1917-nji ýylyň başlarynda tutuş Russiýada bolşy ýaly Türküstanda hem rewolýusiýa üçin ähli şertler döräpdir.

Türküstanyň zähmetkeş köpçüligi hem rus proletariaty we daýhanlary bilen bilelikde patyşa samoderjawiýesi we imperialistik buržuaziýa bilen aýgytly tutluşyklara taýýarlyk görüpdirler. 1917-nji ýylyň güýzünde sosialistik rewolýusiýanyň ýeňmegi ugrunda rewolýusion hereketler özüniň aýgytly basgançagyna gadam basypdyr. Bolşewikler partiýasynyň ýolbaşçylygynda rewolýusion güýçler ýaragly gozgalaňa taýýarlyk görüpdirler. 1917-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda Petrogradda ýaragly gozgalaň ýeňipdir.

Türküstan ülkesinde rewolýusiýanyň esasy daýanjy Daşkent şäheri bolupdyr. Petrogradda ýaragly gozgalaňyň ýeňmegi Daşkentde hem gozgalaňyň çaltlaşmagyna getiripdir. 1917-nji ýylyň 28-nji oktýabrynda daňdan Daşkentde işçileriň, esgerleriň gozgalaňy başlanýar. Gozgalaň bolşewikleriň başda durmagynda Rewolýusion Komitetiň ýolbaşçylygynda guramaçylykly geçýär. Gozgalaň turzan işçiler we esgerler demirýol wokzalynyň golaýynda berkleşip, demirýol deposyny, haryt ammarlaryny we beýlekileri eýeläpdirler.

Tutuş 28-nji oktýabr güni çaknyşyklar dowam edipdir. 1917-nji ýylyň 1-njy noýabrynda rewolýusiýa garşy durýanlaryň iň soňky gaçyp atalgasy hem eýelenýär. Ak gwardiýaçylaryň ýolbaşçylary ýesir alynýar. Rewolýusiýanyň garşysyna duran harby otrýadlar ýaragsyzlandyrylýar. Şol günüň özünde işçileriň we esgerleriň deputatlarynyň Daşkent soweti şäheriň we ülkäniň ilatyna ýüzlenip rewolýusiýanyň ýeňendigini habar berýärler.

1917-nji ýylyň fewral rewolýusiýasyndan soň ülkede işçiler we esgerler deputatlarynyň Sowetleri döredilip başlanýar.

Emma heniz olarda ýolbaşçy wezipeleri menşewikler we eserler eýeläpdirler.

1917-nji ýylyň 15-22-nji noýabrynda Daşkentde Türküstan esgerleriniň we işçileriniň deputatlarynyň Sowetleriniň III gurultaýy bolup geçýär. 1917-nji ýylyň 19-njy noýabrynda Türküstan Halk Komissarlar soweti döredilýär. Türküstanda ähli häkimiýet işçileriň, esgerleriň we daýhanlaryň Sowetleriniň, şeýle hem musulman işçileriniň deputatlarynyň elinde jemlenýär.

Türküstanyň bolşweikleri sowet häkimetini berkarar etmek ugrunda göreşip menşewikler bilen doly arany açýarlar we özbaşdak bolşwikler partiýa guramasyny döredip başlaýarlar. 1917-nji ýylyň dekabr aýynyň başlarynda Samarkantda bolşewikler guramasy döredilýär.Şeýle guramalar 1917-njy ýylyň dekabrynda Namanganda we Kaganda, 1918-nji ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda Kokantda we Ferganada döredilýär.

Daşkentde ýaragly gozgalaň ýeňenden soňra şäherde we Türküstanyň etraplarynda häkimiýet parahatçylykly ýagdaýda Sowetleriň eline geçýär. Ýaragly gozgalaň ýeňenden soňra kommunistik partiýanyň we sowet hökümetiniň öňünde mundan buýana-da sowt hökümetini berkitmek we sosialistik özgertmeleri durmuşa geçirmek ýaly wajyp meseleler we wezipeler durýardy.

Sowet häkimiýetini saklamak üçin ilkinji nobatda köne döwlet apparatyny ýok edip, täze döwlet apparatyny döretmek meselesi durýardy. Türküstanda köne milisiýa ýatyrylyp, täze halk milisiýasy we Adatdan daşary komisiýalar hem-de rewolýusion tribunallar döredilýär. Bu bolsa, ýurtda halkyň bähbidini goramakda we rewolýusion tertip-düzgüni berjaý etmekde uly ähmiýete eýe bolupdyr.

1917-nji ýylyň ahyrlarynda 1918-nji ýylyň başlarynda Sowet häkimiýetine garşy iş alyp barandyklary sebäpli, şäher

dumalary we dolandyryş guramalary dargadylýar. Şeýlelikde, ýurduň durmuşyny ähli ugurlar boýunça dolandyrmaklyk tutuşlygyna Sownarkomyň we ýerli Sowetleriň eline geçýär. Sowet döwlet apparatyny gurmak we berkitmekl üçin Gyzyl gwardiýanyň döredilýär.

1917-nji ahyrlarynda 1918-nji ýylyň başlarynda Daşkentde birnäçe Gyzyl gwardiýaçy, şeýle hem milli otrýadlar döredilýär. Kommunistler Açyl Babajanow, Mirzaahmet Mirhodiýewiň we beýlekileriň otrýadlarynda 500 sany özbek işçileri bolupdyr.

Sowet döwlet apparatynyň döredilmegi ýurduň ykdysadyýetinde ilkinji sosialistik özgertmeleri üstünlikli geçirmägee mümkinçilik beripdir. Sowet häkimiýeti birbada senagaty millileşdirmän kärhanalarda işçi gözegçiligini dikeldipdir. Sebäbi, sowet häkimeti entek senagat kärhanalaryny dolandyrmaga doly taýýar däldi.

Şoňa görä hem sowet häkimiýeti senagat pudaklaryny ýuwaş-ýuwaşdan millileşdirip başlapdyr. Mysal üçin, 1918-nji ýylyň 28-nji fewralynda Türküstanyň Sownarkomy pagtany, 5-nji martda bolsa pagta kärhanalaryny, sabyn hem-de pagta ýagyny şykarýan senagaty millileşdirýär.

Onuň yzysüre dag magdan gazyp alyş senagaty (känileri) we beýlekiler millileşdirilýär. 1918-nji ýylyň birinji ýarymynda senagatyň esasy pudaklarynyň üstünlikli millileşdirilmegi Özbegistanda sowet häkimiýetiniň berkidilmeginde uly uly rol oýnapdyr.

Sowet häkimiýetiniň ykdysadyýetde geçiren ýene bir esasy möhüm çäreleriniň biri hem ilkinji agrar özgertmeler bolupdyr. 1917-nji ýylyň 9-njy dekabrynda Türküstanyň Sownarkomy Türküstanda ýerleri satyn almak we satmagy gadagan edýär. 22-nji dekabrynda bolsa şäherlerde ähli gozgalmaýan emläkleri we ýeri satyn almak, satmak, girewine bermek we şuňa meňzeşler gadagan edilýär.

Ýurtda pagtaçylaryň ýagdaýny oňatlaşdyrmak barada aýratyn üns berlipdir. 1918-nji ýylyň başlarynda Daşkentde Merkezi pagta bölümi döredilip, ol pagtaçylygy dikltmek we ösdürmek bilen meşgullanypdyr. Pagta arassalaýan zawodlar daýhanlara ýokary hilli tohumlary we dökünleri hem-de şuňa meňzeşleri bermeklige borçly edilipdir. 1918-nji ýylyň 17-nji maýynda RSFSR-iň Sownarkomy Türküstanyň suwarymly ekerançylygy üçin 50 million manat pul bermek barada karar çykarýar.

## Türküstan Awtonom Sowet Sosialistik Respublikasynyň döredilmegi

Russiýanyň beýleki halklary bilen birlikde Türküstanyň zähmetkeşleri hem oktýabr rewolýusiýasynyň ýeňmegi bilen öz milli sowet döwletlini we halk sowet respublikasyny döretmäge mümkinçilik aldylar. 1918-nji ýylyň 20-nji aprelinden 1-njy maý aralygy Daşkentde Sowetleriň V gurultaýy bolup geçýär. Onuň gün tertibindäki esasy mesele Türküstan Awtonom Sowet Sosialistik Respublikasyny döretmek meselesi bolupdyr.

Gurultaýda Sowet hökümetiniň adyndan Sowet hökümetiniň adatdan daşary komissary we Russiýa Bolşewikler Kommunistik Partiýasynyň Merkezi Komitetiniň wekili, bolşewik P.A. Kobozýew çykyş edipdir. Ol öz çykyşynda gurultaýa gatnaşyjylara ýüzlenip, Türküstanda milli meseläni çözmegiň wagtynyň gelendigini aydypdyr.

1918-nji ýylyň 30-nji aprelinde gurultaý RSFSR-iň düzüminde Türküstan Awtonom Sowet Sosialistik Respublikasynyň döredilýändigi baradaky karary kabul edipdir we Türküstan Awtonom Sowet Sosialistik Respublikasy barada düzgünnamany tassyklapdyr. Gurultaý Türküstan Awtonom Sowet Sosialistik Respublikasynyň Merkezi Ispolnitel Komitetini (MIK) we Halk Komissarlar Sowetini (HKS)

saýlapdyr. Döwlet guramalarynyň düzümine ilkinji gezek ýerli milletleriň wekilleri hem saýlanypdyr.

Merkezi Ispolnitel Komitete ýerli milletden ýedi we Sownarkoma 4 adam (ýustisiýa, içeri işler, millet we saglygy saklaýyş halk komissarlar sowetiniň başlyklary) saýlanypdyr.

Gurultaý şeýle hem Türküstanyň Respublikasynyň kanunçykaryjylyk, öz territoriýasyna we onuň ýerine, suwuna, ýerasty baýlyklaryna özbaşdak eýelek etmek hukugyny, wezipelerini we oňa bellenilýän zähmet haklaryny we beýlekileri dikeldipdir. Türküstan halklary Sowetleriň V gurultaýynyň awtonom respublika döretmek baradaky Kararyny uly şatlyk bilen garşylapdyrlar. 1918-nji ýylyň 1-nji maýynda Sowet Türküstanyň şäherlerinde we obalarynda köp adamly demonstrasiýalar we ýygnaklar geçirilip, respublikanyň döredilmegini goldap çykyş edipdirler.

1918-nji ýylyň 1-nji iýunynda Daşkentde Türküstanyň bolşweikler guramasynyň birinji uçreditel gurultaýy bolup, oňa on iki partiýa guramasyndan (Daşkent, Samarkant, Guşgy, Kokant, Merw, Çärjew, Hojent, Perow, Gyzylarbat, Çerniýaýew, Aktýubin we Çelkar) 43 wekil gatnaşypdyr. Gurultaýyň wekilleri Türküstan kommunistik partiýasynyň Merkezi Komitetini döredipdir.

Onuň düzümine W.D.Wotinsew, P.A.Ýermolow, A.F.Solkin, K.Ýe.Sorowkin, N.Hojaýew, M.N. Troiskiý, I.O. Tobolinden ybarat ýedi adam giripdir. Gurultaýda Türküstan Kommunistik Partiýasynyň Merkezi Komitetiniň we Milletler boýunça Halk Komissarlar Sowetiniň organy bolan, ýerli dilde çykýan "Iştrakiýun" (kommunist) atly gazeti çykarmak barada karar kabul edilýär.1918-nji ýylyň oktýabrynda Sowetleriň VI gurultaýy Türküstan ASSR-nyň ilkinji konstitusiýasyny kabul edýär.

## Hywada we Buharada Halk Sowet rewolýusiýasynyň ýeňmegi

## Horezm we Buhara Halk Sowet Respublikalarynyň döredilmegi

XX asyryň başlarynda Hywada we Buhara ýagdaý has çylşyrymly bolupdyr. 1918-nji ýylyň ýanwarynda Hywada içki we daşky kontrrewolýusionerleriň kömegi bilen döwlet agdarylyşygy geçirilýär we häkimiýet başyna taýpa-feodal serdarlarynyň gelmegine getirýär. Mundan öň hem ýagdaýlary gowy bolmadyk zähmetkeş halkyň durmuşy has hem agyrlaşýar. Hywada feodallaryň garşysyna yzygiderli halk topalaňlary başlanýar. Hanlykda daýhanlaryň, hünärmenleriň ownuk we orta buržuaziýanyň, şeýle hem milli intelligensiýanyň bähbitlerini goraýan demokratik azat-edijilik hereketi güýçlenýär.

Hywanyň milli buržuaziýasynyň bähbidini esasan "ýaş hywalylar" partiýasy gorap çykyş edipdir. Şol wagtlar ýaş hywalylar partiýasy ýeke-täk ýurtda ýeke-täk oppozision syýasy partiýady. Olar gelejekde halk hereketini ýerli buržuaziýanyň agalygyny dikletmek üçin peýdalanmak isläpdirler. 1919-njy ýylda Petroaleksandrowsk şäherinde (Häzirki Dörtgül şäheri) hywaly rewolýusionerleriň ştaby döredilip, ol öz öňünde hanyň häkimiýetini ýykmagy wezipe edipdir.

Hywada rewolýusiýanyň ösmeginde we ýitileşmeginde 1919-njy ýylyň başlarynda döredilen hywa kommunistik topary möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Hywanyň kommunistlerine kömek etmek üçin merkezden tejribeli partiýa we sowet işgärlerini iberipdirler. Hywa kommunistleri Rahman Primbetow, Ahmetjan Ibragimow, Gurban Beknyýazow, Keňje Abdullaýew, N.Solopow, Aly Abdullaýew, Juma Ataşow we beýlekiler özleriniň rus dostlarynyň tejribelerini peýdalanypdyrlar.

Olar batraklardan we garyp daýhanlardan rewolýusion topary döretmekde we berkitmekde ýadawsyz iş alyp barypdyrlar. Kommunistleriň onlarçasy Daşkentde açylan agitatorlaryň gysga möhletli kurslarynda okapdyrlar. 1919-njy ýylyň 19-njy noýabrynda Hywa hanlygynyň Köneürgenç, Ýylanly, Kungrat, Hojaili begliklerinde halk gozgalaňlary başlanyp, ol gysga wagtyň içinde beýleki etraplara hem ýaýrapdyr.

Bu ýagdaýlar rewolýusiýanyň başlangyjydy. Hywanyň rewolýusionerleri kömek sorap Sowet Türküstanyna ýüz tutupdyrlar. Hywa halkynyň haýyşyny ýerine ýetirip RSFSR-yň hökümeti Amyderýanyň çep kenaryna ibermek barada buýruk çykarypdyr.

Gyzyl goşunyň güýçli zarba urmagynda Hywa hanlygy ýykylýar. 1920-nji ýylyň 2-nji fewralynda Hywanyň hany Seýit Abdylla han tagtdan agdarylýar. Ol Garagum çölüne gaçýar. 1920-nji ýylyň 27-30-njy aprelinde Hywada I Bütinhorezm Halk gurultaýy (Halk wekilleriniň gurultaýy) bolup, ol ýurduň gadymy Horezm adyny gaýtaryp berýär we Horezm Halk Sowet Respublikasyny yglan edýär.

Gurultaý HHSR-yň hökümetini-Halk Ministrler Sowetini saýlaýar. Onuň düzümine "ýaş hywalylar" we türkmenleriň feodal taýpa serdarlary giripdir. Gurultaýda HHSR-yň konstitusiýasyny kabul edýär. Konstitusiýa RSFSR-yň konstitusiýasyndan tapawutlulykda ýere, önümçiligiň esasy gurallaryna we serişdelerine hususy eýeçiligi saklaýar, eziji synplaryň bir bölegine saýlaw hukugy berilýär. Iri feodallar saýlaw hukugyndan mahrum edilýär. HHSR özboluşly geçiş etaply halk-demokratik döwlet bolup, rewolýusion-demokratik wezipeleri hem-de respublikanyň kapitalistik döwründen böküp, sosialistik ýola düşmegi üçin ykdysady we syýasy şertleri

döretmek we zähmetkeşleri sosialistik gurluşyga çekmek üçin zerurdy.

Syýasy we medeni taýdan yza galanlygy sebäpli Horezm respublikasynda sosial özgerdişler seresaplylyk bilen kem-kemden geçirilýär. Ilkibaşda musulman hukugyna-şerigata esaslanýan sudlar, köne dini mekdepler, wakuf ýerleri, tire kethudalary we beýlekiler saklanylýar.

Sowet häkimiýetiniň pugtalandyrylmagy ruhanylaryň we sagçy "ýaş hywalylaryň" zor garşylyk görkezmegi ýagdaýynda geçýär. 1921-nji ýylyň dekabrynda Hywa şäherinde Horezm kommunistik partiýasynyň I gurultaýy bolýar. Gurultaý ykdysady we milli meseleler boýunça möhüm karar kabul edýär.

1922-nji ýylyň başlarynda Horezm kommunistik partiýasy RK(b)P-nyň düzümine kabul edilýär. 1923-nji ýylyň martynda Türküstan, Buhara we Horezm Respublikalarynyň birinji ykdysady konferensiýasy bolup, şonda üç respublika- Türküstan Awtonom Sowet Sosialistik Respublikasy, Buhara we Horezm Halk Sowet Respublikalary ykdysady taýdan birleşýärler.

Sowetleriň 1923-nji ýylyň oktýabrynda bolan Bütinhorezm IV gurultaýy Horezm zähmetkeşler köpçüliginiň ýurdy sosial-ykdysady taýdan özgertmek we ilatyň medeni derejesini ýokarlandyrmak ugrundaky göreşinde gazanan üstünlikleriniň umumy jemlerini jemläp, Horezm Halk Sowet Respublikasyny Horezm Sowet Sosialistik Respublikasyna (HSSR) öwürmek hakynda karar kabul edýär. Bütinhorezm gurultaýy täze konstitusiýany - Horezmiň birinji sosialistik konstitusiýany biragyzdan kabul edýär. Şol konstitusiýa esasynda häkimiýet doly suratda zähmetkeşler köpçüliginiň eline berilýär.

Oktýabr rewolýusiýasynyň täsiri astynda Buhara emirliginde 1920-nji ýylyň ortalaryna çenli rewolýusion ýagdaý döreýär. Ýurtdaky agyr ýagdaýlar zerarly halk köpçüliginiň

tolgunşyklary güýçlenýär. 1920-nji ýylyň 23-nji awgustynda Sakar-Bazarda (Çärjew begliginde) gozgalaň başlanýar. 25-nji awgustda gozgalaňa ýolbaşçylyk etmek üçin partiýa merkezi döredilýär. 29-njy awgustda Buhara gyzyl otrýadlary bilen birleşip köne Çärjewi eýeleýärler. Emirligiň beýleki ýerlerinde hem rewolýusion hereketler ýaýbaňlanýar.

RSFSR-yň hökümeti Buhara rewolýusionerlerine kömek üçin M.B.Frunzäniň ýolbaşçylygynda gyzyl goşun otrýadlaryny iberýär. Daşkentden we Samarkantdan 500 meýletinçiler, Zakaspiden 200 adamdan ybarat türkmen otrýady, Horezmden bolsa 500 adam kömege gelýär.

1920-nji ýylyň sentýabrynda Köne Buhara eýelenýär we Buhara emiriniň häkimiýeti agdarylýar. 1920-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda halk wekilleriniň Bütinbuhara I gurultaýynda Buhara Halk Sowet Respublikasy (BHSR) yglan edilýär. 1921-1924-nji ýyllarda Buharada ep-esli sosialistik ykdysady özgerişlikler amala aşyrylýar. 1921-nji ýylyň 5-nji ýanwarynda kabul edilen ýer hakyndaky dekret Buharada feodal eýeçiligini ezişiň krepostnoýçylyk görnüşlerini ýatyrýar.

Emiriň we begleriň ýerleri ellerinden alynýar. 1921-nji ýylyň 2-nji fewralynda Buhara Halk Sowet Republikasynyň (BHSR) MIK-i ähli ýerleri, suwlary, tokaýlary, tebigy baýlyklary millileşdirmek hakynda dekret kabul edýär. 1921-nji ýylda BHSR hökümetiniň ýanynda türkmen bölümi, 1923-nji ýylda Buhara türkmen oblasty döredilýär. Hojalykda, medeniýet gurluşygynda gazanylan üstünlikler netijesinde BHSR-yň sosialistik respublika öwrülmegi üçin möhüm şertler döreýär.

1924-nji ýylyň Bütinbuhara Sowetleriniň V gurultaýy BHSR-y Buhara Sowet Sosialistik Respublikasyna (BSSR) öwürmek barada karar kabul edýär.

## Özbegistan ýurduň halk hojalygynyň dikeldiş ýyllarynda

Raýatlyk urşunyň ýeňişli gutarmaklygy bilen Türküstanda ýurdy sosialistik esasda özgertmek ugrunda hereket başlanýar. 20-nji ýyllaryň başlarynda Türküstanyň obalarynda feodal-patriarhal gatnaşyklarynyň galyndylary saklanyp galypdyr.

1918-1920-nji ýyllarynda Türküstanda agrar özgertmeler geçirilen hem bosa, ýerleriň, mallaryň, oba hojalyk zähmet gurallarynyň esasy bölegi baýlaryň we feodallaryň ellerinde galypdyr. Daýhanlary ezmegiň orta asyr görnüşleri saklanyp galypdyr.

Sosial-ykdysady taýdan yza galmaklyk zähmetkeş halkyň syýasy aňynyň ösüşini bökdäpdir. Ilatyň arasynda musulman ruhanylaryň täsiri saklanypdyr. Birinji jahan we raýatlyk uruşlary Sowet Türküstanynyň ykdysadyýetine ägirt uly zyýan ýetiripdir. Ilatyň 80 %-i ýaşaýan oba ýerleri tozgunçylykly ýagdaýda bolupdyr.

1921-nji ýyldaky öndürilen oba hojalyk önümi uruşdan öňki derejesiniň 3-den 1-ne barabar bolupdyr. Ekin meýdanlary 1915-nji ýylda 3 million desýatin bolanlygyndan 1921-nji ýylda 1,7 million desýatyna çenli pese düşüpdir. Uruş ýyllarynda suwarymly ýerleriň 50-%-i hatardan çykypdyr.

Weýrançylyk senagatyň ýagdaýny has hem agyrlaşdyrypdyr. Içki we daşky uruşlar zerarly pagta arassalaýan, pagta ýagyny öndürýän, sabyn zawodlary, şeýle hem birnäçe şahtalar hatardan çykarylypdyr. 1920-nji ýylda senagatyň umumy önümi 1914-nji ýylyň derjesiniň 20 %-ne barabar bolupdyr.

Ulag aragatnaşygy doly diýen ýaly hatardan çykypdyr. Puluň hümmeti örän pese gaçypdyr. Respublikanyň ilatyna azyk we gündelik ulanylýan harytlar düýbinden ýetmezçilik edipdir. Parahatçylykly sosialistik hojalyk gurluşygyna geçmek üçin

ýurduň ykdysadiýetini täzeçe guramamaklygy- täze ykdysady syýasata geçilmegini talap edipdir.

1921-nji ýylyň mart aýynda RK(b)P-nyň X gurultaýy bolup, onda täze ykdysady syýasata (NEP-e) geçmek barada karar kabul edilýär. Bu karara laýyklykda öňki dowam edip gelýän "azyk razwýorstkasy" natural azyk salgydy bilen çalşyrylypdyr. Bu bolsa, daýhanlara salynýan salgydyň iki esse pese gaçmagyna getiripdir we oba hojalygyk önümleriniň artmagyna şert döredipdir.

1921-nji ýylyň aprel-maý aýlarynda Türküstanyň MIK-i täze ykdysady syýasaty durmuşa geçirmek barada karar çykarýar. Şu karara laýyklykda ýurtda oba hojalygyny täzeden özgertmek ugrunda hereketler ýaýbaňlanýar.

1921-nji ýyldan başlap, täze ykdysady syýasata geçilip başlanmagy tutuş halk hojalygyny täzeden üýtgedip gurmagy talap edipdir. 1922-nji ýyldan başlap, senagatyň dikeldilişi bütinleý özgeripdir. Diňe 1922-nji ýylyň ikinji ýarymynda senz senagatynyň kärhanalarynyň sany 30- %, onda işleýän işçileriň sany bolsa, 32-% köpelipdir.

Döwlet senagaty ähliumumy önümiň 93,1-%-ni beripdir. Fabrikleriň we zawodlaryň dikeldilmegi doly güýjünde gidipdir. Senagatyň dikeldilmeginde we ösdürilmeginde hem uly üstünlikler gazanylypdyr.

1923-nji ýylda ýyllyk senagat we söwda dolanyşygy 1922-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 59 million manat bolanlygyndan 133 million manada barabar bolupdyr. Nebit önümleri 60-%, un 60-%, çakyr-70-%, gant önümleri 90-% köpelipdir. Pagta senagaty hem ösüpdir.

1924-1925-nji ýyllarda Türküstanyň ähli senagatynyň umumy önüminiň möçberi uruşdan öňki döwrüň 79,4 %-e deň bolupdyr. Senagatyň dikeldilmegi we ösmegi işçiler synpynyň hem san we hil taýdan ösmegine getiripdir. 1922-nji ýylyň

ýanwaryndan 1925-nji ýylyň ýanwaryna çenli işçileriň we gullukçylaryň sany 6244 bolanlygyndan 14824 adama barabar bolup, iki esseden hem gowrak ösüpdir.

Pagta arassalaýan senagatda işçileriň sany alty esse, çaphana senagatynda sekiz esse artypdyr. Türküstan boýunça ähli işçileriň 30-%-i ýerli milletiň wekili bolupdyr.

1918-1920-nji ýyllaryň ilkinji agrar özgertmeleri diňe iri ýer eýeçiligini ýok etipdir. Emma ýerleriň, esasan hem suwarymly ekerançylykly etraplarynda ýerler entek eziji gatlagyň ellerinde saklanýardy. Ýer eýeçiliginde patriarhar-urug we feodal galyndylar saklanypdyr. Garyplaryň esasy bölegi öňküsi ýaly ýersiz, malsyz hem-de oba hojalyk guralsyz bolmagynda galýardy.

Bularyň hemmesi oba hojalygynda öndüriji güýçleriň ösmegini bökdäpdir hem-de Türküstan ASSR-da köne ýer-suw gatnaşyklarynyň ýok edilmegini talap edipdir. Şoňa görä hem iri ýer eýeleriniň ýerleri ellerinden alnyp, olaryň ýerleri batraklara, ýersiz we az ýerli daýhanlara paýlanyp başlanypdyr. Ýer-suw reformasy ýer eýeleri tarapyndan düýpli garşylyklara sezewar bolupdyr. Şoňa görä hem bu reformanyň gidişinde ýer eýeleriniň garşylyklaryny aýgytly basyp ýatyrmaly bolupdyr.

1921-nji ýylda ýer-suw reformasyny geçirmek üçin daýhanlaryň goşçylar soýuzy döredilýär. Goşçylar soýuzy öz hatarynda batraklary, garyplary hem-de orta daýhanlaryň has işeňňir toparlaryny birleşdiripdir. Goşçylar soýuzy kompartiýany, sowet häkimiýetini, zähmetkeş daýhanlaryň giň köpçüligi bilen bagalanyşdyrýan halka bolup hyzmat edipdir.

Özbegistanyň obalarynda goşçylar soýuzlary 1920-1921-nji ýyllarda döredilýär. Täze ykdysady syýasatyň ilkinji ýyllarynda olar oba hojalygyny dikletmekde, zähmetkeş daýhanlar bilen işçileriň soýuzyny pugtalandyrmakda, kulaklaryň, baýlaryň ezijilik mümkinçiliklerini çäklendirmekde uly rol oýnapdyrlar.

Goşçylar soýuzy sowet döwletiniň täze salgyt syýasatyny daýhanlara giňden düşündiripdirler. Obalarda salgyt salmagyň obýektlerini hasaba almaga, baýlaryň salgytdan gizleýän ýerleriniň we mallarynyň üstüni açmaga maliýe organlaryna kömek beripdirler.

Bu gurama ýer-suw meselesini çözmek ugrundaky göreşiň gidişinde döräp, obada synpy göreşi ýaýbaňlandyrmakda oba zähmetkeşleriniň ykdysasy-syýasy bähbitlerini goramak, olary sosialistik gurluşyga çekmek işinde kompartiýanyň ygtybarly daýanjy bolupdyr. 1921-nji ýylyň tomsuna çenli Türküstan ASSR-nyň obalarynda alty müňe golaý goşçylar soýuzynyň bölümleri döredilip, ol öz içine 90 müňden gowrak agzany alypdyr.

1921-1922-nji ýyllarda Türküstanyň Semireçýe, Syrderýa, Fergana we Zakaspiý oblastlarynda ýer-suw reformalary geçirilýär. 1921-1922-nji ýyllaryň ýer-suw reformasynyň uly syýasy we halk hojalyk ähmiýeti bolupdyr. Reforma baý-kulaklara uly zarba urupdyr.

1922-nji ýylyň 20-nji sentýabrynda Türküstan ASSR-nyň MIK-i tarapyndan "Türküstanda ýerden peýdalanmak barada" Kanun kabul edipdir. Bu bolsa, daýhanlaryň ýokary hasyl almagyna ýardam beripdir. Türküstanda bu döwürde pagtaçylyga hem aýratyn üns berlip başlanýar. Oba hojalygynda geçirilen dikeldiş işleri pagtaçylygyň mundan beýläk-de ösmegine getiripdir.

Türküstanda pagtaçylygyň ösmegine RSFSR hem uly ýardam edipdir. 1921-1922-nji ýyllaryň dowamynda TASSR RSFSR hökümetinden pagtaçylyk etraplarynyň ýaşaýjylary üçin 4,5 million put bugdaý alypdyr. Alnan bugdaý pagtaçylara bazar nyrhyndan 20-% pes nyrhdan satylypdyr.

Türküstan ASSR-da oba hojalygynyň dikeldilmegi irrigasiýa işleriniň dikeldilmegine hem bagly bolupdyr.

Respublikada irrigasiýa işleriniň mundan beýläk-de kämilleşmeginde 1921-nji ýylyň fewral aýynda suw barada kanunyň çykarylmagy oňyn netije beripdir. Bu kanun boýunça suwlary paýlamak öňki ýaly baýlaryň we ruhanylaryň bähbidine laýyk gelýän adat boýunça däl-de, zähmetkeş daýhanlaryň bähbitlerine laýyk geler ýaly edilipdir.

Şeýle hem şol ýylyň noýabr aýynda suwa döwlet tarapyndan salgyt salmak baradaky dekret kabul edilýär. Ilatdan gelýän pul serişdelerini suwaryş ulgamlaryny saklamaklyga we bejergi işlerini geçirmeklige harçlapdyrlar. Bu geçirilen çäreleriň netijesinde Türküstan ASSR-ynda umumy suwarymly ýeriň meýdany 1922-nji ýylda 1180 müň desýatin bolan bolsa, ol san 1923-nji ýylda 1900 müň desýatine barabar bolupdyr.

Türküstanda oba hojalygyny ýokary götermekde kooperatiwler (zähmetkeşleriň meýletin başlangyçlarda guralan hojalyk birleşikleri) hem esasy roly oýnapdyrlar. Türküstanyň dikeldiş döwründe kooperatiwleriň ähli görnüşleri, ýagny, oba hojalyk, karz bermek, suwaryş, ownuk senagat we beýlekileri giňden ösdürilipdir.

Şol ýyllarda oba hojalyk kooperatiwinde pagtaçylyk, şeýle hem karz bermek kooperasiýasy has giňden ýaýrapdyr. 1921-nji ýylyň ahyrlarynda Türküstan ASSR-da 60 sany pagtaçylyk kooperatiwleri bolup, olar 105 müň pagtaçy daýhany özüne birleşdiripdir. Pagtaçylyk kooperasiýalary pagta ekmekligi guramaklyk bilen meşgullanypdyr we pagtaçylar bilen hasaplaşyk işlerini geçiripdirler.

1922-nji ýylyň fewral aýynda Türküstanda oba hojalyk kooperatiw bileleşikleri döredilip başlanýar. Munuň maksady oba hojalyk kooperatiwine oba hojalyk ilatynyň esasy bölegini çekmekden ybarat bolupdyr. Netijede Türküstanda oba hojalyk önümleriniň öndürilişi ýuwaş-ýuwaşdan artyp başlapdyr.

1922-nji ýylda respublikada öndürilen oba hojalyk önümleriniň bahasy 130 million manat bolan bolsa, 1923-nji ýylda ol 161 million manada ýetipdir. Ekarançylyga ýaramly ýerleriň umumy tutýan meýdany 1923-nji ýylda 1632 müň desýatina barabar bolupdyr.

## Merkezi Aziýada milli-döwlet bölünişigi we Özbegistan SSR-niň döredilmegi

Özbek halkynyň taryhy ösüşiniň esasy wakalarynyň biri Merkezi Aziýada döwlet bölünişiginiň bolup geçmekligi bilen Özbegistan Sowet Sosialistik Respublikasynyň (Öz. SSR) döredilmegidir.

Türküstan, Buhara we Horzem respublikalarynyň syýasy hem-de adminstratiw-dolandyryş serhetleri Merkezi Aziýanyň beýleki halklarynyň serhedi bilen garyşyk bolupdyr. Mysal üçin milli-döwlet bölünişigine çenli Türküstan ASSR-nda ýaşaýan ähli ilatyň 51,4 %-ni özbekler tutan bolsa, Buhara Halk Sosialistik Respublikasynda 50,1-%-ni, Hywa Halk Sowet Respublikasynda bolsa, 61,1%-ni eýeläpdirler.

Merkezi Aziýanyň ähli türkmenlerinden 42,2 %-i Türküstanda, 27-%-i Buharada we 29,8-%-i Horezmde ýerleşipdir. Türküstanda, Buharada we Horezmde sowet gurluşy ýeňenden soňra Merkezi Aziýanyň rewolýusiýadan öňki bölünen halklaryny özleriniň milli bähbitlerine laýyk geler ýaly edilip, täzeden birleşdirmek wezipesi durýardy.

Milli-döwlet bölünişigi taglymaty özbek, türkmen we beýleki milli sowet respublikalaryny hem-de awtonom oblastlaryny döretmek meselesi kommunistik partiýanyň her bir milletiň öz ykbalyny özi kesgitlemek baradaky milli mesele baradaky programmasyndan gelip çykýardy. Merkezi Aziýa respublikalarynda milli-döwlet bölünişigini taýýarlamaklyga we ony geçirmeklige kommunistik partiýa ýolbaşçylyk edipdir.

1924-nji ýylyň 31-nji ýanwarynda bu mesele Russiýanyň K (b)P-nyň Merkezi Komitetiniň Guramaçylyk býurosynda ara alnyp maslahatlaşylýar.

1924-nji ýylyň 25-nji fewralynda milli-döwlet bölünişigi baradaky mesele Buhara kompartiýasynyň Merkezi Komitetiniň Plenumynda seredilýär we Merkezi Aziýada milli-döwlet bölünişigini geçirmäge wagtyň ýetendigi bellenilýär.

Bu meselä şol ýylyň 10-njy martynda Türküstanyň Kommunistik Partiýasynyň MK-de we MIK-niň Prezidumynyň birleşen maslahatynda garalýar. Milli-döwlet bölünişigi meselesi şol ýylyň mart aýynda Horezm Halk Sosialistik Respublikasynda hem seredilýär we milli-döwlet bölünişigini geçirmek barada karar kabul edilýär.

1924-nji ýylyň 28-nji aprelinde Russiýa Kommunistik Partiýasynyň Merkezi Komitetiniň Orta Aziýa Býurosy Merkezi Aziýa Respublikalarynda milli-territorial alamatlar boýunça milli-döwlet bölünişigini geçirmekligiň maksadalaýyklygy barada karar çykarýar.

Muny amala aşyrmak barada ýörite komissiýa döredilýär. Komissiýa iki soýuz respublikany-Özbegistan we Türkmenistan respublikalaryny, şeýle hem iki awtonom oblasty-Täjigistan we Gara Gyrgyzstan oblastlaryny döretmekligi teklip edýär.

1924-nji ýylyň 12-nji iýunynda RK(b)P-niň MK-niň Syýasy Býurosy "Merkezi Aziýa respubliklarynda milli-döwlet bölnüşigini geçirmek baradaky" meselä seredýär. Onda Merkezi Aziýanyň territoriýasynda garaşsyz Türkmenistan we Özbegistan respublikalaryny döretmek, Türküstanyň gazak etraplaryny birleşdirip, Gazagystan ASSR-ny, RSFSR-yň düzüminde Gyrgyzstan awtonom welaýatyny we Özbegistan SSR-niň düzüminde täjikleriň awtonom oblastyny döretmek barada karar kabul edilýär.

Şeýle hem Özbegistan we Türkmenistan SSR-niň SSSR-iň düzümine girizmek göz öňüne tutulýar. 1924-nji ýylyň 14-nji oktýabrynda Bütinsoýuz Merkezi Ispolnitel Komitetiniň sowetleriniň ikinji sessiýasy Türküstan Merkezi Ispolnitel Komitetiniň milli-döwlet bölünişigi baradaky çykaran kararyna laýyklykda, Özbegistan SSR-niň düzümindäki Täjigystan awtonom oblastyny üýtgedip, Täjigistan awtonom sowet sosialistik respublikasyna öwürmek, Gyrgystan (Gazagystan) ASSR-na  Garagalpak awtonom oblastyny birikdirmek, Gara Gyrgyzstan (Gyrgyzstan) awtonom oblastyny bolsa, RSFSR-iň düzümine birleşdirmek barada karar kabul edýär.

1924-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda SSSR-iň BMIK-niň ikinji sessiýasy Türküstan MIK-niň, Sowetleriň V Bütünbuhara we V Bütinhorezm gurultaýlarynyň milli-döwlet bölünişigi we täze sosialistik respublikalary hem-de oblastlary döretmek baradaky haýyşlaryny kanagatlandyrýar.

Milli-döwlet bölnüşigi netijesinde Özbegistan SSR-niň territoriýasyna 17,071600 gektar meýdan geçipdir. Respiblikanyň ilaty (1926-njy ýylyň ilat ýazuwyna görä 4 million 445 müň 726 adama barabar bolupdyr. Onuň 4/3 bölegini özbekler tutupdyr.

Respublikanyň paýtagty 1930-njy ýyla çenli Özbegistanyň merkezinde ýerleşýän Samarkant şäheri bolupdyr. Milli-döwlet bölnüşiginden soňra respublikada 185 sany fabrik-zawod kärhanalary bolup, onuň umumy öndürýän önümi 106,9 million manada deň bolupdyr. Oba hojalygynyň öňdebaryjy pudagy bolan pagtaçylykda ilatyň  85%-i zähmet çekipdir.

## Özbegistan SSR-i 1925-1941-nji ýyllarda

1925-nji ýylyň dekabr aýynda Bütinsoýuz Kommunistik (b) Partiýasynyň (BK(b)P) 14-nji gurultaýy bolup, onda tutuş ýurdy sosialistik industrialisasiýalaşdyrmaklyk babradaky ýörelgäni

yglan etdi. 1925-nji ýylda Öz.SSR-nde senagatyň 21 sany pudagy bolupdyr.

Bu senagat önüminiň umumy göwrüminiň uruşdan öňki derejesiniň 80-%-e barabar bolupdyr. Elektrik energiýasynyň bäş esse artypdyr. Muňa garamazdan Özbegistan agrar respublika bolmagynda galypdyr. Öz. SSR-niň halk hojalygynda oba hojalygynyň udel agramy 61,8-% bolupdyr.

Özbegistanyň halk hojalygyny sosialistik özgertmekde ilatyň sowatlylygynyň pesligi, önümçilikde we durmuşda feodal galyndylarynyň saklanmagy, respublikanyň aýry-aýry etraplarynyň ykdysady derejesiniň dürli-dürliligi we şuňa meňzeş ýagdaýlar uly kynçylyklary döredýär.

1925-1926-njy ýyllarda respublikanyň senagatynyň ösmegine ýardam berip, soýuz hökümiýeti 106 million manat pul serişdesini goýberýär.

Özbegistanda sosialistik industrialisasiýalaşdyrmak gidroelektro stansiýalary gurmakdan başlanypdyr. Ýurtduň energiýa bazasynyň ösmegi ýurtda täze senagat kärhanalarynyň, ýagny Ferganada dokma fabrginiň we konserwa zawodynyň, Hilkow sement zawodynyň, Daşkent temmäki fabriginiň, Daşkent oba hojalyk maşyngurluşygy zawodynyň gurulmagyna getiripdir.

Samarkantda, Buharada, Margelanda nah mata zawodlary peýda bolupdyr. Industrialisasiýlaşdyrmaklygyň üç ýylynyň içinde (1925-1928) senagat pudaklarynyň sany 21-den 35-e çenli köpelipdir. Energetika çalt depgin bilen ösüpdir. 1928-nji ýylda elektrik stansiýalaryň sany 5-den 29-a ýetipdir. Elektrik energiýasyny öndürmek 10 esse artypdyr. Nebti gazyp almak 19271928-nji ýyllarda 1913-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 3,5 esse artypdyr. Kömür we himiýa senagatynda hem öňe gidişlikler bolupdyr.

Ýeňil senagat çalt depginler bilen ösüp, Ferganada, Buharada we Margelanda dokma fabrikleri gurlupdyr. Ýüpekçilik senagaty özüniň önüm berişinde 1924-1925-nji ýyllarda 8,9 müň tonna pile beren bolsa, 1927-1928-nji ýyllarda ol 31,5 müň tonna ýetipdir.

1929-nji ýylda ýurtda sosializmiň bütin front boýunça ýaýbaňlandyrylan hüjümi yglan edilýär. Sowet halkynyň öňünde durýan ilkinji wezipeleriň biri tutuş halk hojalygyny häzirkizaman tehnikasy bilen täzeden enjamlaşdyrmakdan ybaratdyr. Bu maksada ýetmek üçin tutuş sosialistik senagat pudaklaryny kuwwatly ýokary götermekden we tutuş ýurdy elektrikleşdirmekden ybatratdyr.

Özbegistanyň halk hojalygynyň mundan beýläk-de ösmeginde ýurduň halk hojalygyny ösdürmek boýunça bäş ýyllyk planlaryň kabul edilmeginiň uly taryhy ähmiýeti bardyr. Birinji bäş ýyllyk plan (1928-1932) ýurduň halk hojalygyny elektrikleşdirmek esasynda ykdysadyýetiň öndüriji güýjini mundan beýläk-de ýokary götermekden ybarat bolupdyr.

Şeýlelikde Özbegistanda senagat kärhanalarynyň gurluşygy giňden ýaýbaňlanjdyrylyp başlanypdyr. Netijede ýurduň ykdysadetinde, senagatyň tutýan orny 1928-1929-njy ýylda 19-% bolan bolsa, 1929-1930-njy ýylda ol san 27-%-e ýetipdir. 1932-nji ýylda Özbegistan SSR-de senagatyň umumy önüminiň ösüşi 1928-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 2,3 esseden gowrak, elektrik energiýasynyň öndürilişi 3,7 esse, nebitiň çykarylyşy 3,3 esse, metal işläp çykarmaklyk 5,8 esse, nah mata önümleri bolsa 5,6 esse köpelipdir.

Umuman alanyňda respublikanyň senagatynyň umumy agramy halk hojalygynyň ähli önüminiň 30-%-ni tutan bolsa, 1932-nji ýylda ol 50-%-e baryp ýetipdir. Özbegistanda 1933-1937-nji ýyllarda halk hojalygyny ösdürmekligiň ikinji

bäşýyllyk plany durmuşa geçirilýär. Ikinji bäşýyllyk plan boýunça Özbegistan SSR-i ösen senagatly ýurda öwrüldi.

Bäş ýyllygyň dowamynda Daşkent we Fergana dokma kombinatlary hem-de Margelan ýüpek mata fabrigi ýaly dokma senagatynyň ägitleri işe girizilipdir. 1937-nji ýylda Özbegistanyň senagaty halk hojalygynyň 67,1-% udel agramyny tutupdyr. Sowet häkimiýetiniň ilkinji ýyllarynda geçirilen ýer-suw reformasy 1929-njy ýylyň ahyrlaryndan başlap, ýurtda oba hojalygyny kollektiwleşdirmäge maddy we syýasy şertleri döredipdir. Oba hojalygyny kollektiwleşdirmek işleri 1933-nji ýylda tamamlanmaly edilipdir.

Özbegistanda oba hojalygyny kollektiwleşdirmek 1932-nji ýylda esasan tamamlanypdyr. Ol 48 etraby öz içine alypdyr. Kolhozlar 1931-nji ýylda Özbegistan SSR-niň oba hojalyk önüminiň 52,1-%-ni beren bolsa, 1934-nji ýylda 68,6-%-ni berip bilipdir. Jemläp aýdylanda Özbegistan SSR-i ikinji bäşýyllyk plany ýerine ýetirmegiň hötdesinden doly gelip, 1938-nji ýylda ýurduň halk hojalygyny ösdürmekligiň üçünji (1938-1942) bäşýyllyk planyny ýerine ýetirmäge girişýär.

Birinji we ikinji bäşýyllyklaryň üstünlikli ýerine ýetirilmegi netijesinde oba hojalygyny kollektiwleşdirmek tamamlanýar. 1937-nji daýhan hojalyklarynyň 95%-i we ekin meýdanynyň 94,4-%-i kolhozlarda jemlenipdir. Emma 1941-nji ýylyň 22-nji iýunynda başlanan Beýik Watançylyk urşy onuň arasyny üzýär.

## Özbegistan SSR-i Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda (1941-1945)

Beýik Watançylyk urşy başlananda respublikanyň hojalygy harby ýagdaýa geçirilýär. Özbegistana front ýakalaryndaky senagat kärhanalardan 100-e golaýy, onlarça raýat okuw mekdepler, gospitallar, ylmy edaralar göçürilýär.

Özbegistan 1 milliondan gowrak ewakuirlenen adamlary, şol sanda iki ýüz müň çagany kabul edýär. Ewakuirlenen kärhanalar gysga wagtyň içinde işe girizilipdir. Mysal üçin "Rostselmaş" iki aýyň içinde, "Elektrokabel" bäş aýyň içinde, "Krasnyý ak saý" (Häzrki "Özbekselmaş") 29 günüň içinde dikeldilip önüm berip başlapdyr.

Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda Özbegistanyň işçiler synpy oba ilatynyň, esasan hem aýal-gyzlaryň we ýetginjekleriň hasabyna artypdyr. 1940-njy ýylda iri senagat kärhanalarynda işleýän işçileriň 50-%-ni aýal-gyzlar tutan bolsa, 1943-nji ýylda onuň 63,5-%-ni tutupdyr. 1942-nji ýylda diňe Daşkentiň senagat kärhanalaryna on müň aýal-gyz işe gelipdir. Uruş ýyllarynda Özbegistanyň kömür senagaty öz önümini 30 esse, himiýa senagaty 7,5 esseden gowrak, nebit senagaty 3 esseden gowrak artdyrypdyr.

Uruş ýyllarynda Özbegistanyň daýhanlary hem janaýamazakly zähmet çekipdirler. Olar front üçin zerur bolan dürli azyk önümlerini, bugdaýy, et önümlerini, ýüpegi we şuňa meňzeşleri öndürip, fronty zerur azyk önümleri bilen üpjün edipdirler.

Uruş ýyllarynda respublikanyň oba hojalygynyň öňdebaryjylarynyň iki müň alty ýüzden gowragy tylda çeken öňdebaryjy zähmetleri üçin SSSR-iň ordenleri we medallary bilen sylaglanypdyrlar. Jemi uruş ýyllarynda zähmet edermenlikleri üçin Özbegistanyň zähmetkeşleriniň 60-müňden gowragy hökümet sylaglaryna mynasyp boldular. Özbegistanyň kolhozlarynda zähmete ukyply erkek adamlaryň sany 32-% azalypdyr. Uruş ýyllarynda 3800 sany aýal-gyzlar traktor we oba hojalyk maşynlaryna erk edipdirler.

Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda front meýdanlarynda özbegistanly esgerleriň bir milliona golaýy söweşipdirler. Olaryň 120 müňden gowragy Watanyň ordenleri we medallary,

32-si "Şöhrat" ordeniniň III derejesi bilen sylaglandy, iki ýüz segsen ikisi bolsa, Sowet Soýuzynyň Gahrymany diýen belent ada mynasyp boldular. Diňe Stalingrad söweşinde görkezen edermenlikleri üçin 2738 özbek esgerleri "Stalingrady goramak ugrunda" diýen medala mynasyp boldular.

## Özbegistan SSR-i 50-80-nji ýyllarda

1950-1980-nji ýyllarda hem Özbegistan SSR-iniň halk hojalygy we medeniýeti ösüpdir. Ýurtda kuwwatly himiýa senagaty döredilýär. Buhara-Ural we Orta Aziýa merkez gaz geçirijisi işe girizilýär. Oba hojalygynyň tehniki üpjünçili barha ösýär. 1976-njy ýylyň 1-njy ýanwarynyň hasabatyna görä, respublikanyň 803 raýaty Sosialistik Zähmetiň Gahrymany diýen belent ada mynasyp boldular.

Bu döwürde Özbegistan köp pudakly undustrial we ýokary derejede ösen oba hojalykly respublika öwrülýär. Özbegistan agyr senagatyň pajarlan, ýeňil we azyk senagatlaryň ösen ýeri bolup, SSSR-iň iň kuwwatly pagtaçylyk bazasyna öwrülýär.

Bu ýerde ýüpekçilik, garakölüçilik, miweçilik, üzümçilik we gök ekerançylyk hem ýokary derjede ösüpdir. Özbegistan soýuz respublikalaryň hemmesi bilen ösen ykdysady aragatnaşyk saklap, Merkezi Aziýanyň beýleki respublikalary, Gazagystan we Sibiriň raýonlary bilen ysnyşykly aragatnaşygy ýola goýupdyr. Özbegistan beýleki soýuz respublikalardan gara metal, nebit önümlerini, maşyn we enjamlar, agaç materiallaryny, mineral dökünleri, galla we beýlekileri alyp, başga ýerlere altyn, reňkli metal, maşyn, tebigy gaz, mermer, pagta, ýüpek, ýüň, garaköli bagana, mata, çigit ýagyny, miwe we beýlekileri çykarypdyr.

Özbegistanyň senagat önümi 1975-nji ýylda 1913-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 61 esse ösüpdir. Uruşdan öňki ýyllarda senagat kärhanalarynyň esasy bölegi Fergana jülgesinde

ýerleşen bolsa, uruşdan soňky ýyllarda Daşkent şäheri we Daşkent welayaty esasy senagat merkezlerine öwrülýär. Samarkant we Buhara welaýatlarynda kuwwatly iri senagat pudaklary döredilýär. Respublikanyň ýangyç gorunda gaz esasy orny (70%-den gowrak) tutup, onuň köpüsi Buhara we Kaşgaderýa welaýatlaryndan çykarylypdyr. Ýurduň esasy nebitli raýonlaryna Fergana jülgesi we Buhara welaýatlary bolupdyr. Kömür senagat möçberinde Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda Angren goňur kömür basseýninden, 50-njy ýyllarda bolsa, Syrhanderýa welaýatyndaky Şargun käninden çykarlyp başlanýar.

Reňkli metallurgiýanyň esasy kärhanalary Almalykda, Çyrçykda, Gyzylgumda ("Özbekaltyn" kombinaty) we beýleki ýerlerde ýerleşipdir. Özbegistan 60-njy ýyllaryň ahyrynda soýuz möçberinde himiýa senagatynyň merkezleriniň birine öwrülýär. Aýratyn hem pagtaçylyk üçin mineral dökünleri öndürmek ösýär. Olar Çyrçykda, Kokantda, Samarkantda, Ferganada we Nowaýyda öndürilipdir. Özbegistanda uruşdan soňky ýyllarda köp pudakly maşyn gurluşyk senagaty kemala gelýär. Oba hojalyk maşynlary "Taşselmaş", "Uzbekselmaş", "Çirçikselmaş", Taşkenttraktor, "Taşhimselmaş" we beýleki zawodlarda ýasalypdyr.

Daşkentde, Kokantda, Andijanda, Çyrçykda we Namanganda elektrotehnika senagatynyň kärhanalary jemlenipdir. Ýeňil we azyk senagatlary üçin enjam hem-de durmuşda ulanylýan abzallar Daşkentdäki, Kokantdaky, Andyjandaky, Ketdekurgandaky, Samarkantdaky zawoddlarda ýasalypdyr. Ýeňil senagatynda pagta arassalaýjy, dokmaçylyk, trikotaž, tikinçilik, deri-gön pudaklary has tapawutlanypdyr.

Pagta arassalaýjy kärhanalaryň sany 100-den geçipdir.Oba hojalygy uruşdan soňky ýyllarda ýokary derjede mehanizasiýalaşdyrylan intensiw-öňdebaryjy pudaga öwrülýär.

1983-nji ýylyň başynda Özbegistanda 854 kolhoz, 1078 sowhoz bolupdyr. Sowet häkimiýeti ýyllarynda köne irrigasion desgalar rekonstruirlendi we täzeleri bina edildi. 1981-nji ýylyň maglumatyna görä, SSSR-däki suwarymly ýerleriň 20%-i Özbegistan SSR-niň paýyna düşüpdir.

Oba hojalygy, esasan, pagtaçylyk ugurda ýöriteleşipdir. Başga tehniki ekinlerden kenep, temmäki we şekerçiňrik ekilipdir. Däne ekinlerinden bugdaý bilen arpa, düme, şaly mekgejöwen we jöwen suwarymly ýerlerde ekilipdir. Maldarçylykda garakölüçilik esasy orny tutupdyr.

Özbegistan goýunlarynyň sany boýunça RSFSR-den, Gazagystan SSR-den, Gyrgyzstan SSR-den, Ukraina SSR-den soň bäşinji orunda durupdyr. Ýüpekçilik oba hojalygynyň iň köne pudaklaryndan biri bolup, SSSR-de öndürilýän piläniň 58-%-i Özbegistan SSR-niň paýyna düşüpdir.

## Ylym we medeniýet

Özbegistanda Russiýa birikdirilenden soň dünýewi mekdepleriň sany köpelip başlapdyr. 1897-nji ýylda ýerli ilatyň 98-%-i sowatsyz bolupdyr. 1917-nji ýylyň oktýabr sosialistik rewolýusiýasy özbek halkynyň bilim almagy we milli medeniýetiniň ösmegi üçin ýol açýar. 1918-nji ýylda Türküstan respublikasynyň MIK-i "Türküstan ülkesinde halk magaryf işlerini guramak baradaky" düzgünnamany tassyklaýar. 1920-nji ýylda Türküstan uniwersiteti (1960-njy ýyldan Daşkent uniwersiteti) açylýar.

1930-njy ýyllarda Özbegistan hökümeti "Çagalar we ýetginjekler üçin ählumumy hökmany okuwy girizmek barada" karar kabul edýär. 1950-nji ýylda Özbegistanda 5056 sany umumybilim berýän mekdep bolup, onda 1 million 331 müň okuwçy okapdyr. Şol ýylda tehnikumlarda we uçilişelerde okýan talyplaryň sany uruşdan öňki döwür bilen deňeşdireniňde iki esse artypdyr.

Ýokary bilim has giň gerime eýe bolupdyr. 1950-nji ýylda Özbegistanyň ýokary okuw mekdeplerinde 40 müň adam okapdyr.

1958-1959-njy okuw ýylynda Özbegistanda 7044 sany mekdep bolup, olarda bir million 399 müň okuwçy okapdyr. Ýokary bilim bermekde hem ösüşler bolup geçipdir.

1958-nji ýylda Özbegistanyň ýokary okuw mekdeplerine 18,5 müň adam kabul eilip, bu 1953-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 5 müň adam köpdür. 1959-njy ýylda Özbegistanda 31 sany ýokary okuw mekdebi bolup, olarda 88 müň talyp hünär alypdyr. Özbegistanyň her bir on müň ýaşaýjysyna 108 talyp düşüpdir. Ýörite orta bilim berýän mekdepleriň seti hem giňelipdir. 85 sany tehnikumlarda we uçilişelerde 55,3 müň talyp hünär alypdyr. 1970-nji ýylda ilatyň sowatlylygy 99,7 %-e ýetýär. 1971-1975-nji ýyllarda Özbegistanda ählumumy orta bilime geçmeklik esasan amala aşyrylýar.

1978-1979-njy okuw ýylynda professional tehniki okuw jaýlarynyň 409-sy, ýörite okuw okuw mekdepleriniň 206-sy, 43 sany ýokary okuw mekdebi bardy. 1979-njy ýylda Özbegistanda jemgyýetçilik kitaphanalarynyň 6705-si hem-de 33 muzeý işleýärdi.

Sowet häkimiýeti ýyllary içinde Özbegistanda ylmy edaralaryň giň seti döredilýär. 1980-nji ýylda ylmy-barlag edaralarynyň 200-e golaýy bardy. Öňde baryjy ylmy merkezi Özbegistan SSR ylymlar akademiýasydy. Onuň düzüminde ýedi bölüm, Garagalpak ASSR-däki filialy we ylmy edaralaryň 30-sy bardy. 1980-nji ýylyň 1-njy ýanwaryndaky maglumatlara görä, Özbegistanyň ylmy işgärleriniň sany 34.281-e ýetipdir. Şolaryň 745-si ylymlaryň doktorlary we 10505-si ylymlaryň kandidatlarydy.

Özbek halkynyň baý we dürli žanrly halk şahyrana döredijiligi aýratyn orna eýedir. Özbek we doganlyk halklarynyň arasynda Aldar Kösäniň, Nasyretdin Ependiniň atlary bilen baglanyşykly şorta sözler giňden ýaýrapdyr. Etiki dessan žanry hem halkyň arasynda uly meşhurlyga eýe bolupdyr. "Alpamyş", "Görogly" eposlary; "Ýusup we Ahmet" powesti halkyň dilinden ýazylyp alnypdyr.

XX asyryň başlarynda özbek edebiýatyna sowet edebaty özüniň uly täsirini ýetiripdir. Hamza Hekimzada Nyýazy (1889-1929), Sadretdin Aýny (1878-1954) we Abdylla Kadyry (1894-1940) özbek-sowet edebiýatynyň düýbüni tutujylardyr. Sowet häkimiýeti özbek halkynyň medeniýetiniň täzeden döremegine we halk zehinleriniň gülläp ösmekligi üçin mümkinçilikleri döredipdir. Edebiýata Aýbek (1905-1968), Gafur Gulam (1903-1966), Abdylla Kahhar (1907-1968) we beýlekiler ýaly ýaş zehinli şahyrlar gelipdir. Sowet döwründe prozanyň ösüşi üçin uly mümkinçilikler açylýar. Muňa mysal edip, Ybraýym Rahymyň "Hakyky söýgi" (1957), Aýbegiň "Gün şöhlesi öçmez" (1958), atly urşa bagyşlanan romanlaryny görkezmek bolar.

1925-nji ýylda Daşkentde "Özbekfilm" kinostudiýasy döredilýär. Ol 1920-nji ýyllarda respublikanyň öňünde durýan möhüm meselelere, ýagny özbek aýal-gyzlaryny azatlyga çykarmaklyga bagyşlanan "Ikinji aýaly" (1927), "Keramatlynyň gyzy" (1931) ýaly kinofilmleri goýberýär. Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda "Iki esger", "Nasretdin Buharada" (1943) ýaly filmler döredilýär. 60-70-nji ýyllarda "Ulugbegiň ýyldyzy" (1965), "Daşkent çörekli şäher" (1970), "Abu Reýhan Biruny" we beýleki kinofilmler döredilýär.

# VI BÖLÜM
# Özbegistan Respublikasy Garaşsyzlyk ýyllarynda (1991-2010)

## Garaşsyz Özbegistanyň içeri we daşary syýasaty

1989-njy ýylyň 21-nji oktýabrynda Özbegistan Respublikasynyň Döwlet Dili hakynda Kanun kabul edilýär. 1991-nji ýylyň 31-nji awgustynda Özbegistan Respublikasy Döwletiň Özygtyýarlylygyny jar edýär. 1991-nji ýylyň 1-nji sentýabry Özbegistan Respublikasynyň Garaşsyzlyk Günüdir. 1991-nji ýylyň 18-nji noýabrynda Garaşsyz Özbegistanyň Döwlet Baýdagy tassyklanylýar.

Şol ýylyň 29-njy dekabrynda ählihalk tarapyndan Özbegistan Respublikasynyň ilkinji Prezidentligine Yslam Abdyganiýewiç Kerimow saýlanylýar. 1992-nji 2-nji iýulynda Özbegistan Respublikasynyň Döwlet Gerbi tassyklanýar. Şol ýylyň 8-nji dekabrynda ýurduň Konstitusiýasy kabul edilýär.

1992-nji ýylyň 10-njy dekabrynda Döwlet Gimni tassyklanylýar. 1994-nji ýylyň 1-nji iýulynda Garaşsyz Özbegistan Respublikasynyň Milli walýutasy (som) kabul edilýär. Özbegistan Respublikasynda şu aşakdaky syýasy partiýalar hereket edýär: 1991-nji ýylda döredilen Özbegistanyň Halk Demokratik partiýasy (öňki Özbegistan kompartiýasynyň ýerine döredilen partiýadyr); 1995-nji ýylda döredilen "Adolat" sosial-demokratik partiýasy; 1995-nji ýylda "Milli Tiklaniş" demokratik partiýasy; 2000-nji ýylda "Fidokorlar" milli-demokratik partiýasy (2008-nji ýylyň başlarynda "Milli Tiklaniş" we "Fidokorlar" syýasy partiýalary "Milli Tiklaniş" ady bilen bir partiýa birleşipdirler); 2003-nji ýylda Özbegistanyň liberal-demokratik partiýasy; 2008-nji ýylda "Özbegistanyň ekologiýa hereketi" atly jemgyýetçilik birleşmesi partiýasy döredildi.

2004-nji ýylyň 26-njy dekabryndaky saýlawlaryň netijeleri boýunça Özbegistan Respublikasynyň parlamentiniň düzümine Özbegistanyň liberal-demokratik partiýasy, Özbegistanyň halk-demokratik partiýalary ("Fidokorlar" , "Adolat", "Milli Tiklaniş") giripdirler.

1992-nji ýylyň 2-nji iýulynda Özbegistan Respublikasynyň Oliý Mejlisi baýramçylyk günleri barada kanun kabul edip, şol günleri iş güni däl diýip yglan etdi. Olar şulardan ybaratdyr: 1-nji ýanwar Täze ýyl, 8-mart Halkara aýallar Güni, 21-nji mart Nowruz, 9-njy Maý Ýatlama we Hormat Güni, 1-sentýabr Garaşsyzlyk Güni, 1-njy oktýabr Mugallymlar we Halypalar Güni, 8-nji dekabr Konstitusiýa Güni baýramçylyklarydyr. Olardan başga-da Dini baýramçylyklar bolan Oraza we Gurban baýramlarynyň ilkinji Günleri baýramçylyk we dynç günleri diýlip yglan edildi.

Ýurduň ykdysadyýetinde pagtaçylyk ösen pudakdyr. 2008-nji ýylyň jemi boýunça Özbegistan daşary ýurtlara pagta çykarmak boýunça dünýäde üçünji ýeri, pagta öndürmek boýunça altynjy ýeri eýeleýär. 2009-njy ýylda Özbegistanda bugdaýyň iň ýokary hasyly ýygnaldy (6,6million tonna golaý). Entek el degrilmedik baý nebit we gaz ýataklary bardyr. Ýurtda oba hojalyk maşynlaryny öndürmeklik ösendir.

Merkezi Aziýada awiagurluşyk zawody bar bolan ýeke-täk döwletdir. Asaka şäherinde "GM Uzbekistan" atly Daewoo we Chevrolet belgili awtomobilleri çykarýan iri maşyn gurluşyk zawodlary hem bardyr. Özbegistan özüni galla önümleri bilen doly üpjün edip bilmeýär.

Ýurduň özünde öndürilýän galla ilatyň oňa bolan isleginiň diňe 25-%-ni ödäp bilýär. Ýurduň zähmete ukyply ilatynyň 44-%-i oba hojalygynda, 20-%-i senagatda, 36-%-i hyzmat ediş pudaklarda işleýändir.Özbegistan 2008-nji ýylda daşary ýurda 10,4 mlrd. dollarlyk haryt çykarypdyr. Olara esasan hem pagta,

altyn, tebigy gaz, mineral dökünler, metallar, dokma we azyk senagatynyň önümleri, awtomobil degişlidir.

Döwlet ol harytlary esasan hem Ukraina, Russiýa, Türkiýä, Gazagystana, Bangladeşe, Hytaýa, Ýaponiýa çykarýandyr. Ýurda 2008-nji ýylda 7,1 mlrd. dollarlyk senagat önümleri, azyk, himiýa önümleri we metallar getirilipdir. Özbegistana bu harytlar Russiýadan, Hytaýdan, Günorta Koreýadan, Ukrainadan, Germaniýadan, Gazagystandan, Türkiýeden getirilipdir.

## Türkmenistan we Özbegistan gatnaşyklary

Täze Galkynyş we Beýik Özgertmeler zamanynda goňşy Özbegistan döwleti bilen Türkmenistanyň arasynda köptaraplaýyn hyzmadaşlyklar we hoşniýetli gatnaşyklar mundan beýläk-de has gülläp ösüp başlady. 2007-nji ýylyň 9-njy iýunynda Russiýanyň Sankt-Peterburg şäherinde Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň ýokary derejedäki resmi däl duşuşygy bolup geçdi. Bu ýerde döwlet baştutanlary, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Özbegistanyň Prezidenti Yslam Kerimow bilen duşuşygy boldy. Döwlet baştutanlary ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň meseleleriniň giň toplumy boýunça pikir alyşdylar. Olar gazanylan şertleşikleriklerinň durmuşa geçirilişiniň barşyny jikme-jik ara alyp maslahatlaşdylar.

Gaz ugrunda özara arkalaşykly hereket etmäge aýratyn üns berildi. Taraplar tebigy gazyň artýan möçberlerini ygtybarly akdyrmagy üpjün etmegiň, hususan-da, Merkezi Aziýa sebitinden häzir mawy ýangyç demirgazyk tarapa akdyrylýan transmilli gaz geçiriji ulgamynyň durkuny täzelemegi üpjün etmegiň zerurdygyny bellediler.

Şunuň bilen baglanyşykly Merkezi Aziýa sebitinde gazulag kuwwatlyklaryny ösdürmek hakynda Bilelikdäki jarnamanyň zerurdygy we öz wagtyndadygy bellenildi. Türkmenistanyň,

Gazagystanyň we Russiýa Federasiýasynyň Prezidentleri bilen bir hatarda bu resminama Özbegistanyň baştutany hem gol çekdi. 2007-nji ýylyň 18-19-njy oktýabrynda Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Yslam Kerimow resmi sapar bilen Türkmenistanda boldy. Iki döwletiň Prezidentleriniň duşuşygynda ikitaraplaýyn özara hyzmatdaşlyk meseleleri barada pikir alyşdylar, onuň ileri tutulýan ugurlaryny anykladylar. Ozal kabul edilen ylalaşyklaryň durmuşa geçirilişini ara alyp maslahatlaşdylar.

Türkmenistanyň Prezidenti G.M. Berdimuhamedow Aşgabatda BMG-niň öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit merkezini döretmek baradaky başlangyjy goldandygy üçin I.A.Kerimowa minnetdarlyk bildirdi.

Ýokary derejedäki türkmen-özbek gepleşikleriniň jemleri boýunça dostlukly gatnaşyklary has-da pugtalandyrmak we hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistan bilen Özbegistan respublikasynyň arasyndaky Şertnama; 2008-2012-nji ýyllarda iki döwletiň arasyndaky hyzmatdaşlyk hakynda Şertnama, degişli maksatnama, şeýle hem bilelikdäki beýanata gol çekildi.

Ikitaraplaýyn resminamlar bolan Hyzmatdaşlyk hakynda Türkmenistanyň söwda-senagat edarasy bilen Özbegistanyň söwda-senagat edarasynyň arasyndaky ylalaşyga; Türkmenistan we Özbegistan Respublikasynyň gümrük serhetleriniň üstünden geçirilýän harytlar we ulag şerişdeleri hakyndaky maglumatlary alyşmagy guramak barada Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy bilen Özbegistan respublikasynyň Döwlet gümrük komitetiniň arasyndaky teswirnama; Medeni-ynsanperwer ugurlarda hyzmatdaşlyk etmek barada iki döwletiň hökümetleriniň arasynda 2008-2010-njy ýyllar üçin Maksatnama we şu Maksatnama çäreleriň Meýilnamasyna; Döwlet serhedinden geçiriş ýerleri hakynda Türkmenistanyň

hökümeti bilen Özbegistan respublikasynyň arasynda Ylalaşyga gol çekildi.

Iki ýurduň dostlukly gatnaşyklaryny we hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlyklaryny mundan beýläk-de pugtalandyrmak hakynda Türkmenistan bilen Özbegistan respublikasynyň arasyndaky Şertnama, Ykdysady hyzmatdaşlyk hakynda Türkmenistan bilen Özbegistan respublikasynyň arasynda 2008-2012-njy ýyllar üçin Şertnama we degişli Maksatnama, Bilelikdäki türkmen-özbek beýanatyna iki döwletiň Prezidentleri gollaryny goýdular.

Iki halkyň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary ösdürmäge goşan uly goşandy üçin Özbegistanyň baştutany Islam Kerimow Türkmenistanyň "Hormatly il Ýaşulusy" diýen ada mynasyp boldy. Oňa türkmen däbi boýunça don, telpek hem-de guşak sowgat edildi. Özbek Lideri özüniň jogap sözünde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Özbegistanyň "Buýuk hyzmatlary üçin" diýen ordeni bilen sylaglanýandygy baradaky Permany okady we oňa ýokary sylagy, şahadatnamany we ak özbek donuny gowşurdy.

2009-njy ýylyň 14-nji dekabrynda asyryň iň beýik gurluşygy bolan Türkmenistan-Hytaý gaz geçirijisiniň açylyş dabarasy boldy. Gaz geçirijiniň uzynlygy 7 müň km-den gowrak bolup, ol goňşy Özbegistan, Gazagystan döwletleriniň üstünden geçip Hytaýa çenli bardy. Bu gaz geçirijiniň gurluşygyna Özbegistan döwleti hem Türkmenistan bilen hyzmatdaşlykda işeňňir gatnaşdy. Gaz geçirijiniň açylyş dabarasyna Türkmenistanyň, Özbegistanyň, Gazagystanyň we Hytaýyň döwlet ýolbaşçylary hem gatnaşdylar.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň goňşy döwleti bolan Özbegistan bilen ýokarda bellenilen gepleşiklere we şertnamalara laýyklykda syýasy, ykdysady we medeni ugurlarda hyzmatdaşlyklar ýokary derejede alnyp barylýar.

# GAZAGYSTAN RESPUBLIKASY

Türki döwletleriň arasynda eýeleýän topraklary taýdan iň ulysy bolan Gazagystanyň tutýan meýdany 2 717 300 inedördül kilometr bolup, Russiýa Federasiýasy, Türkmenistan, Özbegistan, Gyrgyzystan we Hytaý bilen serhetleşýändir. Şeýle-de Azerbeýjan we Eýran bilen Hazar deňzi arkaly goňşydyr. Russiýa Federasiýasy we Hytaý Halk Respublikasyndan soňra tutýan meýdany boýunça Gazagystan Aziýadaky üçünji döwletdir. Gyzylgum çöli Gazagystan we Özbegistanyň sebitindedir. Gazagystanyň esasy derýalary Syrderýa we Irtyşdyr. Bu döwletde ýerleşýän Balhaş köli 17 400 km²-lik tutýan meýdany bilen Aziýanyň dördünji kölüdir. Balhaş kölüniň iň çuň ýeri 26 metr bolup, gündogar tarapy duzly, günbatar tarapy bolsa az duzly-süýji suwlydyr. Aral köli Gazagystan bilen Özbegistanyň serhetlerinde ýerleşýändir. Gazagystanýn esasy şäherleri: Almaty, Çimkent, Karaganda, Saýram, Kyzylorda, Semeý, Türkistan we Öskemen. 1997-nji ýýla çenli paýtagty Almaty (Alma-Ata). Häzirki wagtda paýtagty Astanadyr (öňki ady Akmola).

2010-njy ýylyň maglumatlaryna görä Gazagystanyň ilatynyň sany 16 196 800-dir. Ilatyň 62 %-i gazaklar, 24 % ruslar, 3 % Özbekler, 2 % ukrainalylar, 1,5 % tatarlar, 1 % nemesler we beýlekilerden ybaratdyr..

Gazagystanyň dolandyryş ulgamy iki esasy şäher we on dört welaýatdan ybaratdyr:

| № | Sebitiň ady | Merkezi | Tutýan meýdany |
|---|---|---|---|
| 1 | Astana | | 710,2 км$^2$ |
| 2 | Almaty | | 324 км$^2$ |
| 3 | Almaty welaýaty | Taldykorgan | 224 000 км$^2$ |
| 4 | Gündogar-Gazagystan welaýaty | Ust-Kamenogorsk | 283 300 км$^2$ |
| 5 | Karaganda welaýaty | Karaganda | 428 000 км$^2$ |
| 6 | Jambyl welaýaty | Taraz | 144 000 км$^2$ |
| 7 | Günorta-Gazagystan welaýaty | Çimkent | 118 600 км$^2$ |
| 8 | Kyzylorda welaýaty | Kyzylorda | 226 000 км$^2$ |
| 9 | Aktübe welaýaty | Aktübe | 300 600 км$^2$ |
| 10 | Kostanaý welaýaty | Kostana | 196 000 км$^2$ |
| 11 | Demirgazyk-Gazagystan welaýaty | Petropawlowsk | 123 200 км$^2$ |
| 12 | Akmolla welaýaty | Kokşetau | 121 400 км$^2$ |
| 13 | Pawlodar welaýaty | Pawlodar | 124 800 км$^2$ |
| 14 | Günabatar-Gazagsystan welaýaty | Uralsk | 151 300 км$^2$ |
| 15 | Atyrau welaýaty | Atyrau | 118 600 км$^2$ |
| 16 | Mangistau welaýaty | Aktau | 165 600 км$^2$ |

# I BÖLÜM
# Gazak halkynyň döreýşinden XX asyryň başlaryna çenli

## Gazaklar Özbek hanlygy döwründe we gazak halkynyň kemala gelmegi

Hazirki Gazagystan döwletiniň topraklary taryhyň dürli döwürlerinde taýpalaryň we kowumlaryň esasy migrasýon hereketleriniň biridi. Bu geografiýanyň gazak atly bir türki halkyň ady bilen atlandyrylmaga başlanmagy Seljuklulardan soňraky wakalar bilen pugta baglanyşyklydyr. XI asyrda Seljuklularyň günbatara tarap hereket etmeginden soňra Merkezi Aziyada galan türki halklar erkinliklerini saklap bilmedik hem bolsalar, mongollaryň bir ýarym asyrlyk häkimiýeti döwründe medeniýetlerini saklamaklygy başarypdyrlar. Olar Teýmirleňiň guran döwletiniň häkimiýetinde birleşen hem bolsalar, onuň ölüminden soňra meýdana gelen syýasy galagopluk sebäpli dargapdyrlar. Bir bölegi Teýmirleňiň ogullarynyň ýanynda jemlenen bolsa başga bir bölegi bolsa Fergana jülgesi bilen demirgazygynda öz başlaryna ýaşapdyrlar. Bu ikinji topar Abul Haýr (1428-1468) tarapyndan bir ýere jemlendi we Özbek döwleti guruldy. Abul Haýr Aral kölüniň demirgazygyndan günorta tarap topraklary eýelemäge girişdi we Syrderýanyň boýundaky ýerleri Teýmirleňiň ogullarynyň elinden aldy. Ol gysga wagtda Syrderýanyň demirgazygyndaky bütin topraklary eýeledi. Ýöne garaşsyz bir döwletiň gurulmagyny kabul etmeýän mongollar bu täze döwlete garşy çozuşlar etmäge başladylar we bu çozuşlaryň öňi alnyp bolmady. 1456-njy ýylda Abul Haýryň goşuny mongollara ýeňildi we Syrderýanyň boýundaky şäherler mongollar tarapyndan talaň edildi. Bu ýagdaý Abul Haýryň abraýyny sarsdy. Şeýlelikde halkyny gorap bilmedik bir hökümdary kabul etmeýän halkyň arasyndan bir topar aýryldy

we demirgazyga gitdi. Abul Haýryň özi ýaly Jujiniň neslinden gelen iki lider Kereý we Janybek baştutanlygyndaky bu topar Gazak ady bilen atlandyrylmaga başlandy we Wolga – Altaý arasyndaky sebitde erkin ýaşamaga başlady.

## Gazak ady

Gazak halkynyň adynyň "garaşsyz, erkin, mert, ýigit" ýaly manysy bardyr. Bu ýerde belläp geçmeli zatlaryň biri bolsa gazaklar bilen Don kazaklarynyň arasynda hiç hili bag ýokdur. Diňe atlary meňzeşdir. Şeýle hem dürli ýyllarda ruslar tarapyndan gyrgyz, gyrgyz-gazak, gyrgyz-kaýsak atlary gazaklar üçin ulanylan hem bolsa, gazaklar hiç wagt özlerini bu atlar bilen atlandyrmandyrlar.

## Gazak hanlygy barada taryhy çeşmeler

Gazak hanlygynyň ilkinji döwürleri barada maglumat beren taryhy çeşmeler esasan musulman ýazarmanlaryň eserleridir. Horasan, Maweannahr we Deşt-i Gypjak taryhy barada maglumat beren taryhy çeşmeleriň arasynda Muhammet Haýdar Duglatiniň eserinde has köp maglumata duş gelmek mümkindir. Özüniň hem belläp geçişi ýaly M. H. Duglati Duglat taýpasyndandyr. Onuň atalary Çagataý iliniň emirleri bolupdyrlar. Eje tarapyndan bolsa Çagataý hany Ýusup hanyň agtygydyr.

Gazak hanlygynyň syýasy taryhy üçin beýleki çeşmeler "Nusret-nama", "Fatyh-nama", "Şeýbany-nama" we "Mihmanname-i Buhara" eserleridir. Bu eserler XV-XVI asyrlarda Merkezi Aziýa sebitindäki syýasy ýagdaý barada maglumatlar berýärler.

## Gazak hanlygy we hanlary

Gazaklaryň ilkinji hanlary Janybek we Kereýdir (1465-1480). Gazak hanlygynyň gurulmagy bilen bu sebitlerde ýaşaýan beýleki türki kowumlar hem gazaklara goşulyp, olar bilen garyşyp gazak boldular.

Kereý hanyň ogly Burunduk hanyň döwründe (1480-1511) Özbek hany Muhammet Şeýbany bilen gazaklaryň arasyndaky göreş dowam etdi. Burunduk hanyň döwründe steplerde ýaşaýan gazak boýlarynyň her biriniň gyşlak we ýazlak ýerleri belli edildi.

Gazak hanlarynyň iň güýçlülerinden biri Kasym han (1511-1523) bolandyr. Bugünki Gazagystan topraklarynyň hemmesi diýen ýaly onuň döwründe gazaklaryň häkimiýetine geçipdir. Kasym hana çenli Gazak hanlygynyň paýtagty Syganak şäheri bolan bolsa, onuň döwründe Ýesi (Türkistan) şäheriniň eýelenmegi bilen Ýesi paýtagt boldy.

Kasym hanyň ölüminden soňra ýerine ogly Mamaş geçdi. Emma hanyň nesliniň agzalary onuň baştutanlygyny kabul etmediler we hanlyk ugrunda göreş başlady. Netijede bu göreşde Mamaş han öldi we ýerine Tahyr han geçdi (1523-1533). Tahyr han harby we syýasat ilerini bilmeýän bir baştutan bolupdyr. Şol sebäpli hem hanlygyň içinde bölünmeler başlapdyr.

Tahyr han Gazak hanlygynyň töweregindäki döwletler bilen hem duşman bolupdyr. Ol özüniň hanlyk eden döwründe hemme gazaklaryň hemmesine diýenini etdirip bilmedi. Onuň dolandyryşyndan närazy bolanlar oňa tabyn bolmadylar. Tahyr hanyň 1533-nji ýylda ölüminden soňra ýerine Buýdaş han (1533-1534) geçdi. Emma onuň döwründe-de göreşler dowam etdi we hanlygyň ýagdaýy gowşady.

1538-nji ýylda Kasym hanyň ogly Aknazar han (Haknazar) (1538-1580) boldy. Syýasy we harby taýdan ukyply

bolan Aknazar Han 42 ýyl höküm sürdü. Ol gazak hanlarynyň içinde iň köp hanlyk edendir.

Aknazar han özüniň häkimiýeti döwründe Tahyr han we Buýdaş hanyň döwründe gazaklaryň agzalalyklary netijesinde bölünen gazaklary täzeden jemlemegi başardy. Bu hanyň döwründe gazaklaryň günbatar we demirgazyk serhetlerinde uly üýtgeşmeler bolup geçdi. Ruslar 1552-nji ýylda Kazan hanlygyny, 1556-njy ýylda Astrahan hanlygyny ýykdylar we olaryň topraklaryny basyp aldylar. Şeýle-de Wolga derýasy töweregindäki nogaýlaryň arasynda hökümdarlyk ugrunda göreş başlady we netijede Nogaý ordasy ýykyldy (1569). Nogaýlaryň bir bölegi gazaklara goşuldylar we bulara degişli topraklar Gazak hanlygynyň häkimiýetine geçdi. Nogaýlaryň başga bir bölegi bolsa ruslara goşuldylar we şeýlelikde gazaklar günbatarda Patyşa Russiýasy bilen serhetdeş boldy.

Gazak hanlygynyň demirgazygynda Sibir hanlygy bardy. Bu hanlygyň başyna Küçüm hanyň geçmegi bilen (1563) Gazak hanlygyna garşy syýasat alyp barmaga başlady. Şol wagtlarda gazaklar bilen mongollaryň arasynda-da meseleler ýüze çykmaga başlady. Bu ýagdaýda Aknazar han özüniň daşary syýasatynda üýtgeşiklik getirdi. Ol döwre çenli Gazak hanlygy bilen oňuşmaýan özbek hanlary bilen aragatnaşyk gurdy we Buhara hany Abdylla II bilen soýuzdaş boldy.

Bu soýuzdaşlyk netijesinde gazak halky bilen Mawerannahr arasynda ykdysady we söwda gatnaşyklary güýçli depginde ýola goýuldy. Şeýlelikde gazak halky baýlaşdy we munyň netijesinde-de Gazak hanlygy güýçlendi.

Şol döwürlerde Buhara hany Abdylla II bilen Daşkendiň hany Baba Soltanyň arasynda göreş başlady. Bu göreş döwründe Aknazar han käwagt Abdylla hanyň, käwagt bolsa Baba Soltanyň tarapyny tutmak bilen ikisini hem güýçden düşürmek üçin syýasat alyp bardy. Aknazar han 1579-njy ýylda

Abdylla hanyň Baba Soltana garşy gurnan bir ýörişinde Abdylla hana degişli birnäçe şäheri eýeledi we Baba Soltan bilen soýuzdaşlyk etdi. Munyň netijesinde Baba Soltan öz häkimiýetindäki Türkistan we Sawran şäherlerini gazaklara gaýtaryp berdi. Emma Aknazar han şol ýylyň içinde bu sapar Abdylla hana gizlinlikde goldaw bermäge başlady. Duşmanyny goldaýandygyny eşiden Baba Soltan 1580-nji ýylda Aknazar hany öldürtdi. Şeýlelikde Baba Soltan bilen Gazak hanlygy duşman boldular.

Aknazar hanyň ýerine Şygaý Soltan han (1580-1582) boldy. Şygaý hanyň ilkinji işi Aknazar hanyň aryny almak bolupdyr. Bu maksat bilen ol Buhara hany Abdylla II bilen ylalaşýar. 1582-nji ýylda Şygaý han bilen Abdylla II hanyň goşunlay birleşip Baba Soltana garşy ýöriş etdiler. Baba Soltan ýeňilip gaçdy, ýöne bu ýörişde Şygaý han öldi (1582). Onuň ýerine ogly Tewekel han (1582-1598) boldy.

Tewekel han hem Baba Soltan bilen göreşmäge dowam etdi. 1582-nji ýylyň maý aýynda Türkistan şäheriniň ýakynynda Tewekel hanyň baştutanlygyndaky gazak goşuny bilen Baba Soltanyň goşuny arasynda uly bir söweş bolup geçdi. Bu söweşde Tewekel hanyň goşuny uly ýeňiş gazandy, Baba soltan öldürildi, ogullary we serkerdeleri ýesir düşdüler. Tewekel han Baba soltanyň kesilen kellesini Abdylla II hana iberdi. Güýçli duşmanyň öldürilmegine örän begenen Abdylla han Samarkand töweregindäki bir şäheri Tewekel hana sowgat berdi. Şeýle hem ol, Syrderýanyň boýundaky Türkistan, Otrar, Saýram ýaly öňden bäri gazaklara degişli bolan şäherleriň hem Gazak hanlygyna degişlidigini kabul etdi.

Emma Tewekel han 1583-nji ýylda Abdylla han II bilen Aknazarhan arasyndaky ylalaşyk esasynda Özbek hanlygyna degişlidigi kabul edilen Taşkent şäherine hüjüm etdi. Şeýlelikde Gazak hanlygy bilen Özbek hanlygy arasyndaky göreş täzeden

başlady. Şol wagtlarda Tewekel han Patyşa Russiyasy bilen Gazak hanlygy arasynda öňräkden bäri başlan diplomatiki gatnaşyklary güýçlendirdi.

Rus Paty;alygynyň maksady Gazak hanlygy bilen soýuzdaşlyk edip Sibir hanlygynyň baştutatany Küçüm han bilen göreşmek, şeýle-de Buhara hanlygyna garşy Tewekel han bilen Eýranyň hökümdary Şa Abbas I-niň arasynda soýuzdaşlyk etdirmekden ybaratdy. Sebäbi Küçüm han Özbek hanyň neslinden bolup, Buhara hanlygy bilen soýuzdaşlyk edýärdi. Tewekel hanyň Taşkende çozmagy netijesinde Gazak hanlygy bilen Buhara hanlygy arasyndaky soýuzdaşlyk gutardy, şeýle-de Sibiriň hany bilen Gazak hanlygynyň hem arasy bozuldy. Buharanyň hany Abdylla II we ogly arasyndaky göreşden peýdalanan Tewekel han 1597-1598-nji ýylyň gyşynda Daşkendiň ýakynlarynda Abdylla II-niň goşunyny ýeňdi. Şol ýylyň mart aýynda Abdylla II han öldi we ýerine ogly Abdulhumin, han boldy. Bu üýtgeşmeden peýdalanan Şa Abbas I Buhara hanlygyna çozdu. Tewekel han hem bu pursatdan peýdalanmak isledi. Ol 100 müň adamdan gowrak goşuny bilen Mawerannahra girdi we Andijan, Daşkent we Samarkand şäherlerini eýeledi. Ol garyndaşy bolan Esim Soltany 20 müňe golaý goşun bilen Samarkandda goýup, özi 70-80 müň adamlyk goşuny bilen Buharany gabady. 20 günlük bu gabaw döwründe bolup geçen söweşleriň birinde Tewekel han agyr ýaralandy we gabawy aýryp Daşkende gaýtmaga mejbur boldy. Tewekel han gysga bir wagtyň içinde Daşkentde öldi (1598). Ýerine Esim Soltan han boldy (1598-1645).

Esim hanyň ilkinji işi Buhara we Samarkandy eyelemek düşünjesinden aýrylyp, Buhara hany bilen ylaşayk gazanmak boldy. Bu ylalaşygyň netijesinde Daşkent we töweregi Gazak hanlygyna degişli boldy. (1598)

1598-nji ýylda Gazak hanlygyny gyzyklandyrýan başga bir taryhy waka bolup geçdi. Gazaklaryň demirgazygyndaky Sibir hanlygy ruslar tarapyndan ýykyldy we bu hanlykdaky türki halklaruly bir bölegi Gazak hanlygynyň häkimiýetini kabul etdiler. Sibir hanlygynyň ýykylmagy netijesinde Gazak hanlygy demirgazykdan ruslar bilen serhetdeş boldylar.

Esim han 1645-nji ýylda öldi we ýerine ogly Jengir Soltan han (1645-1652) boldy. Oýratlar bilen bolan söweşler we Gazak hanlygynyň öz içinde meýdana gelen bölünmeler Jengir hanyň döwründäki möhüm wakalardyr. Oýratlar we Gazak hanlygy arasynda bolan söeşleriň birinde Jengir han öldi. Jengir hanyň ölüminden soňra ýerine Bahadyr hanyň döwri (1652-1680) başlady.

Bahadyr hanyň döwri gazak taryhynyň iň az bilinýän döwridir. Munyň sebäbi bolsa bu döwürde gazaklaryň goňşulary bilen gatnaşyklarynyň az bolmagy, parahatçylyk we asudalygyň bolmagydyr. Bahadyr hanyň döwründe Oýratlar gazaklaryň ýurduna çozmandyrlar. Çünki bu ýyllarda Oýrat kowumlaryň öz aralarynda iç söweş bolupdyr. Bahadyr handan soňra gazaklaryň başyna Tewke han bolup geçipdir.

Tewke han (1680-1715) özüniň hanlyk eden ýyllarynda özünden öňki döwürde başlaýan bölünişiklikleriň öňüni almak isledi. Ol bu maksat bilen Hanlyk Mejlisiniň we Begler Mejlisiniň roluny artdyrdy, her ýyl Taşkent’iň ýakynlaryndaky Kültöbede gazaklaryň üç jüzüni ýygnap gutultaýlar geçirdi.

Tewke han goňşy döwletler bilen gowy gatnaşyklary ýola goýmak üçin syýasat alyp bardy. Buhara hanlygy bilen parahatçylykly gatnaşykda bolmaklyk ugrunda işler alyp bardy. Tewke han rular bilen hem diplomatiki gatnaşyklary ýola goýdy we Oýratlara garşy durup bilmek üçin olardan ýarag aldy.

Emma Tewke hanyň bütin bu aladalary Gazak hanlygyny güýçli bir döwlete öwürmäge ýetmedi. Onuň zamanasynda

Oýratlar ýene-de gazaklaryň üstüne çozmaga başladylar. Gazaklar 1710-njy ýylda garagalpaklar we gyrgyzlar bilen birleşip Oýratlary ýeňdiler we Gazagystanyň günortasyndan çykardylar. Ýöne bu ýeňiş doly netije bermedi, sebäbi Oýratlar gazaklaryň ýerlerine çozuşlar etmäge dowam etdiler.

1715-nji ýylda Tewke han öldi we ýerine Gaýyp han (1715-1718) geçdi. Gaýyp hanyň döwründe hanlygyň güýji peseldi we Oýrat çozuşlary dowam etdi. 1718-nji ýylda Gaýyp han söweş meýdanynda öldi.

Gaýyp hanyň ýerine Tewke hanyň ogly Bolat han (1718-1730) seçildi. Emma güýçli gazak soltanlary onuň hanlygyny kabul etmediler we oňa tabyn bolmadylar. Munyň netijesinde Gazak hanlygy kiçi hanlyklara bölündi. Orta jüzi Semeke han we Kuşik han, Uly jüzi Jolbarys han, Kiçi jüzi Abulkaýyr han dolandyrmaga başlady. Bu hanlaryň arasynda hiçbir gatnaşyk bolmandyr.

**Aktaban şubyryndy**

Ine gazaklaryň şeýle bölünen wagtynda, ýagny 1723-nji ýylyň ýazynda oýratlar Gazagystanýn günortasyna duýdansyzlykda çozdular. Oýratlar Gazagystanyň günortasyny bütünleý basyp alyp, taladylar. Gazak hanlygynyň öňki paýtagty Türkistan, Syrderýanyň boýundaky Saýram, Sawran, Otrar, Sıganak we Daşkent ýaly şäherleri basyp alyp, talaň etdiler. Şeýlelikde Gazagystanýn günortasy oýratlaryň eline geçdi. Oýrat goşunynyň öňünden gaçan gazaklar demirgazyga we demirgazyk-günbatara, ýagny Gazagystanyň asyl düzlüklerine gaçdylar. Bu göçhä-göçlükde köp sanly gazak açlyk, suwsuzlyk, soğuk we duşman ýaraglaryndan öldüler. Esasanam Gazagsytanyn ortasynda we günortasynda ýaşaýanlar uly bir betbagtçylygy başlaryndan geçirdiler. 1723-1725-nji ýyllarda bolup geçen bu betbagtçylyga gazak taryhynda “Aktaban

şubyryndy” (aýak dabanlary ap-ak bolýança taýpalar bolup göçhä-göçlük) diýilýär.

Emma gazaklar demirgazyga göçen hem bolsalar, oýratlar bilen göreşe dowam etdiler. 1728-nji ýylda bolan çaknyşyklaryň birinde Bulandy deýasynyň boýunda gazaklar oýrat goşunyny ýeňlişe sezewar etdiler. Bu ýeňiş gazaklary bir-birlerine jebisledi we ruhy taýdan güýç berdi.1729-njy ýylda bu sapar Balhaş kölüniň günortasynda gazaklar bilen oýratlar arasynda uly bir söweş boldy. Bu iki söweşiň netijesinde oýratlaryň basyp alan gazak topraklarynyň aglabasy yzyna alyndy. Gazaklaryň oýratlara garşy gazanan ýeňişlerinde gazak gahrymanlary orta çykdy. Karanbaý batyr, Bögenbaý batyr, Janybek batyr, Sabalak batyr bularyň esasylardyr. Gazak halky bu batyrlaryny unutmady we olar üçin dessanlar düzdüler.

## Gazak hanlygynyň dargamagy

1730-njy ýylda Bolat hanyň ölmegi bilen ýerinde ogly Abulmenbet han boldy. Emma kiçi jüziň uly bir bölegine baştutanlyk eden Abulkaýyr han Abulmenbet hanyň hanlygyny kabul etmedi. Munyň netijesinde Gazak hanlygy sözüň doly manysynda kiçi-kiçi hanlyklara bölündi. 1730-njy ýyldan soňra gazak taryhy, Gazak hanlygy bolmakdan çykdy we üç gazak jüziniň taryhyna öwrüldi.

## Kiçi jüz

1730-njy ýylda hemme gazaklaryň hany bolup bilmedik Kiçi jüziň hany Abulhaýyr han, 1731-nji ýylda öz islegi bilen özüne bagly uruglar bilen Rus Patyşasynyň golastyna girdi. Ol ruslaryň golastyna girmek bilen Russiýadan goldaw alyp, beýleki hanlaryň garşysynda öz ýagdayynyň güýçlenjegini we oýratlaryň çozuşlaryna garşy Russiýanyň özüni goldajagany pikir edýärdi. Ýöne ruslaryň hasaby başgaçady, sebäbi Russiýa

gazak ýurduny öz häkimiýeti astyna almaklygy meýilleşdirýärdi. Sebäbi Russiýa Pýotr I-den bäri Aziýada höküm sürmek üçin gazak steplerine häkim bolmaly ýörelgesini kabul edipdi. Ebülkaýyr hanyň öz islegi bilen ruslaryň golastyna girmek islemegi, ruslaryň arzuwlaryny amala aşyrmaklygyny aňsatlaşdyrýardy.

Ruslar Abulhaýyr hanyň rus häkimiýetine girmek baradaky islegini derhal kabul etdiler we Gazagystanyň günbatarynda her biri harby baza bolan galalar gurmaga başladylar. Bu galalaryň iň ulylaryndan biri hem Orenburg galasydyr.

1748-nji ýylda Abulhaýyr han, gazaklaryň ruslaryň golastyna girmekligine garşy çykan Orta jüziň soltanlaryndan Barak soltan tarapyndan öldürildi. Russiýa Abulhaýyr hanyň ýerine ogly Nuralyny han edip belledi. Şeýlelikde Russiýa gönüden-göni Kiçi jüziň içeri işlerine goşulmaga başlady. Netijeden 1824-nji ýylda Russiýa Kiçi jüziň hanlyk dolandyryş edarasyny düýbünden ýykdy we Kiçi jüziň topraklary gönüden-göni ruslaryň häkimiýeti girdi.

## Orta Jüz we Abylaý han

1730-njy ýylda hemme gazaklaryň hany saýlanan Ebülmenbet han, oýratlara garşy söweşlerde uly gahrymançylyklar görkezen we han neslinden gelen Sabalak batyra, 1735-nji ýylda öz islegi bilen hanlyk wezipesini berdi. Sabalak batyr “Abylaý” adyny alyp, han boldy. Abylaý han hem bütin gazaklaryň hem-de oýratlaryň çozuşlarynýn öňünde galan Orta jüziň hany saýlandy.

Abylaý han özüniň hanlygy döwründe gazaklary täzeden bir ýere jemlemek we “Aktaban şubyryndy” ýyllarynda gazaklaryň elinden çykan topraklary yzyna almak üçin alada etdi. Onuň gaýratlary netijesinde Orta jüziň we Uly jüzin

hemmesi we Kiçi jüziň hem käbir uruklary onuň häkimiýetine girdiler. Şeýlelikde Abylaý han gazaklaryň uly bir bölegini bir ýere jemlemegi başardy. Abylaý han “Aktaban şubyryndy” ýyllarynda gazaklaryň elinden giden Türkistan, Saýram şäherlerini yzyn almaklygy başardy. Daşkendi yzyna alyp bilmedik hem bolsa, salgyt salmaklygy başardy. 1746-njy ýylda oýratlaryň lideri Galgan Çerengiň ölüminden soňra oýratlaryň arasynda başlaýan iç göreşden peýdalanyp oýratlaryň elindäki gazak topraklaryny yzyna aldy. Oýratlaryň gazak topraklaryna çozuşlaryny durzurdy.

1757-nji ýylda oýratlar hytaýlylar bilen bolan uly bir söweşde ýeňildiler we Merkezi Aziýada howp salyjy bir güýç bolmakdan çykdylar. Oýratlara garşy uly bir ýeňiş gazanan Hytaý, Merkezi Aziýa sebitinde täsir ediji güýç bolmaga başlady. Bu ýagdaýda Abylaý han ruslaryň basgysyny hem göz öňünde tutup Hytaýyň golastyna girdi. Onuň Hytaýyň golastyna girmegi ruslaryň basgysyny deňlemek maksady bilendir. Ýagny hytaýlylar gazaklary edara edenokdylar, gazaklary ýene Abylaý han dolandyrýardy.

Abylaý hanyň döwründe gazaklar parahatçylyk döwri ýaşadylar. Gazak halky bu döwürde Aktaban şubyryndy ýyllarynda ýaşan kynçylyklaryndan saplandy. Ýurtlaryny terk eden gazaklar yzlaryna dolanyp geldiler. Halkyň ykdysady yagdaýy düzeldi. Abylaý han hemme gazaklar tarapyndan söýülen bir han boldy, ölüminden soň onuň hakynda dessanlar aýdyldy. Abylaý han hemme gazaklar tarapyndan han kabul edilne iň soňky gazak hanydyr.

Abylay han 1781-nji ýylda öldi. Ýerine ogly Uwali Orta jüze han boldy.Ol hem kakasy Abylaý han ýaly Hytaýa tabyn bolmaga dowam etdi. Ýöne Merkezi Aziýada ruslaryň basgysynyň artmagy netijesinde 1788-nji ýýlda Russiýanyň häkimiýetini kabul etdi. Mundan soňra ruslar Orta jüziň hem

içeri işlerine goşulmaga başladylar. Netijede 1815-nji ýylda Uwali hanyň ýerine Barak soltanyň ogly Bökeýi Orta jüziň hany yglan etdiler. Bu wakadan soňra Russiýanyň Orta jüziň üstündäki häkimiýeti artdy. 1822-nji ýylda ruslar Orta jüzdäki hanlyk ederasyny ýykdy we bu jüziň ýaşaýan topraklarynyň gönüden-göni Russiýa goşulandygyny yglan etdiler.

## Uly jüz

1730-njy yyldaky han saýlawyndan soňra Uly jüziň hany Jolbarys han oýratlara tabyn bolmaklygy kabul etdi we olara salgyt bermäge başlady. Abylaý hanyň döwründe Uly jüz oýratlaryň häkimiýetinden dyndy we Abylaý hanyň häkimiýetine girdi.

Abylay hanyň ölüminden soňra Uly jüz Orta jüzden aýryldy we aýry bir hanlyk boldy. Emma başyndaky hanlary Hytaýyň häkimiýetini kabul etmeklige dowam etdiler.

XIX asyryň başlarynda Kokant hany Alym hanyň döwründe (1801-1809) Uly jüz topraklarynyň uly bir bölegi Kokant hanlygynyň edarasyna geçdi. Alym hanýn yerine geçen Omar hanyň döwründe (1809-1822) bolsa Gazak hanlygynyň öňki paýtagty Türkistan şäheri hem Kokant hanlygyny häkimiýetine girdi. Şeýlelikde Orta jüzde hanlyk dolandyrylyşy soňlandy. Uly jüziň hanlyk edarasyna girmeýän sebitleri bolsa aýry-ayry soltanlar tarapyndan dolandyrylmaga başlandy.

Gysga bir wagtdan soňra, ýagny 1854-nji ýylda bu sebitle ruslaryň häkimiyetine girdi. Şol ýyl ruslar häzirki Almaty şäheriniň ýerinde gazak steplerini basyp almak üçin dikilen iň soňky galany, ýagny Wernyý galasyny gurdular. Şeýlelikde Uly jüz düýbünden ýykyldy.

## Gazak hanlygyny täzeden dikeltmek ugrundaky göreş: Kenansary hanyň gozgalaňy (1836-1847)

Ruslar Orta jüzde hanlyk dolandyryşyny ýatyranlaryndan soňra berektli topraklara harby galalar gurup, Orta jüzin topraklaryny gözegçilikde saklamaga başladylar. Bu yagdaýa garşy Orta jüzde ruslara garşy gozgalaňlar başlady. Bularyň iň möhümi bolsa Kenansary han gozgalanydyr.

Kenansary iň soňky meşhur gazak hany Abylaý hanýn agtygydyr. Ol ilki bilen özüne tabyn uruklara daýanyp güýçli bir goşun gurdy we özüni Orta jüz gazaklarynyň hany diýip yglan etdi. Onuň maksady Gazak hanlygyny täzeden gurmakdy. Kenansary han bu maksat bilen ilki Russiýa ýüz tutup, daşary syýasatda ruslara bagly bir Gazak hanlygynyň gurulmagyny talap etdi. Emma Russiýa onuň bu talabyny ret etdi we Kenansary han Russiýa garşy gozgalaň edip ýaragly azat edijilik göreşini başlatdy (1836).

Kenansary han 1838-nji ýylda öz üstüne iberilen rus goşunlaryny ýeňdi we ruslaryň elindäki Torgaý we Yrgyz sebitlerini yzyna aldy. Onuň bu ýeňşi gazaklaryň arasyndaky abrayyny artdyrdy, gazaklar ruhy taýdan galkyndylar.

Kenansary han özüne tabyn gazak topraklarynda täzeden döwlet apparatyny gurdy. Günortadaky Hywa we Buhara hanlyklary hem onuň hanlygyny kabul etdiler. Bu wakalaryň netijesinde ruslar gazak stelerindäki häkimiýetlerini ýitirmäge başladylar. Ýöne 1840-njy ýylyn gyşynda uly bir haýwan gyrgynçylygy boldy. Haýwanlaryň ölümi Kenansary hanyň güýjüni peseltdi. Bu ýagdaýda Kenansary han günorta Syrderýanyň boýuna çekildi. Bu ýerde wagty ruslar Kenansary hanyň ýanyna ilçiler iberip, oňa Orenburgyň töwereginde giňiş daçalar, willalar beriljekdigini ýöne munyň garşylygynda azat edijilik göreşini bes etmekligi teklip etdiler. Kenansary han bu

teklipleri düýpgöter ret etdi. Ol gaýtam Hywa hanlygyndan goldaw alyp, ruslaryň goşunynyň üstüne we galalaryna çozdy. Kenansary han käbir kiçeňräk ýeňişler gazan hem bolsa, ruslaryň topçu goşunyna ýeňilip, ýene günorta, Syrderýa sebitine çekildi. Ýöne ruslaryň yzyndan gelmegi netijesinde Kenansary han, 1846-njy ýylda Gazagystanyň gündogaryna Çu derýasynyň sebitine gitdi. Onuň maksady bu ýerde güýç ýygnap, täzeden ruslara garşy söweşmekdi. Hakykatdanam Uly jüze degişli uruklar Kenansary hana tabynlyklaryny bildirdiler we ony han kabul etdiler. Kenansary han ruslara garşy hytaýlylaryň goldawyny almak maksady bilen bu ýerde, Hytaý bilen gatnaşyk gurdy.

Kenansary han Çu derýasy sebitine goňşy ýaşaýan gyrgyz uruklaryny hem ruslara garşy göreşe çagyrdy. Ýöne bu gyrgyz uruklary bir tarapdan ruslaryň, beýleki tarapdan bolsa Kokant hanlygynyň itergisi bilen Kenansary hana garşy çykdylar. Kenansary han we jigisi Nawryzbaý, gyrgyzlaryň tarapyndan garaşylmadyk pursatda iki gyrgyz uruk begi tarapyndan duzaga düşürilip öldürildiler (1847-nji ýylyň tomusynda). Kenansary han we Nawryzbaýyň ölümi bilen olara bagly goşun dagady we Gazak hanlygyny täzeden dikeltmek ugrundaky azat edijilik hereketi gutardy.

Kenansary han gozgalaňynyň netijelenmesinden soňra, 1854-nji ýylda Rus Patyşasy Nikolaý I-niň permany bilen gazak topraklarynyň Russiýanyň häkimiýetine girendigi we gazaklaryň indiden beýläk Russiýanyň kanunlaryna tabyndyklaryny yglan edildi.

## Gazagystan baknalyk döwründe

XIX asyryň 60-njy ýyllarynyň ortalarynda Russiýanyň Gazagystanyň topraklaryny basyp alyşy tamamlandy. Aziýada basyp alnan türki topraklarda, ýagny Kazanda, Krymda,

Kawkaz ülkelerinde, Başkyrt ilinde we Gazagystanda ruslar işe ilkinji nobatda bu ýerlerdäki dolandyryş ulgamyny üýtgetmekden başlapdyrlar. Bu ülkeleriň aglabasynda edara edijiler (hanlar, soltanlar, begler) mirasdüşerlik ýoly bilen ýa-da halkyň wekilleri bolan ýaşulylar (aksakgallar) tarapyndan saýlanylýardylar. Ruslar bu ulgamy üýtgetdiler we täze dolandyryjylary özleri bellämäge başladylar.

Patyşa hökümeti gazak steplerini dolandyrmagyň taslamasyny taýýarlamak üçin, 1865-nji ýylda içeri işler ministrliginiň, harby ministrligiň we Orenburg kraýy bilen Günbatar Sibiriň "deputatlaryndan" ybarat "step toparyny" düzdi. 1867-nji ýylyň 11-nji iýulynda "Semireçiýe we Syrderýa oblastlarynda dolandyryşyň wagtlaýyn düzgüni" we 1868-nji ýylyň 21-nji oktýabrynda Orenburg we Günbatar Sibir general-gubernatorlugynyň step oblastlarynda dolandyryşyň wagtlaýyn düzgüni" tassyklanyldy.

Gazagystanyň topraklary üç general-gubernatorluga bölünýärdi: Türküstan, Orenburg we Günbatar Sibir. Harbylaryň we raýatlaryň häkimiýeti general-gubernatoryň elinde jemlenýärdi.

Her bir general gubernatorluk oblastlardan ybaratdy. Orenburg general gubernatorluguna Ural we Turgaý oblastlary; Günbatar Sibir general gubernatorluguna Akmolla we Semipalatinsk oblastlary; Türküstan general gubernatorluguna Semireçýe we Syrderýa oblastlary degişlidi. Maňgyşlak pristawlygy 1870-nji ýylda Kawkaz harby okrugyna degişli bolsa-da az wagt soňra Zakaspi oblastyna degişli edildi. Oblastlar bolsa ýezdlere bölünýärdi. Uýezdiň ýolbaşçylary harby çinli adamlaryň arasyndan general-gubernatorlar atarpyndan bellenilýärdi. Uýezdiň baştutanynyň uly we kiçi iki sany kömekçisi bardy. Kiçi kömekçi ýerli halkyň arasyndan

öňde gelenleriň arasyndan bellenilýärdi. Uýezdler wolostlara, wolostlar bolsa aullara bölünýärdi.

1886-njy ýylyň 2-nji iýunynda “Türküstan kraýyny dolandyrmagyň düzgünnamasy”, 1891-nji ýylyň 25-nji martynda bolsa “Akmolla, Semipalatinsk, Semireçýe, Ural we Turgaý oblastlaryny dolandyrmagyň düzgünnamasy” kabul edildi.

Fergana, Samarkand we Syrderýa oblastlary Türküstana degişlidi. Syrderýa oblasty Amyderýa bölümçesinden we bäş uýezdden (Kazalin, Perow, Çimkent, Aulie-Atin we daşkent) ybaratdy. 1891-nji ýyldaky düzgünnama görä, Orenburg we Günbatar Sibir general-gubernatorluklaryň ýerine merkezi Omsk bolan ýeke-täk Stepnoý general-gubernatorlyk döredilýärdi. Akmolla, Semipalatinsk, Ural, Turgaý we Semireçýe oblastlary bu general-gubernatorluga degişlidi. 1897-nji ýýlda Semireçýe oblasty täzeden Türküstan general-gubernatorlugynyň ygtyýaryna berildi.

## Gazaklaryň sosial-ykdysady ýagdaýy

Birinji jahan urşundan öň Russiýanyň günbatar taraplaryndan Gazagystanyň topraklaryna getirilen ruslaryň sany üç milliona ýetipdir. Şol döwürde sanlary bir million töweregi bolan gazaklar üçin gelen ruslaryň sany örän ulydyr. Bu ruslaryň 90%-i ekerançylyk, 10% bolsa senetçilik we söwda bilen meşgul bolýardylar. Haçan-da ruslara we gazaklara topraklar paýlanylanda ruslara has bereketli topraklaryň berilmegi netijesinde gazaklar näçe zähmet çekseler hem hasyllary o diýen gowy netije bermeýärdi. Bu ýagdaýda gazaklar haýwanjylyga has üns bermäge başladylar. Bir tarapdan ruslaryň ekerançylykdaky ýokary hasyllary, beýleki tarapdan gazaklaryň maldarylykdaky üstünikleri netijesinde gazaklaryň hal-ýagdaýlary has gowulaşmaga başlapdy. Sebäbi

ruslaryň basyp almagyndan soňra halkyň iýmit meselesi çözülüpdi. Munyň netijesinde ruslar we gazaklaryň arasynda belki birinji gezek söwda gatnaşygy guruldy. Gazaklar ruslara haýwan we haýwan önümlerini, ruslar bolsa gazaklara ekerançylyk önümlerini satmaga başladylar. Bu söwdanyň netijesinde ruslaryň Gazasytandaky girdejileri üç esse köpelipdir. Meselem 1882-nji ýylda ruslar söwda arkaly Akmolinsk (Akmolla) welaýatyndan 6,6 million rubl girdeji alan bolsalar, 1900-nji ýylda bu girdeji 18 million rubl bolupdyr. Bu ýagdaý beýleki welaýatlarda hem şuňa meňzeş netijeler beripdir.

XX asyryň başlarynda rus hökümetdiniň ýerasty magdana baý gazak topraklaryndaky käbir magdanlary işlemäge başlamagy, gazaklaryň durmuşynda başga bir üýtgeşklik getiripdir. Ruslar tarapyndan dolandyrylan kömür we mis ojaklarynda 20 müňe ýakyn gazak, işçi bolup işlemäge başlapdyr.

Bu döwürde gazaklar ykdysady taýdan üç topara bölünipdir. Gazaklayň garyp-pukara bolan 70%-i maldarçylygy taşlap, ekerançylyga başlapdyrlar. Emma olara berlen topraklaryň bereketsiz bolmagy netijesinde, bir bölegi ruslaryň elinde işçi bolup işläpdirler. Ekerançylyk bilen meşgullanan gazaklaryň aglabasy oturymly durmuşa geçipdirler. Şol sebäpli we esasan hem ruslaryň sanynyň köpelmegi netijesinde şäherleşme başlapdyr. Ikinji topar gazaklaryň 25%-inden ybarat bolupdyr. Olar ruslar tarapyndan belli şertlerde berlen topraklarda maldarçylyk we ekerançylyk edip güzeranlaryny aýlapdyrlar. Üçünji topar bolsa ilatyň 5%-inden ybaratdy. Halkyň bu bölegi Ruslar bilen ýakyn aragatnaşayk saklapdyr we maddy ýagdaýlary gowy bolupdyr. Ýöne şu ýerde bir zady aýratyn belläp geçmeldiris, ülkeleriniň iň bereketli toprklarynyň ruslara berilmegi, özlerine bolsa hasyly pes bolan topraklaryň

berilmegi, şeýle hem mallary üçin otlak ýerleriniň az bolmagy, guraklyk ýyllarynda-da ruslaryň gazaklardan salgyt almaga dowam etmeklikleri gazaklary örän bimaza edýärdi.

## 1916-njy ýylyň gozgalaňy we gazaklar

Birinji jahan urşunda rus goşunlary uly ýitgiler çekipdiler. Bu ýitgileriň öwezini dolmaklyk meselesi rus hökümedini çuňňur pikirlenmäge iteripdi. Çünki urşuň ilkinji ýyllarynda Merkezi Aziýadan hiç kim urşa alynmandy. Bu ýerdäki ýerli halk ýaly bu ýerde doglan ýa-da 15 ýaşyndan kiçi wagty bu ýere gelen Ruslar hem harby gulluga alynanokdylar. Ýöne urşa alynanok diýsek ýerli halk ezilenokdy diýmek ýalňyş bolar. Sebäbi rus hökümedi ýerli halka agyr salgtytlar salýardy. Urşuň ilkinji ýyllarynda Türküstan general-gubernatory Kuropatkin 2 400 000 rubl “sowgat” we 20 000 000 rubl “söweş harajaty” salgydyny halkdan ýygnapdy. 1915-nji ýýlyň 1-nji ýanwaryndan başlap Türküstanlylara harby gulluga gitmeýändikleri üçin girdejileriniň 21%-ine salgyt goýlupdy.

Urşuň başlamagy bilen Merkezi Aziýanyň esasy girdejilerinden biri bolan pagtaynyň eksporty durupdy. Türküstana gelýän azyk önümleri 400 % gymmatlapdy. Bularyň üstüne bir-de Ruslar ýerli halkyň elindäki haýwanlary (at, goýun) arzan bahadan satyn alýardylar. Şeýle hem ruslaryň sebite getirilip öz topraklarynyň ellerinden alnyp, olara berilmegi halky bimaza eden başga bir faktordy. Uruş ýyllarynda bolsa söweş ýesirleri Merkezi Aziýadaky ýesir lagerlerine getirildiler. Ruslar 25 müň töweregi awstriýaly we wengriýaly ýesiri Çelýabinsk, Orenburg, Petropalowsk, Ust-Kamenogorsk ýaly ýerlerdäki lagerlere ýerleşdirdiler. Bulardan başga-da 200 müň töweregi söweş ýersi Türküstanyň dürli sebitlerindäki lagerlere iberildiler.

Frontlarda uly ýitgiler çeken rus hökümedi Türküstanyň halkyny söweşe almaklyk baradaky pikiri kämilleşdirip işlemäge başlady. Gazaklaryň metbugat organy bolan “Gazak” gazedi bolsa gazaklara hem rus kazaklary bilen deň derejede haklaryň berilmelidigini ýazýardy. Gazak liderleri hem gazaklaryň tylda garym gazmak üçin däl-de atly goşuna alynmalydygyny nygtaýardylar. Elbetde gazaklaryň harby borçly däldiklerini aýdýanlar-da köpdi. Rus hökümedi Petrogradda gazaklaryň wekiliýetçilikli toparlary bilen duşuşyklar geçirip, olaryň pikirlerini, isleglerini diňlän hem bolsa olara anyk jogap bermän yzyna iberdi.

1916-njy ýylyň 25-nji iýunynda Rus Patyşasynyň yglan eden permany bilen 19-43 ýaş arasynda 500 müň ilatyň uruşda tylda hyzmat bermek üçin harby gulluga alynjakdygy bildirildi. Bu sanyň ýarysy gazaklaryň we gyrgyzlaryň ýaşaýan topraklardan (Uraldan 50 müň, Akmolladan 48 müň, Semipalatinskden 85 müň, Turgaýdan 60 müň) ýygnalmalydy.

1916-njy ýylyň 11-nji iýulynda Daşkentde ruslara garşy ilkinji aýaklanma habary özbek we gazak obalaryna ýaýrapdy. Şeýlelikde gazaklaryň arasynda ilkinji gozgalaň hereketleri Syrderýa oblastynyň Öwlüýä Ata uýezdinde başlady. Iýul-awgust aýlarynda bu gozgalaň herekedi Ural oblastyna çenli baryp ýetdi. Gazaklar ýerli döwlet işgärleriniň üstüne hüjüm edip, maşgalalaryna degişli resminamalary ýok edýärdiler. Munyň netijesinde Ural oblastyndan äkidilmeli 50 müň adamdan diňe 18 müň kişi tylda hyzmat üçiň ýygnaldy.

Akmolla (Akmolinsk) we Semeý (Semipalatinsk) oblastlarynda hem gozgalaň 1916-njy ýýlyň sentýabr aýynda başlap, noýabra çenli dowam etdi. sentýabr aýynda Semipalatinsk oblastynyň Zaýsan uýezdinde müň, Semeý uýezdinde 7 müň, Öskümen (Ust-Kamenogorsk) uýezdinde 3 müň, Akmolinsk oblastynyň Akmolla uýezdinde 30 müň kişi,

Atbazar uýezdinde 7 müň, Kökçetaw uýezdinde bolsa 5 müň adam gozgalaň turzupdyr. Olaryň üstüne 11 pyýada we 11 atly goşun iberilipdir. Çaknyşyklarda her iki tarapdan hem köp pida bolupdyr. 1916-njy ýylyň noýabr aýynda Semeýden ýygnanmaly 85 müň adamdan 50479, Akmolladan ýygnanmaly 48 müň adamdan 27773 sanysy ruslara hyzmat üçin harby gulluga alyndylar.

Iň esasy çaknyşyklaryň bolan ýerlerinden biri hem Turgaý oblastydyr. Bu ýerde ýaşaýan gypjak, naýman we Argun uruklary öz aralaryndaky gadymdan bäri dowam edip gelýän duşmanlyklaryny bir tarapa goýup, ruslara garşy birleşdiler. Ýöne harby güçler deň däldi. Top, pulemet we beýleki ýaraglar bilen üpjün rus goşuny bu gozgalaňy hem basyp ýatyrdy.

Agyr söweş salgytlaryna we harby hyzmata garşy çykyp gozgalaň turzan gazaklar ýeňildiler. Ruslar halkyň elindäki zatlary salgydyň öwezine alypdyr we 100 müň ýakyn gazagy-da tylda hyzmat üçin goşuna alypdyr. 40 müňe golaý hojalygy bolsa gozgalaňa gatnaşdy diýip çöle sürlüpdir. Gozgalaňlara ýolbaşçylyk edendikleri üçin ýüzlerje gazak öldürülipdir. Ruslaryň zulumyna çydap bilmedik 300 müňden gowrak gazak Hytaýa gidipdir. Gazaklardan alnan topraklar ruslara paýlanyp berlipdir.

Bu gozgalaňlaryň netijesinde iň uly zyýany çekenler Türki halklardyr. Elbetde rus hökümediniň hem maddy we ynsan ýitgileri ulydyr. Hat-da 1917-nji ýýlda rewolýusiýanyň çymagyny çaltlaşdyran sebäpleriň biri bu gozgalaňlardyr diýip bileris. Ýöne türki halklaryň ruslara garşy bu ýeňlişiniň iň esasy sebäbi, bu gozgalaňlary edara etjek merkeziň bolmaýyşydyr. Her uruk, her oba aýry-aýry, bir-birlerinden üzňe ruslara garşy göreşýärdi…

## Alaş Orda partiýasy

XX asyryň başynda gazak milliýetçileri tarapyndan gurulan ilkinji gazak syýasy partiýasynyň ady Alaşdyr. Alaş sözüniň manysyny "söweş nagarasy" diýip beýan edýärler.

Alaş hereketini başladanlar rus uniwersitetlerini we institutlaryny gutaran gazaklardyr. Bu hereketde baş rol oýunçylary: Alyhan Bökeýhan (1866-1937), Ahmet Baýtursun (1873-1937), Mirjakyp Dulat (1885-1937), Mustafa Çokaý (1890-1941), Muhtar Awezow (1897-1961) we beýlekiler.

Rus Patyşalygynyň ýykylmagyndan soňra gazaklaryň öňde gelen şahsyýetleri "Alaş orda" adyndaky milli bir partiýa gurdular. Alaş orda partiýasy oktýabr rewolýusiýasyndan soňra ilki bilen Orenburg we Urallardaky antibolşewik rus kazaklary bilen bilelikde hereket etdi. Ýöne bu ýagdaýda milli bir hökümetiň häkimiýeti diňe kagyzyň üstünde galýardy. Çünki Alaş ordanyň ýeterli sanda esgeri ýokdy we steplerdäki iç söweşei durduryp biljek güýji ýokdy. 1919-njy ýylyň mart aýynda Alaş ordanyň liderleri gyzyllara goşulma kararyny aldylar we Sowet hökümedi bilen ylalaşyga gol çekişdiler.

Alaş ordanyň liderleri 1928-nji ýýla çenli Komunist partiýanyň içinde möhüm rol oýnadylar. Olar gazaklaryň milli birligini goramak üçin köp meselerde Sowet hökümedi bilen pikir-düşünje taýdan çaknyşdylar. Netijede 1928-nji ýylyň aprel aýynda "buržuwa milliýetçileri" diýlip günäkerlendiler we sürgün edildiler.

## Medeniýet we ylym

Gazagystanda rus dilinde bilim bermeklik ruslaryň basybalamalary netijesinde XVIII asyrda başlapdyr. Patyşa hökümeti gazaklaryň bilim alýan mekdeplerinde ruslaşdyrma syýasatyny esas maksat edip goýupdyr. 1786-njy ýylda Ombide (Omsk) we 1789-njy ýylda Orenburgda açylan hökümet

mekdepleri ilkinji rus mekdepleriniň başynda gelýärler. Esasanam gazak çagalaryna bu mekdeplerde döwlet hyzmatynda ulanmak üçin terjimeçilik ýa-da kätiplik bilimi berlipdir. 1825-nji ýylda Orenburgda Nepluýew harby mekdebi açyldy, 1846-njy ýýlda Omsk harby mekdebiniň düýbi tutulypdyr. Bu harby mekdeplerde rus hökümeti üçin harby hünärmenler we işgärler ýetişdirilipdir.

Bu döwürlerde gazak öňde gelenleri-de bilim meselesi bilen çuňňur gyzyklanypdyrlar. 1841-nji ýýlda Jahangir han Bökeý ordasynda (Han ordasy) ilkinji gezek döwrebap bir mekdep açypdyr. Bu mekdepde okuwçylara rus, türk we gündogar dilleri, matematika, taryh, geografiýa Yslam dini dersleri okadylypdyr.

XIX asyryň ikinji ýarymynda gazak topraklarynda rus mekdepleriniň sany köpelipdir. Ýöne gazak çagalarynyň aglabasy musulman mekdeplerinde ýa-da medreselerde bilim alýardylar. Munyň öňüni almak üçin Patyşa hökümeti musulman mekdepleriniň açylamygyny kynlaşdyrýan düzgünler geitirpdir. Hökümet organlary musulman mekdeplerini ýokary derejede berk gözegçilikde saklapdyr.Gazak çagalarynyň bu mekdeplere girmegi, rus edaralarynyň rugsat bermegi şertine baglanypdyr. Çagalaryny bu mekdeplerde birugsat okadanlara pul we türme jezalary berlipdir.

Ruslaryň bu öňüni alyjy çärelerine garamazdan Gazagystanyň her sebitinde diýen ýaly, esasanam Yslam dininiň täsirli ýeri bolan Gazagystanyň günortasynda musulman mekdepleri açylmaga dowam edipdir.

Gazaklaryň daşardan gelenlere garşy göreşleri halk edebiýatynda-da öz beýanyny tapypdyr. Gazak halk edebiýatynyň baş temasy galmyklara garşy göreşdir. Bu temany işleýänleriň başynda 1675-1768-nji ýyllarda ýaşap geçen Aktamberdi Jyraw, Ümtebaý (1706-1178) we Tatikara (XVIII

asyr) ýaly ozanlaryň atlaryny agzamak mümkündir. Emma XVIII asyr halk edebiýatynyň iň öňde gelen wekili Jyraw Buhar Kalkamanoglydyr (1668-1781). Ol Russiýa bilen Hytaýyň arasynda ökdelik bilen syýasat alyp baryp, garaşsyzlygyny goramagy başaran Abylaý hanyň maslahatçylaryndan biri bolupdyr. Buhar Jyraw öz eserlerinde bir tarapdan galmyk çozuşlaryna garşy edilen göreşi dillendiripidir, beýleki tarapdan bolsa Russiýa tarapyndan gelýäň howpa garşy halky birleşmegä çagyrypdyr. Ol ahlaki gymmatlyklara aýratyn üns beripdir. Hany halka garşy adalatly bolmaga çagyrypdyr.

XIX asyr halk edebiýatynyň baş temasy ruslaryň basybalyjykly çozuşlary bolupdyr. Akyn diýlip atlanyrylan gazak bagşylary ruslara garşy bolan göreşleri, gazak topraklarynyň nähili talaň edilendigini aýdymlar bilen beýan edipdirler. Bu akynlardan (bagşy) Nysanbaý Akyn 1836-1847-nji ýyllarda rus basyblamalaryna garşy çykan Kenansary han liderligindäki gazaklaryň azat edijilik hereketini dessanlaşdyran meşhur bagşydyr.

XIX asyrda ýaşan gazak bagşylary azatlyk edijilik göreşini şygyrlarda beýan etmek bilen çäklenmändirler, eýsem özleri hem söweş meýdanlarynda gahrymanlyklar görkezipdirler, azatlygyň simwoly bolupdyrlar.

XIX asyryň ikinji ýarysynda gazak edebiýatynda yslamy akymyň peýda bolandygyny görmek bolýar. Bagşylar öz eserlerinde Yslamyň kanunlaryna we ahlaklylyga uly orun beripdirler.

XIX asyryň ikinji ýarymynda Ýewropalylaşma tarapdary bolan gazak intelligensiýasy peýda bolmaga başlady. Olaryň arasynda Çokan Welihan, Ibraýym Altynsary we Abaý Kunanbaýyň aýratyň ýeri bardyr. Bu üç gazak öňde gelenleri bilim, pedagogika we edebiýat bilen baglanyşykly eserler ýazypdyrlar. Olar yza galaklykdan we garankydan

dynmaklygyň ýeke-täk ýolunyň ylym we döwrebap bilim bilen mümkün boljakdygyny halka düşündirdiler. Şeýle hem bu gazak intelligensiýasy döwrebap günbatar meteniýetine barmaklygyň rus dili we edebiýaty bilen mümkün boljagyny aýdypdyrlar.

Abylaý hanyň agtygy bolan Çokan Kökçetawdaky Kusmuryb obasynda dünýä indi we 1865-nji ýylda Taldykorgan welaýatyndaky Altyn Emelde dünýäden ötüpdir. Çokan Peterburgda bolan ýyllarynda (1860-1861) rus ýazarlary we akyldarlary bilen dostluklar gurupdyr, olaryň pikirleriniň täsirinde galypdyr.

Çokan Welihanow gyrgyzlaryň meşhur Manas dessanynyň bardygyny ilkinji bolup habar beren alym bolmak bilen, türki halklaryň medeniýetine saldamly goşant goşandyr. Şeýle hem Welihanow Marko Polodan soňra Kaşgara (Hytaýyň günbatary) gidip, ol yerde ylmy işler amala aşyran ilkinji alym, etnograf, taryhçy, gündogarşynas we folklorjydyr.

1850-nji ýylda dünýä inen Ybraýym Altynsary Orenburgda gazak çagalary üçin açylan ýedi ýyllyk rus mekdebini 1857-nji ýylda tamamlady. Altynsary gazaklarda ilkinji döwrebap mekdep ulgamynyň düýbüni tutujydyr. Ol Patyşa hökümetiniň garşy çykmagyna garamazdan halkdan ýygnan pullary bilen 1864-nji ýylda Torgaýda gazak çagalary üçin başlangyç mekdep açdy. Altynsary gazak gyzlarynyň hem ylym-bilim almagy üçin uly alada etdi we onuň tagallalary bilen 1888-nji ýylda gyzlar üçin mekdep-internaty açyldy.

Altynsary gazak topraklaryny basyp alan ruslar bilen deň hak we hukuga eýe bolmak üçin diňe ylym-bilimli nesli kemal getirmeklidigine ynanypdyr. Ol pedagogikadan gazakça kitaplar ýazypdyr. Ol ilkinji gazakça grammatika kitabyny we ilkinji gazakça-rusça sözlügini taýýarlapdyr.

1845-nji ýylda dünýä inen Abaý (Ybraýym) Kunanbaý döwrebap gazak edebiýatynyň düýbüni tutujydyr. Başlangyç

bilimini ýörite mugallymlardan aldy, soňra medresede bilim aldy. Ol gazaklaryň adaty durmuşlaryny tankyt edýän liriki goşgular ýazdy. Abaýyň bu goşgulary gazak steplerinde ýaýrapdyr we ýat tutulypdyr. Onuň eserleri gazaklary döwrebap ylym we bilim almaga, diňe haýwanjylyk bilen meşgul bolman täze hünärler gazanmaga, senetçilk we ekerançylyk bilen meşgul bolmaga, söwda etmeklige çagyrýardy.

Çokan Welihan, Ybrayym Altynsary we Abaý Kunanbaýyň özlerinden soňra gelen gazaklar intelligensiýaysnyň üstünde uly täsiri bolupdyr. Esasanam bu ýagdaý Alyhan Bökeýhan (1866-1937), Ahmet Baýtursun (1873-1937) we Mir Ýakup Dulatyň (1885-1935) liderligindäki intelligensiýa toparynyň işlerinde we eserlerinde aýdyň görülipdir.

Gazaklaryň ilkinji gazetleri XIX asyryň ikinji ýarymynda peýda bolmaga başladylar. 1870-nji ýylyň 28-nji martyndan başlap “Türküstan welaýatynyň gazeti”, 1888-1902-nji ýyllarda bolsa “Dala welaýatynyň gazeti” çykdy. Ýöne bu gazetleriň ikisi hem Patyşa Russiýasynyň resmi organlarydy.

Ýöne gazak metbugatynyň hakyky doguşy 1905-nji ýyldaky rus rewolýusiýasyndan soňra bolupdyr. Gazak intelligensiýasynyň çykaran ilkinji gazetleri: “Serke” (Peterburg, 1907-nji ýyl), “Gazak” (Troýsk, 1907) bolupdyr. Ýöne bu gazetleriň diňe bir sany çykypdyr, şol sebäpli hem halkyň üstünde täsiri bolupdyr diýsek ýalňyş bolar. Ondan soňra 1911-nji ýylda “Gazagystan” atly bir gazet çykdy. Bu gazediň ilkinji dört sany Ordada (Bökeý Orda) 1911-nji ýylda çykan hem bolsa, soňraky iki ýylda gadagan edildi. 1913-nji ýylda täzeden çykmaga başlady we jemi 14 sany çykdy. Bu gazet gazak aristokraty Soltan Şahyngereý Bökeýogly tarapyndan çykarylypdyr.

1911-nji ýyldan başlap Troýskda gazakça “Aý Gap” atly bir žurnal çykmaga başlady we 1915-nji ýyla çenli 88 sany çykypdyr. Bu žurnal döwrebap gazak edebi diliniň kämilleşmegine uly goşant goşupdyr.

Gazak metbugatynyň iň esasy gazeti “Gazak” bolupdyr. 1913-nji ýylyň martndan 1918-nji ýylyň sentýabr aýyna çenli Orenburgda hepdelik gazet bolup çykypdyr. Tiražy sekiz müňe çenli çykan bu gazeti çap eden Mustafa Orazaýogly, baş ýazarmany bolsa Ahmet Baýtursun bolupdyr. “Gazak” gazeti gazaklaryň milli, syýasy we sosial hemme meseleleriň üstünde durlupdyr we çözmek üçin ýollar gözlenipdir. Bu gazet 1917-nji ýylyň iýul aýyndan başlap gazaklaryň milli partiýasy bolan Alaşyň metbugat organy boldy. “Gazak” gazeti 1918-nji ýylda Sowet hökümedi tarapyndan ýapyldy.

Bulardan başga-da dürli ýyllarda gazaklar metbugatda gazetdir-žurnallary çykarypdyrlar. Ýöne biz olaryň ilkinjileri we iň esasylarynyň üstünde durmaklygy makul bildik. Umuman aýdaymyzda gazaklar öz milliliklerini goramak ugrunda medeniýetde we ylymda halkyň derejesini ýokary götermek ugrunda göreşipdirler.

# II BÖLÜM
# Gazagystan Sowet häkimiýeti döwründe (1917-1991)

## Gazagystanda Sowet häkimiýetiniň ýeňmegi we Gazagystan SSR-niň döredilmegi

1917-nji ýylda oktýabr rewolýusiýasynyň ýeňmeginden soňra bolşewikleriň Merkezi Aziýada häkimiýetlerini guranlaryndan soňra gazaklaryň topraklary 1920-nji ýylyň 26-njy awgustynda Gyrgyzystan ASSR ady bilen Russiýa Federasiýasyna goşuldy. 1925-nji ýylda bu "ýalňyşlyk" düzeldildi we gyrgyz ady Gazagystan ASSR edilip üýtgedildi. 1936-njy ýylyň 5-nji dekabrynda bolsa Gazagystan SSR-i guruldy.

Başlangyçda Garagalpagystan awtonom oblasty hem Gazagystana degişlidi. Ýöne 1932-nji ýylda Garagalpagystan awtonom respublikasyna öwrüldi we Russiýa Federasiýasyna goşuldy, 1936-njy ýylda bolsa Özbegistana degişli edildi.

Bir başga mesele bolsa paýtagtyň niresi bolmalydygydy? Rus Patyşalygy döwründe gazaklaryň paýtagty Orenburgdy. Orenburg şäheri Gazagystanda Sowet häkimiýetiniň berkarar edilmeginde möhüm rol oýnapdy. Bu ýerde partiýa we beýleki işler üçin milli kadrlar taýýarlanypdy. Ýöne Orenburgyň ilaty ruslardan ybaratdy. Ýagny bu şäher gazak halkyndan üzňe bir şäherdi. Şol sebäpli hem täze paýtagt meselesi ara alnyp maslahatlaşyldy we täze paýtagtyň Ak-Metjit bolmagy kararlaşdyryldy. Şol bir wagtyň özünde hem Orenburg we Orenburg guberniýasynyň, şeýle hem Ural guberniýasynyň Ilek uýezdiniň hem gazaklara degişli däl diýlip karar alyndy.

1925-nji ýylyň 15-19-njy aprelinde Ak-Metjitde republikanyň Sowetiniň V gurultaýy bolup geçdi. Bu gurultaýda paýtagt Ak-Metjidiň ady Kyzyl-Orda diýlip üýtgedildi. Şeýle

hem bu gurultaýda awtonom respublikanyň adynyň gyrgyz ýerine gazak diýlip üýtgedilmegine karar berildi.

1929-njy ýylda Türküstan-Sibir demirýol ulgamynyň tamamlanmagyna az wagt galmagy bilen Gazagystan ASSR-ni dolandyryjylar Alma-Ata göçdüler we Alma-Ata Gazagystanyň merkezine öwrüldi.

## Gazagystan 1920-1938-nji ýyllarda

Sowet hökümediniň ýeňmegi bilen Gazagystanda dürli pudaklarda ösüş gazanmaklyk üçin alada edilmäge başlandy. 1920-nji ýyldaky ilat ýazuwyna görä Gazak ASSR-iniň (1924-nji ýylda goşulan Semireçýa we Syrderýa oblastlarynyň gazak sebitlerinden daşary) tutýan meýdany 2 000 000 km²-den gowrak bolup, ilaty 4 780 000-den gowrakdy. Bu ilatyň 50,3 %-i gazaklar, 31,2 %-i ruslar, 14,4 %-i ukrainler bolupdyr. Ýagny köp milletli bir awtonom respublika bolupdyr.

Ilatyň aglabasy oba hojalygy bilen meşgullanypdyr. Ilatyň bary-ýogy 8-9 %-i şäherlerde ýaşaýardy. Respublikanyň iň uly şäheri paýtagty Orenburg bolup, ilaty 108 000 bolupdyr. Beýleki möhüm şäherleri bolsa Semipalatinsk, Uralsk, Petropalowsk, Akmolinsk we Aktübinsk bolupdyr.

Gazaklaryň esasy bölegi ekerançylyk bilen meşgullanypdyr. 1920-nji ýyldaky ilat ýazuwyna görä, 454 780 gazak hojalygyndan 198 520-üniň özleriniň ekin meýdany bolupdyr. Bu ýerler ol diýen uly bolmafyk möçberlerde bolupdyr, ýagny 0,3 desýatinden 1 desýatine çenli ululykda bolup, maşgalany eklemäge ýeterlei däldi. Ekerançylyk bilen meşgullanýan gazak hojalyklarynyň aglabasy şol bir wagtyň özünde maldarçylyk işini hem alyp barypdyrlar. Rus we ukrainler bolsa esasan ekerançylyk bilen meşgullanypdyrlar.

1921-nji ýylyň ýaz aýlarynda Sowet hökümeti gazak topraklarynda ýer-suw reformasyny geçirmäge başlady. Bu

reformanyň netijesinde gazaklar ýuwaş-ýuwaşdan ekerançylyk bilen meşgullanmaga we oturymly bolmaga başladylar.

Täze ykdysady durmuşa geçişiň dikeldiliş döwründe gazak topraklary guraklyk betbagtçylygyna uçrady. Munyň netijesinde örän köp mukdarda bugdaý hasyly ýok boldy. Guraklyk netijesinde otlar hem guradylar we mallar açlykdan gyrylmaga başladylar. Ýüz müňlerçe ilat açlykdan ejir çekdi. Bu ýagdaýda Moskwa hökümedi gyssagly kömek fondyny döretdi.

1921-nji ýýlyň soňundan 1922-nji ýylyň ahyryna çenli Russiýa Federasiýasy gazaklara doly däl maglumatlara görä 4 475 000 pud bugdaý dänesi, 183 000 pud kartoşka iberdi. 1922-nji ýylyda Gazagsytanyň ekerenaçylyk topraklarynyň 60 %-inden gowragyna Russiýadan gelen bugdaý däneleri ekildi. Şeýle-da Gazagystana onlarça medisina-iýmitlendiriş toparlary iberildi.

Türkistan we Ukraina respublikalary hem Gazagystana uly ýardam berdiler. 1921-1922-nji ýyllarda Türkistan respublikasy Gazagsytana iki million put töweregi bugdaý iberdi we on müňlerçe ejir çeken ilaty kabul etdi.

1921-1922-nji ýyllarda Gazagystanda kolhoz-sowhozlarynyň sany azaldy. Hasylsyzlyk sebäbi olar dagadylar.

Gazagsytanda rewolýusiýa kanunçylygy berkeýärdi. 1922-nji ýýlda Gazak ASSR-nde Russiýa Federasiýasynyň jenaýat, raýatlyk we beýleki kodeksleri işlemäge başladylar. Şeýle hem kazyýetçilikde reformalar edildi we ýeke-täk kazyýetçilik ulgamy ýola goýuldy.

1925-nji ýylda Gazagsystanda mallaryň baş sany 22,5 milliona çykdy. Pagta, günebakar we tütün ýaly senagatda işlenilýän ösümlikleriň ekilişi köpeldi. Sowet hökümeti halkyň 70 % - 80 %-inden oba hojalyk salgytlaryny aýyryp, önümçiligi artdyrmaklygy maksat edindi.

1926-njy ýylda aulsowetlerde kommunsitleriň sany 7,3 – e çykdy. Kommunistleriň sany wolostnoý ispolkomlarda 45 %, uýezd we guberniýalarda bolsa 67,8 %-e çykdy. Ýagny Sowet hökümeti ýuwaş-ýuwaşdan Gazagystanda ornaşýardy. 1929-njy ýylda umuman gazak obalarynda sowetleşme meselesi tamamlandy.

1927-nji ýylda Gazagystanda Oktýabr rewolýusiyasynyň 10 ýylygynda demirgazykdan (Semipalatinsk) günorta (Lugowa stansiýasy) Türkistan-Sibir demirýolunyň gurluşygyna başlandy. Bu demirýolunyň gurluşygynda 1929-njy ýylda 39 500 adam işleýärdi. 1929-njy ýylda Türkistan-Sibir demirýol ulgamynyň tamamlanmagyna az wagt galmagy bilen Gazagystan ASSR-ni dolandyryjylar Alma-Ata göçdüler we Alma-Ata Gazagystanyň merkezine öwrüldi. 1930-njy ýylyň 25-nji aprelinde Türkistan-Sibir demirýol ulgamy işlemäge başlady. Bu demirýolunyň gurulmagy gazaklaryň oturymly durmuşa geçmegine we täze şäherleriň ösmegine örän möhüm täsir etdi.

1928-1929-njy ýyl bilen deňeşdirilende Gazagystanda 1929-1930-njy ýllarda kömür 1,4 esse, nebit 1,3 esse, mis 2,5 esse, polimetal 2,3 esse has köp çykaryldy. 1932-nji ýylda Karagandada 721 900 tonna kömür çykaryldy. Bütin Gazagystan boýunça bolsa 1932-nji ýylda 822 500 tonna kömür çykaryldy. Bu san 1913-nji ýyl bilen deňeşdirilende 9 esse köpdür.

1932-1933-nji ýyllarda Gazagystanda açlyk ýyllarydyr. Onuň sebäbi bolsa kolhozlaşdyrma netijesinde halkyň elinden alynan mallar bir nokatda ýygnanýardy. Bu ýagdaý bolsa mallary iýmit bilen üpjün etmek meselesini meýadana getirýärdi. Munyň netijesinde mallar ölmäge başladylar. Mallaryň ölmegi diýmek halkyň hem açlyga sezewar bolmagy diýmekdi. Çünki halkyň ýeke-täk eklenji bu mallarydy. Bu

heläkçilikde Gazagystanýn halkynyň 1 million bilen 2 million arasynda ilatynyň gyrlandygy barada maglumatlar bardyr.

1934-nji ýylda Gazagystanda 7300 sany kolhoz bardy. Bu kolhozlar oba hojalygy bilen meşgullanýan ilatyň 85,7 %-ini, 1935-nji ýýlyň 1-nji iýulyna çenli 90,7 %, 1937-nji ýylda bolsa 97,5 %-ini özünde jemleýärdi.

1935-nji ýylyň oktýabr aýynda Gurýew – Orsk nebit geçirijisi işlemäge başlady. Uzunlygy we güýji boýunça bu nebit geçirijisi Baku – Batumi nebit geçirijisinden soňra SSSR-de ikinji orunda durýardy.

Gazagystan 1937-nji ýylda SSSR boýunça jemi senagat önümçiliginde 6-njy, gurşun çykarmakda 1-nji, nebit çykarmakda 2-nji, kömür çykarmakda 3-nji, elektrik energiýasyny öndürmekde 6-njy, däne ýygnamakda 3-nji, şeker şugunduryny ekmekde we ýygnamakda 4-nji, we pagta ýygnamakda 5-nji orunda durýardy. Bu döwürde mallaryň baş sany iki esse köpeldi we SSSR-de mallaryň baş sanynyň köplügi boýunça Gazagystan 3-nji orundady.

Sowet hökümedi ýyllarynda Gazagystanda esasanam agyr senegatda uly üstünlikler bolup geçdi. 1920-nji ýyl bilen deňeşdirlende 1940-njy ýýlda Gazagsytanda kömür çykarmaklyk 82 esse, nebit çykarmaklyk 55 esse, elektro energiýasyny öndürmeklik bolsa 300 essedenem köp arttyryldy.

## Gazagystan Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda

1941-nji ýylyň 21-nji iýunynda Germaniýanyň ähtiýalanlyk bilen Sowetleriň üstüne çozmagy netijesinde SSSR-iň hemme ýerinde bolşy ýaly Gazagystanda hem halk duşmana garşy birleşdi. Urşuň başlamagy bilen Gazagsytanyň ilatynyň düzüminde düýpli üýtgeşiklikler bolup geçdi. Bir tarapdan zähmete ukyply erkekler Gyzyl Goşuna alynýardylar, beýleki tarapdan bolsa duşman tarapyndan basyp alnan

topraklardan we duşmanyň ýoly üstündäki topraklardan getirilen halk Gazagystana ýerleşdirilýärdi.

1941-1942-nji ýyllarda Gazagystanda dürli işlerde işleýän zenanlaryň sany birden artdy. Meselem 1941-nji ýylyň 1-nji iýulynda Ust-Kamenogorskiyniň kärhanalarynda bary-ýogy 488 zenan maşgala işleýän bolsa, 1942-nji ýylyň 1-nji iýunynda olaryň sany 2213 bolupdyr. Bu ýagdaýa Gazagsytanyň hemme ýerinde duş gelmek bolýardy.

Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda Gazagystanyň demirýolçylary hem uly işleri amala aşyrdylar. 1941-1942-nji ýyllarda Gazagystanyň demiýollaryndan bir milliona ýakyn Sowet halky ewakuirlendi.

Söweş ýyllarynda Gazagystanyň möhüm oba hojalyk pudagy bolan bugdaý hasylyny ýygnamaklyk uly depginde alnyp barlypdyr. Ýöne awtoulaglar, traktorlar we hat-da atlar fronta iberilenligi sebäpli dänäni bir ýerden başga bir ýere äkitmek üçin hem ulag tapylanokdy. Bütin kynçylyklara garamazdan 1941-nji ýylda Gazagystan Respublikasy döwlete 100 271,1 müň put bugdaý tabşyrdy. Germaniýanyň günbatar taraplaryndaky bugdaý öndürýän sebitleri basyp almagy netijesinde, SSSR-iň gündogar sebitleri esasy iýmit merkezlere öwrülipdi.

Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda Gazagystanly gerçekler hem söweş meýdanlarynda mertliklerini görkezdiler. Gazagystanyň ilatynyň 1 200 000 töweregi Beýik Watançylyk urşuna gatnaşdylar. Olar Moskwanyň we Leningradyň goragynda, Wolga boýundaky söweşlerde, Ukrainaynyň, Belorussiýanyň we Pribaltika respublikalarynyň azat edilmeginde we beýleki söweşlerde mertlerçe söweşdiler. Elbetde söweşde ölmek hem bar, ýaralanmak hem… Gazagsytanda 1945-nji ýylyň 1-nji maýynda 27 600 ýetim çagany terbiýeleýän 179 sany çagalar öýi işleýärdi. Uruş

ýyllarynda çagalar öýleri ene-atasy ýogalan 93 153 çagany kabul edip, olaryň 64 000-üni işe ýerleşdirildi. Bu döwürde ýetim galan çagalaryň 9200 sanysy Gazagystanly maşgalalarynyň haýyşy bilen ogul-gyz edilip alyndy.

Germaniýa garşy söweşlerde görkezen gahrymançylyklary üçin Gazagystanly 500-e ýakyn gerçege Sowet Soýuzynyň Gahrymany ady dakyldy. Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda SSSR-iň orden-medallaryna mynasyp bolanlaryň 96 338-i gazaklar bolupdyrlar.

## 1950-80-nji ýyllarda Gazagystanyň sosial-ykdysady we syýasy durmuşy

Beýik Watançylyk urşunyň tamamlanmasyndan soňra Gazagystan nemesleriň basybalmalryndan zyýan çeken sebitlere kömek bermäge dowam etdi. Hemme pudaklarda dikeldiş işleri alnyp barylýardy.

Esasanam kömür senagatynda üstünlikler gazanyldy. 1950-nji ýylda bellenilen meýilnama 106 % doldy. 1956-njy ýylda 15,4 million tonna kömür çykaryldy.

Bu ýaryşa demirýolçylar hem goşuldylar. Çünki ulag aragatnaşygynyň ýola goýulmagy senagatyň, gurluşygyň we oba hojalygynyň ösmegi üçin zerurdy. Bu ýyllarda Gazagystanyň demirýol ulgamynyň uzunlygy 8407 km-den 9473 km-e çykdy. 1953-nji ýylda 438 km-lik Mointy – Çu demirýol ulgamy işe girizildi. Şeýlelikde 1500 km-lik Petropalowsk – Akmolinsk – Karaganda – Çu- Alma-Ata transgazagystan magistraly guruldy. Bu magistral Günbatar Sibiri Merkezi Aziýa respublikalary bilen birleşdirdi. 1953-nji ýylda uzunlygy 614 km-lik Akmolinsk – Pawlodar we Zaşita – Zyrýanowsk demirýol ulgamy hem işe girizildi. 1955-nji ýylda bolsa Karaganda kömürini Ural bilen birleşdirýän Akmolinsk-Kartal (806 km.) demirýol ulgamy hem hyzmata açyldy. Bütin

bu demirýol ulgamlary Gazagsytanyň kömürini we bugdaýyny arzan we aňsatlyk bilen gerekli nokatlara äkitmek üçin zerurdy.

Gazagystanyň nebitçileri hem ýokary üstünlikler gazandylar. 1940-njy ýyl bilen deňeşdirlende olar üstünlikleini 1950-nji ýylda 52 % artdyrdylar. Elektrik energiýasyny öndürmekde hem 1940-njy ýyla görä dört esse netije gazanylypdy. 1956-njy ýylda respublikada 706 müň tonna nebit çykaryldy.

1950-nji ýylyň ortalarynda paýtagt Alma-Atada awromatiki telefon ulgamy ýola goýyldy. Etrap merkezleri dolulygyna telefon ulgamy bilen üpjün edildiler.

Gazagystanda 1956-njy ýylda ekerançylyk üçin aýrylan topraklaryň tutýan meýdany 27 000 000 gektar, 1958-nji ýylda 28 661 500 gektar bolupdyr.

Beýik Watançylyk urşunyň yzysüre Gazagystan bugdaý öndürmeklikde Ukraina we Russiýa Federasiýasynyň yzyndan üçünji orny eýeleýärdi. Gazagystanyň demirgazyk-gündogar taraplary esasy bugdaý meýdanlarydy. Bu ýerde ekilýän dänänň 68%-i bugdaý bolupdyr. 1954-nji ýylda Gazagystanyň kolhozdyr-sowhozlary 238,6 million put bugdaýy döwlet harmanyna tabşyrdylar. 1958-nji ýylda bolsa bugdaý öndürmekde uly bir hasyl alyndy we 950 200 000 put bugdaý gazagystanly kolhozçylar tarapyndan ekin meýdanlaryndan ýygnaldy.

Gazagystan diňe bugdaý öndürmekde däl eysem maldarçylykda hem öňde gelen respublika bolupdyr. Goýun we geçileriň sany boýunça Gazagystan SSSR-de ikinji, iri şahly mallaryň we atlaryň sany boýunça bolsa SSSR-de üçünji orny eýeleýärdi. 1958-nji ýylda Gazagystanda mallaryň baş sany 33 milliona ýetdi.

SSSR-de Gazagystan möhüm orna eýedi. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assembleýasynyň sessiýalarynda

Gazagsytanyň wekilleri ençeme gezek gatnaşdylar. Indoneziýa, Birma, Nepal döwletleriniň hökümet ýolbaşçylary, Hindistanyň Premýer-Ministri J. Neru we Prezidenti S. Radhakrişnan, daşary ýurtly medeniýet we sungat işgärleri, kärdeşler arkalaşyklarynyň wekiliýetçilikli toparlary Gazagystana gelýärdiler.

Gazagystan ylym, bilim, saglyk, edebiýat we sungat, metbugat we radio babatynda daşary ýurt döwletleri bilen aragatnaşyk saklamaga başlady, halkara gurultaýlara gatnaşmaga başlady.

1961-nji ýylda Gazagystanyň topraklarynda ýerleşýän "Baýkonur" älem merkezinden "Wostok-1" we "Wostok-2" raketalarynyň uçurylmagy, SSSR-iň we Gazagystanyň taryhynda ýatdan çykmajak möhüm wakadyr. Bu älem merkeziniň gurluşygy 1955-nji ýylda tamamlandy we tutýan meýdany demirgazykdan günorta 80 km., gündogardan günbatara çenli bolsa 130 km.-dir.

1966-njy ýýlda Leonid Iwanowiç Brežnew Gazagystanyň Kommunist Partiýasynyň birinji sekretarlygyna saýlandy. Esasanam onuň döwründe oba hojalygyna aýratyn üns berildi. Tarp ýerleriň özleşdirilmegi netijesinde 1970-nji ýylda ekerançylykdan alynýan hasyl 118 %-e barabar boldy. Däne hasylynyň alnyşy üç esse töweregi artdy. Umuman aýdylanda Gazagystan beýleki Türki döwletlerde bolşy ýaly SSSR üçin çig mal öndürýän döwletleriň hataryndadady.

1985-nji ýylda SSSR-iň KP-nyň baş sekretary wezipesine saýlanan Mihail Gorbaçýowuň döwründe Gazagystan uly wakalara şaýatlyk etdi. 1986-njy ýylyň 16-njy dekabrynda Gazagystanyň birinji sekretary Dinmuhammet Kunaýew pensiýa çykaryldy we ýerine rus asylly Gennadiý Kolbin bellendi. Gazak asylly biriniň aýrylyp, ýerine rus asylly biriniň birinji sekretar bellenmegi Gazagsytanyň wakalaryň uçguny

boldy. Gazagystandaky wakalar SSSR-iň habar beriş serişdelerinde birinji habar bolup berildi. Elbetde munda Gorbaçýowuň “aç-açanlyk, üýtgedip gurmak” syýasatynyň hem täsiri bardyr.

Netijede 1989-njy ýylyň 22-nji iýunynda Nursultan Nazarbaýew Gazagystan Kommunist Partiýasynyň birinji sekretary bellendi.

## Medeniýet we ylym

Gazagystanda Sowet hökümetiniň gurulmagy bilen halkyň ylymly-bilimli bolmagy üçin uly işler amala aşyryldy. 1945-1946-njy ýyllarda Gazagystanda 7869 mekdep bar bolsa, 1950-1951-nji okuw ýylynda mekdepleriň sany 9088-e çykdy. 1946-1950-nji ýyllar arasynda Gazagystanyň orta mekdeplerini 40 müň adam tamamlady. 1955-1956-njy ýyllarda Gazagystan SSR-nde 3395 gazak, 3768 rus, 134 özbek, 53 uýgur, 9 täjik we 1341 sany bolsa iki we ondan hem köp dillerde bilim berýän mekdepler bardy.

1934-nji ýylyň 15-nji ýanwarynda Alma-Atada S. M. Kirow adyndaky Gazak döwlet uniwersitetiniň açylyş dabarasy boldy. Şol ýylyň iýun aýynda bu uniwersitetde jemi 25 mugallym işläp olardan 5 sanysy professor we 10 sanysy hem dosent derejesindedi.

1940-njy ýylda Gazagystanda 20 ýokary okuw mekdebi bardy we olarda 10 419 talyp okaýardy. 1962-1963-nji ýyllarda Gazagystanda 100 000 talyp bolup, olar jemi 33 ýokary okuw mekdebinde ylym-bilim alýardylar. Ýüzlerçe gazak ýaşlary bolsa Gazagystanyň daşyndaky ýokary okuw mekdeplerinde bilim aldylar. Diňe 1935-nji ýylda Russiýa Federasiýasynyň, Ukrainanyň, Özbegistanyň, Azerbeýjanyň we Tatarystanyň ýokary okuw mekdeplerinde 4815 gazagystanly talyp bilim aldy. 1962-1963-nji ýyllarda Gazagsytanyň ilatynyň her bir

10 000 adamyna 90 talyp düşýärdi. Şol döwürde bolsa Fransiyada 44, Italiýada 36, Federatiw Germaniýada 34, Angliýada bolsa 29 talyptan düşýärdi. Bu ýokary okuw mekdepleri diňe bir diňe bir kadrlary taýýarlamakda däl, eýsem ylmyň ösmeginde hem uly rol edýärdi.

Gazagystanyň S. M. Kirow adyndaky Gazak döwlet uniwersiteti uly ylmy ojaga öwrülýärdi. 1936-njy ýyldan başlap uniwersitetiň "Býulletenýa Kazahskogo gosudarstwennogo uniwersiteta" ady bilen ilkinji kitaby çap boldy. 1937-nji ýyldan başlap bolsa "Uçenyýe zapiski Kazahskogo gosudarstwennogo uniwersiteta" atly kitaby çykmaga başlady.

1936-njy ýylda SSSR-iň Ylymlar Akademiýasynyň Gazagystan bazasynda aspirantura bölümi açyldy. 1938-nji ýylda bolsa SSSR-iň Ylymlar Akademiýasynyň Gazagystan filialy döredildi. SSSR-iň hökümetiniň 1945-nji ýylyň oktýabr aýynda karary bilen 1946-njy ýýlyň 1-nji iýunynda Gazagystan Ylymlar Akademiýasy açyldy.

Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda gazaklaryň latyn elipbiýinden rus (krill) elipbiýine geçişi doly tamamlandy. Milli dilde bilim berýän mekdepleriň ýokary synplarynda rus dilini öwrenmeklik mejbury edildi.

Gazagystanda metbugat işi barada aýdylanda 1946-njy ýylda bu resbuplikada 267 gazet çykýardy we olaryň jemi tiražy 793 000 ekzemplýardy. 10 ýyl soňra bolsa Gazagystanda 480-den gowrak gazet 1 540 000 tiraž bilen çapdan çykdy. Gazet we žurnallar gazak, rus, uýgur we beýleki dillerde çap edilýärdi. 1957-nji ýylda 157 gazet ýarym million tiraž bilen gazak dilinde çykdy.

1933-nji ýyla çenli Gazagystanda kämil derejede saz sungaty ýuwaş ösýärdi. 1926-njy ýylda gurlan respublikanyň ýeke-täk teatrynyň repertuay örän garypdy. 1933-nji ýylda alnan bir karar bilen bu teatr, Moskwanyň teatr sungatynyň

guramaçylygyndaky Gazak sazly tetaryna öwrüldi. 1941-nji ýylyň noýabr aýynda Abaý adyndaky Gazak döwlet opera we balet teatrynyň gurşuşygynyň tamamlanyp ulanylmaga berilmegi respublika üçin taryhy wakalryň biri boldy. Uruşyň soňky ýylynda bolsa Ýaş tomaşaçylar teatry açyldy.

Gazak kinosungatynyň doguşy 1930-njy ýyllardyr. Gazak aktýorlaryň gatnaşmagyndaky we gazak temaly ilkinji filmler Rusýa Federasiýasynyň "Wostokkino" tresti tarapyndan goýuldy.

Gazaklaryň XX asyr medeniýeti diýlende Muhtar Awezow öňdäki orundadyr. 1897-nji ýylda dünýä inen Muhtar Awezow gazaklaryň meşhur şahyry Abaý Kunanbaýyň obadaşy we dostudyr. Başlangyç bilimini medrede alan M. Awezow, 1919-njy ýylda Semeýdäki mugallymçylyk mekdebini tamamlady. 1922-nji ýylda Daşkentdäki Orta Aziýa Döwlet Uniwersitetini girdi we bir ýyl soňra bu ýerden Leningrad Uniwersitetiniň filologiýa bölümine geçipdir. 1928-nji ýylda uniwersiteti tamamlap Daşkente gelen Awezow, bu ýerde Daşkent Uniwersitetiniň Gündogarşynaslyk fakultetinde aspiranturany tamamalapdyr. 1946-njy ýyldan ölümüne çenli Gazagystan döwlet uniwersitetinde we Gazagystan Ylymlar Akademiýasynda professor bolup işläpdir. 1952-nji ýylda filologiýa ylymlarynyň doktory derejesini alan Awezow, 1961-nji ýylda Moskwada ýogalypdyr.

Muhtar Awezow öz eserlerinde bilimi, zähmeti, hakykaty öňe sürüpdir. Onuň üçin hakykat halkyň durmuşy, duýgy we düşünje dünýäsidir. Onuň tarapyndan 1927-nji ýylda ýazylyp çap bolan "Edebiýat taryhy" atly kitap, gazak edebiýatyny ylmy taýdan derňeýän ilkinji eserlerdendir. Onuň ilkinji eseri "Enlik kebek" atly teatr oýuny bolupdyr. Bu eser tomaşaçylarda uly täsir galdyran nilkinji gazak dramasydyr. Ýagny gazak tetaryna

dramany ýerleşdiren M. Awezowdyr. Awezowdan öň gazak edebiýatynda güýçli pýesalar bolmandyr.

Awezow köp sanly hekaýanyň we romanyň, 20-den gowrak pýesanyň awtory bolmak bilen şol bir wagtyň özünde daşary ýurt dillerinden terjimeler hem edipdir. W. Şekspiriň "Otello", N. W. Gogolyň "Derňewçi", Pogodiniň "Aristokratlar" pýesalary Awezoyň terjimesi bilen gazak teatrlarynda sahnalaşdyrylypdyr.

Muhtar Awezowyň iň beýik eseri "Abaý ýoly" atly eseridir. Awezow bu romanynda Abaýyň ýaşan döwründäki sosial gurluşy, gazak topraklaryndaky ýiti synpy göreşi, gazak halkynyň durmuşyny, sosial adalatsyzlygy we şol bir wagtyň özünde Günbatar medeniýetiniň geljege tarap täsirlerini doly we anyk görkezmegi başarypdyr. Bu eser gazak halkynyň hut özüdir. Awtor bu eseri bilen 1949-njy ýylda "Döwlet" we 1959-njy ýylda-da "Lenin" baýragyny alypdyr.

Gysgaça aýdanymyzda gazak halkynyň müňlerçe ýyllyk medeniýet hazynasy Abaýy, Abaý bolsa Awezowy, Awezow-da Abaý ýoluny ýaradypdyr. Bu yzygider aýlanyp duran çarhdyr we çeşmesini gazak halkynyň durmuşyndan we düşünjesinden alýandyr.

# III BÖLÜM
# Gazagystan garaşsyzlyk ýyllarynda (1991-2010)

## Garaşsyz Gazagystanyň içeri syýasaty

Sowet Soýuzynyň dargamagy netijesinde Gazagystan 1991-nji ýylyň 16-njy dekabrynda garaşsyzlygyny gazandy. Döwletiň ilkinji we häzirki wagtdaky Prezidenti Nursultan Abişewiç Nazazarbaýewdir.

Gazagystan garaşsylygyny alanyndan soňra Gurýew oblastynyň ady Atyrau oblastyna, Gurýewiň ady Atyrau, Kokçetaw oblastynyň ady Kokşetau, Çimkeniň ady Şymkent, Selinogradyň ady Akmola diýlip üýtgedildi.

1992-nji ýylyň 3-nji martynda Gazagystan Birleşen Milletler Guramasyna agza hökmünde kabul edildi.

1993-nji ýylyň 28-nji ýanwarynda Gazagystanyň Konstitusiýasy kabul edildi.

1993-nji ýýlyň 15-nji noýabrynda milli pul birligi “tenge” dolanyşyga girizildi.

1995-nji ýylyň 30-njy awgustynda Gazagystanyň täze Konstitusiýasy referandum bilen kabul edildi.

1996-njy ýylyň 3-nji aprelinden başlap Gazagystanyň gazak raýatlary öz familiyalaryny we atalarynyň atlaryny taryhy milli adatlara görä üýtgetmäge hukuk gazandylar.

1997-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda Gazagystanyň Prezidentiniň permany bilen Astana şäheri (1998-nji ýylyň 6-njy maýyna çenli Akmola) Gazagystnyň paýtagty diýlip yglan edildi.

1999-njy ýylyň 10-njy ýanwarynda Nursultan Nazaraýew gazak halkynyň 79,78 %-niň goldawy bilen ýedi ýyllyk möhlet bilen Gazagsystanyň Prezidentligine saýlandy.

1999-njy ýylyň 4-nji martynda Gazagystanda ilkinji milli ilat ýazuwy geçirildi.

2005-nji ýylyň 4-nji dekabrynda Nursultan Nazaraýew gazak halkynyň 91,15 %-niň goldawy bilen ýedi ýyllyk möhlet bilen Gazagystanyň Prezidentligine saýlandy. Bu saýlawda ilkiji gezek elektron ses bermeklik ulgamy ulanyldy.

2008-nji ýylyň 18-nji iýulynda täze döwlet baýramçylygy yglan edildi: Paýtagt güni.

Gazagystanyň döwlet baýramçylyklary:

1-2-nji ýanwar – Täze ýyl

7-nji ýanwar – Roždestwo

8-nji mart – Halkara aýal-gyzlar güni

22-nji mart – Nowruz

1-nji maý – Gazagystanyň halkynyň raýdaşlyk güni

7-nji maý – Watan goragçylarynyň güni

9-njy maý – Ýeňiş güni

6-njy iýul – Prezident N. A. Nzarbaýewiň we paýtagtyň doglan güni

30-njy awgust – Konstitusiýa güni

25-nji oktýabr – Respubliakynyň güni

16-njy dekabr – Garaşsyzlyk güni

**Garaşsyz Gazagystanyň daşary syýasaty**

Gazagystanda garaşsyzlygyny alanyndan soňra 2010-njy ýyla çenli 7 hükümet üýtgedi, ýöne döwletiň baştutany ilkinji günden bäri Nursultan Nazarbaýewdir. Russiýa, Hytaý ýaly dünýäniň öňdebaryjy döwletleri bilen goňşy bolan Gazagystan daşary syýasatda aktiw rol alýar.

Sowet Soýuzynyň ýykylmagy bilen halkara arenasynda Gazagystanyň ilkinji duş gelen meselesi atom ýaraglarydyr. SSSR dargandan soňra garaşylmagyk ýagdaýda Gazagystanda köp sanly atom ýaraglary galdy. Emma SSSR-den galan bu ýaraglary ulanmak üçin şol günlerde Alma-Atanyň tehniki

mümkinçiligi ýokdy. Gazagystanyň Prezidenti Nursultan Nazarbaýew atom ýaraglaryna düýbünden garşy çykdy. 1995-nji ýylyň aprel aýynda özündäki atom ýaraglarynyň ählisini Russiýa äkitdi, galanlary bolsa ýok edildi.

Gazagystan garaşsyzlygyny yglan edeninden soňra 1991-nji ýylyň 21-nji dekabrynda Alma-Atada öňki SSSR-iň 11 respublikasy bilen GDA-nyň maksatlaray we prinsipleri baradaky Ylalaşyga gol çekdi.

1998-nji ýylyň 5-nji iýulynda Astanada Gazagystan bilen Russiýanyň arasynda hemişelik dostluk şertnamasyna gol çekildi. Şeýle-de Baýkonur älem merkeziniň ulanylyşy bilen baglanyşykly şertnama gol çekildi.

2010-njy ýylyň 10-njy oktýabrynda bolsa Astanada bäş döwletiň (Belowrussiýa, Gazagystan, Gyrgyzystan, Russiya we Täjigistan) baştutanlarynyň arasynda Ýewraziýa ykdysady hyzmatdaşlygyny gurmak baradaky Ylalaşyga gol çekildi.

1994-nji ýylyň 26-njy aprelinde Alma-Atada Gazagystan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda döwlet serhetleri barada ylalaşyga gol çekildi. Bu döwletleriň taryhynda serhetler babatynda ilkinji gezek iki tarap üçin hem bähbitli netije gazanyldy. Çünki Hytaý ýyllardan bäri SSSR, Ýaponiýa, Wýetnam we Hindistan bilen toprak meselesinde oňuşmazlyk ýaşaýardy.

1996-njy ýylyň 26-njy aprelinde Hytaý, Russiýa, Gazagystan, Gyrgyzystan we Täjigistanyň gatnaşmagynda Şanhaýda döwlet serhetlerinde harby taýdan ynanyşmaklyk barada ylalaşyga gol çekildi. Bu bäş döwlet birnäçe gezek duşuşandan soňra Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň düýbi tutuldy.

**Gazagystanyň ykdysadyýeti**

Gazagystan özüniň garaşsyzlygyny almagy bilen ykdysady ösüşe badalga berildi. Bu döwletde nebitiň, uranyň, demiriň, altynyň we gurşunyň baý känleri bardyr. Mineral we çig mal ojaklary babatda dünýäniň öňde baryjy döwletleriniň hataryndadyr.

Gazagystan uran, hrom, gurşun we sink ojaklarynyň baýlygy boýunça dünýäde ikinji, mis baýlygy boýunça bolsa dünýäde bäşinji orundadyr. Şeýle hem kömür, demir we altyn ojaklarynyň baýlygy boýunça Gazagystan dünýäde ilkinji on döwletiň hataryndadyr. Tebigy gaz, nebit we alüminýum känleri babatynda bolsa dünýäniň ilkinji ýigrimi döwletiniň arasynda ýer alýar. 1996-njy ýylda Gazagystanda dünýäniň iň baý üçünji altyn ojagy tapyldy. Bütin dünýädäki hromyň 26%-i, altynyň 20%-i we uranyň 17%-i Gazagystandadyr.

Gazagystan esasy girdejisini nebitiň we nebit önümleriniň eksportyndan gazanýar. Gazagsytanda esasy nebit ojaklary: Kaşagan, Tengiz, Uzen, Karaşyganak we beýlekiler.

Gazagystan Sowetler döwründe “bugdaý ammary” diýlip atlanydyrylýardy. Häzirki wagtda hem Gazagystan bugdaý ununy düňýä bazaryna çykarýan öňdebaryjy döwletleriň hataryndadyr. Şeýle hem maldarçylyk, esasanam goýundarçylyk, sygyr, gulan, düýe we atçylyk bilen meşgul bolunýär.

Gazagystanyň pul birligi tengedir.

**Türkmenistan-Gazagystan gatnaşyklary**

Türkmenistan bilen Gazagystanyň arasynda ýakyn taryhy, medeniýet, goňşulyk we doganlyk baglary bu iki döwleti garaşsylygyň ilkinji günlerinden başlap bir-birine pugta baglady. Türkmenistanyň ilkini Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň döwründe Gazagystanyň Prezidenti Nursultan

Nazarbaýew bilen ençeme gezek Türkmenistanda, Gazagsytanda, Russiýada, Türkiýede we beýleki daşary ýurt döwletlerinde duşuşdylar. Taryhy ähmiýetli bu duşuşyklaryň ençemesi Türkmenistanyň paýtagty Aşgabatda we Gazagystanda geçirildi.

1991-nji ýylyň dekabr aýynyň 13-ne Türkmenistanyň Prezidenti S. A. Nyýazowyň teklibi bilen, Aşgabatda Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň, Türkmenistanyň we Özbegistanyň Prezidentleriniň duşuşygy boldy. Duşuşykda Belarus Respublikasynyň, RSFSR-iň we Ukrainanyň ýolbaşçylarynyň öňki hukuksyz respublikalaryň ornunda täze garaşsyz döwletleriň birleşen arkalaşygyny döretmek baradaky pikirleri goldanyldy. Aşgabat duşuşygyna gatnaşan döwlet ýolbaşçylarynyň Ýüzlenmesinde garaşsyz döwletleriň arkalaşygynya her döwletiň deň hukukly esaslandyryjy hökmünde girýändigi baradaky ýörelge ilkinji gezek kesgitlenildi.

1992-nji ýylyň 9-10-njy maýynda Aşgabatda Aziýa sebitiniň döwletleriniň baştutanlarynyň duşuşygy bolup geçdi, oňa Prezident S. A. Nyýazowyň çagyrmagy boýunça Eýranyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Özbegistanyň Prezidentleri, Pakistanyň we Türkiýäniň premýer-ministrleri gatnaşdylar. Duşuşygyň jemleri boýunça Ykdysady hyzmatdaşlyk baradaky Ylalaşyga gol çekildi.

1993-nji ýylyň 18-20-nji maýynda Gazagystanyň Prezidenti Nursultan Nazarbaýewiň Türkmenistana resmi sapary boldy. Ýokary derejedäki duşuşyklar mahaly iki ýurduň baştutanlary syýasy, söwda-ykdysady we medeni ugurlarda hyzmatdaşlyk etmegi şertleşdiler, şonuň ýaly-da Hazar deňziniň ekologiýasyny we haýwanat dünýäsini goramak boýunça Hazarýaka döwletleri hyzmatdaşlyga çagyrdylar.

1993-nji ýylyň 23-24-nji dekabrynda Aşgabatda GDA girýän döwletleriň baştutanlarynyň duşuşygy boldy we onda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna girýän döwletleriň arasynda hyzmatdaşlygy ösdürmek we ynamy berkitmek baradaky Aşgabat Jarnamsyna gol çekildi.

1997-nji ýylyň 27-28-nji fewralynda Türkmenistanyň Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň Gazagystana nobatdaky resmi sapary mahaly hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlary bellenildi.

1998-nji ýylyň 5-6-njy ýanwarynda Aşgabatda Türkmenistanyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň we Özbegistanyň Prezidentleriniň duşuşygy boldy. Ynanyşmak we özara düşünişmek ýagdaýda bolup geçen duşuşykda bäş döwletiň baştutanlary sebitiň ýurtlarynyň hyzmatdaşlygynyň ýagdaýy we ösüşiň geljegi barada pikir alyşdylar.

1999-njy ýylyň 8-9-njy aprelinde Aşgabatda Saparmyrat Türkmenbaşynyň teklibi boýunça, Türkmenistanyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň we Özbegistanyň Prezidentleriniň duşuşygy boldy. Goňşy döwletleriň Prezidentleri hyzmatdaşlygyň ýagdaýyny we geljegini ara alyp maslahatlaşdylar hem-de sebitde parahatçylygy we durnuklylygy üpjün etmek meselelerindäki garaýyşlaryny ölçerip gördüler. Merkezi Aziýa döwletleriniň baştutanlarynyň duşuşygynyň çäginde Gazagsytanyň Prezidenti Nursultan Nazarbaýewiň Türkmenistana resmi sapary bolup geçdi. Ykdysadyýet we medeniýet ugurlry boýunça birnäçe ylalaşyklara gıl çekildi.

2002-nji ýylyň 28-nji fewralynda Türkmenistanyň Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşy Almata geldi we GDA ýurtlarynyň baştutanlarynyň duşuşygyna gatnaşdy. Gepleşikleriň netijesinde Türkmenistanyň, Gazagystanyň,

Özbegistanyň we Russiýanyň Prezidentleri energiýa syýasaty boýunça Ýüzlenmä gol çekdiler.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurt baştutanlygy wezipesine başlamagy bilen Türkmenistan bilen Gazagystanyň arasyndaky gatnaşyklar täze bir öwüşgüne eýe boldy. Mälim bolşy ýaly 2007-nji ýýlyň 14-nji fewralynda paýtagtymyz Aşgabat şäheriniň Ruhyýet köşgünde Türkmenistanyň XIX Halk Maslahatynyň mejlisi boldy. Onda Türkmenistanyň ähli halk tarapyndan saýlanan Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ygtyýarlyklary tassyklanyldy hem-de onuň işe girişmeginiň dabarasy boldy. Bu dabara dünýäniň 30-a golaý ýurdundan döwlet, hökümet, milli parlamentleriň baştutanlary we wekilçilikli wekiliýetler geldiler.

Işe girişmek dabarasy tamamlanan badyna Prezident köşgünde dabaraly kabul edişlik boldy. Onda Türkmenistanyň baştutany Gurbanguly Berdimuhamedow Aşgabat şäherine gelen döwletleriňi hökümetleriňi parlamentleriň we wekilçilikli wekiliýetleriň baştutanlarynyň hormatyna kabul edişlik gurady. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowilki bilen Gazagystanyň Prezidenti Nursultan Nazarbaýew bilen duşuşdy. Ol türkmen döwletiniň täze baştutanyny wezipä girişmegi bilen mähirli gutlady. Däp bolan dostlukly türkmen-gazak gatnaşyklarynyň derejesine ýokary baha berip, taraplar şol gatnaşyklary iki döwletiň halklarynyň bähbidine üýtgewsiz dowam etdirmek barada şertleşdi.

2007-nji ýylyň 23-nji martynda Milli Liderimiz Gazagystanyň Energetika we mineral serişdeler ministri Bahytkoja Izmuhambetowy kabul etdi, ol Prezident Nursultan Nazarbaýewiň tabşyrygy boýunça Aşgabada geldi. Duşuşygyň barşynda söhbetdeşler energetika pudagynda, hususan-da, nebitgaz ugrunda hyzmatdaşlygy giňeltmegiň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdy. Şunda türkmen tebigy gazyny

Gazagystanyň çäkleriniň üstünden demirgazyk ugra hem, Türkmenistanyň tarapyndan garalýan mümkinçiligi has uly bolan beýleki ugurlara hem akdyrmagyň möçberlerini artdyrmak meselelerine aýratyn üns berildi.

2007-nji ýylyň 2-nji maýynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň öz ýurdunyň resmi wekiliýetine baştutanlyk edip, bir günlük iş sapary bilen Aşgabat şäherine gelen Gazagystanyň Premýer-ministri Karim Masimowyň arasynda gepleşikler geçiirldi. Belent mertebeli myhman Gurbanguly Berdimuhamedowa Gazagystanyň Prezidenti Nursultan Nazarbaýewiň salamyny ýetirdi. Gurbanguly Berdimuhamedow mähirli sözleri üçin Gazagystanyň Premýer-ministrine minnetdarlyk bildirip, resmi sapar bilen islendik amatly wagtda Türkmenistana gelmek barada çakylygy Nursultan Nazarbaýewe gowşurdy. Duşuşygyň barşynda ähli ugurlar, şol sanda ýangyç-energetika babatda, ulag, bilim, saglygy goraýyş we oba hojalygy pudaklarynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ýagdaýy we mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

2007-nji ýylyň 10-12-nji maýynda Türkmenistanyň taryhynda taryhy wakalaryň biri bolup geçdi. Şol taryhy günlerde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň myhmanlary Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putin bilen Gazagsytanyň Prezidenti Nursultan Nazarbaýewiň gatnaşmagynda Türkmenbaşy şäherinde ýokary derejede üçtaraplaýyn duşuşyk bolup geçdi. Üçtaraplaýyn duşuşygyň jemleri boýunça döwlet Baştutanlary Hazarýaka gaz geçirijisini gurmak hakynda üçtaraplaýýn Bilelikdäki jarnama Merkezi Aziýa sebitinde gaz akdyryş kuwwatlyklaryny ösdürmek hakynda we dörttaraplaýyn Bilelikdäki jarnama gol çekdiler. Özbegistanyň Prezidenti hem oňa gol çekdi.

2007-nji ýylyň 28-29-njy maýynda Türkmenistanýn PrezidentiGurbanguly Berdimuhamedow iki günlük resmi sapar bilen Gazagystanda boldy. Gepleşikleriň jemleri boýunça ikitarplaýyn resmi namalaryň toplumuna gol çekildi, şol sanda iki döwletiň baştutanlarynyň Bilelikdäki beýanaty kabul edildi hem-de Söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni ugurlarda 2020-nji ýyla çenli hyzmatdalyk hakynda Türkmenistan bilen Gazagystanyň arasynda Şertnama we degişli Maksatnama gol çekildi.

Şeýle hem beýleki resmi namalaryň ençemesine – Standartlaşdyrmak, metrologiýa, sertifikatlaşdyrmak we akkreditasiýa babatda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Gazagystanyň Hökümetiniň arasyndaky Ylalaşyga; Serhet wekilleriniň (serhet komissarlarynyň) işi hakynda Türkmenistanyň hökümeti bilen Gazagystanyň hökümetiniň arasyndaky Ylalaşyga; Operatiw-agtaryş işi babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň döwlet serhet gullugy bilen Gazagystanyň Milli howpsuzlyk komitetiniň aralygyndaky Teswirnama gol çekildi.

2007-nji ýylyň 18-nji iýunynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bilen Gazagystanyň Prezidenti Nursultan Nazarbaýewiň arasynda telefon arkaly gürrüňdeşlik boldy. Gürrüňdeşligiň barşynda iki döwletiň başutanlary çzara gyzyklandyrýan ençeme meseleleri, şeýle hem goňşy üç döwlet bolan Gazagystanýn, Türkmenistanyň we Eýranyň çäkleriniň üstünden geçýäň demir ýoluň gurluşygy hakyndaky şertleşikleri ýerine ýetirmek mesleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

2007-nji ýylyň 11-nji iýulynda Türkmenistanyň Energateika we senagat ministrliginiň hünärmenleriniň wekiliýeti Gazagystandan dolanyp geldi. Wekiliýet “Kazahstan energo” milli energetika ulgamy” Respublikan döwlet

kärhanasynyň ýolbaşçylary bilen gepleşikler geçirdi. Bu gepleşikler Prezidentler Gurbanguly Berdimuhamedow we Nursultan Nazarbaýewiň başlangyjy bilen geçirildi. Olar Türkmenistanýň baştutatanynyň Astana saparynyň barşynda 1994-1996-njy ýyllarda berlen türkmen elektrik energiýasy üçin Gazagystanyň Türkmenistana bergisiniň meselelerini çözmek hakynda şertleşdi.

2007-nji ýylyň 11-12-nji sentýabrynda Gazagystanyň Prezidenti Nursultan Nazarbaýew resmi sapar bilen Türkmenistanda boldy. Ýokary derejedäki türkmen-gazak gepleşikleriniň jemleri boýunça Bilelikdäki beýanata, şeýle hem ikitaraplaýyn resminamalara; Özara düşünişmek we iki döwletiň paýtagtlary Aşgabat bilen Astananyň arasynda hyzmatdalyk hakyndaky Ähtnama; Ilatyň arassaçylyk-epidemiologiýa taýdan abadançylygyny üpjün etmek babatda hökümetara Ylalaşyga; Bereket-Gyzylgaýa-Üzen täze polat ýolunyň gurluşygynyň taslamasyny durmuşa geçirmekde hyzmatdaşlyk etmek hakynda iki ýurduň demir ýol edaralarynyň arasyndaky Ähtnama gol çekildi.

2007-nji ýylyň iň soňky aýynda sebitiň döwletleri üçin taryhy ähmiyetli wakanyň şaýady bolduk. 1-nji dekabrda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Uzen-Gysylgaýa-Bereket-Etrek-Gürgen demir ýolunyň gurluşygynyň başlanmagyna bagyşlanyp Bereket şäherinde geçirilen dabaralara gatnaşdy. Polat ýoluň ilkinji relsleriniň goýulmagynyň dabarasyna Eýranyň we Gazagystanyň ýokary wezipeli wekilleri gatnaşdy. 2-nji dekabrda bolsa Türkmenistanyň Prezidenti “Uzen (Gazagystan) – Gyzylgaýa – Bereket – Etrek (Türkmenistan) – Gürgen (Eýran) halkara demir ýolunyň türkmen bölegini gurmak hakynda” karar kabul etdi. Şol gün Hazaryň boýundaky Ruhyýet köşgünde Uzen-

Gyzylgaýa-Bereket-Etrek-Gürgen demir ýolunyň gurluşygynyň başlanmagynyň şanyna uly baýramçylyk konserti boldy.

2008-nji ýylyň 5-nji iýulynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Gazagystanyň paýtagtynyň 10 ýyllygy mynasybetli geçirilýän dabaralara gatnaşmak üçin Gazagystana sapar bilen bardy. Gazagystanyň Prezidenti Nursultan Nazarbaýew Türkmenistanyň Prezidentine ýubileý medalyny gowşurdy. Hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow dabara gatnaşmaga gelen dokuz ýurduň prezidentleriniň duşuşygyna gatnaşdy. Türkmenistanyň Prezidenti Gazagystanyň Prezidenti bilen bolan duşuşygynyň barşynda döwletara gatnaşygynyň ileri tutulýan ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy.

## GYRGYZYSTAN RESPUBLIKASY

1991-nji ýylyň 31-nji awgustynda garaşsyzlygyny gazanan Gyrgyzystan demirgazykda Gazagystan, günbatarda Özbegistan, günortada Täjigistan, günorta-gündogarda Hytaý bilen serhetleşýändir.

Döwletiň tutýan meýdany 198 500 inedördül kilometr bolup, 2008-nji ýyldaky maglumatlara görä ilaty 5 356 869-dir. Ilatyň 64,9 % gyrgyzlar, 13,8%, özbekler, 12,5% ruslardyr.

Gyrgyzystanyň topraklarynyň 65%-ini Týan-şan daglary tutýandyr. Bu döwletde ýerleşýän Yssyk-köl dünýäde ululygy boýunça Titikakadan soňra ikinji dag kölüdir.

Gyrgyzystanyň esasy şäherleri we welaýatlary: Bişkek (öňki ady Frunze), Batken (merkezi Batken), Çu (merkezi Tokmok), Jelal-abad (merkezi Jelal-abad), Naryn (merkezi Naryn), Oş (merkezi Oş), Talas (merkezi Talas), Yssyk-köl (merkezi Karakol).

Paýtagty Bişkek bolup, 1825-nji ýylda Kokant hanlygy tarapyndan Bişkek sebitinde gala hökmünde gurlandyr. Bişkek

1922-nji ýylda Daglyk oblastynyň merkezi, 1924-nji ýylda Gyrgyz Awtonom oblastynyň paýtagty bolupdyr. 1926-njy ýylda şäheriň ady Frunze (Bolşewik serkerdesi M. Frunze Bişkekde doglupdyr) diýlip üýtgedilipdir. 1991-nji ýylda şähere taryhy ady gaýtarylyp berlipdir.

2000-nji ýyldan başlap Oş şäheri döwletiň günorta paýtagtydyr.

Gyrgyzystanyň milli pul birligi somdur.

Gyrgyzystnaýň häzirki wagtdaky Prezidenti Roza Otunbaýewa.

# I BÖLÜM

## Gyrgyzlar iň gadymy döwürden XVIII asyra çenli

### Gyrgyz ady barada

Gyrgyz adynyň manysy barada dürli pikirler orta atylýar. Olardan birine görä bu sözüň manysy “kyrk-iz” ýagny kyrklar diýmekdir. Bu ýerdäki “iz” goşulmasy “ekiz” sözündäki ýaly köplük manysyndadyr (iki+iz=ekiz).

Halk arasynda bolsa gyrgyz adynyň “Kyrk gyzdan” gelendigi barada rowaýat bardyr. Ýagny gyrgyzlaryň “kyrk+gyzyň” neslinden gelendiklerine ynanylýar.

Bir başga pikir bolsa “kyrk+uz” görüşidir. Ýagny “kyrk oguz” manysyndadyr. Beýle bir pikir özbek ady bilen hem baglanyşykly bardyr (Uz+begi=Oguz begi).

Gyrgyz ady barada başga bir görüş bolsa “gyr+gez” görnüşindedir. Ýagny gyrda gezen manysyndadyr.

Bu at bilen baglanyşykly beýleki pikirler bolsa şeýleräkdir: “Kyrk+ýüz”, “kyrk+er” (er = är, erkek kişi), “kyra+gyz” (gara saçly halk).

## Gyrgyz halkynyň kemala gelmegi

Türki halklaryň arasynda iň gadymylaryndan biri hem gyrgyzlardyr. Hytaý çeşmelerindäki maglumatlara görä, gyrgyzlar ilkinji döwletlerini b.e. öň III asyrda gurupdyrlar. Bu ilkinji gyrgyz döwletiniň ady “Ki-Ku, Kie-Ku” bolupdyr. Gyrgyzlar bu ilkinji döwlerlerini guran döwürlerinde olaryň topraklary häzirki Gyrgyzystanyň gündogary bilen demirgazyk-gündogary sebitlerini öz içine alypdyr. Alymlara görä bu sebit “Andronowo medeniýeti” diýilýän ýerdir we türki halklaryň bu ýerlerde b.e. öň 3000-nji ýyllarda hem ýaşandyklary bilinýändir. Belli bir wagtdan soňra bu gyrgyzlaryň bu döwleti ýykylýar we gyrgyzlar Beýik Hun döwletiniň häkimiýeti astynda ýaşaýan boýlar bilen bilelikde “Usun bileleşiginiň” içinde ýaşamaga başlapdyrlar. Beýik Hun döwletiniň günbatarynda gurulan bu boýlar bileleşigi hunlaryň döwletiniň güýjüniň pese gaçmagy bilen dargapdyrlar. Gynansak hem mundan soňraky birnäçe asyr barada taryhy çeşmelerde anyk maglumatlar ýokdur.

VI asyryň ikinji ýarymynda has takygy 560-njy ýylda Mo-kan kaganyň döwründe Göktürkmen döwletiniň häkimiýetine giren gyrgyzlar bir asyr töweregi göktürmenlere bagly ýaşapdyrlar. Gyrgyzlar Göktürkmen döwletinde galagopluk ýyllarynda (648-nji ýyllarda) özbaşdak hereket etmäge başlapdyrlar we hytaý bilen gatnaşmaga başlapdyrlar. Ýöne 699-njy ýylda täzeden Göktürkmenleriň häkimiýetini kabul etmäge mejbur bolupdyrlar. Göktürkmenlere degişli daş ýazgylaryndaky maglumatlara görä gyrgyzlar aňsatlyk bilen göktürkmenleriň häkimiýetini kabul etmändirler we köp wagtlap azar beripdirler.

Gyrgyzlar bu wakalardan soňra özbaşdaklyk ugrunda göreşmegi goýupdyrlar we söwda bilen meşgullanmaga başlapdyrlar. Olaryň ýaşaýan sebitleri söwda kerwenleriniň geçýän ýeri bolandygy üçin dürli halklaryň täjirleri bilen

gatnaşyk gurupdyrlar we olar bilen iş salşypdyrlar. Gyrgyzlar barada eýranly, wizantiýaly we hytaýly täjirler dürli maglumatlar beripdirler. Olaryň ýaşaýan sebitlerine syýahat eden täjirleriň maglumatlaryna görä gyrgyzlar saryýagyz we mawy gözli bolupdyrlar.

Göktürkmen döwletiniň ýykylyşyndan soňra döwletiň başyna uýgurlaryň geçmegine garşy çykan gyrgyzlar olara garşy herekete geçipdirler. Gyrgyzlar bilen uýgurlaryň arasyndaky dartgynlylyk ýaragly çaknyşyga öwrülipdir we aralarynda bolup geçen söweşde gyrgyzlar ýeňiş gazanypdyrlar. Olar 839-njy ýýlda uýgur hanyny öldürüp uýgurlarýn döwletini ýykypdyrlar. Bu taryhy möhüm wakadan soňra, 840-njy ýyldan başlap özbaşdak döwlet dolandyrmaga başlan gyrgyzlaryň bu häkimiýeti bir asyr töweregi dowam etdi. Bu döwürde gyrgyzlar maldarçylyk we ekerançylyk bilen meşgullanypdyrlar, altyn we demir işläpdirler. Iň esasy eksport harytlary misk bolupdyr. Gyrgyzlaryň bu döwleti 924-nji ýylda Kitanlar (Liao nesilşalygy) tarapyndan ýykylanyndan soňra gyrgyzlar häzirki Gyrgyzystan topraklaryna, ýagny günbatara tarap çekilipdirler.

Şaman bolan gyrgyzlaryň arasynda Yslam VIII asyrda Ferganadaky ýeňişlerden soňra ýaýramaga başlapdyr. Gyrgyzlar esasanam Garahanlylaryň häkimiyeti döwründe Yslam dinine giripdirler. Garahanlylardan soňra gyrgyzlaryň ülkesi Garahytaýlaryň golastyna giripdir.

XIII asyryň başlarynda Çingiz han gyrgyzlaryň goňşusy bolup ýaşaýan merkitleri we naýmanlary özüne tabyn edeninde, gyrgyzlary hem zor bilen häkimiýetiniň astyna alypdyr. Şol döwürde gyrgyzlaryň hökümdary Urus-Inal mongollara garşy gahrymanlarça göreşen hem bolsa Çingiz hanyň goşunynyň öňünde durup bilmändir. 1217-nji ýylda gyrgyzlar mongol häkimiýetine garşy gozgalaň turzan hem bolsalar, bu gozgalaň ýatyrylypdyr. Köp wagt geçmänkä gyrgyzlar täzeden

mongollara garşy gozgalaň turzupdyrlar. 1399-njy ýyldaky bu ikinji gozgalaň gyrgyzlaryň üstünligi bilen tamamlanypdyr we gyrgyzlar garaşsyzlyklaryny gazanypdyrlar.

Ýöne ol döwürlerde Merkezi Aziýada garaşsyz bolup ýaşamak örän kyndy. Özüni Çingiz hanyň döwletiniň mirasdüşeri yglan eden Teýmirleňiň Gyrgyzystany basyp almagy, mongol kowumlarynyň yzygider hüjümleri we assa ýuwaş demirgazykdan gelýän ruslar gyrgyzlary halys bezdiripdi. Bu wakalaryň bolup geçýän döwürlerinde Gyrgyzystana goňşy Fergana jülgesinde 1425-nji ýylda Abul Haýr tarapyndan Özbek döwleti gurlupdy. Emma bu döwletiň mongollaryň hüjümlerine garşy durup bilmeýişi netijesinde bir topar türki halk "öz halkynyň howpsuzlygyny üpjün edip bilmeyän Abul Haýra hökümdar diýmeris" diýip häzirki wagtdaky Gazagystanyň düzlüklerine çekildiler we bu sebitleri özlerine watan edindiler. Gazak adyny alan bu türki halk bilen gyrgyzlar bilelikde ýaşamaga başlapdyrlar. Hat-da bu sebäpli gazak-gyrgyzlar hem diýlipdir.

Gyrgyzlar bilen gazaklar bilelikde XVII asyryň ortalaryna çenli parahatçylykda ýaşadylar. Aziýada mongol üstünligi gutarandan soňra galmyklar Türküstana ýaýramaga başlapdyrlar. Ýöne galmyklar diňe topraklary basyp almak bilen çäklenmändirler, olar gyrgyzlary we gazaklary talapdyrlar, zalymlarça öldürüpdürler. Bu ýagdaýda gazaklaryň baştutanlaryndan Abulhaýyr han Ruslardan kömek sorady. Bu kömek çakylygyna derrew seslenen Ruslar gysga wagtyň içinde gazak topraklaryny eýelediler. 1848-nji we 1856-njy ýyllardaky basybalmalaryň netijesinde Ruslar Gazagystanyň hemme ýerini we Gyrgyzystanyň demirgazyk-günbataryny häkimiýetleri astyna aldylar.

## Gyrgyzlaryň syýasy gurluşy

Geneologiki rowaýatlara görä gyrgyzlaryň şejeresi gadym döwürlerden bäri ikä aýrylýar. Gyrgyzlarda kowumlar esasan Oň ganat (sag ganat) we Sol ganat diýlip bölünipdirler. Bu dual (jübüt) etno-syýasy gurluş barada halk arasyndaky rowaýatlarda gyzykly maglumatlar bardyr. Meşhur Dolon beg rowaýaty sözlerimiziň subutnamasydyr. Rowaýata görä, Dolon beg ýaş aýaly göwrelilik wagtynda ilkinji buşlukça dokuz sany gyr aty sowgat berjekdigi barada niýet edipdir. Bir gün hyzmatçysy hoş habary berip, sowgady almak üçin Dolon begiň ýanyna geler we oglan bäbejigiň dünýä inenini buşlapdyr. Bu habary eşiden Dolon beg taýýarlan sowgadyny hyzmatçysyna beripdir. Az salymdan başga bir hyzmatçysy gelipdir we ikinji oglunyň dünýä inendigini buşlapdyr. Örän geň galan Dolon beg: "Ýogsam ol birini dogurdy-da, birem ýanyna başga biriniň bäbegini aldymyka" diýip öz ýanyndan pikir edipdir.

Dolon beg birinji ogluna Ak uul (Ak – hakyky, öz; uul – ogul), ikinjisine bolsa Kuu uul (Kuu – şübheli, öweý) atlaryny dakypdyr. Wagtyň geçmegi bilen bu atlar Dolon begiň çagalarynyň ady bolup galypdyr. Ýöne Dolon begiň aýaly bu atlary halamadyr we "birinjini doguranymda sag böwregim rahatlady, ikinjini doguranymda sol böwregim rahatlady. Goý olaryň atlary Oň (sag) we Sol (sol) bolsun" diýipdir. Şeýlelikde rowaýata görä, Ak uulyň neslinden gelenler özlerini Oň ganat, Kuu uulyň neslinden gelenler bolsa özlerini Sol ganat diýip atlandyrypdyrlar.

Bu rowaýat gyrgyzlaryň etno-syýasy gurluşynyň bir aýratynlygyny ýagny sag we sol ganatlaryň arasyndaky tapawudy hem orta goýýandyr. Kuu ogulyň neslinden gelýänler, ýagny sol ganat, sosial we syýasy manyda ikinji derejeli ähmiýete eýe bolupdyrlar. Rowaýatda Kuu uulyň "öweýdiginiň" ýaňsydylmagy munyň bir yşaratydyr.

Rowaýatyň bir başka görnüşde aýdylyşyna görä, Dolon beg baýlygyny iki oglunyň arasynda bölüp betipdir. Ol at sürülerini, topraklaryny we halkyny bölüp berende, Ak uula mallarynyň sag tarapyny, Kuu uula bolsa sol tarapy miras edip beripdir. Şeýlelikde halk olary Oň we Sol diýip atlandypdyr. Miras – gyrgyzlarda gadymdan gelýän adatdyr we sosial, ykdysady we syýasy taýdan aýratyn bir manysy bardyr. Bu etno-syýasy gurluşyň ilkinji etabynda möhüm faktor bolupdyr. Sag ganat we sol ganat şeklindäki syýasy gurluşy XIX asyra çenli gyrgyz jemagatynda möhüm rol oýnapdyr.

## II BÖLÜM
## Gyrgyzlar Kokant hanlygy döwründe

### Gyrgyzlaryň Kokant hanlygynyň düzümine girmegi

Fergana jülgesinde esaslandyrylan Kokant hanlygy gurulanda ilatynyň esasy bölegi özbeklerden ybarat bolupdyr. Ýöne gyrgyzlaryň bu hanlyga goşulmagy bilen ilatyň düzümi üýtgäpdir we gyrgyzlar Kokant hanlygynyň esasy ilaty bolupdyrlar. Şeýle hem Kokant hanlygynyň goşunynyň esasy böleginiň gyrgyzlardan bolmagy, olaryň döwlet häkimiýetinde birinji orunda bolmagyna sebäp bolupdyr. Ýagny ilat taýdan gyrgyzlaryň üstünligindäki Kokant hanlygy, harby we dolandyryş tarapyndan özboluşly bir Gyrgyz döwleti bolupdyr.

Kokant  başda, Şahruh ibn Aşyrguluň ogly (1700-1721) we mirasdüşeri Abdurahim beg tarapyndan gala hökmünde düýbi tutulypdyr (1732) we Rahym beg galasy diýlip atlanyrylypdyr. Wagtyň geçmegi bilen bu galanyň ýerinde Kokant şäheri gurlupdyr we XVIII asyrda Kokant hanlygynyň merkezine öwrülipdir.

Gyrgyzlar Kokant hanlygynyň häkimiýetini özleri kabul edipdirler. XVIII asyryň ortalarynda Ýeniseý töwereklerinden

gelen 3-4 müň gyrgyz hojalygynyň hem olara goşulmagy bilen Türküstan sebiti güýçlenmäge başlapdy. Bu ýagdaýy özi üçin howply gören Hytaý 1757-nji ýýlda güýçli bir goşun iberip ilki bilen Gündogar Türküstany, soňra bolsa Kokant hanlygyny ýeňlişe sezewar etdi.

Hytaýyň Sinjan (Sinszýan) sebitine serhetdeş ýaşaýan gyrgyzlar, Demirgazyk Gyrgyzystanyň doly derejede Russiýanyň tabynlygyna girýänçe Hytaýa garaşly ýaşapdyrlar. Sinjanda galan gyrgyzlar bolsa Hytaýda ýaşamaga dowam edipdiler.

1808-nji ýylda Alym hanyň özüni han yglan etmegi netijesinde Fergana jülgesinde resmi taýdan Kokant hanlygy gurlupdyr. XIX asyryň başlarynda Fergana jülgesiniň günorta-gündogar sebitlerinde ýaşaýan gyrgyzlar Kokant hanlygyna degişli bolupdyrlar. XIX asyryň 20-30-njy ýyllarynda Kokand hanlygy Gyrgyzystanyň hemme ýerinde höküm sürmäge başlapdyr. Kokant hanlary hojalyk harytlarynyň bazary we arzan maldarçylyk önümleriniň çeşmesi bolandygy üçin Gyrgyzystana aýratyn üns beripdirler. Şeýle hem Kaşgara söwda ýoluna eye bolmaklygyň hem möhüm ähmiyeti bardy.

XIX asyryň 30-njy ýyllarynda Gyrgyzystanyň hemme ýerini eýelän Kokant hanlygynyň topraklary Kaşgara çenli giňişlikde bolupdyr. Hat-da gazaklaryň uly jüzüne degişli gazaklaryň uly bir bölegi hem Kokant hanlygynyň häkimiýetini kabul edipdirler.

Kokant hanlary Gyrgyzystanda galalar gurupdyrlar. Günortada Gyzyl-Kurgan, Çinaz, Türe-Kurgan, Darut-Kurgan, Sufi-Kurgan we Daş-Kurgan; Çu jülgesinde Merke, Çaldywar, Şiş-Tübe, Aksuu, Pişpek we Tokmak; Yssyk-kölde Karakol, Barskaun, Goňur-Ulen we beýleki galalar gurlupdyr.

XIX asyryň 40-njy ýyllaryndan başlap Kokant hanlygynyň ýykylyşna çenli müňbaşy we leşgerbegi

wezipelerini gypjak we gyrgyz halkynyň wekilleri eýeläpdirler. Ýagny Kokant goşunynyň esasyny gyrgyzlar düzüpdirler.

### Kokant hanlygynda gyrgyzlaryň hojalygy

**Maldarçylyk:** Gyrgyzlaryň hojalygynda asyrlardan bäri iň esasy orny maldarçylyk tutýardy. Gyrgyzystanyň tebigy we geografiki şertleri maldarçylyk üçin doly derejede ýeterlidi. Olar esasan goýun, at, iri şahly mallary, geçi, düýe we eşek saklapdyrlar. Ýöne gyrgyzlaryň Kokant hanlygynyň häkimiýetine girmezinden öň gyrgyzlaryň maldarçylygynda gylýalçylyk birinji orny tutýardy. Çünki atsyz hereket etmek mümkin däldi. Atlar hem münülipdir, hem-de ýük daşamak üçin ulanylypdyr. Ýagny gyrgyzlar üçin at, bir ýerden başga bir ýere göçmek üçin zerur ulag hökmünde gerek bolupdyr. Şol bir wagtyň özünde atyň gyrgyzlar üçin başga-da ykdysady manysy bardy. At eti gyrgyzlar tarapyndan azyk hökmünde ulanylypdyr. Olaryň iň gadyrly milli tagamy bolan bäşbarmak, esasan at we goýun etinden taýýarlanylypdyr. At süýdi bolan gymyz bolsa gyrgyzlaryň milli içgisidir. Atyň derisinden köwüş, gymyz üçin gap, atyň gylyndan bolsa elek, yüp we şm. zatlar ýasalypdyr.

Gyrgyzlar Kokant hanlygynyň düzümine goşulanyndan soňra oturymly halk bilen söwda gatnaşyklarynyň ösmegi netşjesinde olaryň ykdysady durmuşynda goýundarçylyk esasy orny almaga başlapdyr. Gyrgyzlar goýun etini kakadyp gyşda iýmek üçin ýygnap goýupdyrlar. Goýnýn ýüňünden dürli keçeler, eşikler we hojalykda gerekli beýleki zatlar taýyarlanylypdyr. Şeýle hem özbek we kaşgarly täjirler bilen haryt alyş-çalyşynda goýun ulanylypdyr.

Gyrgyzlar öz mallaryny suwa ýakmak üçin guýular gazmandyrlar. Çünki Gyrgyzystanyň daglyk we jülgelerindäki otluk ýerlerinde derýajyklar diýseň köp bolupdyr, ýagny mallary suwa ýakmak üçin ýeterli suw bolupdyr.

**Ekerançylyk:** Käbir eserlerde Kokant hanlygyna çenli gyrgyzlaryň ekerançylyk bilen meşgullanmadyklary barada maglumat berilýän hem bolsa, XVIII asyryň üçünji çärýegine degişli çeşmelerde gyrgyzlaryň bugdaý hasylyny alandyklary habar berilýär. 1821-nji ýylda Yssyk-kölde bolan Leşew atly harby gullukçy öz gündeliginde gyrgyzlaryň dary, hytaý bugdaýyny we nohut ekýandiklerini ýazypdyr. Şol döwürlere degişli beýleki ýatlamalarda, gündeliklerde ýa-da harby hasabatlarda gyrgyzlaryň ekerançylyk bilen meşgullanýandyklary habar berlipdir.

Ekerançylyk esasanam Fergana, Çu, Talas, Ketmen-tübe, Togoz-torou jülgelerinde we Yssyk-kölüň töwereklerinde has ýokary derejede alnyp barlypdyr. Fergananyň günorta-gündogar taraplaryna ýerleşen gyrgyzlaryň uly bir bölegi oturymly durmuşa geçipdirler we ekerançylyk olaryň esasy işi bolupdyr.

Gyrgyzystanyň jülgelerinde we düzlüklerinde topraklar emeli usulda suwarylypdyr. Suwlama ulgamy örän ýönekeý bolupdyr, ýagny dagdaky çeşmelerden kiçeňräk kanallar arkaly suw çekilipdir we aryklaryň üsti bilen ekin meýdanlary suwarylypdyr. Suwlama ulgamyny ýola goýýan ýörite adamlar bolup olara mirap ýa-da kökbaş diýlipdir.

Gyrgyzystanyň günortasynda, esasanam Günorta-Gündogar Ferganada mekkejöwen, pagta, şaly we bakja önümleri ýetişdirilipdir. Demirgazyk Gyrgyzystanda ekilen tohum we alynan hasyl göz öňüne alynanda dary birinji orunda bolupdyr. Munyň sebäbi bolsa dary ekilen topragyň işiniň az bolmagy we hasylynyň bolsa beýleki dänelilerden has köp bolmagydyr. Şeýle hem dary çalt bişipdir we degirmende üwemek aňsat bolupdyr.

Gyrgyzlarda ekerançylygyň ýagdaýy barada ýerli halkyň elindäki degirmenler hem köp zady aýtmaga mümkinçilik berýär. 1849-njy ýýlda Yssyk-köl çöketliginde diňe bugu

tiresinde 25 sany suw degirmeni bar eken. Beýleki tirelerde-de degirmenler bolupdyr.

Ýöne muňa garamazdan gyrgyzlar özlerini çörek bilen doly üpjün edip bilmändirler. Olaýň esasy azyk harydy maldarçylyk önümleri bolupdyr.

**Senetçilik:** Gyrgyzlaryň ykdysady durmuşynda senetçilik möhüm rol oýnapdyr. Olar diňe özlerine gerek zatlary ýasapdyrlar. Keçe, agaç we demir önümleri, aýakgap, ýuwelir önümler we beýlekiler olardan belliräkleridir. Ýüňden köp sanly egin-eşikler örülipdir, dikilipdir.

Şeýle hem taar dokamajylygy (keşdeli ýüň el matasy) meşhur bolupdyr. Taardan çepken (eşik), şalça (ýere sermek üçin ýüň mata), baştyk (sumka), kurjun (horjun), şym (balak), at žabuu ýa-da kulakçyn (atyň üstüni örtmek üçin ýüň mata) we beýleki önümleri taýýarlapdyrlar. Gyrgyzystanyň günortasynda bolsa haly dokapdyrlar.

Ýerli halk deriden içik (içmek), tebeteý (başgap - şapka), köldöläň (ýere sermek üçin eýlenen bagana), tulup (deri sumka), saboo (gymyz üçin deriden gap), supra (saçak) we beýleki zatlary ýasapdyrlar. Gyrgyzlar aýakgap, kemer we ş.m. zatlar üçin deri eýlemeklik bilen meşgullanypdyrlar. Ýöne bu derileriň hili pes bolupdyr.

Gyrgyz senetçiliginde erkekler we zenanlaryň ýeri doly aýrylypdyr. Ýüň önümlerini, deri işleri, el işleri, matadan dikiş işleri we dokamajylyk bilen zenanlar meşgullanypdyrlar. Galan beýleki işler bilen erkekler tarapyndan ýerine ýetirilipdir. Erkekleriň esasy işleriniň biri agaç ussaçylygy bolupdyr. Şeýle hem olar demir ussaçylygy we zergärçilik işini alyp barydyrlar. Köp halatda demir ussasy şol bir wagtyň özünde zergärçilik hem edipdir. Bu işler bilen meşgullanýan gyrgyzlar köplenç atadan-ogla öz hünärlerini öwredipdirler.

**Awçylyk:** Gyrgyzlaryň ykdysady durmuşynda awçylyk möhüm orny eýeläpdir. Gyrgyzlar üçin aw etmek bir tarapdan goşmaça girdeji bolsa, beýleki tarapdan bolsa asylzadalar üçin göwün açmaklyk bolupdyr. Gyrgyzlar daglarda geçi, arhar (ýabany dag goýuny), maral, gunduz, gulan, möjek, aýy, bars, gaplaň, towşan, we beýleki ýabany haýwanlary we guşlary awlapdyrlar. 1858-nji ýylda bugu taýpasynyň awçylary 3000-e ýakyn tilki we 1500-den gowrak gunduz awlapdyrlar.

Ýörite eldekileşdirilen ýabany guşlar bilen we aw itleri aw etmeklik ýörgünli bolupdyr. Şeýle hem gapanlar we beýleki dürli duzaklar ulanylypdyr. Elbetde ýarag ulanylypdyr, esasanam "türük" diýilýän görnüşi köp ulanylypdyr.

Arharyň, ýabany geçilerin etleri azyk makastly ulanylypdyr. Olaryň derisi bolsa diňe hojalykda ulanmak üçin däl, eýsem satyş makastly hem ulanylypdyr. Awçylyk diňe et we deri üçin däl, esasanam maldarçylyga we ekerançylyga zyýan berýän möjek, aýy, bars, ýekegapan ýaly ýabany haýwanlary ýok etmeklik üçin hem edilipdir.

Gyrgyzystanyň kölleri we derýalary balyga baý hem bolsa, ýerli halk balykçylyk bilen känbir meşgullanmandyr.

**Söwda:** Gyrgyzlar Hytaý, Russiýa we hanlyklar bilen öňden bäri ýakyn söwda gatnaşyklaryny ýola goýupdyrlar. Gyrgyzlaryň ýaşaýan topraklaryna matalar, ýüpek matalar, deri, aýakgap, çaý, şeker, duz, gaçlar, demirden ýasalan zatlar, ýarag, kakadylan miweler, çörek, tüwi, bal, tütün, aýna, gulakhalka, ýüzük, monjuk we beýleki zatlar getirilipdir. Gyrgyzystandan bolsa umuman mal, ýüň we maldarçylyk önümlerini äkidipdirler.

Umuman Russiýadan, Hytaýdan we hanlyklardan kerwenler bilen gelen täjirler daglary aşyp gyrgyzlaryň ýaşaýan ýerlerine gelip, söwda edipdirler. Söwda edilende haryt alyş-çalyşy edilipdir. Bu alyş-çalyş edilende goýun iň esasy haryt

birligi bolupdyr. Gyrgyzlar we galmyklar känbir pulyň nämedigini hem bilmändirler we bir haryt alanlarynda goýun berip söwda edipdirler.

Gyrgyzlaryň özleri hem başga ýerlere gidip söwda edipdirler. Esasanam Hytaý bilen söwda aragatnaşygyny ýola goýan gyrgyzlar bu döwlete sugunýň şahyny äkidipdirler. Bu şahlaryň Hytaýda ýokary bahadan müşderileri bolupdyr. Sugunyň şahlary dermanlyk diýlip hasaplanypdyr. Gündogar Türküstana (Hytaýyň günbatary) mal äkidýän esasy söwdagärler gyrgyzlar bolupdyrlar.

Gyrgyzystan Russiýa bilen hem söwda gatnaşygyny ýola goýupdyr. Russiyadan gyrgyzlaryň topraklaryna esasan demir we mis önümleri, nah we ýüň matalar we beýleki harytlar getirilipdir. Russiýadan gyrgyzlara bolsa şeker, tütün, sabyn, hojalyk harytlary we dürli beýleki harytlar getirilipdir.

Merkezi Aziýadan Russiýa Patyşalygyna bolsa maldarçylyk we ekerançylyk önümleri äkidilipdir: Pagta, miwe, mal, ýüň, deri we ýüpek matalar.

Maldarçylyk we ekerançylyk bilen meşgullanýan gyrgyz halky hojalyk harytlarynyň hemme görnüşini öndüripdir. Her bir gyrgyz maşgalasy diýen ýaly özüni diňe azyk bilen däl, eýsem egin-eşik, köwüş we hat-da iş esbaplary bilen hem üpjün etmegi başarypdyr.

# III BÖLÜM
# Gyrgyz topraklarynyň Rus Patyşalygy tarapyndan basylyp alynmagy

## Demirgazyk Gyrgyzystanyň basylyp alynmagy

Gyrgyzystnayň Russiýa tarapyndan basylyp alynmagy XIX asyr taryhynda möhüm orny bardyr. Gyrgyz topraklarynyň basylyp alynma prossesi 1855-nji ýylda başlapdyr we 21 ýyl dowam edip, 1876-njy ýylda tamamlanypdyr.

Yssyk-kölüň günorta-gündogarynda ýaşaýan Bugu taýpasy Russiýa goşulan ilkinji gyrgyzlardyr. XIX asyryň başlarynda Bugu taýpasynyň baştutanlary Günbatar Sibirdäki rus ýolbaşçylary bilen diplomatiki gatnaşyklary gurupdyrlar. Rus täjirler päsgelçiliksiz Gyrgyzystan topraklarynda söwda bilen meşgullanypdyrlar. Şol günüň syýasy şertleri Bugu taýpasynyň baştutanlaryny ruslara ýakynlaşdyrypdyr. Sebäbi bir tarapda Kokant hanlarynyň, gazak soltanlarynyň beýleki tarapdan hytaýlylaryň arasynda galan Bugu taýpasynyň baştutanlary güýçli Russiýa döwleti bilen gatnaşyk saklamagy saýlap alypdyrlar.

Gazak topraklaryny basyp alan ruslar, Yssyk-kölüň töwereginde ştablaryny gurupdyrlar. Bu ýerde ýörite wezipeli tatar täjirler gyrgyz obalaryny aýlanyp, güýçli gyrgyz baştutanlaryny ruslaryň häkimiýetine geçmeklige çagyrypdyrlar.

Patyşa hökümeti öz maksatlaryny amala aşyrmak üçin hiç bir maddy serişdäni gaýgyrmanyrlar. Olar gyrgyz asylzadalaryna gymmatbahaly sowgatlar beripdirler. Ruslaryň bu syýasaty öz miwesini beripdir we 1855-nji ýylyň 17-nji ýanwarynda Omsk şäherinde Bugu taýpasynyň ilçisi Kamçybek Şeralin öz taýpasynyň rus raýatlygyna geçjekdigine ant içipdir. Russiýanyň ýolbaşçylary halkynyň Russiýanyň tabynlygyna

geçmegi üçin uly aladalar eden Borombaý Bekmuradowy Bugu taýpasynyň Beýik Manapy (manap-baştutany) yglan edipdirler we sylaglapdyrlar. 1855-nji ýylda paýtagty Wernyý bolan Ala-too oblasty gurulypdyr.

Ýöne demirgazykda ýaşaýan gyrgyzlaryň hemmesi ruslar bilen dostlukly gatnaşyk gurmandyrlar. Olaryň köpüsi Rus Patyşasyna tabyn bolmaklygy kabul etmändirler we hat-da ruslara garşy ýaragly çaknyşyklar gurnapdyrlar.

1860-njy ýylyň 5-nji fewralynda ruslar Wernyýdan Yssyk-köle goşun iberipdirler. Olaryň esasy maksady sebitde rus häkimiýetini güýçlendirmekdir. Ruslar ýerli halky Kokandyň täsirinden çykaryp, gyrgyz asylzadadalaryny rus raýatlygyna geçmekligi maksat edinipdiler. Netijede ruslara tabynlygy kabul eden gyrgyz baştutanlary sylaglanypdyr, galanlary bolsa Týan-Şan daglaryna göçüp gitmäge mejbur bolupdyrlar.

Russiýa Patyşalygynyň indiki maksady Çu jülgesindäki Kokant galalaryny eýelemekden ybarat bolupdyr. 1860-njy ýylyň iýunynda herekete geçen ruslar awgust aýynyň soňuna çenli Kastek, Tokmok we Bişkek galalaryny basyp alypdyrlar.

1860-njy ýylyň sentýabr aýynda rus goşunynyň Wernyý şäherine dolanmagyndan peýdalanan Kokant hany Daşkentdäki häkimi Kanaat Şaany 20 müň serbaz we 10 sany top bilen Çu jülgesine iberipdir. 1860-njy ýylyň 29-njy iýulynda iki goşun Uzyn agaçda garşylaşypdyr we ruslatyň ýeňşi bilen netijelenipdir. Bu söweşde ruslara garşy söweşen gyrgyz liderlerinden Şabdan Jantaý ýeňlişden soňra, öz golastyndaky Kemin gyrgyzlary bilen ruslaryň raýatlygyny kabul edipdir. Bu habara begenen Patyşa hökümeti Jantaý altyn medal we yokary harby çin beridpir.

Çu jülgesini häkimiýetine alan ruslar, 1865-nji ýylda Talasdaky gyrgyzlaryň topraklaryny hem basyp alypdylar.

Ruslara garşy söweşmekligiň kyndygyna düşünen gyrgyzlar olara tabyn bolmakdan başga alaç tapmandyrlar. Ýöne olar Bugu taýpasy ýaly sadyklyk andyny içmändirler. Dogrusyny aytsak ol wagta çenli Gyrgyzystanyň uly bir bölegini basyp alan ruslar üçin ant içmekligiň kän bir ähmiýeti hem ýokdy.

Týan-Şan dagynyň ortalarynda ýaşaýan gyrgyzlary basyp almaklyk prossesi köp wagt alypdyr. Birnäçe ýyl dowam eden ganly çarpyşyklardan soňra 1867-nji ýylda ruslar bu ýerde ýaşaýan gyrgyzlary özlerine boýun egdiripdirler.

Demirgazyk Gyrgyzystanda Russiýanyň häkimiýetiniň ýerleşdirilmegi Týan-Şan dagynyň ortalarynyň basylyp alynmagy bilen tamamlanypdyr. 1868-nji ýylda Narin we Karakolda galalar gurlupdyr. Galalardaky goşun Russiýanyň serhedini we häkimiyetini goramak wezipesini alyp barypdyr.

## Günorta Gyrgyzystanyň basylyp alynmagy

Kokant hanlygynyň syýasy ýagdaýynyň erbetleşmegi bu döwürdäki wakalaryň uçguny bolupdyr. Köşk gozgalaňlary, hanlaryň tiz-tizden üýtgemegi döwletiň esasyny sarsypdyr. Ruslar iki tarapdan ýagny Syr-derýa we Sibiriň üstünden Türkistana tarap hereket edip, Gyrgyzystanyň günortasyna ansatlyk bilen girmekligi başarypdyrlar.

Öňki yyllarda hem bolşy ýaly bu ýyllarda-da gyrgyz asylzadalarynyň ýokary gatlagy Kokandyň syýasy durmuşyna aktiw gatnaşypdyrlar. Syýasy wakalarda gyrgyzlar esasy roly oýnapdyrlar. Olar köplenç tagt ugrundaky göreşlerde käbir dalaşgärleri goldapdyrlar. Köp wagtlap dowam eden iç söweşler hanlygyň güýjüniň pese gaçmagyna sebäp bolupdyr, rus goşunlarynyň Kokant topraklaryna girmegi we ony ýuwaş-ýuwaşdan basyp almagy üçin gerekli şertleri döredipdir.

1860-njy ýyllaryň başynda Patyşa hökümeti Orenburg (Syr-derýa) we Sibir serhet sebitleriniň birleşdirilmegi üçin rus

goşunlarynyň Merkezi Aziýadaky hereketlerini yzygider gözden geçiripdir. 1863-nji ýylyň dekabr aýynda Rus Patyşasy Aleksandr II ady agzalan sebitleriň öz topraklaryna goşulmagy üçin 1964-nji ýylyň başyndan hereket geçilmegini emir edipdir. Bu emirden soňra Russiýa harby ministri D. A. Milýutin Orenburg we Günbatar Sibir gubernatorlaryna ýörite bir emirnama iberip, Günbatar Sibir general-gubernatory A. O. Dýugameliň Wernyýda goşun ýygnap Oluýa-Atany (Taraz) eýelemeklige taýýarlanmagyny görkezme berýär. Orenburgdan gelen rus goşunyna bolsa Suzak we Çolok Kurgany basyp almaklygy emir beripdir.

1864-nji ýylyň 1-nji maýynda hereket geçen rus ordusy şol ayyň ahyryna çenli Merke galasyny we Daşkendi, iýun aýynda Türkistan şäherini, sentýabrda bolsa Çimkenti basyp alypdyrlar. 1867-nji ýylyň tomsunda Türkistan oblastyny Türkistan general-gubernatorlugy edilip üýtgedilýar. 1865-nji ýylda gurlan Türkistan oblasty Yssyk-kölden Aral kölüne çenli aralygy öz içine alyardy.

Türkistan general gubernatorlugyna başda M. G. Çernýaýew bellenen hem bolsa, soňradan bu wezipä Rus Patyşasy Aleksandr II-niň karay bilen K. P. Fon Kaufman bellenilipdir. 1868-nji ýylyň 29-njy ýanwarynda Kaufman bilen Kokant hany Hudaýar hanyň arasynda gol çekilen şertnama laýyklykda, Kokant hanlygy Russiya bagly edilipdir. Kokant hanlygynyň ruslaryň golastyna girmesinden soňra hanlygyň içinde ýaşaýan (günorta) gyrgyzlar ruslaryň häkimiýetini kabul etmäge mejbur galypdyrlar. Ýöne olar şonda-da Kokant hanlygy ýykylýança Russiýanyň häkimiýetini kabul etmändirler.

Kokant hanlygynyň Russiýa baglylyk döwri ýerli halk üçin iň kyn döwür bolupdyr. Salgytlar her ýyl artypdyr. Meselem XIX asyryň 60-njy ýyllarynda Kokant hanlygynda halkdan 20 görnüş salgyt alnypdyr. Hudaýar han tarapyndan

alnyp barylýan syýasat esasanam gyrgyzlara garşy talaňçylykly bolupdyr. Bu hem halkyň hana garşy ýigrenç duýgusyny artdyrypdyr. Munyň netijesinde 1871-nji ýylyň ýaz aýynda Soha gyrgyzlarynyň gozgalaňy başlady. Köp wagt geçmänkä gozgalaňa Alaý gyrgyzlary hem goşuldylar. Ýöne Kokant hanlygy bu halk gozgalaňyny ýatyrmagy başarypdyr.

Bu gozgalaňlar geljekki gozgalaňlaryň habarçysy bolupdyr. 1873-nji ýylda Günorta Gyrgyzyzstanda başlaýan halk gozgalaňlary iki etapda bolupdyr. Birinji etap 1873-1874-nji ýyllarda gönüden-göni Kokant hanlygyna garşy bolsa, ikinji etabynda 1875-1876-njy ýyllarda Hudaýar hana harby goldaw berýän Patyşa Russiyasyna garşy bolupdyr.

Bu gozgalaňa esasanam Hudaýar hanyň zulum syýasatynyň gurbanlary bolan maldarçylyk we ekerançylyk bilen meşgullanýan daýhanlar uly hyjuw bilen gatnaşypdyrlar. Bu gozgalaňa gyrgyzlaryň asylzadalary hem gatnaşypdyrlar. Olar 1873-nji ýylyň iýunynda Fergana tarap herekete geçipdirler we köp wagt geçmänkä Özgön, Soha galalaryny, Oş, Suzak, Bulakbaşy, Üçkorgon we köp sanly ýaşaýyş ýerlerini eýeläpdirler. Bu şäherlerde we obalarda ýaşaýan Özbekler umuman gozgalaňy goldapdyrlar, garyplar bolsa gozgalaňa gatnaşypdyrlar.

Gozgalaňçylaryň üstünlikleri Hudaýar hany gorkuzypdyr. Ol halkyň üstüne goşun iberen hem bolsa gozgalaňý ýatyryp bilmändir. Gaýtam halk 1875-nji ýylyň iýul aýynda täzeden Özgönde uly bir gozgalaň başladypdyr.

Kokant hany gozgalaňçylaryň üstüne birnäçe uly goşun iberipdir. Ýöne iberilen goşun gozgalaňçylaryň tarapyna geçipdir we olar az wagtdan Oş, Namangan, Andijan we Asakeni eýeläpdirler. Wakalaryň örän çalt özüne garşy öwrülýändigini gören we gorkan Hudaýar han Kaufmana habar

iberip, gozgalaňçylara garşy toplar bilen bilelikde rus goşunynyň iberilmegi üçin ýalbarypdyr.

Ýöne Hudaýar han rus patyşasynyň iberen goşunyna garaşman paýtagtdan gitmeklik kararyny alypdyr. Ol 1875-nji ýylyň 22-nji iýulynda Kokantdan çykypdyr we medet sorap Türküstan general-gubernatorunyň golastyna barypdyr. Gozgalaňçylar söweşsiz Kokant şäherini eýeläpdirler we az wagt öň gozgalaňçylaryň tarapyna geçen Hudaýar hanyň ogly Nasyrerddini han diýip yglan edipdirler.

Türküstan general gubernatory Nasyreddiniň hanlygyny kabul etmäge mejbur bolupdyr. Yöne bu hem gozgalaňyň ýatyşmagyna peýda bermändir. Gosgalaňçylar bilen rus goşunlarynyň arasynda söweşler gitdikçe artypdyr. Netijede awgust aýynyň soňunda Patyşa goşunlary Kokandy basyp alypdyrlar. Gol çekilen täze şertnama bilen Kokant hanlygy öňküden hem beter Russiýa bagly ýagdaýa getirilipdir. Bu şertnama garşy çykanlar köp wagt geçmänkä täzeden gozgalaňa başlapdyrlar. Olar Nasyreddin hana boýun egmekligi ret edipdirler we özleriniň lideri Polat hanyn häkimiýetini kabul edipdirler we ony han yglan edip, ak keçäniň üstünde ýokaryk galdyrypdyrlar.

Polat han gysga wagtyň içinde 12 müň atlydan ybarat uly bir goşun ýygnapdyr. Uly bir oba bolan Asake bolsa Polat hanyň ştaby bolupdyr. Polat han Nasyreddin hanyň tarapdarlary bilen söweşmäge başlapdyr we Feýzabad obasynyň töwereginde Nasyreddiniň goşunyny ýeňipdir. Andijanyň töwereklerinde bolsa Patyşa goşunyny dargadypdyr. Köp wagt geçmänkä Polat han Kokant şäherini eýeläpdir. Nasyreddin bolsa Hojente ruslaryň yanyna gaçyp barypdyr.

Bu wakalardan soňra gozgalaňçylara garşy General Skobelewiň baştutanlygynda rus goşuny iberilipdir. 1875-nji ýylyň 11-nji noýabrynda Balykçy obasynyň töwereginde bolup

geöen söweşde Skobelew Polat hanyň goşunyny ýeňipdir. Patyşa goşunlary 1875-njy ýylyň 3-nji dekabrynda Andijany, 12-nji ýanwarda bolsa halk gozgalaňynyň lideriniň iň soňky galasy bolan Üçkorgan galasyny basyp alypdyrlar. Polat han az salymdan haýynlar tarapyndan tutulyp, ruslaryň eline berlipdir. Ruslaryň eline ýesir düşen Polat han Margalanda öldürilipdir.

Bu uly gozgalaňyň basylyp ýatyrylmagyndan soňra Kokant hanlygy ýykylypdyr. Hanlygyň topraklarynda 1876-njy ýýlyň 19-njy fewralynda Türküstan general gubernatorlugyna bagly Fergana oblasty döredilipdir. Türküstan general gubernatorlugyna Fergana (1876), Syrderýa (1867), Semireçýe (1867), Samarkand (1886) we Zakaspi (1882) oblastlary degişli bolupdyr. Gyrgyzystan bolsa Semireçýe, Fergana oblastlaryna we Syrderýa bilen Samarkand oblastlarynyň bir bölegine degişli bolupdyr.

1916-njy ýylyň birinji ýarymynda gyrgyzlaryň sany 804 524 töweregi bolupdyr. Olar bilen bu ýerde rus, ukrainaly, belorussiýaly, özbek, tatar, uýgur halklary hem ýaşapdyrlar.

## Gyrgyzlar 1916-njy ýyldaky halk gozgalaňynda

Patyşa Russiýasy bu gozgalaňdan ýarym asyr öň gyrgyzlaryň topraklaryny basyp alypdy. Rus imperatorlugy Merkezi Aziýada milli-baknalyk syýasatyny alyp barypdyr. Esasanam rus hökümdary tarapyndan alnyp barylýan toprak syýasaty halky gaty bimaza edipdir. Rus we ukrainaly daýhanlar has gowy topraklara eýe bolmak üçin Russiýadan Gyrgyzystana göçmäge başlapdyrlar. Rus hökümeti gyrgyzlaryň suwarymly, bereketli topraklaryny halkyň elinden alyp rus we ukrainalylara beripdir. Çünki bu gelenler Patyşa hökümetiniň sebitdäki daýanjy bolmalydy. Gyrgyzlaryň elinden topraklarynyň alynmagy olarda uly ýaralar açypdyr.

Şeýle hem Gyrgyzystayň tebigaty we howa şertleri Merkezi Russiýanyňka örän meňzeýärdi. Şol sebäpli hem rus we ukrainalylar ilki bilen bu ýeri saýlaýardylar. Birinji jahan urşundan öň Türküstana göçüp gelen 540 müň daýhandan 110 müňi, ýagny 20%-i Pişpek we Prżewal uýezdlerinde mesgen tutupdyrlar. Demirgazyk Gyrgyzystanyň bu sebiti ruslaryň merkezi bolupdyr. 1916-njy ýýlda Prżewaldaky ilatyň 24%-inden gowragy rus we ukrainalylar bolup, olar bereketli topraklaryň 67%-ine eýedirler. Bu ýagdaý Pişpek uýezdi üçin hem degişlidi.

Birinji jahan urşy ýyllarynda hasyl ik esse azalypdyr. Iri we kiçibaş mallaryň baş sany birden azalypdyr. Diňe harby maksatly Semireçýeden ýygnanan dürli önümleriň jemi bahasy 55 million rubl töweregi bolupdyr. Bazardaky bahalar galypdyr, salgytlaryň mukdary ýokarlanypdyr. Meselem 4 rubl bolan maşgala salgydy 8 rubl bolupdyr. Şeýle hem 1 rubl 84 kopeýek bolan uruş salgydy alynmaga başlanypdyr.

Patyşa hökümediniň adamlary urşy bahana edip ýerli halkdan gereginden köp at, düýe, egin-eşik, keçe we çadyr ýygnapdyrlar. Gulluga çagyrylan rus daýhanlaryň meýdanlarynda gyrgyzlar zor bilen işledilipdir. Bu bolsa şeýle hem kyn ýagdaýdaky halka örän agyr ýük bolupdyr.

Uruş ýyllarynda yerli halkyň topraklarynyň zor bilen alynmagyna dowam edilipdir. Mysal üçin 1915-nji ýyla çenli diňe Çu jülgesinde gyrgyzlaryň elinden 700 mün gektardan gowrak toprak alnypdyr. Günorta Gyrgyzystanda bolsa rus daýhanlaryna 82 müň gektar toprak berlipdir.

Halkyň gozgalaň turuzmagynyň ýene bir sebäbi bolsa rus döwlet işgärleriniň we käbir gelen daýhanlaryň ýerli halkyň adatlaryny, dinini we dilini kemsitmekleri bolupdyr. 1916-njy ýylyň iýunynda Ak Patyşanyň ýerli halkdan tylda hyzmat üçin adam ýygnamalydygy baradaky karary yglan edilipdir.

Baknalyk syýasaty astynda gahar-gazaply halk üçin rus hökümetiniň bu islegi artykmaçlyk edýärdi.

Ak Patyşanyň kararnamasyna garşy Hojent we Samarkand oblastynda başlaýan gozgalaň iýulyň ortalarynda Fergana we Günorta Gyrgyzystana ýaýrapdyr. Yssyk-kölde ýaşaýan gyrgyzlar tylda işlemek islemediler we aglabasy Hytaýa göçmek kararyny aldylar.

Entek gozgalaňyň başynda Andijana bagly Altyn-köl we Bazar-Kurganda halk rus hökümdarynyň kararyny ret edipdirler we tylda hyzmat üçin çagyrylanlaryň atlary ýazylgy resminamalary ýok edipdirler. Gozgalaňlara Kokant we Namanganda ýaşaýan gyrgyzlar aktiw gatnaşypdyrlar.

Oşdaky gozgalaň iýulyň başlarynda başlapdyr. Süleýman-dagda gozgalaňa 10 müň adam gatnaşypdyr. Iýulyň soňunda Üçkorgon obasynyň halky hem gozgalaňçylara goşulypdyr. Awgustyň başynda Gyrgyzystanyň günortasynyň uly bir böleginde gozgalaň turupdyr.

Demirgazyk Gyrgyzystanda ilkinji uçgunlar iýulyň ortalarynda başlapdyr. Bu sebitdäki gozgalaňa gyrgyz, gazak, uýgur, dungan, başkyrt, tatarlar gatnaşypdyrlar.

Iýulyň soňunda Semireçýe sebitine-de gozgalaň ýaýrapdyr. Yzysüre Keminden Sokuluka çenli sebitde rus hökümetine garşy hereketler başlapdyr. Gozgalaňçylar Wernyý – Bişpek ýoluny eýeläp, potça we telegraf merkezlerini ýumrupdyrlar. Halk gozgalaňyny basyp ýatyrmak üçin Demşrgazyk Gyrgyzystana rus goşunlary iberilipdir. 8-nji awgustda Tokmoka ýakyn obalarda gozgalaň başlapdyr. 9-njy awgustda Boom geçelgesinde Ybraýym Teleýewiň baştutanlygyndaky gyrgyz goşuny Yssyk-köle barýan rus goşunynyň ýoluny kesdi we 200 tüpeň we 30 müňden gowrak ok olja aldy.

Awgustyň ortalarynda Yssyk-köl, Talas we Týan-şan daglarynyň ortalarynda uruşlar has hem möwjäpdir. 12-nji awgustda Karakol türmesindäki 300-den gowrak gyrgyz, uýgur we dungan gozgalaň başlatdylar. Gozgalaňçylar bilen Ruslar arasyndaky iň soňky gazaply uruşlar awgustyň soňunda bolup geçipdir. Bu uruşlara ýedi müňden gowrak adam gatnaşypdyr.

Gowy ýaraglar bilen üpjün rus goşunyna garşy gozgalançylar agyr ýitgiler berip, güýzde dag eteklerine çekilmäge başlapdyrlar. Olar Ruslar bilen güýçleriniň deň däldigini bilipdirler we janlaryny goramak üçin Hytaýa gaçypdyrlar. 1916-njy ýylyň güýzünde 45 müň maşgala Hytaýa gidipdir. Jemi giden 160 müň kişiniň 130 müňi gyrgyzlar bolupdyr. Olar serhetden geçenlerinde atlarynyň diňe 10 %-ini, kiçibaş mallarynyň 25%-ini ýanlary bilen äkidip bilipdirler. Hytaýda açlykdan, keselçilikden ölen gyryz we gazaklaryň sany 70 müňden gowrakdyr. 1917-nji ýylyň başlarynda Hytaýa giden gyrgyzlar watanlaryna gaýdyp gelmek islänlerinde, olardan liderleriniň tussag edilip berilmegi şerti getirilipdir. 1917-nji ýylyň başylaryna çenli Semireçýe oblastyndaky halkyň 30 müň maşgala, ýagny takmynan 120-150 müň adam ýitgisi bolupdyr.

Şeýlelikde gozgalaň ýeňliş bilen netijelenipdir. Gozgalaňçylar merkezsiz hereket edipdirler. Şeýle hem halkyň harby tälimsiz bolmalary we hemme kişä ýeterli ýaragyň bolmaýyşy bu ýeňlişiň sebäpleridir.

# IV BÖLÜM
## Gyrgyzystan Sowet häkimiýeti döwründe (1917-1991)
### Gyrgyzystanda Sowet häkimiyetiniň ýeňmegi we Gyrgyzystan SSR-niň döredilmegi

1917-nji ýylda bolup geçen Oktýabr rewolýusiýasyndan soňra ýygnanan Russiýa Werjownyý Sowetiniň ikinji gurultaýynda Halk Komissarlar Soweti saýlanypdyr. Gurultaýda "ýer hakynda" we "parahatçylyk hakynda" kararlar kabul edilipdir. Bolşewikler "Russiýada ýaşaýan hemme milletlere milli ykballaryny özleriniň çözmegi üçin haklar berjekdiklerini" yglan etdiler. 1917-nji ýylyň 1-nji noýabrynda Türküstanýň merkezi Daşkentde Sowet häkimiýetiniň gurlandygy bildirilipdir. 15-22-nji noýabrda Daşkentde Halk Komissarlar Soweti tarapyndan gurnalan gurultaýda sebitlerdäki Sowet häkimiyeti barasynda karar alnypdyr. Gurlan halk komitetine 15 agza saýlanypdyr, olaryň 7-si bolşewik, 8 sanysy bolsa çepçi Es-erlerden bolupdyr. Şeýlelikde bu komitet Gyrgyzystanyň dürli sebitlerinde Sowet häkimiyetini gurmaga girişipdir. 1917-nji yylyň noýabr aýynyň soňunda Gyzyk-Kyýada, dekabr aýynda Jelal-Abadda we Oşda, 1918-nji ýylyň fewral aýynda Bişkekde, aprel aýynda Narynda, maý aýynda Karakolda Sowet häkimiyetiniň gurlandygy yglan edilipdir.

1918-nji ýylyň fewral aýynyň soňunda Bolşewik we çepçi Es-erleriň ýolbaşçylygyndaky Gyzyl goşun Kokandy ýarag bilen basyp alypdyrlar we köp adamy öldüripdirler. Kokant hökümetiniň agzalary şäherden gaçyp gitmäge mejbur bolupdyrlar. Bu waka Fergana jülgesinde täze bir milli göreş hereketiniň başlamagyna sebäp bolupdyr.

Fergana jülgesiniň Jelal-Abad, Oş, Andijan şäherleri bolşewiklere garşy hereketiň merkezine öwrülipdir. 1919-njy ýylda Özbaşdak Fergana hökümetiniň wagtlaýyn hökümetiniň gurlan Alaý sebitiniň Erkeştam obasynda korbaşylaryň (Ýaragly

halk güýçleriniň serkerdeleri) gurultaýy bolupdyr. Bu ýerde hökümet baştutanlygyna Mädemin beg saýlanypdyr. 1920-nji ýylda Mädemin begiň ölümünden soňra ýerine Şermuhammet beg geçipdir we şol ýylyň 3-nji maýynda Türküstanda türki halklaryň Yslam döwleti yglan edilipdir. Bu döwletiň wagtlaýýn hökümeti Fergana jülgesiniň halkynyň arasynda uly abaraýa eýe bolupdyr. Ýöne bu hereket M. W. Frunzeniň baştutanlygyndaky Gyzyl goşun tarapyndan basyp ýatyrylypdyr.

Bolşewiklere garşy ýaragly göreşmekligiň netije bermejekdigine düşünen milli liderler ýuwaş-ýuwaşdan bolşewik režimi astynda milli özbaşdaklygy güýçlendirme ýoluny saýlap alypdyrlar. Olaryň arasynda Eşenaly Arabaýogly, Abdykerim Sydykogly we Alaş Orda partiyasynyn öňki agzalary bolupdyr.

1918-nji ýylyň soňky aýlaryndan başlap Sowetler diňe Bolşewik häkimiýetiniň agzalaryndan ybarat häkimiyete öwrülipdir. Çünki olaryň önki soýuzdaşlary bolan Es-erler Bolşewikleriň anti-demokariki ulgam gurmak islaýändiklerine karar beripdirler we garşy tarapa geçipdirler. Ýeke partiýaly Sowet düzgünine garşy rus pomeşikleri we Çu, Yssyk-köl we Naryn oblastlarynyň daýhanlary hem garşy çykypdyrlar. 1918-nji ýylyň 6-njy dekabrynda Ak-Suu (Yssyk-kölüň gündogarynda) gozgalaňyna gatnaşan ruslaryň agalabasy Bolşewiklerden köp partiýaly ulgama geçilmegini talap edipdirler. Bu gozgalaňyň başynda çepçi Es-er Blagodarenko bolupdyr. Ýöne bu gozgalaň 28-nji dekabrda bolşewikler tarapyndan basylyp ýatyrylypdyr.

Abdykerim Sydykow we Jusup Abdyrahmanowun baştutanlygyndaky gyrgyz syýasatçylary Sowet Russiýanyň içinde özbaşdak Gyrgyz döwletini gurmak üçin işe girşipdirler. Olar 1922-nji ýylyň ýaz aýlarynda RSFSR-e bagly Dagly Gyrgyz oblastynyň gurulmagy üçin işler alyp barypdyrlar. Ýöne

käbir yerli syýasatçylaryň we merkezden I. Staliniň garşy çykmagy bilen bu taslama durmuşa geçmändir. Bu taslamanyň baştutanlary bolan A. Sydykow, K. Tynystanow, I. Arabayew, I. Aydarbekow we beýleki syýasatçylar “milletçilik we panyslamizm” bilen günäkärlenipdirler.

1924-nji ýylyň 16-njy sentýabrynda Türküstan Awtonom Sowet Sosialistik Respublikasynyň Werhownyý Sowetinde alynan karar netijesinde 14-nji oktýabrda RSFSR-e bagly Gara Gyrgyz Awtonom Oblasty gurlupdyr. 1925-nji ýylyň 27-30-njy martynda Bişkek şäherinde Gara Gyrgyz Awtonom Oblastynyň mejlisniň birinji gurultaýy geçirilipdir. Bu gurultaýda resmi atdan “gara” sözüniň çykarylmagy we döwlete oblast däl-de respublika statusynyň berilmegi teklip edilipdir. 1925-nji ýylda döwletiň resmi adyndan “gara” sözi çykarylypdyr we Gyrgyz Awtonom Oblasty adyny alypdyr. 1926-njy ýyldan başlap bu oblast RSFSR-e bagly Gyrgyz Awtonom Sowet Sosialistik Respublikasy adyny alypdyr. 1936-njy ýylyň 5-nji dekabrynda Gyrgyzystan Sowet Sosialistik Respublikasy gurlupdyr.

### Gyrgyzystan Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda

Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda gyrgyz halky hem uly kynçylyklar çekmek bilen bir hatarda öz saldamly goşandyny goşupdyr. Bu uruşa 360 müňe golaý Gyrgyzystanyň raýaty gatnaşypdyr we olaryň arasyndan 80 müňden gowragy frontda ölüpdirler. Şeýle hem olardan daşary 30 müňden gowrak kişi respublikanyň serhetleriniň daşynda söweş senagaty zawodlarynda işlemek üçin iberilipdir. Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda kolhoz we sowhozlarda, uruşdan öňki bäş ýyllyk hasabat bilen deňeşdirilende däne hasyly 4,5 million put, kartoşka we bakja önümleri 2,7 million put, ýüň 372 müň put köp taýýarlanypdyr. Şeýle hem halk fronta ibermek üçin 4,5 million put däne we 500 müň put eti ýolbaşçylara tabşyrypdyrlar. Uruş ýyllarynda Gyrgyzystanda goranyş fondy

üçin 189 million rubl pul we 964 million rubl obligasiýa görnüşinde ýygnaldy.

Uruş ýyllarynda nemes faşistleriň howpy astyndaky sebitlerde bar bolan zawod-fabrikler köp sanlysy gyssagly ýagdaýda gündogara göçürilipdir. Bu iri zawod-fabrikleriň 30-dan gowragy Gyrgyzystana hem göçürilip getirilipdir. Mysal üçin Bişkek, Tokmok, Ak-Suu we beýleki sebitlerde dürli zawod-fabrikler gurlupdyr. Şeýle hem uruş ýyllarynda Gyrgyzystana Kawkaz, Krym we Wolga boýlaryndan nemes, çeçen, Ahyska türkleri, azerbaýjan, balkar, kumuk, nogaý we beýleki milletleriň wekilleri sürgün edilipdirler.

Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda Gyrgyzystanly esgerler batyrlyk bilen söweşipdirler. Olaryň arasyndan 100 müňden gowragy orden we medallar bilen sylaglanypdyr, 72 esgere SSSR-iň gahrymany diýlen at dakylypdyr. Olaryň arasynda Düýşönkul Şopokow, Çolponbaý Tuleberdiýew, Talgat Begeldinow, Kalyýnur Usenbekow we beýlekiler bardy.

## XX asyryň 50-80-nji ýyllarynda Gyrgyzystanyň syýasy we sosial durmuşy

Gyrgyzystanyň sosial, syýasy we ykdysady taýdan özgermegi Komunist režimiň umumy syýasaty bilen baglanyşykly bolupdyr. 1946-1953-nji ýyllary arasynda Staliniň totalitar režimi höküm sürüpdir, yzarlanmalaryň we jezalaryň ululygy gitdikçe artypdyr. On müňlerçe gyrgyz raýaty tussag edilip, türmelere, sürgünlere iberilipdir.

Staliniň ölüminden soňra has dogrusy 1956-njy ýyldan başlap Gyrgyzystanyň syýasy we sosial durmuşynda düýpli üýtgeşmeler bolup geçipdir. Stalin tarapyndan tussag edilenleriň köpüsi aklanypdyr. Bu ýyllarda respublikanyň birinji sekretary Ishak Razzakow (1950-1961-nji ýyllar arasynda Gyrgyzystan Kommunist Partiýasynyň birinji sekretary) gyrgyzlar üçin milli

bähbitli işleri amala aşyrypdyr. Onuň döwründe milli kadrlary ýetişdirmek meselesine, respublikadaky rus mekdeplerinde okadylmaga başlanan gyrgyz diliniň statusyny beýgeltmek meselesine aýratyn üns berlipdir. Ýöne Razzakow Moskwa tarapyndan wezipesinden boşadylypdyr we onuň başladan işleriniň köpüsine dowam edilmändir. Şeýlelikde rus mekdeplerinde gyrgyz diliniň okadylmagy, soňraky okuw meýilnamasyndan çykarylypdyr.

Turdakun Usubaliýew (1961-1985) we Apsamat Masaliýewiň (1985-1990) Kommunist Partiýasynyň birinji sekratarlygy döwürlerinde Moskwanyň diýeninden çykylmandyr. XIX asyrda Russiýanyň gyrgyz topraklaryny basyp almaklyk prosessi resmi taýdan “Gyrgyzystanyň Russiýanyň düzümine öz islegi bilen girişi” diýlip atlandyrylypdyr. Gyrgyzystanyň Konstitusiýa hukugy boýunça hukukçysy we alymy Kubanyç Nurbekowyň  (1928-1985) metbugatda çap edilen makalalaryndaky beýanlary we gyrgyz taryhçylarynyň, ýazyjylarynyň muňa meňzeş hereketleri “milletçiligiň täzeden direlişi” diýlip kabul edilipdir we yzarlanypdyrlar. Gyrgyz dilinde matematika boýunça ilkinji mekdep kitaplaryny ýazan alym we matematikajy Rakym Usubakunow (1929-1983) Frunze Politehniki Institutynda gyrgyz dilinde ylym-bilim berilmelidigini we gyrgyz toparynyň açylmagyny teklip edendigi üçin yzarlanypdyr (Gyrgyz döwlet uniwersitetinde gyrgyz toparlary bardy). Professor Kuşbek Üsonbaýew (1928-1999) 1916-njy ýyldaky milli halk gozgalaňy barada ýazan çap edilmedik makalasy üçin tankyt edilipdir (1983).

1986-njy ýylda Gazagystanda bolup geçen halk gozgalaňyndan soňra 1987-nji ýylyň gyş we ýaz aýlarynda Gyrgyzystanda ideologiki arassalaýyş bilen baglanyşykly syýasy kampaniýalar alnyp barlypdyr. Anti-milliyetçi şygarlar astynda köp sanly gyrgyz professory yzarlanmaga başlanypdyr.

## Medeniýet we ylym

Sowetler döwründe Gyrgyzystan medeniýet we ylymda düýpli özgerişlikleri amala aşyrypdyr. Ilki bilen respublikadaky uly ýaşly halkyň okap ýazyp bilmegi meselesi gozgalypdyr. 14 ýaşyna çenli bolan çagalar bolsa 1930-1931-nji okuw ýylyndan başlap mejbury ýagdaýda mekdebe gidip başlapdyrlar. Eger Patyşa Russiýasy döwründe gyrgyz maşgalalarynda diňe erkekler okamaga iberilýän bolsa, Sowetler döwründe gyzlar hem mekdebe iberlmäge başlanypdyr. 1924-nji ýylda Bişkek etrabynda 200-e ýakyn gyrgyz gyzy mekdeplerde bilim alypdyr.

1924-nji ýylyň 7-nji noýabrynda Daşkent şäherinde "Erkin too" (erkin daglar) ilkinji gyrgyz gazeti çap edilipdir. Şol günden başlap milli metbugat işi ýola goýulmaga başlanypdyr. 1925-nji ýylda Bişkekde Gyrgyz Bilim Instituty açylypdyr, 1928-nji ýylda bolsa Gyrgyz Pedagogiki Liseýi diýlip üýtgedilipdir. 1932-nji ýylda Gyrgyz döwlet pedagogiki instituty gurlupdyr. 1926-njy ýyldan 1980-nji ýyl arasynda Gyrgyzystanda 43 sany hünär öwredýän orta derejeli mekdep, 10 sany ýokary okuw mekdebi açylypdyr.

1943-nji ýylyň 13-nji awgustynda SSSR Ylymlar Akademiýasynyň Gyrgyzystan filialy açylypdyr. Bu filial 1954-nji ýylda Gyrgyzystan Ylymlar Akademiýasyna öwrülipdir.

Sowet häkimiýeti ýyllarynda teatr, filarmoniýa, drama, opera we balet, sirk açylypdyr. Kino, heýkeltaraşlyk, milli saz sungaty, edebiýat ýaly dürli ugurlarda uly üstünlikler gazanylypdyr.

Gyrgyzystanyň medeniýeti diylende iki zady aýratyn bellemän geçmek bolmaz: Manas dessany we Çingiz Aýtmatow.

Gyrgyz halk edebiyatynda Manas dessanynyň örän uly orny bardyr. Bu dessan dünýänin in uzyn dessanydyr. Manas dessanynda gyrgyzlar bilen galmyklaryň arasyndaky söweşler

beýan edilýär. Bu dessan gyrgyzlaryň ensiklopediýasydyr. Çünki Manas dessanynda gyrgyzlaryň ähli adatlary, ynançlary, beýleki milletler bilen gatnaşyklary, ertekilerini görmek mümkindir. Gyrgyz halkynyň gahrymanlyk dessany bolan Manasy ylmy taýdan agtaran, derňän we ýaýratmak üçin işler alyp baran gazaklaryň meşhur alymy Çokan Walihanowdyr (1835-1865). Ol 1856-njy ýylda rus hökümeti tarapyndan gurnalan ylmy-harby ekspedisiýasy bilen Yssyk-kölüň kenarýakasyndaky Bugu taýpasyna gelip, gyrgyzlaryň taryhy, etnografiýasy, durmuşy bilen tanyşyp Manas dessanynyň möhüm bölümlerinden birini ýazyp alypdyr. Gazak alymy bu dessandan bir bölüm ýazyp almak bilen, bu dessanyň örän gymmatlydygyny ylym dünýäsine habar beripdir. Meşhur gündogarşynas we türkolog W. W. Radlow 1862 we 1869-njy ýyllarda Yssyk-köle we Çu sebitine baryp Manas dessanyny halkyň dilinden ýazyp alypdyr we 1885-nji ýylda ilkinji gezek gyrgyz we nemes dillerinde Manas dessanyny çap edipdir.

Gyrgyz edebiýatynyň iň beyik şahsy Çingiz Aýtmatowdyr. Onuň iň meşhur eseri Jemile, Ak gämi, Toprak ene... Aýtmatow öz eserlerinde söweşiň ýykyjydygy, ýeke galan naçarlar, söýgi hekaýalary Ç. Aýtmatowyň temalarynyň esasyny düzüpdir. Ç. Aýtmatowyň eserleri 165-den gowrak dile terjime edilip, 60 million nusgadan gowrak nusgada çap edilipdir. Gyrgyzystanda onuň eserleriniň ekranlaşdyrylmagy gyrgyz kinemotografiýasynyň durmuşynda möhüm waka bolupdyr. Onuň eserleri we senariýalary boýunça “Aşyrym” (1961), “Jöwza” (1963), “Ilkinji mugallym” (1965), “Jemile” (1969) ýaly filmler goýuldy. Türkiýede-de Aýtmatowyň bir eseri “Selwi boýlym al ýazmalym” ady bilen filmleşdirildi. Çingiz Aýtmatow türki döwletleriň ýazyjylarynyň arasynda dünýäde iň meşhurlaryndan biridir.

# V BÖLÜM

## Gyrgyzystan garaşsyzlyk ýyllarynda (1991-2010)

### Garaşsyz Gyrgyzystanyň içeri we daşary syýasaty

Gyrgyzystan 1991-nji ýylyň 31-nji awgustynda garaşsyzlygyny yglan edipdir. Şol ýylyň 12-nji oktýabrynda Askar Akaýew saýlaw esasynda Gyrgyzystanyň Prezidentligine saýlanypdyr. 1991-nji ýylyň dekabrynda Gyrgyzystan Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna giren şertnama gol çekipdir.

Gyrgyzystanyň garaşsyzlygy ilkinji ykrar eden döwlet Türkiýedir (24-nji dekabr 1991).

Gyrgyzystanda ilçihana açan ilkinji döwlet Amerikanyň Birleşen Ştatlarydyr (1992-nji ýýlyň 1-nji fewraly). 28-nji fewralda Türkiýe Bişkekde ilçihanasyny açypdyr. Gyrgyzystan 1992-nji ýylyň 2-nji martynda Birleşen Milletler Guramasyna kabul edilipdir. 1992-nji ýylda Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasyna, UNESCO, 1996-njy ýyldan başlap Şanhaý hyzmatdaşlyk guramasynyň agzasydyr.

UNESCO-nyň goldawy bilen Gyrgyzystanda "Manas" dessanynyň 1000 ýyllygy (1995) we Oş şäheriniň 3000 ýyllygy (2000) ýyllygy bellenilipdir.

Gyrgyzystanyň teklibi bilen 2002-nji ýyl Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan "Daglar ýyly" diýlip kabul edilipdir.

SSSR-iň ýykylmagyndan soňra Gyrgyzystan Konstitusiýasyny taýyarlamak üçiň ýörite topar düzülip işlenilipdir we 1993-nji ýylyň 5-nji maýynda Gyrgyzystanyň ilkinji Konstitusiýasy yglan edilipdir.

1992-nji ýylyň 3-nji martynda Gyrgyzystanyň milli baýdagy tassyklanylypdyr. Döwletiň gimni şol ýylyň 18-nji dekabrynda, gerbi bolsa 1994-nji ýylyň 14-nji ýanwarynda kabul edilipdir. 1992-nji ýylda öz milli goşunyny guran

Gyrgyzystanyň yaragly güýçleriniň serkerdebaşysy Prezidentdir.

Gyrgyzystanyň resmi dili gyrgyzjadyr. 2001-nji ýylyň 24-nji dekabrynda çykarylan kanun bilen rus dili döwletiň ikinji resmi dili bolupdyr. Häzirki wagtda Gyrgyzystanda ulanylýan elipbiý 1940-njy ýyldan bäri dowam edip gelýän Kirill elipbiýidir.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Gyrgyzystanyň metbugatynda dürli atdaky gazet-žurnallar çap edilýärler. Asaba (Baýdak), Gyrgyz ruhy, Res Publika, Delo No, Aalam ýaly hususy gazetler, Kut Bilim (Kutadgu Bilig) ýaly ýarym resmi gazetler, Gyrgyz Tuusu (Gyrgyz baýdagy), Slowo Kyrgyzystana, Erkin Too (Erkin daglar) ýaly resmi gazetler metbugatyň esasy organlarydyr. Şeýle hem Türkiýäniň Zaman gazeti hem çykýandyr.

2005-nji ýylda Gyrgyzystandaky parlament saýlawlaryndan soňra Kurmanbek Bakiýew Prezidentlige saýlandy. 2010-njy ýylyň aprel aýynda Talasda başlaýan halk gozgalaňynyň netijesinde öňki Daşary işler ministri Roza Otunbaýewa Gyrgzystanyň Prezidentligine saýlandy.

## TÜRKIÝE RESPUBLIKASY

Türki döwletleriň arasynda möhüm orna eýe bolan Türkiýäniň tutýan meýdany 814 578 inedördül kilometrdir. Ýewropadaky döwletleriň arasynda tutýan meýdanynyň ululygy boýunça Russiýadan soňra 2-nji orundadyr. Türkiýäniň Gresiýa, Bulgaristan, Gürjistan, Ermenistan, Azerbeýjan (Nahçywan awtonom respublikasy), Eýran, Yrak we Siriýa bilen serhedi bardyr. Türkiýe ýarym ada bolup, Garadeňiz we Ortaýer deňizleriniň ortasynda ýerleşýändir. Türkiýäniň iň uzyn derýasy Kyzylyrmak (1355 km.), iň uly köli Wan köli (3.713 km²) we iň uly adasy Gökçeadadyr (279 km²). Türkiýede 81 welaýat, 850

etrap we 35 müňden gowrak oba bardyr. Türkiýäniň iň esasy şäherleri: Stambul, Ankara, Izmir we Bursadyr. Iň köp ilatly welaýaty Stambul, iň az ilatly welaýaty Kilisdir. Tutýan meýdany boýunça iň uly welaýaty Konýadyr (38.873 km²). Türkiýäniň gündogary bilen günbatary arasynda 76 minutlyk wagt tapawudy badyr. Türkiýäniň welaýatlary:

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Ankara | Manisa | Çankyry | Samsun | Ygdyr |
| Adana | Izmir | Karabük | Ordu | Tunjeli |
| Adyýaman | Sakarýa | Bartyn | Giresun | Elazyg |
| Agrı | Mugla | Kastamonu | Erzincan | Diýarbakyr |
| Afýon | Denizli | Sinop | Malatýa | Mardin |
| Aksaraý | Eskişehir | Çorum | Gaziantep | Batman |
| Amasýa | Uşak | Ýozgat | Kilis | Siirt |
| Antalýa | Kars | Nevşehir | Şanlyurfa | Şyrnak |
| Ardahan | Kyrykkale | Nigde | Kütahýa | Bitlis |
| Artwin | Samsun | Düzje | Gümüşhane | Bingöl |
| Aýdyn | Isparta | Hataý | Trabzon | Muş |
| Balykesir | Ýalowa | Osmaniýe | Rize | Hakkari |
| Baýburt | Konya | K. Maraş | Erzurum | Kyrklareli |
| Bilejik | Mersin | Kaýseri | Kocaeli | |
| Bolu | Karaman | Sivas | Edirne | |
| Burdur | Istanbul | Tokat | Tekirdag | |
| Bursa | Kyrşehir | Zonguldak | Çanakkale | |

Türkiýede bellenilýän resmi we dini baýramlar:
1-nji ýanwar – Täze ýyl
23-nji aprel – Milli häkimiýet we çagalaryň baýramy
1-nji maý – Zähmet we daýanyşma güni
19-njy maý – Atatürki ýatlama, ýaşlar we sport baýramy
30-njy awgust – Ýeňiş baýramy
29-njy oktýabr – Garaşsyzlyk baýramy
Remezan (Oraza) baýramy – 3 gün
Gurban baýramy – 4 gün

# I BÖLÜM
# Anadolynyň türkmenleşmegi
# (XI asyryň başlary - 1299)

## Seljukly türkmenleriniň Anadoly ýerlerine aralaşmagy

Türkmen taryhynyň iň esasy döwletlerinden biri bolan Beýik Seljukly türkmen döwleti 1040-njy ýylda Dandanakan söweşinden soňra gurlupdy. Ýöne Seljukly dinastiýasy entek Seljukly döwleti gurulmazyndan öň Anadola aralaşmagy başarypdyr. Mawerannahrda Garahanlylaryň we Gaznawylaryň gözegçiliginde bolan Seljukly dinastiýasy özüne ýurt gözlemek maksady bilen Anadola ýöriş gurnan bolsa gerek diýip alymlar çaklaýarlar. Bu wezipäni ýerine ýetirmekligi Togrul begiň agasy we Soltan Alp Arslanyň kakasy Dawut Çagry bege berlipdir. Ol üç müň türkmen atlysy bilen Mawerannahrdan Anadola hereket etdi we 1016-njy ýylda şol wagtlar Anadolyda höküm süren Wizantiýa imparatorlugynyň gündogar serhetlerinden girdi. Ol yzyna dolanyp gelip Togrul bege "biz Horasan, Azerbeýjan we Gündogar Anadola gidip ol ýerlerde höküm sürüp bileris, çünki ol ýerlerde bize garşy güýçli bir garşydaş ýok" diýip gören eşidenlerini gürüň beripdir.

1028-nji ýylda Mahmyt Gaznawydan ýeňilip gaçan Arslan hana (Ysraýýl) bagly Türkmenleriň bir bölegi Azerbeýjan ýoly bilen Wizantya topraklaryna girdiler we hatda Diýarbekire çenli bardylar.

1040-njy ýyldaky Dandanakan söweşinden soňra bu sapar Togrul begiň ýolbaşçylygynda Seljukly türkmenleri Anadola ýörişler gurnalýar. 1048-nji ýylda Musa Ýabgunyň ogly Hasanyň Wizantiýa bilen bolan bir söweşde şehit bolmagy netijesinde, Togrul begiň görkezmesi bilen Wizantiýa çeşmelerine görä 100 müň adamlyk Seljukly goşuny Wizantiýa

topraklaryna girdi. Bu ýerde Pasin diýlen ýerde bolup geçen söweşde Seljuklylar uly ýeňiş gazanýarlar (1049). Wizantiýa garşy gazanylan bu ilkinji ýeňiş Hasangala ýa-da Pasinler söweşi diýlip taryha ýazylandyr. Bu söweşden soňra bolup geçen ylalaşyga görä Wizantiýa döwleti Stambuldaky metjitde Abbasy halyfynyň we Togrul begiň adyna hutba okatmagy kabul edipdir.

## Malazgirt Söweşi

Beýik Seljukly döwleti gurulmança başlaýan we Togrul begiň döwründe dowam eden Anadola ýörişler Soltan Alp Arslanyň döwründe öz miwesini beripdir. 1071-nji ýylyň 26-njy awgustynda Seljukly goşuny we Wizantiýa goşunu arasynda bolup geçen söweş türkmenleriň taryhy ýeňşi bilen tamamlanýar. Bu söweşiň netijesinde Anadolynyň gapylary Seljuklylara doly açylýar. Malazgirt söweşinden soňra Anadola giden türkmenler öňkilerden tapawutlylykda ol ýerlerde ýurt tutunypdyrlar.

Malazgirt söweşinde Wizantiýanyň hökümdary Roman Diogen bir musulman türkmen hökümdaryna ýesir düşdi. Bu bagt türkmenleriň beýik soltany Alp Arslana nesip etdi. Soltan Alp Arslan ýesir hökümdaryň dogruçyllygy üçin ony bagyşlapdyr we yzyna paytagtyna iberipdir. Ýöne Diogeniň Wizantiýanyň täze hökümdary tarapyndan öldürilmegi netijesinde Soltan Alp Arslan şazadalaryna, serkerdelerine we türkmen halkyna Anadolynyň hemme ýerine ýaýramaklaryny buýrupdyr.

Soltan Alp Arslanyň buýrugyny ýerine getiren türkmenler gysga wagtyň içinde Ortaýer deňziniň kenarýakalaryna çenli barypdyrlar. Malazgirt söweşinde ýeňilen Wizantiýa goşuny gaýdyp türkmenleriň garşysyna çykyp bilmändir. Şeýlelikde Anadolynyň türkmenleşmesi durmuşa geçipdir.

## Anadoly Seljukly Döwleti

Anadoly Seljukly döwletiniň ilkinji hökümdary Seljugyň agtygy Kutalmyşyň ogly Süleýmanşadyr. Ol Marmara deňzine tarap hereket edip 1075-nji ýylda Stambulyň gapdalyndaky Izniki eýeledi we bu ýeri Anadoly Seljukly döwletiniň paýtagtyna öwürmek bilen öz döwletiniň düýbüni tutdy.

Ýarym asyrdan gowrak dowam eden göreşden soňra Süleýman şa tarapyndan düýbi tutulan Anadoly Seljukly döwleti, häzirki Türkiýe topraklaryndaky ilkinji türkmen döwletidir.

Süleýman şanyň 1086-njy ýylda ölüminden soňra Anadoly Seljukly döwleti 1086-1092-nji ýyllar arasynda hökümdarsyz galypdyr. 1092-nji ýylda Süleýman şanyň ogly Gylyç Arslan soltanlygyny yglan edýär.

Soltan Gylyç Arslan özüniň hökümdarlygynda haçlylar garşy uly göreş alyp barypdyr. XI asyryň soňlarynda Watikanyň baştutanlygynda Günbatar Ýewropada, Hezreti Isanyň dogan şäheri bolan Ierusalimi musulmanlardan “arassalamak” üçin herekete geçmek pikiri orta çykdy. Bu maksat bilen Papa Urban II-niň tagallalary bilen Stambula gelen 600 müň adamlyk haçly goşuny, Wizantiýa imparatory Aleksios tarapyndan 1096-njy ýylda Anadoly tarapyna geçirildi. Seljuklylar bu agyr haçly goşunyny Izmit ýakynlarynda ýeňlişe sezewar etdiler. Haçlylaryň uly bir bölegi öldürüldi, sag galanlar bolsa Stambula gaçdylar.

1097-nji ýylda täzeden herekete geçen haçly goşuny Anadoly Seljukly döwletiniň paýtagty Izniki gabadylar. Netijede Seljuklylar Iznikden çekilmäge mejbur boldylar. Şeýlelikde Anadoly Seljukly döwleti Marmara kenarýakalryny taşlap Anadolynyň ortalaryna çekildiler. Soltan Gylyç Arslan paýtagt Iznikiň Wizantiýa tarapyndan eýelenmegi netijesinde Konýany öz döwletiniň paýtagty diýip yglan etdi. Bu ýerde

Soltan Gylyç Arslanyň ýolbaşçylygyndaky Seljukly goşunlary 1101-nji ýylda Siriýa tarapyna gidip barýan haçlylary agyr bir ýeňlişe sezewar etdi. Soltan Gylyç Arslanyň bu ýeňşi haçlylaryň Siriýa taraplaryna hereketleriniň öňüni alypdyr. Seljukly soltany Anadolynyň dürli ýerlerinde haçlylara garşy mertlerçe söweşip olaryň basybalyjylykly hereketiniň öňüni aldy. Soltan Gylyç Arslan on bäş ýyllyk hökümdarlygynda bir tarapdan Wizantiýa, beýleki tarapdan haçlylara garşy kyn şertlerde göreşipdir.

Soltan Gylyç Arslanyň agtygy Soltan Gylyç Arslan II-niň döwründe (1155-1192) Malazgirt söweşinden soňra Wizantiýa garşy ikinji uly ýeňiş gazanyldy. 1176-njy ýylyň sentýabr aýynda Mýrakefalon jülgesinde bolup geçen söweşde Wizantiýa goşuny uly bir zarba alypdyr. Taryhy ýeňlişe sezewar bolan Wizantiýa söweş jerimesi hökmünde Seljukly döwletine 100 müň altyn tölemäge mejbur bolupdyr. Bu ýenişden soňra Anadolyny täzeden eýelemek isleýän Wizantiýa Seljuklylara garşy goranyşda bolupdyr we şeýlelik bilen üstünlik Anadoly Seljukly döwletiniň eline geçipdir. Taryhy ýeňişden soňra Soltan Gylyç Arslan II bütin musulman hökümdarlara fetihnama iberipdir.

Anadoly Seljukly döwletiniň taryhynda Aladdin Keýkubadyň döwri (1220-1237) galkynyş döwri diýlip atlanydyrylýar. Taryhy çeşmelerde “Beýik Soltan” diýlip atlandyrylan Aladdin Keýkubatyň 17 ýyllyk hökümdarlygynda Anadoluda syýasy we harby üstünlikler gazanmak bilen bir hatarda, döwletiň ykdysadyýet we medeniýet taýdan galkynmagyna uly hyzmat edipdir. Ol halkara söwda ýollarynyň asudalygyny goramak bilen bu söwdanyň has hem kämilleşmegi üçin kerwensaraýlar gurdurypdyr. Ylym, medeniyet we sungat adamlaryny golastynda saklan Aladdin Keýkubat, mongol çozuşlaryndan gaçan türküstanly we eýranly alymlary, şahyrlary, sungat adamlaryny Anadoluda ýerleşdirip, olara

hemaýat edipdir. Şeýle-de Seljukly şäherlerinde köp sanly galalar, metjitler, medreseler, köprüler, hassahanalar gurduryp halkyna uly bir mirasy ýadygärlik goýupdyr.

Aladdin Keýkubadyň ölümünden soňra onuň ogly Gyýaseddin Keýhüsrewiň döwründe (1237-1246) Anadoly Seljukly uly bir betbadtçylyga sezewar boldy. Gyýaseddin Keýhüsrewiň tejribesiz, başarnyksyz we döwlet işlerini ýöretmek ukybynyň bolmaýyşy döwletiň çökmegine sebäp bolan wakalara sezewar etdi. Bu wakalaryň içinde iň agyry mongollar bilen bolup geçen Kösedag söweşidir. Günbatara tarap gelýän mongollar 1242-nji ýylda Anadoly topraklaryna gadamlaryny basdylar.

Gyýaseddin Keýhüsrew 80 müň adamlyk goşun ýygnap Siwasa geldi. Ýanyndaky tejribeli serkerdeler mongollara Siwasda garaşaly diýseler hem öz diýenini tutup duran Seljukly soltany Kösedaga tarap hereket etdi. Ýolda ýadan Seljukly goşunyndan 20 müň kişi, soltanyň buýrugy bilen mongollaryň üstüne çozdy. Mongollar gaçan bolup, gysga wagtyň içinde yzlaryna dolandylar we Seljukly goşunyny derbi-dagyn etdiler. Seljukly goşuny aljyrap näme etjegini bilmän durka, Soltan Gyýaseddin Keýhüsrew aglap, Tokat we Ankaranyň üstünden Antalýa gaçdy. Başsyz galan Seljukly goşunymongollar bilen söweşmän dagady we uly bir ýeňlişe sezewar boldy.

Şeylelikde 80 müň adamlyk uly bir Seljukly goşuny, soltanyň gorkaklygy we ukypsyzlygy, tejribeli döwlet adamlaryna, serkedelere ähmiýet bermezligi we taktiki ýalňyşlyklar sebäbi bilen türkmen taryhynyň hiçbir döwründe duş gelinmeýän ýagdaýda çykgynsyz ýagdaýa düşdi. Bu ýagdaýa mongollaryň özleri hem hayran galypdyr, hat-da olar munyň bir söweş hilesi bolup biljegini pikir edipdirler, ýöne hakykat derrew orta çykypdyr. Mongollar Anadolyda uly bir ýykgynçylyk edipdirler, köp sanly olja ýygnapdyrlar.

Soltan Gyýaseddin Keýhüsrewden soňra Anadoly Seljukly döwletinde çöküş döwri başlapdyr. Anadoly Seljukly döwleti Gylyç Arslan V-niň döwründe, has takygy 1318-nji ýylda ýykyldy.

**Anadolyda türkmen beglikleriniň döwri**

XIII asyrdan başlap Anadolyda mongollaryň täsiri azalmaga başlady we bu ýagdaýdan peýdalanan türkmen begleri ýuwaş-ýuwaşdan Seljuklylar bilen gatnaşyklaryny kesip garaşsyzlyklaryny yglan etmäge başladylar. Anadoly Seljuklylarynyň häkimiýetindäki topraklarda gurulan bu begliklere Anadoly beglikleri (tawaif-i mülük) diýlipdir. Bularyň köpüsi Wizantiýa imparatorluguna ýakyn serhetlerde we kenarýaka sebitlerinde gurlupdylar. Seljukly-mongol täsiriniň has güýçli görünýän ýerleri bolan Anadolynyň ortalarynda bolsa beglikleriň sany gaty azdyr.

Anadoluda gurlan beglikleriň arasynda iň güýçlüsi merkezi Ermenek bolan Garamanogullary begligidir (1256-1483). Garamanogullary 1277-nji ýylda Konýa girdiler we bu begligiň baştutatny Mehmet beg begligiň serhetlerinde türkmen dilinden başga bir diliň ulanylmazlygyny emir berdi. Türkmen diliniň resmi taýdan döwletin dili diýlip yglan edilmegi Anadolydaky türkmenleriň milli ruhlarynyň örän güýçlidigini görkezýän möhüm faktordyr. Garamanogullary Anadoluda üstünligini gurmak isleýän Osmanlylar bilen hem söweşdiler. Wagtal-wagtal Osmanlylara garşy Wenesiya, Papalyk we Akgoýunlylar bilen soýuzdaş boldylar, ýöne Osmanly-Garamanogullary göreşi Osmanlylaryň ýeňşi bilen tamamlandy.

Mongol çozuşlarynyň öňünden gaçan türkmenler Anadolynyň günbatarynda Ladik (Denizli), Honaz we Dalaman sebitinde Ladik ýa-da Ynançogullary begligini (1261-1368) gurdular. Bu sebite gelenleriň başyndaky Mehmet beg Soltan

Izzedin Keýkawus II garşy gozgalaň turuzdy we Ladik begligini gurdy.

Karahisar (Afýon), Kütahýa, Sandykly, Akşäher we Beýşäheri içine alan sebitde Seljukly weziri Sahip Ata Fahreddin Alynyň ogullary we agtyklary tarapyndan gurlan kiçi beglik bolsa Sahip Ataogullary adyny göterýärdi (takmynan 1275-1341).

Anadolynyň günbatarynda Milas, Mugla we töwereginde gurlan başga bir türkmen begligi bolsa Menteşeogullary begligidir (takmynan 1280-1424). Bu begligi o sebtite deňiz yoly bilen gelen türkmenler gurupdyrlar. Bu sebit Anadoly Seljukly hökümdarlary tarapyndan begligiň gurujysy Menteşe begiň atalaryna ykta edilip berlipdi. Menteşeogullary özleriniň gämileri bilen Ortaýer deňzinde haçly gämilerine garşy hereket edipdirler. Olar Rodosy hem eýelemek isläpdirler, ýöne Wenesiyalylar we Kipr korollygy olara rugsat bermäňdir. Menteşeogullary begligi 1402-nji ýylda Osmanly şazadalrynyň arasyndaky tagt ugrundaky göreşe hem gatnaşypdyrlar.

Anadolynyň günbataryndaky begliklerden biri hem Karasi ogullary begligidir. Anadolu Seljuklylary Danyşmendileri ýok edende Danyşmendi maşgalasyna degişli käbir begler Wizantiýa serhetlerinde beg hökmünde hyzmat beripdirler. Bu maşgaladan Kalem beg we ogly Karasi beg Wizantiýa şäherlerini eyelemek üçin herekete geçdiler we merkezi Balykesir bolan Karasi begligini gurdular (takmynan 1297-1360).

Kütahýa we töwereginde höküm süren başga bir türkmen begligi bolsa Germiýanogullarydyr. XIII asyryň birinji ýarymynda Malatýa töwereklerinde ýaşaýan Germiýan boýy, mongollaryň täsiri ýüzünden bolsa gerek 1262-1263-nji ýyllarda günbatara göçüpdirler. Germiýanogullary begligini (1300-1429) Kerimüddin Alyşiriň ogly Ýakup beg I gurupdyr. Onuň

edarasyndaky Germiýanogullary Anadoly begliginiň arasynda iň güýçlilerinden biri bolupdyr we XIV asyrda iň ösen döwrüni ýaşapdyrlar.

XIII asyryň ikinji ýarymynda Beýşäher we Seýdişäher töwereklerinde gurlan türkmen begligi Eşrefogullarydyr. Begligiň gurujysy Eşrefogly Süleýman begden soňra ýerine geçen Mübarizüddin Mehmet beg topraklaryny demirgazyga tarap ulaldan hem bolsa mongol häkimi Timurtaş Eşrefogullary begligini ýykypdyr (1326).

Anadolynyň günbatarynda merkezi Manisa bolan türkmen begligi Saryhanogullarydyr. Saryhanogullary Osmanly döwleti tarapyndan ýykylypdyr.

Günbatar Anadoluda gurlan güýçli beglikleriň biri hem Aýdynogullary begligidir (1308-1426). Bu beglik Ortaýer deňzinde harby ýörişler gurnap uly üstünlikler gazanypdyr. Aýdynogullary begliginde Umur begiň zamanasy iň ösen döwri bolupdyr. Umur begden soňra beglik çökmäge başlapdyr. Ankara söweşinden (1402) soňra Jüňeýit beg begligi güýçlendirjek bolsa-da Osmanlylar bu begligi ýykypdyrlar.

Anadolynyň günorta kenarýakalarynda bolsa Alaiýe begligi (1293-1471) höküm sürýärdi. Alaiye (Alanýa) şäheri Anadoly Seljuklylarynyň soňky ýyllarynda Garamanogullary tarapyndan eýelenipdir (1293) we mundan soňra bu sebite Garamanogullaryna bagly begler höküm edipdir. Syýasy taýdan känbir ähmiýeti bolmaýan Alaiýe begligi has soňralary memlükleriň häkimiýeti astyna giripdir. Söwda-ykdysady taýdan ähmiýetli bolan Alaiýe şäheri wagtal-wagtal Kipr korollygy tarapyndan hüjüm edilipdir.

Türkmenleriň liderlerinden Feleküddin Dündar beg Ysparta, Egridir we töwereginde Hamidogullary begligini gurupdyr (takmynan 1301-1423). Ilhanlylaryň Anadolydaky häkimi Timurtaş Hamidogullarynyň topraklaryny eyelän hem

bolsa, onuň Müsüre gaçmagy bilen beglik täzeden janlanypdyr we Eşrefogullarynyň topraklarynyň bir bölegini eýeläp güýçlenipdir. Yöne soňra Hamidogullarynyň Egridir topraklaryny Osmanlylar bilen Garamanlylar özara paýlaşypdyrlar. Dündar beg Antalýany eýeläninden soňra bu şäheri inisi Ýunus bege beripdir we şeýlelikde Hamidogullarynyň Antalýa bölümçesi (ýa-da Tekeogullary) peýda bolupdyr. Tekeogullary Antalýany basyp almak isleýän we hat-da wagtlaýyn bu şäheri eýelemgi başaran Kipr Korollygyna garşy üstünlikli göreş alyp barypdyr.

Dulkadyrogullary begligi (1339-1521) bolsa Maraş we Elbistan sebitinde höküm sürüpdir. Anadolynyň günortasyndaky Adana sebitinde höküm süren beglik bolsa Remezanogullary begligidir (1352-1608). Bu beglikleriň ikisi hem syýasy taýdan ilki memlüklere, soňra bolsa Osmanly türkmen döwletine bagly bolupdyrlar. Bu begликleriň ikisi hem Osmanly döwleti tarapyndan ýykylypdyr.

Anadolynyň ortasynda gurlan bir başga beglik bolsa Eretnaogullarydyr (1335-1381). Begligiň gurujysy Eretnanyň asly uýgur bolup, onuň ogly Mehmet begiň döwründe begligiň dolandyrylyşynda emirler rol oýnamaga başlapdyrlar. Munyň netijesinde bu begligiň öňde gelenlerinden Kady Burhaneddin Eretna begligini ýykyp öz döwletini gurupdyr (1381-1398). Ol öz hökümdarlygynda töweregindäki Jandarogullary, Garamanogullary, Tajeddinogullary we Osmanlylara garşy göreş alyp barypdyr. Kady Burhaneddiniň döwleti gurujysynyň ölüminden soňra derrew çöküpdir.

Anadolynyň demirgazygynda Garadeňiz sebitinde görülen ilkinji beglik Çopanogullary begligidir (takmynan 1227-1309). Bu beglik Oguzlaryň gaýy boýuna degişli Hüsamettin Çopan tarapyndan gurlupdyr. Bu beglik soňra öz

ýerini Jandarogullaryna (1292-1462) beripdir. Jandarogullary begligi Isfendiyarogullary ady bilen hem bilinýändir.

Garadeňiz sebitinde höküm süren bir başga beglik bolsa Perwanaogullary begligidir (1277-1322). Perwana Muünüddin Süleýmanyň öldürilmeginden soňra ogly Mehmet Sinopda Perwana ogullary ady bilen garaşsyz bir beglik gurupdyr. Bu beglik soňra Bafra we Sinoby eýeläpdir, şeýle hem Krym kenarýakalryna ýörişler gurnapdyr we Garadeňizde Jenewizliler bilen söweşipdir.

Garadeňiziň kenarýakasynda bu günki Bafra bilen Ordu arasynda gurlan türkmen begliginiň ady Tajeddinogullaydyr (takmynan 1348-1428).

Ilhanlylaryň Anadolydaky häkimi Çopan we ogly Timurtaş Anadolynyn hemme ýerinde höküm sürmek maksady bilen bu beglikleri ýykmak isläpdirler we doly däl hem bolsa üstünlik gazanypdyrlar. Emir Çopanyň 1327-nji ýylda Ilhanly hökümdary Abu Said Bahadyr han tarapyndan öldürülmesinden soňra Timurtaş memlükleriň ýanyna gaçypdyr. Beglikler üçin asyl howp Osmanly döwletiniň kämilleşmesi we osmanlylaryň Anadolyda syýasy bütünligi gurmak üçin herekete geçmegi bilen başlapdyr. Esasanam Ýyldyrym Bayezidiň döwründe (1389-1402) Garaman, Hamit, Menteşe, Aýdyn, Saryhan we Jandarogullary beglikleri ýykylypdyr. Teýmirleňiň Ankara söweşinde Ýyldyrym Baýezidi ýeňlişe sezewar etmegi bilen bu beglikler täzeden janlanan hem bolsalar, Osmanly döwletiniň gitdigiçe güýçlenmegi Anadolydaky beglikleriň ömürlerini gysgaldypdyr. Netijede in soňunda Osmanly döwleti bu beglikleri ýykyp, Anadoluda syýasy birligi gurmagy başarypdyrlar.

## Medeniýet we ylym

Anadoly Seljukly döwletiniň hökümdary Gylyç Arslan II başda bolmak bilen bu döwletiň soltanlary Anadolyda türkmen birligini, asudalygy we parahatçylygy saklap bilmekligi başardylar. Munyň netijesinde bolsa bu döwletde medeniyet çalt depginde ösüpdir. Esasanam Soltan Aladdin Keýkubat I-niň eden uly hyzmatlary netijesinde Anadoly Seljukly döwletini orta gündogaryň iň beýik döwleti derejesine çykarypdyr.

Anadoly Seljuklylary döwründe gurlan medreseler öz döwrüniň ylym-bilim ojaklary bolupdyr. Seljukly hökümdarlary, hatynlary we döwlet adamlary Anadolynyň hemme ýerinde diýen ýaly medreseler gurdurypdyrlar. Şeýlelik bilen ylym-bilim Anadolynyň hemme ýerine ýaýrapdyr. Esasanam mongol çozuşlaryndan gaçyp Horasanyň we Azerbeýjanyň üstünden Anadola göçmäge mejbur bolan alymlar, şahyrlar, senetkärler bu ýerlerdäki medreselerde dürli temalarda dersler berip gaty gymmatly alymlary ýetişdiripdirler. Esasanam Seljukly soltanlary we döwlet adamlary bu alymlara hemaýat edipdirler, olara uly hormat goýupdyrlar we gerekli her dürli maddy kömegi gaýgyrmandyrlar. Bu alym we şahyrlaryň arasynda başda Möwlana Jelaleddin Rumy we Ýunus Emre bolup, başga-da köp sanly şahsyýetler bardyr.

Esasanam Möwalan we Ýunus Emre Anadoluda türkmen we hristiýan jemagatlara uly täsir edipdirler. Möwlana hiçbir din, dil we jyns taýdan aýyrman, halky birleşdiriji rol oýnapdyr, wagyzlarynda we nesihatlarynda elmydama ynsan söýgüsini dillendiripdir. Ýunus Emräniň ýazan goşgulary bolsa bütin Anadola ýaýrapdyr. Onuň goşgularyndaky edebi gudrat we esasanam ynsan söýgüsi Anadolynyň serhetlerinden aşyp, dünýädäki ynsanlar tarapyndan uly haýranlyk bilen kabul edilipdir.

Anadoly Seljuklylary döwründe döwletiň resmi dili parsça bolupdyr. Beýik Seljukly we Anadoly Seljukly döwletleri döwründe türkmen dili medeniýet dili hökmünde kämilleşmedigi üçin ylmy we edebi eserler umuman parsça we arapça ýazylypdyr. Döwletiň resmi dili türkmençe bolmasa-da, halk ülkede türkmençe gürleşipdir.

Anadoly Seljukly soltanlary Anadolynyň her tarapynda metjit, medrese, hassahana, gala, köpri, hammam, kerwensaraý we şm. sosýal ymaratlar gurdurypdyrlar. Şeýle hem soltanlaryň ýakyn garyndaşlary, döwlet adamlary we maddy ýagdaýy bolan adamlar beýle eserleri halka hyzmat maksady bilen gururypdyrlar.

# II BÖLÜM
# Osmanly türkmen döwleti (1299-1918)

## Osmanly türkmen döwletiniň gurulmagy

Aziýa, Ýewropa we Afrika ýaýrap bir imperatorlugy emele getiren Osmanly türkmen döwletiniň türkmen we dünýä taryhynda örän möhüm orny bardyr. 1277-nji ýylda Söwütde, Anadolyda mesgen tutan türkmen toparlary özleriniň daşary ýurt duşmanlary tarapyndan her hili horluklara sezewar edilýändigini, howandar, goldaw isleýändiklerini aýdyp, ata Watana — Maryda ýaşaýan howandarlaryna, Ärtogrul gaza ýörite habar ýetirýärler. Şol habar esasynda Maryda ähli türkmen taýpalarynyň gatnaşmagynda maslahat geçirilýär. Netijede, Ärtogrul gazy 400 sany ýigidi bilen Anadolydaky türkmenlere goldaw-kömek bermek üçin ugraýar. Ärtogrul gazynyň ýolbaşçylygynda Merwden ugran 400 atly atabeglerden söweş, serkerdelik tilsimatlaryny birkemsiz öwrenen saýlama ýigitlerdi.

Eýýäm 1300-nji ýyllara çenli Anadoly Seljuk türkmenleriniň döwleti dagap başlaýar. Onuň ýerini ýuwaş-ýuwaş türkmen beglikleri alýar. Taryhda Osman türkmen döwletini döreden şol türkmen beglikleridir. Olaryň başyny Ärtogrul gazy çekipdir, özüniň dört ýüz türkmen atlysyna baş bolup gelendigi aýdylýar

Ärtogrul gazy dogany Dündar bilen Anadolynyň ýollaryny baglaýar. Beýleki iki dogany Gündogdy bilen Sungur hökümdar Horasana dolanýar. Ärtogrul gazy «Bu 400 türkmen öýlüden bir döwlet dünýä iner» diýip, altyn sözleri aýdypdyr. Olar Anadoluda birnäçe ýerlerden geçip, 1270-nji ýylda Söwüdi wizantiýalylardan aldylar. Seljuklylaryň soltany Alaeddin Keýkubat bu ýeňşi üçin Söwüdi oturmaga, Domaniç we Ermeni dagyny bolsa, ýaýla üçin Ärtogrul bege berdi. Ärtogrul beg tiresi bilen Söwüde ýerleşdi. Ol 1281-nji ýylda 93 ýaşynda wepat bolýar.

## Osman beg

Ärtogrul gazydan soň begligiň başyna ogly Osman saýlanýar. Atabeglerden söweş, serkerdelik tilsimatlaryny öwrenen Osman gazy 1299-njy ýylda Türkiýede güýçli döwlet döredýär.

Osman Gazynyň ýeňişleri goňşy rum şazadalaryny we esasanam Wizantiýanyň imperatoryny herekete geçirdi. Olaryň arasynda bolan we Koýunhisar söweşi ady bilen taryha geçen bu söweş, Osman begiň baştutanlygyndaky türkmenleriň uly ýeňşi bilen tamamlanýar (1302).

## Orhan beg

Osman begden soňra döwletiň başyna onuň ogly Orhan beg geçipdir. Onuň döwründe 1326-njy ýylda Bursany eýeleýär we bu şäheri döwletiň paýtagtyna öwürýär. Orhan begiň adyna ilkinji pul (akça) Bursada basylypdyr. 1329-1330-njy ýylda

Izniki, 1337-nji ýylda Izmiti we 1354-nji ýylda Ankarany eýelän Orhan gazy topraklaryny ulaltdy. Orhan beg Izniki eýeländen soňra döwletiň paýtagtyny Iznike geçirdi. Orhan beg türkmen-yslam äleminiň töweregindäki hristiýan äleme garşy, taryhyň sahnasyna çykyp beýgelmek üçin, aklyny we harby ukyplaryny birleşdirmegi başarypdyr.

## Soltan Myrat I

Orhan gazynyň ölümünden soňra ýerine ogly Myrat geçdi (1362). Soltan Myrat tagta geçeninden Rumeli tarapyna ýörişe çykdy we gysga wagtyň içinde Çorly we Lüleburgazy eyeledi. Ol bu ýerlere Anadoludan Türkmenleri getirip ýerleşdirdi. Soltan Myrat ýörişine dowam edip 1362-nji ýylyň içinde Edirnäni zabt etdi.

Osmanlylar eýelän yerleriniň guramaçylyk işleri bilen meşgulanýan döwründe serbiýalylar we bulgarlar Edirnäni gaýtaryp almak üçin herekete girişdiler. Hristiýan äleminiň lideri Papa Urben V-niň goldawy bilen wengerler, Bulgarlar, serbiýalylar, eflagyň şazadasy we bosnalylar birleşip Edirnä tarap ýola çykdylar. Edirnäniň günbatarynda Meriç derýasynyň öňünde bolan we Osmanly taryhynda Sypsyndygy ady bilen tanalýan bu söweşde türkmenler uly ýeňiş gazandylar (1364). 1365-nji ýylda Soltan Myrat Osmanly döwletiniň paýtagtyny Bursadan Edirne şäherine geçirdi.

1372-nji ýylda Günbatar Trakýada we Makedonýada serbiýalylara garşy Çirmen söweşinde uly ýeňiş gazanan Osmanlylar, bu üstünlikleri bilen Makedoniýa söwda ýollaryny açypdyrlar.

Ýewropada uly ýeňişler gazanmaga başlan Osmanly döwletiniň taryhynda möhüm orna eýe ebolan Birinji Kosowa söweşi 1389-njy ýylda bolupdyr. Başda serbiýalylar bolmak bilen Ýewropaly hristiýan halklardan ybarat bolan goşun bilen

Osmanly döwletiniň goşuny arasyndaky söweş türkmenleriň uly ýeňşi bilen tamamlandy. Kosowa söweşi türkmenleriň Rumelide ornaşmak maksady bilen Sypsyndygy we Çirmen söweşlerinden soňra gazanan üçünji uly söweşidir.

Ýöne Kosowa söweşinde Soltan Myrat söweş meýdanynda begenjinden gezmeläp ýören wagty bir serbiýaly tarapyndan hanjar bilen agyr yaralandy we gysga wagtyň içinde hem jan berdi. 29-30 ýyl höküm süren Soltan Myrat hemme söweşlerde diňe ýeňiş gazanypdyr, hiç ýeňilmändir. Ol Osmanly döwletiniň imperatorluk bolmak ýolunda düýbüni tutujy hökümdar hökmünde adyny taryha ýazdyrandyr.

## Soltan Ýyldyrym Baýezit

Soltan Myradyň şehit bolmagy bilen ýerine uly ogly Ýyldyrym Baýezit Osmanly tagtyna çykdy. Soltan Ýyldyrym Baýezidiň döwründe Osmanly döwleti Ýewropada we Anadolyda uly üstünlikler gazandy. Ol özüniň hökümdarlygy döwründe Anadolydaky türkmen begliklerini döwletiniň golastyna almagy başardy. 1396-njy ýylda Wengriýanyň ýolbaşçylygynda Wizantiýa we beýleki Ýewropa döwletleriniň hem goşulmagy bilen uly bir haçly goşunyna garşy Ýyldyrym Baýezidiň goşuny arasynda bolup geçen söweşde Osmanly döwleti taryhy ähmiýetli uly ýeňiş gazandy. Osmanly taryhçylary tarapyndan Nigbolu söweşi diýlip atlandyrylan bu beýik ýeňiş Osmanly türkmen döwletiniň taryhyndaky möhüm taryhy wakalaryň biri diýlip hasaplanylýar. Çünki bu taryhy beýik ýeňiş sebäpli, Soltan Baýezidiň ölüminden soňra döwletiň içindäki galagopluk döwründe haçlylaryň birisi hem Osmanly dölwetiniň üstüne çozmaga milt edip bilmändirler.

XIV asyryň soňlarynda Merkezi Aziýada, Demirgazyk Hindistanda we Eýranda uly ýeňişler gazanyp öz döwletini galkyndyran Emir Teýmirleň (Timur) bilen Soltan Ýyldyrym

Baýezidiň arasynda bolup geçen wakalar Osmanly döwletiniň pajygaly ýyllarydyr. XV asyryň başynda has takygy 1402-nji ýylyň 28-nji iýulynda Teýmirli döwleti bilen Osmanly döwletiniň arasynda bolup geçen Ankara söweşinde Emir Teýmirleň uly ýeňiş gazandy. Bu söweşde Emir Teýmirleňiň goşunynyň sany 160 müň adamdan ybarat bolup, şeýle hem 32 sany pil bardy. Soltan Ýyldyrym Baýezidiň goşuny bolsa 70 müň adamdan ybaratdy. Ýagny Teýmirleň bu söweşe gaty uly ähmiýet beripdi. Netijede Osmanly goşuny derbi dagyn edildi, Soltan Ýyldyrm Baýezit bolsa ýesir düşdi. Ýesir soltan Teýmirleňiň hut özi tarapyndan garşylandy we Osmanly soltanyna hormat goýlupdyr.

Teýmirleň gysga wagtyň içinde günbatar Anadolydaky topraklary hem eýeledi we türkmen begliklerine ýerlerini yzyna gaýdyp berdi. Şeýlelik bilen Teýmirleň bu türkmen begliklerini özüne tabyn kyldy. Teýmirleňiň Anadolynyň günbatar tarapyna eden ýörişinde ýesir soltan hem ýany bilen äkidilipdir. Ýyldyrym Baýezit Teýmirleňiň 15 gün ýaly gysga wagtyň içinde Izmiri basyp alyşyna haýran galypdyr. Baýezit 8 aýlap ýesirlkde bolupdyr we Teýmirleňiň özüni Samarkanda äkitjegini eşiden badyna barmagyndaky ýüzügünüň gaşynyň astyndaky zäheri içip 1403-nji ýylyň 9-njy martynda ýogalypdyr.

### Osmanly türkmen döwletinde galagopluk döwri

Osmanly döwletiniň goşunynyň Ankara söweşinde ýeňilmegi netijesinde Anadoludaky türkmen beglikleriniň hökümdarlary topraklaryny yzyna aldylar we Osmanly şazadalarynyň arasynda tagt ugrunda göreş başlady.

Teýmirleňiň esas maksady beýik we kuwwatly Osmanly döwletiniň ýerine özüne tabyn birnäçe Osmanly begligini meýdana getirmekdi. Şol sebäpli hem ol öň Anadoly beglerine degişli bolan topraklary olara gaýtaryp berdi, galan Osmanly

topraklaryny bolsa Baýezidiň dört ogluna paýlap beripdir. Şeýlelikde Teýmirleňiň Osmanly döwletiniň topraklaryny şazadalaryň arasynda paýlap bermegi bilen 11 ýyllap döwletiň içinde galagopluk ýagdaý bolupdyr, ýörişler durupdyr. Bu döwürde Osmanly şazadalary Süleýman Çelebi, Isa Çelebi, Mehmet Çelebi we Musa Çelebi birbirleri bilen söweşipdirler. Netijede 1413-nji ýylda Mehmet Çelebi Osmanly döwletiniň başyna geçmegi başarypdyr.

## Osmanly türkmen döwletinde galkynyş döwri

### Fatyh Soltan Mehmet

Osmanly döwletiniň galkynyş döwrüniň başlangyjy Soltan Mehmet II-niň ýa-da meşhur ady bilen Fatyh Soltan Mehmediň 1451-nji ýylda tagta çykmagy bilen başlanýar. Soltan Mehmet II-niň döwri taryhçylar tarapyndan "Orta asyryň ýapylyp täze döwrüň başlangyjy" diýlip hem kabul edilýär. Soltan Mehmet II-niň döwrüniň iň esasy wakasy 1453-nji ýylda Osmanly goşunynyň Wizantiýanyň ýüregi bolan Konstantinopoly (häzirki Stambul) eýelemegidir. 1453-nji ýylyň 29-njy maýynyň sişenbe güni Fatyh Soltan Mehmet Wizantiýanyň 1125 ýyllyk paýtagty Stambula girdi.

Fatyh Soltan Mehmet 1459-njy ýylda Serbiýa we 1463-nji ýylda Morany eýeläninden soňra 1468-nji ýylda Albaniýa, Eflak, Bogdan (Moldawiýa) we Bosnany hem Osmanly döwletiniň häkimiýeti astna aldy. 1472-nji ýylda iki türkmen döwletiniň hökümdarlary, ýagny Osmanly türkmen döwletiniň soltany bilen Akgoýunly türkmen döwletiniň hökümdary Uzyn Hasan arasynda bolup geçen Otlukbili söweşi Osmanlylaryň taryhy ýeňşi bilen tamamlandy. Fatyh Soltan Mehmet özüniň hökümdarlygynda wenesiýalylar bilen 16 ýyllap söweşdi we 1479-njy ýyldaky şertnama bilen olary salgyt tölemäge mejbur

etdi. Osmanly döwletiniň bu beýik hökümdary 1475-nji ýylda Krym ýarym adasyny hem özüne tabyn kylyp döwletini imperatorluk derejesine çykardy.

Fatyh Soltan Mehmet 1481-nji ýylyň 4-nji maýynda hassalanyp ýogaldy. Ol Stambuly eýelemek bilen 1100 ýyllyk Gündogar Rim Imperatorlugyny ýykyp Fatyh ünwanyny aldy. Ol 1481-nji ýyla çenli 30 ýyllap soltanlyk etdi we hut özi 25 ýörişe gatnaşdy. Ol Stambuly eýeläninden soňra ilkinji juma namazyny metjide öwrülen Hristiýanlaryň meşhur ybadathanasy bolan Aýasofýada okapdyr. Häzirki döwürde Aziýa sebitiniň iň meşhur söwda merkezlerinden biri bolan Stambuldaky Kapaly çarşy Fatyh Soltan Mehmediň döwründe gurlupdyr. Bu beýik türkmen soltany bu ýagty jahana gözlerini ýumanda Ýewropany titredýän beýik bir döwleti miras goýupdyr. Fatyh Soltan Mehmediň gubury Stambuldadyr.

## Ýowuz Soltan Selim

Osmanly taryhynyň möhüm hökümdarlaryndan biri hem Selim I-dir. Ýowuz Soltan Selim ady bilen tanalýan bu beyik türkmen hökümdary 1512-nji ýylda Osmanly döwletinde tagta çykdy. Ol Sefewi hökümdary Şa Ysmaýylyň Anadolyda şaýylyk mezhebini ýaýratmak üçin edýän işleriniň öňüni almak maksady bilen 1514-nji ýylda Eýran ýörişe çykdy. Şol ýylyň awgust aýynda bolup geçen Çaldyran söweşinde Osmanly döwleti uly bir ýeňiş gazandy. Bu söweşden soňra Şa Ysmaýyl gaýdyp Osmanly döwletine golaýlaşyp bilmändir. Ýowuz Soltan Selim 1516-njy ýyldaky Merjidabyk we 1517-nji ýyldaky Ridaniýe söweşlerinde memlüklere garşy taryhy ähmiýetli ýeňişler gazandy. Bu ýeňişleriň netijesinde Memlük döwleti ýykyldy we Müsür Osmanly döwletiniň häkimiýetine girdi.

Ýowuz Soltan Selim imperatorlugy saklamak üçin diňe bir gury ýerde däl-de eýsem deňizde hem güýçli bolmalydygyna gowy düşünýärdi. Soltanyň emri bilen 1518-nji ýylda Stambulda gämi gurmak we oňarmak üçin ýörite ýeriň açylmagy bilen Osmanly türkmen döwleti deňizde hem güýjüni görkezmäge başlady.

Osmanly döwletiniň bu beýik soltany 1520-nji ýylda 51 ýaşynda iki omzynyň arasyna çykan çyban sebäpli ýogaldy. Ýowuz Soltan Selimiň gubury Stambuldadyr.

## Kanuny Soltan Süleýman

Osmanly taryhynda bu döwletiň iň uly topraklara eýe bolan döwri Yowuz Soltan Selimiň ogly Kanuny Soltan Süleýmanyň döwrüdir (1520-1566). Ol kakasyndan miras galan topraklary ýarym asyra ýakyn bir döwrüň içinde günbatara we gündogara köp sanly ýörişler gurnapdyr. 1538-nji ýyldaky Preweze deňiz söweşinde Papalygyň harby deňiz goşunyny derbi-dagyn edilmegi, Ommanyň Osmanly häkimiýetine alynmagy we Ýewropalylar bilen bolan köp ýyllyk göreşleriň netijesinde Kanuny Soltan Süleýman döwletiniň topraklaryny giňeldipdir. Ol jemi 13 ýörişe hut özi gatnaşypdyr we 13-nji ýörişinde şehit bolupdyr. Bu beýik türkmen soltany Osmanly patyşalarynyň içinde goşun tarapyndan iň köp söýülen we hormatlanan hökümdar bolupdyr. Kanuny Soltan Süleýmanyň gubury Stambuldadyr.

## Soltan Selim II

Kanuny Soltan Süleýmanyň ogly Selim II öz hökümdarlygy döwründe Osmanly döwletiniň ýöriş syýasatyny dowam etdiripdir. Esasanam onuň döwründe 1571-nji ýylda Kipr adasynyň Osmanly häkimiýetine geçmegi möhümdir. Bu adany yzyna almak üçin Papalyk, Ispaniýa, Wenesiýa we

Maltanyň soýuzdaşlygyndaky harby gämileri bilen Osmanly deňiz harby güýçleri arasynda 1571-nji ýylda bolup geçen we taryhda Inebahty söweşi ady bilinen söweşde haçlylar uly ýeňiş gazandylar. Bu söweşden soňra wenesiýalylar bilen bir şertnama baglaşylan hem bolsa, Kipr, Osmanly döwletiniň häkimiýetinde galypdyr.

Soltan Selim II ýa-da Sary Selim ady bilen hem bilinen Bu hökümdar goşuny bilen hiçbir ýörişe gatnaşmadyk ilkinji Osmanly soltanydyr. Şeýle hem ol Stambulda ýogalan ilkinji Osmanly patyşasydyr.

## Osmanly türkmen döwletiniň pese gaçmagy we ýykylmagy

### Karlofça şertnamasy

Osmanly döwleti XVII asyryň ahyrynda ilkinji gezek toprak ýitiripdir. Soltan Mustafa II-niň döwründe Osmanly döwleti Awstriýa üç gezek ýöriş gurnady. 1695-nji we 1696-njy ýyllardaky iki ýörişde uly ýeňiş gazan Osmanly goşuny, 1697-nji ýyldaky üçünji ýörişde, Zenta söweşinde agyr bir ýeňlişe duçar boldy. Bu ýeňlişden soňra Osmanly döwleti Osmanly döwleti ýitiren topraklaryny yzyna almak umydyny ýitiripdir. Zenta ýeňlişinden soňra Osmanly döwlet adamlarynyň arasynda parahatçylyk şertnamasynyň tarapdarlarynyň sany köpeldi.

1699-njy ýylda gol çekilen Karlofça şertnamasy bilen Osmanly döwletiniň Ýewropa ýörişleri durupdyr. Mundan soňra döwletiň ýeke-täk gaýgysy bar bolan topraklary gorap saklamakdan ybarat bolupdyr. Esasanam Wengriýa topraklarynyň ýitirilmesi bilen Osmanly döwletiniň Orta Ýewropadaky häkimiýeti soňlanýardy.

### Prut söweşi

Osmanly taryhyndaky möhüm söweşleriň biri hem Russiýa garşy bolan Prut söweşidir. Soltan Ahmet III-niň

soltanlygy döwründe, has takygy 1711-nji ýylda Russiýa garşy harby ýörişe çykan Osmanly goşunynyň sany ruslardan dört esse agdykdy we ruslar çykgynsyz ýagdaýa düşüpdiler. Russiýa Osmanly döwletine ylalaşyk teklip etdi. Ýöne Osmanly döwleti belki-de täzeden doguş diýlip atlandyryljak bu taryhy pursatdan peýdalanyp bilmedi we Russiýa bilen ylalaşyga razy boldy. Goşunyny uly bir betbagtçylykdan sypdyrmagy başaran Russiýanyň Patyşasy Pýotr I üçin bu diplomatiki ýeňişdir.

## Kiçi Kaýnarja şertnamasy

Osmanly bilen Russiýanyň arasyndaky gapma-garşylyk Soltan Muftapa III-niň döwründe hem dowam etdi. Osmanly döwleti bilen Russiýanyň arasynda 1768-nji ýylda başlap alty ýyl dowam eden söweşiň netijesinde, 1774-nji ýylda, Soltan Abdülhamit I-niň döwründe Osmanly döwleti bilen Russiýanyň arasynda Kiçi Kaýnarja şertnamasyna gol çekildi. Bu şertnamanyň Osmanly döwleti üçin iň agyr maddasy Krymyň Osmanly döwletiniň häkimiýetinden çykmasydyr. Şertnama bilen Krym garaşsyz bolýar, yöne dini taýdan Yslamyň halyfy Osmanly soltanyna bagly bolupdyr. Kiçi Kaýnarja şertnamasynyň üstünden 9 ýýl geçende, Russiýa 1783-nji ýylda Krymy basyp aldy.

## Ilkinji reformator patyşalar

Osmanly taryhynda ilkinji reformator patyşalar diýlende iň başda Soltan Selim III we Soltan Mahmyt II gelýär. Olaryň hökümdarlyk zamanasynyň Osmanly döwletiniň çöküş döwrüne gabat gelmegi we olaryň döwleti bu çöküşden alyp çykmak üçin eden tagallalary ulydyr. Olar harby, dolandyryş, ykdysadyýet, söwda, ylym-bilim we syýasat ulgamynda düýpli reformalar amala aşyrypdyrlar. Meselem Selim III-niň döwründe Osmanly döwleti daşary ýurtlarda ilkinji ilçihanalaryny açypdyr, şeýle

hem döwlet dolandyryş ulgamynda ukyply kadrlaryň saýlanyp alynmagy ýaly täzelikler getirilipdir.

Soltan Mahmyt II-niň döwründe bolsa esasanam ylym-bilim pudagynda düýpli reformmalar amala aşyrylydpyr. Soltanyň permany bilen Stambulda başlangyç bilim mejbury ýagdaýa getirilipdir. Şeýle hem lukmançylyk bilen baglanyşykly ylym-bilim ojaklarynyň açylmaga başlanýar. Onuň hökümdarlygy döwründe 1831-nji ýýlda “Takwimi Wekaýy” atly hepdelik resmi ilkinji gazet türk we fransuz dillerinde çykmaga başlady.

## Tanzymat permany

Soltan Abdülmejidiň döwründe Osmanly döwlet adamlary günbatarayň hukugynyň Osmanly döwletinde hem ýola goýulmalydygyna pugta ynanypdyrlar. Ýagny başgaça aýtsak Osmanly döwletine günbataryň hukugynyň giriş senesi 1839-njy ýyldyr. 1839-njy ýylyň awgustynda Osmanly döwleti Tanzymat (nyzam bermek) Permanyny bütin dünýä yglan edipdir. Bu permana görä halkyň janynyň we malynyň gorag astynda bolmalydygy aýratyn bellenilip geçilýär. Ýagny döwlet adam üçindir prinsibi esas alnypdyr. Şeýle hem permanda musulmanlar bilen musulman bolmaýanlaryň kanularyň öňünde deňdigi bellenilip geçilýär, ýagny deň hukuklydyk prinsibi esas edilip alnypdyr.

## Krym söweşi

1854-1856-njy ýyllar arasynda bolup geçen osmanly-rus söweşi ýa-da başgaça aýdylanda Krym söweşi Osmanly taryhynda möhüm orun tutýar. Ruslarýn Stambul bogazlarynyň üsti bilen Ortaýer deňzine açylmak syýasaty diňe Osmanly döwletini däl, eýsem beýleki Ýewropa döwletlerini hem howatyrlandyrýardy. Osmanly döwleti ruslaryň bu syýasatyna

garşy çykan Ýewropa döwletleriniň (Fransiýa; Angliýa) hem goldawyny alyp, Russiýany ýaraşyk etmäge mejbur etmek üçin Kryma çozdylar. 1855-nji ýýlda bu üçli soýuzdaşlyga Italiýadaky Piýemonte hökümedi hem goşuldy. Bu söweşde soýuzdaş üç daşary ýurt goşunynyň sany 100 müň, Osmanly döwletiniň goşunynyň sany bolsa bary-ýogy 7 müň töweregi bolupdyr. 1855-njy ýylyň dekabrynda iki tarap hem ýaraşyk etmäge meýilli bolandyklary üçin söweşe bes edildi. Krym söweşiniň netijesini jemlemek üçin 1856-njy ýylda Pariž kongressi ýygnandy. Osmanly döwleti taryhynda ilkinji gezek bir kongresse gatnaşan döwletler bilen deň hukukly döwlet bolup gatnaşypdyr. Bu şertnama bilen Garadeňiz bitarap statusuna eýe bolupdyr. Osmanly döwleti taryhynda ilkinji gezek Krym söweşinde daşary ýurtdan karz pul alypdyr.

## Yslahat permany

1856-njy ýýlda yglan edilen Yslahat Permany Osmanly döwletiniň topraklarynda ýaşaýan musulman bolmaýan ilata täze hak we hukuklar getiripdir. Daşary yurt döwletleriniň basgysy astynda yglan edilen bu perman bilenOsmanly döwleti, öz topraklarynda ýaşaýan musulman däl raýatlarynyň üstündäki häkimiyetini ýitiripdir.

## Soltan Abdülhamyt II we ilkinji Konstitusiýa

Osmanly tagtyna Soltan Abdülhamyt II-niň 1876-njy ýýlda çykmagy bilen döwletiň taryhynda täze özgerişlikleriň döwri başlanýar. Soltan Abdülhamydyň döwrüniň aýratynlygy onuň hökümdarlygynyň ilkinji ýyllaryndaky osmanly-rus söweşini bir tarapa goýsak, onuň 33 ýyllyk hökümdarlygynda Osmanly döwleti hiç söweşe girmändir. Soltan Abdülhamidiň ilkinji reformalarynyň biri 1876-njy ýylda Osmanly taryhynda ilkinji gezek mejlisi açyp, Kanuny Esasyny (Konstitusiýa) yglan

etmegdir. Ýöne bu mejlisdäki deputatlar bu Kanuny Esasynyň soltanyň häkimiýetiniň serhetlerini örän giňiş tutýandygyny aýdyp garşy çykmaga başlamagy netijesinde 1877-nji ýylda Soltan Abdülhamit II bu Konstitusiýany düýbünden ýatyrypdyr, mejlisi bolsa dargadypdyr.

**Aýastefanos şertnamasy**

Soltan Abdülhamit II-niň hökümdarlygynyň başlarynda 1877-1878-nji ýyldaky osmanly-rus söweşinde Russiýa goşuny Stambulyň etegine çenli gelmegi başarypdyr. Kyn ýagdaýda galan soltan ruslar bilen Aýastefanos şertnamasyna gol çekipdir (1878). Bu şertnama bilen Osmanly döwletiniň demirgazyk-gündogar sebitleri Russiýanyň golsatyna geçipdir. Angliýa Ayastefanos şertnamasyny bahana edip, yagny Russiýanyň günorta tarap gelmeginiň öňüni aljakdygyny bahanalap 1878-nji ýylda Osmanly döwleti garşy bolsa-da Kipre ýerleşipdir.

**Hijaz demirýoly**

Soltan Abdülhamit II Panislamizm ýagny Yslamjylyk ideologiýasyny güýçli derejede ulanmagy başaran Osmanly patyşasydyr. Onuň iň beýik eserlerinden biri hem Hijaz demir ýolydyr. 1901-1908-nji ýyllar arasynda tamamlanan demirýoly Şam-Medine arasyny bir-birine baglapdyr. Bu demir ýoluň gurluşygy üçin gerekli harajatlar diňe musulmanlardan ýygnanypdyr we gurluşygynda-da diňe musulmanlar işläpdirler.

**Trablusgarp söweşi**

Osmanly döwletiniň demirgazyk Afrikadaky iň soňky topraklary Trablusgarpdy (Liwiýa). Bu topraklar entek XVI asyrda Osmanly döwletiniň häkimiýetine geçipdi. Bu ýerde Alžir, Tunus, Trablusgarp ojaklaryndan meýdana gelen we adyna “Garp (magryp) ojaklary” diýlip atlandyrylan aýry bir

dolandyryş edarasyny gurupdy. Ýöne Fransiýanyň Alžiri basyp almagy bilen galan iki “ojak” bilen has ýakyn gatnaşyk gurmaga başlapdy. 1835-nji ýylda Trablusgarp gönüden-göni merkeze baglanypdy.

Fransiýanyň Tunusu hem basyp almagy bilen galan ýeke-täk toprak Trablusgarba Italiýa ýuwaş-ýuwaşdan meýil edýärdi. Italiýa 1911-njy ýylyň 28-nji sentýabrynda Osmanly döwletine Trablusgarby boşatmagy üçin 24 sagat wagt berdi. Osmanly döwleti Italiýanyň talabyny yzyna gaýtarmagy bilen 29-njy sentýabrynda söweş başlady.

Osmanly döwleti bilen Italiýanyň arasyndaky söweş 1912-nji ýylyň oktýabryndaky Uşi şertnamasy bilen tamamlandy. Uşi şertnamasy bilen Osmanly döwleti demirgazyk Afrikadaky iň soňky topraklaryny hem ýitirdi.

## Balkan söweşleri

XX asyryň başlarynda Ýewropanyň günorta taraplary ýagny Balkanlar sebiti, Osmanly döwletiniň iň pajygaly ýerleriniň biridir. 1912-nji ýylyň oktýabryndan 1913-nji ýylyň awgustyna çenli dowam eden we 10 aý süren Balkan söweşleri iki perdeli bolupdyr.

Osmanly döwleti Balkan söweşinde içeri we daşary sebäpler ýüzünden taryhynyň iň uly ýeňlişlerinden birine sezewar bolupdyr. Munyň netijesinde Ýewropanyň ortasyndan Meriç derýasyna çenli gündogara çekilmäge mejbur bolupdyr. Şeýlelikde Gündogar Trakýanyň daşyndaky Ýewropadaky ähli topraklaryny ýitiripdir. Uly döwletleriň karary we diplomatiki ýollardan Ortaýer deňzindäki adalaryň hemmesini diýen ýaly Italiýa we Gresiýa bermäge mejbur bolupdyr.

Balkan söweşleri netijesinde Osmanly döwleti 550 ýyl töweregi höküm süren topraklaryny ýitirmek bilen bir hatarda esasanam Gresiýa we Bulgaristana beren topraklaryndaky

Türkler bu döwletleriň we halklaryň basgysy netijesinde Anadola göçmäge başlapdyrlar. Birnäçe aýyň içinde Makedoniýadan Anadola 200 müň türk göçüp gelipdir. Gresiýa, Bulgaristan we Serbiýadan ýagny Balkanlardan göçenleriň sany bolsa 400 müň töweregidir.

## Osmanly türkmen döwleti birinji jahan urşy ýyllarynda

XX asyryň başlarynda Ýewropada döwletleriň arasynda bloklaşmalar başlapdy we 1914-nji ýyla gelinende Awstriýa-Wengriýanyň mirasdüşeri François Ferdinandyň we ayalynyň Saraýbosna zyýaraty wagtynda bir serbiýaly tarapyndan öldürülmegi bilen Birinji jahan urşy başlandy.

Osmanly döwleti Ýewropadaky iň soňky topraklaryny hem ýitireninden soňra özüne soýuzdaş gözledi. Ýöne hiç bir döwlet Osmanly döwleti bilen hereket etmek islemeýärdi. Osmanly döwletiniň soýuzdaşlyklara kabul edilmeýişiniň esas sebäbi, uruş turan ýagdaýynda Osmanly döwletinden paý alyp bilmek üçindir. Şeýle hem Angliýa we Fransiýa ýaly döwletler Osmanly döwletini agyr ýük diýip hasap edipdirler. Bütin bu meseleler Osmanly hökümedini Germaniýa ýakynlaşdyrypdyr.

1914-nji ýylyň 2-nji awgustynda Germaniýa Osmanly döwletini özüniň soýuzdaşy diýip kabul edipdir. Ýöne Osmanly döwleti Germaniýa bilen edilen ylalaşygyň goranyş maksatly ylalaşykdygyny beýan edipdirler.

Osmanly hökümedi ylalaşygyň goranyş maksatlydygyny aýtsa-da 1914-nji yylyň 3-nji awgustynda Goben we Breslaw atly harby gämilerini Stambula iberipdir. Halkara şertnamalara görä bu gämileriň 24 sagadyň içinde Türkiýeden çykmasy gereklidi. Ýöne Osmanly hökümedi bu gämileri satyn alandygyny yglan etdi.

Germaniýa Osmanly döwletini näme üçin söweşe sokmak isleýärdi? Perişan ýagdaýdaky Osmanly döwleti

Germaniya nähili kömek berip bilerdi? Germaniýanyň Osmanly döwletini söweşe sokmak isleginiň iň esasy sebäbi, Osmanly soltanynyň Halyflyk statusyny ulanyp dünýädeki musulmanlary öz tarapyna çekmekdi. Ýöne bu hasaplama biraz yalňyşrakdy. Sebäbi Osmanly döwleti Soltan Abdülhamyt II-den soňra Yslamjylyk ideologiýasyny taşlap, Türkçülik ideologiýasyny alyp barýardy. Şeýle-de dünýädäki musulmanlar söweşe çagyrylýar, ýöne Osmanly döwletiniň birinji soýuzdaşy musulman däldi. Galyberse-de Osmanly döwletiniň garşysyndaky döwletleriň goşunlarynda-da Afrikadaky koloniýalaryndan getirilen musulmanlar bardy. Ýagny Germaniýanyň hasaby tutmandy.

Germaniýanyň we Awstriýanyň basgylary netijesinde 1914-nji ýylyň 27-nji sentýabrynda gämiler Garadeňize çykdylar we 29-njy oktýabrda Russiýanyň Siwastopol, Odessa we Noworossiýsk portlaryny we şäherlerini topa tutupdyr. Şeýlelikde Osmanly döwleti söweşe girdi.

Osmanly döwleti Birinji jahan urşunda birnäçe frontda söweşdi. Bu frontlaryň hemmesi hem möhümdir, ýöne içlerinde biriniň türk taryhynda tutýan orny başgadyr. Çanakgala söweşi Birinji jahan urşynyň içinde taryhy ähmiýeti örän uly bolan ýeňişdir.

## Çanakgala söweşi

Angliýa we Fransiýa entek Birinji jahan urşunyň başlarynda Stambuly we bogazlary eýelap, Osmanly döwletini söweşiň daşyna itmek we soýuzdaşlary Russiýa kömek ibermek üçin Çanakgalada bir front açmaga karar beripdirler. Bu düşünjäni durmuşa geçirmek üçin Angliýanyň we Fransiýanyň söweş gämileri bogazlara tarap herekete geçdiler.

Duşman soýuzdaşlaryň esasy hüjümi 1915-nji ýylyň 18-nji martynda boldy. Emma duşman gämileri Türkler tarapyndan

Çanakgala bogazynda durzuryldy. Suw ýoly bilen geçip bilmejegini aňan iňlisler we fransuzlar pyýada goşunlaryny Geliboly ýarymadasyna iberdiler. Mustafa Kemalyň baştutanlygyndaky türk esgerleri duşman bilen toprakda-da dişini dyrnagyna dakyp söweşdi we 1916-njy ýylyň 8-9-njy ýanwarynda iňlisler we fransuzlar Çanakgala frontyndaky esgerlerini dolulygyna yzyna çekdiler.

Bu söweşiň netijesinde 200 müň töweregi türk ynsany şehit bolupdyr. Iňlisleriň we fransuzlaryň ýitgileri hem 250 müň töweregidir. Şeýle hem bu söweşiň türkleriň taryhy ýeňşi bilen tamamlanmagy netijesinde, Birinji jahan urşunyň uzamagyna sebäp bolupdyr.

## Mondros şertnamasy

1918-nji ýylyň 30-njy oktýabrynda Mondros şertnamasy bilen Osmnly döwleti Birinji jahan urşundan çekilipdir. 25 maddalyk bu şertnamanyň esasanam 7-nji we 24-nji maddalary Osmanly döwletiniň garaşsyzlygyna zeper beren maddalardyr. Muňa görä soýuzdaş döwletler, Osmanly döwletinde haýsy hem bolsa özlerine garşy bir howp salyjy ýagdaý ýüze çykan halatynda bu sebiti basyp almaklyk hakyna eýedirler. Şeýle hem Osmanly döwletiniň alty welaýatynda ýagny, Erzurum, Wan, Harput, Siwas, Bitlis we Diýarbakyrda mesele ýüze çykan halatynda bu sebitleri basyp almaga hukuk gazandylar.

Osmanly döwleti Birinji jahan urşunda 2 850 000 kişini söweşe çagyrypdyr, olardan 2 290 000-üni dürli sebäplerden (şehit, hassa, tussag we şm.) ýitiripdir.

## Medeniyet we ylym

Osmanly türkmen döwleti ylym-bilime aýratyn sarpa goýan döwletleriň başynda gelýär. Olar ylymda türkmenleriň asyrlardan bäri dowam edip gelýän medeniýetleri bilen Yslam

medeniýetini birleşdiripdirler. Şeýle hem höküm süren topraklardaky we Ýewropadaky medeniýetden hem peýdalanypdyrlar.

Osmanly döwletinde başlangyç bilim sybýan mekdepleri diýlip atlanyrylýan mekdeplerde berlipdir. Bu mekdepler 5-6 ýaşlaryndaky çagalara okamagy, ýazmagy, käbir dini bilgileri we ýeňil matematikany öwretmek üçin gurlan mekdeplerdir. Sybýan mekdepleri Osmanly döwletinde dürli atlar bilen atlandyrylypdyr: Darut-talim, Darul-ilm, Mugallymhana, Mektep, Mektephana, Mahalle mektebi, Taş mektep, Mektebi Ibtidaiye we Sybýan mektebi. Bu mekdepleriň mugallymyna “mugallym”, kömekçisine “kalfa”, okuwçylaryna bolsa “talaba, suhte, tilmiz, puser we şägirt” diýlipdir.

Bilimlerini artdyrmak isleýänler medreselerde okuwlaryna dowam edipdirler. Medreseleriň mugallymlaryna müderris, okuwçylara bolsa danyşmen, talaba diýlipdir. Osmanlylar medrese guranlarynda özlerinden öňki Seljuklylary we Anadoly begliklerini mysal edip alypdyrlar. Bu medreselerde Şam, Müsür, Bagdat we Samarkandda okap bilim alan alymlar dersler beripdirler. Osmanly döwletinde hakyky manyda medrese ulgamy Fatyh Soltan Mehmediň döwründe gurlupdyr. Bu ulgam Osmanly medrese ulagmynyň oňurgasy bolupdyr.

Osmanly döwletinde harby bilime aýratyn üns beripdirler. Şol maksat bilen hem “ajemioglanlar ojagy”, “ýeniçeri ojaklary” we “enderun” atly bilim berýän edaralarda oglanlara ýörite harby terbiýe we bilim berlipdir.

Şeýle hem her ýaşdaky halka elmydama açyk bolan ýerlerde hem ylym-bilim berlipdir. Osmanly döwletinde metjitler diňe bir ybadat edilýän ýer däl-de eýsem halk köpçüligine ylym-bilim berýän hyzmat “öýi” bolupdyr.

Osmanly metjitleriniň aglabasynyň kitaphanasy bolupdyr. Şeýle hem hususy kitaphanalar hem halka hyzmat edipdir. Kitaphanalar bir tarapdan halky kitap bilen üpjün edýän bolsa, başga bir tarapdan bolsa bu ýerde işleýän ylym-bilimli adamlar halkyň bilim derejesini artdyrmak üçin işler alyp barypdyrlar.

Her ýaşdaky halkyň ylym-bilim bilen baglanyşykly gyzykly söhbetlere gatnaşýan ýerleriniň biri hem kitap satylýan ýerler boludyr. Alymlaryň, talabalaryň we kitap bilen gyzyklanýanlaryň üýşýän ýeri bolan kitap dükanlarynda ylmy söhbetler gurnalypdyr, jedeller bolupdyr. Kitap satyş ýerleri ylym-bilimiň ýeri bolşy ýaly, kitap satyjylar hem gymmatly kitaplary halka ýetirmek bilen halkyň aňyýetiniň derejesini artdyrmakda möhüm wezipäni alyp barypdyrlar.

Osmanly döwletinde Soltan Mahmyt II-niň döwründe 1839-nji ýylda "rüşdiýeler" açylypdyr. Rüşdiýe mekdepleri dereje bpýunça sybýan mekdepleriniň üstünde bolupdyr. Rüşdiýelere başda diňe musulman talabalar alynýan bolsa, 1867-nji ýyldan başlap musulman bolmaýanlaryň çagalary hem alynmaga başlapdyr. Rüşdiýeler 4 ýyllyk bolupdyr. 1869-njy ýylda rüşdiýeleriň dowamy hökmünde 3 ýyllyk idadi okuwlary açylypdyr. 1867-nji ýylda rüşdiýe we idadiniň üstündäki sultani mekdepleri açylypdyr. Sultanileriň açylmagyna Soltan Abdülaziziň 1867-nji ýyldaky Pariže bolan zyýaraty sebäp bolupdyr. Bu ýerde soltan fransuz mekdeplerini halapdyr we Stambula gelip 1868-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda fransuz liseýleriniň modelindäki Galatasaraý sultanisini açypdyr. Sultaniler 5 ýyllyk okuwlar bolup, soňra 3 ýylyk taýýarlyk hem goşulypdyr we jemi 8 ýylda tamamlanypdyr.

Osmanly döwletinde ýokary okuw mekdepleriniň derejesindäki mekdepler XVIII asyryň ortalarynda XIX asyryň başlarynda açylypdyr. Olardan "Mekdebi mülkiýei şahane"

1859-njy ýylda, “Hendesei mülkiýe mekdebi” 1883-nji ýylda, “Mekdebi tybbyýeýi şahane” 1867-nji ýylda, “Mekdebi hukuki şahane” 1880-nji ýylda, “Tijaret mekdebi” 1882-nji ýylda, “Darül muallimin” 1848-nji ýylda we “Darül-fünun” 1863-nji ýylda açyldy.

Şeýle hem Osmanly döwletinde Möwlana Jelaleddin Rumynyň Mesnewisini öwretmek maksady bilen 1844-nji ýylda Stambulda “”Darül mesnewi açylypdyr. 1918-nji yylda şeýhulyslamlyga (din işlerine) bagly gurulan “Darul-Hikmetül-Yslamiýe” atly edara ynsanlara yslamy tanatmak maksady bilen gurlupdyr.

Osmanly döwletindäki ilkinji Ylymlar Akademiýasy bolan “Enjümen-i Daniş” 1851-nji ýylda açylypdyr. Enjümeni Danişiň alymlaryň arasyndan saýlanan 70 agzasy bolupdyr. Olardan 40 sanysy hökmany suratda günbatar dillerinden birini gowy derejede bilipdirler. Enjümeni Danişiň esas maksady türk dilini kämillleşdirmek, Darul Fünuna gerekli we beýleki dürli ylmy kitaplary ýazmak we terjime etmekden ybarat boupdyr.

Sadrazam Fuat Paşa we Ahmet Jewdet Efendiler bu ýerde ýazylan ilkinji eser bolan “Kawaidi Osmaniýeyi” Soltan Abdülmejide sowgat etdiler. Şeýle hem Ahmet Jewdet Paşa iki jiltlik Osmanly taryhyny bu ýerde taýýarlapdyr.

Daşary ýurtly alymlardan meşhur iňlis gündogarşynasy James W. Redhouse, nemes taryhçysy Hammer we fransuz gündogarşynasy Bianchi bu ylym ojagynyň agzalary bolupdyrlar.

Ylymlar Akademiyasyna ilki başlarda diňe alymlar agza bolan bolsalar, soňralary käbir syýasatçylar hem agza bolmaga başlapdyrlar we munyň netijesinde alymlar bir tarapa itilipdir. Şeýlelikde akademiýa özünden talap edilenleri berip bilmändir we 1862-nji ýyldan soňra dargapdyr.

Osmanly döwletiniň medeniýeti düýbi görünmeýän ummandyr. 600 ýyllyk bu döwlet özboluşly arhitekturasy, ylym-bilim, aýdym-saz sungaty, tagamlary, lybaslary, beýik şahsyýetleri, galalary, hammamlary, kitaphanalary, eserleri, metjitleri, keramika sungaty, haly sungaty, köprüleri, hassahanalary, diwan edebiýaty, halk edebiýaty, kartajylygy we ýene-ýeneleri bilen dünýä taryhynda we medeniýetinde öçmejek yzlar goýandyr.

# III BÖLÜM
# Türkiýe Respublikasy
# (1918-2010)

## Milli azat-edijilik hereketiniň başlanmagy

Mondros şertnamasy bilen Birinji jahan urşundan çekilen Osmanly döwleti bu söweşde ýeňiş gazanan döwletlerden topraklaryny goramaklygyň aladasyny edipdir. 1919-njy ýylyň 15-nji maýynda soýuzdaş döwletleriň goldawy bilen Gresiýa Izmire girdi we örän köp gan döküp, binalary ýakyp Anadolynyň günbataryndaky şäheri basyp aldy.

Şol wagtlarda Stambulda bolan Mustafa Kemal ýurduny duşmandan goramak üçin täze strategiýanyň üstünde işleýärdi. Mustafa Kemala görä Osmanly döwleti öz möwrüdini doldurandyr. Watan bölünendir. Patyşa, halyf, hökümet manysyz boş sözlerdir. Ortada bir hakykat bardyr, ol hem eziz Watan Anadolydyr. Bu ýagdaýda ol kararyny beripdir: Garaşsyz türk döwletini gurmaly…

Mustafa Kemal bu düşünjesini durmuşa geçirmek üçin garaşýan pursady 1919-njy ýylyň maý aýynda gelýär. Bu döwürde Samsun we töwereginde bidüzgünçiliklerin çykmagy netijesinde Osmanly hökümedi ony ol ýere ibermekligi makul bildi.

1919-njy ýylyň 19-njy maýynda Samsuna gelen Mustafa Kemalyň bu gelişi, täze dogjak döwletiň buşlukçysydyr. Ol bu sebitde düşünjelerini kämilleşdirip 1919-njy ýylyň iýulynda Erzurumda we sentýabrynda-da Siwasda halk bilen gujaklaşýar, olaryň goldawyny alýar. Dekabr aýynda Ankara gelen M. Kemal bu ýeri milli azat edijilik hereketiniň merkezi edip saýlaýar.

M. Kemalyň hereketlerini üns berip synlaýan soýuzdaşlar, 1920-nji ýylyň 16-njy martynda Osmanly döwletiniň paýtagty Stambuly basyp alýarlar. Stambulyň basylyp alynmagy Osmanly döwletiniň ýykylyşyny çaltlaşdyrypdyr.

Stambulyň basylyp alynyşyny we Osmanly patyşasynyň elinden hiç zadyň gelmeýişini uzakdan synlaýan Ankaradaky milli azat edijiler, 1920-nji ýylyň 23-nji aprelinde Ankarada "Türkýe beýik millet mejlisini" açdylar we Mustafa Kemaly mejlisiň başlyklygyna saýladylar. Mejlisiň açylmagy diýmek, täze döwletiň düýbi tutuldy diýmekdir. Bu mejlis 1921-nji ýylyň 20-nji ýanwarynda Teşkilaty Esasi Kanunyny (Konstitusiýa) yglan edipdir.

## Sewr şertnamasy

Birinji jahan urşunda ýeňilen döwletleriň hatarynda bolan Osmanly döwleti söweşden çekilmek üçin Mondros şertnamasyna gol çekipdi we jemleýji parahatçylyk şertnamasy 1920-nji ýylda kabul edildi. Sewr şertnamasy 433 maddadan ybarat bolup, bu şertnama görä Osmanly döwletiniň paýyna Stambul we töweregi galýardy. Anadolynyň galan topraklary bolsa başga döwletleriň arasynda paýlanylypdyr.

Sewr şertnamasynyň güýje girmegi üçin türk tarapy hem gol çekmelidi. Osmanly döwleti bu şertnamany kabul eden hem bolsa, Ankara hökümeTi şertnamany kabul etmedi, gaýtam

kabul edenleri hem watan haýyny diýip yglan etdi. Sewr şertnamasy öli dogan şertnamadyr. Çünki hiç wagt güýje girmändir.

## Osmanly türkmen döwletiniň ýykylmagy

Mustafa Kemalyň ýolbaşçylygyndaky milli azat edijiler Anadolynyň bir garyş topragy üçin şirin janlaryny orta goýdular. Angliýanyň, Fransiýanyň we Gresiýanyň basybalyjylykly hereketlerine garşy türk halky birleşdi we yzly-yzyna taryhy ýeňişler gazanyp Anadolyny duşmandan arassalamagy başardy.

Bu ýeňişleriň arasynda esasanam Sakarýa meýdan söweşi aýratyn orun tutýar. 1921-nji ýylyň sentýabr aýyndaky söweşde grek goşuny derbi-dagyn edilip, şol bir wagtyň özünde dünýä sahnasynda täze türk hökümetiniň abraýy dabaralanandyr. 22 gije-gündiz dowam eden Sakarýa söweşinden soňra mejlis tarapyndan Mustafa Kemala marşall çini we Gazy ady dakyldy.

1922-nji ýylyň awgust aýynyň 26-na herekete geçen türk goşunlary 30-njy awgustda Anadolyny duşmandan arassaladylar. Ýagny 1071-nji ýylyň 26-njy awgustynda Malazgirt ýeňşi bilen Anadolynyň gapylary türkmenlere açylan bolsa, ýene bir 26-njy awgustda (1922) gurlan bu Watan ýok bolmakdan dyndy. Bu taryhy ýeňiş netijesinde Osmanly döwletiniň ýerine täze milli bir Türkiýe döwleti dogdy.

Türk hökümetiniň taryhy ýeňşinden soňra 1922-nji ýylyň 3-nji oktýabrynda türk, iňlis, fransuz we italýan wekilleriň gatnaşmagynda Mudanýa ýaraşygyna gol çekildi. Mudanýa ýaraşygy türk azat edijilik göreşiniň türkleriň ýeňşi bilen netjelenendigini görkezýän ilkinji diplomatiki we syýasy resminamadyr.

Mudanýa ýaraşygyndan soňra Türkiýeniň parlamenti 1922-nji ýylyň 1-nji noýabrynda soltanlygyň ýatyrylandygyny bütin dünýä jar etdi. Şeýlelide 1299-njy ýylda gurlan Osmanly türkmen döwleti taryh bolýardy.

Soltanlygyň ýatyrylmagy bilen Osmanly patyşasy Mehmet Wahidetdin iňlisleriň kömegi bilen Stambuldan Malta gitdi we 3,5 ýyllyk sürgün durmuşdan soňra 1926-njy ýylda dünýäden ötdi. Soltanyň daşary ýurda gitmegi bilen halyflyk meslesi ýüze çykypdyr. Çünki Osmanly patyşasy şol bir wagtyň özünde Yslam dünýäsiniň hem lideridi, ýagny halyfydy. Türkiýe parlamenti 1922-nji ýylyň 18-nji noýabrynda Abdülmejit efendini halyf saýlapdyr.

## Lozan şertnamasy we Türkiýe Respublikasynyn yglan edilmegi

Mudanýa ýaraşygyndan soňra jemleýji bir şertnama gol çekmek maksady bilen ýygnanan halkara topar 1923-nji ýylyň iýul aýýnda Lozan şertnamasyny kabul etdi. Bu şertnama laýyklykda Türkiýäniň garaşszylygy bütin dünýä tarapyndan ykrar edildi. Lozan şertnamasy Türkiýäniň orderidir. Bu şertnamanyň käbir maddalary tankyt edilse-de netijede dünýä tarapyndan ykrar edilmek möhümdir. Lozana dogry düşünmek üçin Sewr şertnamasyna dogry düşünmelidir.

1923-nji ýylyň 29-njy oktýabrynda Türkiýe beýik millet mejlisi Türkiýe Respublikasynyň gurlandygyny bütin dünýä jar etdi. Şol gün Mustafa Kemal Türkiýe Respublikasynyň prezidentligine saýlanypdyr.

## Mustafa Kemalyň içeri we daşary syýasaty

Türkiýaniň ilkinji Prezidenti Mustafa Kemal döwründe düýpli reformalar amala aşyryldy. Aslynda 1920-nji ýylyň 23-nji aprelinde Türkiýe beýik millet mejlisiniň açylmagy türk

taryhynyň iň uly reformasydyr. Bu örän taryhy möhüm wakadyr, çünki bu mejlis gurlanda Osmanly döwleti ýaşaýardy.

Mustafa Kemalyň reformalaryny yzygiderlikde şeýle beýan etmek mümkindir:

Türkiýe beýik millet mejlisniň açylyşy (1920)

Soltanlygyň ýykylmagy (1922)

Türkiýe Respublikasynyň gurulmagy (1923)

Türkiýe ykdysady kongresi (1923)

Halyflygyň ýykylmagy (1924)

Konstitusiýanyň kabul edilmegi (1924)

Bilim (Tewhidi tedrsiat) kanuny, ýagny deňhukukly bilim kanuny (1924)

Başgap (şlýapa) ynkylaby (1925)

Halkara sagat we kalendaryň kabul edilmegi (1925)

Türk medeni kanunynyň kabul edilmegi (1926)

Anadoly demirýollarynyň satyn alynmagy (1927)

Konstitusiýadan dini terminleriň çykarylmagy (1928)

Halkara sanlaryň kabul edilmegi (1928)

Harp ynkylaby (1928)

Türk taryhyny gözleg-agtaryş jemgyýetiniň gurulmagy (1931)

Halkara ölçeg birlikleriniň kabul edilmegi (1931)

Türk dilini gözleg-agtaryş jemgyýetiniň gurulmagy (1932)

Zenanlara syýasy haklaryň berilmegi (1934)

Haýsy dine uýýanlyga garamazdan dini lybaslaryň diňe ybadathanalarda geýilmegi baradaky kanun (1934)

Familiýa kanunynyň kabul edilmegi (1934)

Milli we dini baýram günleriniň yglan edilmegi (1935)

Atatürküň alty taglymatynyň Konstitusiýa girizilmegi (1936)

Mustafa Kemalyň reformalary türk halkynyň geljegi üçin örän ähmiýetlidir. Onuň maksady millilik bilen günbatar medeniýetini birleşdirmeklik bolupdyr. Meselem günbatar bilen gatnaşmak üçin kalendaryň (hijri ýyl hasabyndan milady ýyl hasabyna), sagatlaryň (24 sagat), ölçeg birlikleri döwrüň talabyna laýyk bolmalydy. Ýa-da harp ynkylabyny alyp göreliň. Osmanly döwleti arap elipbiýini ulanýardy. Ýöne bu elipbiýi öwrenmek kyndy, şeýle-de türk dilindäki sesleriň hemmesini bu elipbiýiň harplary bilen ýazmak mümkin däldi. Ýazylaýanda-da okamak kyndy. Mysal üçin arapçadaky waw (و ) harpyny u, ü, o, w şeklinde okamak mümkindi, bu bolsa esasanam çagalar üçin mesele bolup durýardy. Şeýle hem günbatar bilen gatnaşjak bolsaň olaryň elipbiýine, ýagny latyn elipbiýine geçmeklik has dogry diýlip hasap edilipdir.

Mustafa Kemalyň döwründe edilen işleriň biri hem familiýa kanunydyr. Osmanly döwletinde raýatlaryň familiýalary deregine pylany ogly, pylany gyzy ýa-da lakamlar familiýanyň ýerini tutýardy. Mustafa Kemal her bir raýatyň hökmany bir familiýasy bolmalydygyny, esasanam ynsan mertebesini kiçeldiji ýa-da dini lakamlaryň jemgyýet gatnaşyklarynda ýalňyşdygy üçin familiýa kanunyny çykardy. Bu kanun bilen 1934-nji ýylda Mustafa Kemale “Atatürk” ady berildi.

Atatürk daşary syýasatda hem uly işleri amala aşyrandyr. Birinji dünýä söweşinden soňra gurlan Milletler jemgyýeti (Birleşen Milletler guramasy) 1932-nji ýylda agzalyk üçin täze döwlete çakylyk iberipdir we Türkiýe çakylyk bilen bu gurama agza bolupdyr.

Atatürküň döwründe 1936-njy ýylda gol çekilen Montrö bogazlar ylalaşygy bilen bogazlarda Türkiýäniň häkimiýeti gurlandyr. Bu şertnama bilen Türkiýe bogazlardan we

Garadeňizden geçýäň gämileri özüniň gözegçiligi astynda geçiripdir.

Mustafa Kemal Atatürküň bir arzuwy hem Lozan şertnamasy bilen Türkiýäniň serhetleriniň daşynda galan häzirki Hataýy öz topraklaryna goşmakdy. Ençeme ýyllap geçirilen diplomatiki gepleşiklerden we gatnaşyklardan soňra Hataý 1939-njy ýylda Türkiýe serhetlerine goşulypdyr. Atatürk Hataýyn Türkiýä goşulanyny görüp bilmedi, ýöne onuň döwründe ekilen tohumlar ölümünden soňra miwesini beripdir.

Türkiýäniň ilkinji Prezidenti Mustafa Kemal Atatürk 1938-nji ýylyň 10-njy noýabrynda ir sagat 09:05-de ýagty jahan bilen hoşlaşdy. Onuň guran Türkiýe döwleti häzirki döwürde dünýäniň öňdebaryjy döwletleri bilen ýakyn aragatnaşyk saklaýar.

Mustafa Kemal Atatürküň ölüminden soňra ýerine Ismet Inöni Prezident saýlandy. Ismet Inöni özüni "Milli şef", Atatürki bolsa "Ebedi şef" diýip yglan etdi.

## Türkiýe Ikinji jahan urşy ýylarynda

Atatürk Birinji jahan urşundan soňra Ýewropada meýdana gelen ýagdaýy uly üns bilen derňäpdi. Ol Germaniýanyň we Italiýanyň geljekde dünýä howp saljagyny syzýardy. Esasanam Italiyanyň Ortaýer deňziniň gündogaryndaky islegleri, Türkiýe topraklary baradaky pikirleri türk hökümetini gaýgylandyrýardy. Bu ýagdaýda Türkiýe üçin Italiýanyň garşysynda bolan Angliýa we Fransiýanyň syýasatyna ýakynlaşmak iň dogry karardy.

Atatürküň ölüminden soňra Ýewropada bloklaşmalar güýçlenipdi. 1939-njy 1939-njy ýylyň 1-nji sentýabrynda Ikinji jahan urşunyň başlamagy bilen 1939-njy ýylyň 19-njy oktýabrynda Türkiýe, Angliýa we Fransiýa "Hyzmatdaşlyk

şertnamasyna” gol çekdiler. Ýagny bu döwletlerden biri söweşe girse beýlekiler oňa kömek etmelidi.

Ikinji jahan urşunda Türkiýe söweşe girmän, bitarap bolmaklygy esas edip aldy. Türkiýe haçanda söweşiň netijesi belle bolandan soňra, Ikinji jahan urşuna girdi. Has takygy 1944-nji ýylyň 2-nji awgustyndan başlap, Germaniýa garşy söweşe girmezden, diplomatiki we ykdysady gatnaşyklaryny kesdi. Türkiýe 1945-nji ýylyň 23-nji fewralynda Germaniýa garşy urşa girendigini yglan etdi. Türkiýe söweşe girenini yglan edeninden iki aý on bäş gün soňra Germaniýa ýeňlişi kabul etdi we Türkiýe ýeňiş gazananlaryň hatarynda ýerini aldy. Şeýlelikde Türkiýe ýaragly söweşe girmezden urşy tamamlan az sandaky Ýewropaly döwletlerden biri bolupdyr.

Türkiýäniň söweşe girmän saklanmagy SSSR-i kyn ýagdaýa salypdy. Stalin Türkiýäniň oýnan oýnuny ýadyndan çykarmady we ilki bilen 1925-nji ýylda Türkiýe we SSSR-iň arasynda gol çekilen bir-biriniň üstüne çozmazlyk şertnamasynyň ýatyrylandygyny yglan etdi. 1946-njy ýylyň 7-nji awgustynda bolsa Anadolynyň gündogaryndaky Kars, Ardahan we Artwiniň Sowet hökümetine berilmegini talap edip ultimatum berdi. Stalin 1946-njy ýylyň 24-nji sentýabrynda talaplaryny gaýtalady, ýöne oňyn jogap alyp bilmedi.

**Türkiýe XX asyryň ortalaryndan XXI asyryň başlarynda**

Ikinji jahan urşundan soňra Türkiýäniň içeri we daşary syýasatynda düýpli özgerişlikler bolup geçdi. 1946-njy ýylda Türkiýe köp partiýaly ulgama geçdi. Ýagny Atatürküň partiýasy bolan “Respublikan halk partiýasynyň” (Cumhuriýet halk partisi) ýanyna “Demokratik partiýasy” (Demokrat parti) hem goşuldy. 1950-nji ýyldaky saýlawlarda “Demokratik partiýa” halkyň sesleriniň 53%-den gowragyny alyp döwleti dolandyrmaga başlady. Şol ýyl bu partiýanyň gurujylaryndan

Jelal Baýar Türkiýäniň 3-nji Prezidentligine saýlandy. Jelal Baýar Türkiýäniň taryhynda harby ulgamyň içinde ýetişmedik ilkinji prezidentdir.

Bu döwürde Türkiýäniň taryhynda din-syýasat gatnaşyklary uly mesele boldy. Ilki bilen Ismet Inönüniň döwründe metjitde türkçe okalýan azan, arapça okalmaga başlandy. Mekdeplerde din derslerini okamaklyk mejburi edildi. Şeyle-de radioda dini programmalary ýaýlyma goýbermeklige rugsat berlipdir. Türkiýäniň premýer-minisri Adnan Menderes 7 ýyl içinde 15 müň metjidiň gurlandygyny, 86 metjidiň bolsa oňarylandygyny aýdýardy.

Türkiýäniň içeri syýasatynda bu wakalar bolup ýören döwründe daşary syýasatda hem möhüm işler amala aşyrylýardy. Ikinji dünýä söweşinden soňra 1949-njy ýýlda ABŞ, Kanada, Angliýa, Fransiýa, Daniýa, Lüksemburg, Gollandiýa, Portugaliýa, Norwegiýa, Italiýa, Islandiýa we Belgiýa arasynda gol çekilen şertnama bilen NATO guruldy. NATO-nyň gurulyş maksady SSSR-e garşy blok ýaratmakdyr. Staliniň toprak islegine garşy, Türkiýe NATO girmek bilen jogap berdi. Türkiýe 1952-nji ýyldan bäri resmi taýdan NATO-nyň agzasydyr.

1960-njy ýylyň 27-nji maýynda Türkiýede hökümet agdarylyşygy bolup geçdi. Netijede hökümet adamlary tussag edildiler, Premýer-ministr Adnan Menderes, daşary işler ministri we maliýe ministri dar agajyndan asyldylar. 1961-nji ýylyň iýulynda Türkiýaniň 1924-nji ýyldan bäri ulanyp gelýän Konstitusiýasy ýatyryldy we täzesi yglan edildi.

1961-nji ýylyň oktýabrynda Türkiýäniň pyýada goşunlarynyň generaly Jemal Gürsel Türkiýäniň 4-nji Prezidenti boldy. Onuň döwründe 1962-nji ýylda Türkiýede Konstitusion kazyýet guruldy. Indiden beýläk mejlisiň alyp barýan işleri

kazyýetiň gözegçiliginde boljakdy. 1964-nji ýylda Türkiýe telewideniýe we radio edarasy (TRT) guruldy.

1966-njy ýylda Jemal Gürseliň saglyk ýagdaýy agyrlaşdy we Jewdet Sunaý Prezidentlige saýlandy. Onuň döwründe 1970-nji ýylda Stambuldaky Aziýany we Ýewropany birleşdirýän köprüniň gurluşygynyň düýbi tutuldy.

Jewdet Sunaýyň ýedi ýyllyk prezidentlik wagty dolanyndan soňra 1973-nji ýylda Fahri Korutürk Türkiýäniň Prezidentligine saýalandy.

1980-nji ýylyň 12-nji sentýabrynda Türkiýäniň taryhynda ikinji harby hökümet agdarylyşygy bolup geçdi. Syýasatçylaryň aglabasy tussag edildiler. 1982-nji ýylda Türkiýäniň Baş serkerdesi Kenan Ewren Prezident boldy.

1983-nji ýylda Turgut Ozal Ene Watan (Anawatan) partiýasyny gurdy we bütin türk halkyny gujaklaýyjy syýasat alyp bardy. 1989-njy ýylda Konstitusiýa laýyklykda Kenan Ewreniň Prezidentlik möhleti doldy we şol ýylyň 31-nji oktýabrynda Turgut Ozal Türkiýänin 8-nji Prezidentligine saýlandy.

Turgut Ozalyň döwründe Türkýe-ABD gatnaşyklary ýygjamlaşypdyr. 90-njy ýyllarda Yraga garşy söweşde Türkiýe ABD-niň iň ýakyn soýuzdaşlaryndan biri bolan hem bolsa uruşdan soňra iň köp zyýan çeken döwlet Türkiýe bolupdyr. Onuň Prezidentligi döwründe döwletdäki býurokratiki işler azaldylypdyr, ýagny mesele iň gysga wagta çözülmäge başlapdyr, aşakdaky dolandyryjylaryň güýji artdyrylypdyr, awtoulag ýollary köpelipdir. 1990-njy ýyllarda Türkiýede radio we telewideniýe ulgamynda düýpli özgerişlikler boldy. Bu döwürde hususy radio we telewideniýeleriň açylmagy netijesinde aragatnaşyk ulgamy kämilleşendir. 1983-1991-nji ýyllar arasynda Türkiýäniň ykdysadyýeti 5,2 % ösüpdir. 1993-nji ýylyň 17-nji aprelinde Prezident Turgut Ozal ýogaldy.

Turgut Ozal Atatürkden soňra wezipesiniň başynda wagty ýogalan Türkiýäniň ikinji prezidentidir.

Turgut Ozalyň garaşylmadyk ölüminden soňra 1993-nji ýylyň 16-njy maýynda Süleýman Demirel Prezidentlik wezipesine saýlandy. 2000-nji ýylda Demireliň Prezidentlik möhleti dolanlygy sebäpli Ahmet Nejdet Sezer Türkiýäniň 10-njy Prezidenti boldy. 2008-nji ýylda Prezidentlige saýlanan Abdylla Gül häzirki wagtda Türkiýäniň Prezidentidir.

## XX asyryň ahyrynda – XXI asyryň başlarynda türkmen-türk gatnaşyklary

Garaşsyz we Bitarap Türkmenistan bilen Türkiýäniň taryhy kökleri, bu iki doganlyk halky XX asyryň ahyrynda bir-biri bilen pugta birleşdirdi. Türkmenistanyň garaşsyzlygyny ilkinji ykrar eden döwlet doganlyk Türkiýedir.

Türkmenistan Watanymyz garaşsyzlygyny alanyndan soňra Türkmenistanyň Prezidenti S. A. Nyýazow garaşsyz bir döwletiň baştutany hökmünde ilkinji resmi sapar bilen 1991-nji ýylyň 2-4-nji dekabrynda Türkiýä gitdi. Türkmenistanyň Prezidentiniň bu saparynda Türkiýäniň Prezidenti Turgut Ozal bilen geçirilen gepleşikleriň barşynda ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmegiň esasy ugurlary we wezipeleri kesgitlenildi.

1992-nji ýylyň 1-2-nji maýynda Türkmenistanyň Prezidentiniň çagyrmagy boýunça Aşgabada Türkiýe Respublikasynyň premýer-ministri Süleýman Demireliň baştutanlygyndaky hökümet delegasiýasy geldi. Gepleşikleriň barşynda Türkmenistandan Türkiýä bilim almak üçin talyplaryň äkidilmegi esasy meselelerden biridir. Saparyň jemleri türkmen-türk hyzmatdaşlygynyň mundan beýläk ösmegi üçin güýçli badalga bolup hyzmat etdi.

1992-nji ýylyň 28-31-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Türki dilli ýurtlaryň baştutanlarynyň duşuşygyna we Türkiýäniň döredilmeginiň 69 ýyllygy mynasybetli dabaralara gatnaşmak üçin Ankara geldi. Şol döwürde Türkiýede bilim almak üçin türkmen talyplaryň ilkinji toparlary hem doganlyk döwlete gelipdiler.

1993-nji ýylyň 11-13-nji aprelinde Türkiýäniň Prezidenti Turgut Ozalyň türkmen-türk hyzmatdaşlygynyň ösmegine güýçli itergi beren Türkmenistana dostlukly sapary boldy. Ýeri gelende aýtsak bu sapar mahalynda has takygy 12-nji aprelde Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen täze Türkmen elipbiýi tassyklanyldy. Ýagny Türkmenistan hem Türkiýe ýaly indi latyn elipbiýinde ýazmaga we okamaga başlaýardy. Bu iki doganlyk halkyň taryhynda möhüm wakadyr. Türkiýäniň Prezidenti Turgut Ozalyň Ata Watan Türkmenistana zyýaratyndan birnäçe gün soňra ýagty jahan bilen hoşlaşmagy (17-nji aprel) türkmen halkyny çuňňur gynandyrdy.

Türkiýäniň Prezidenti Turgut Ozalyň Türkmenistana bolan saparynyň çäklerinde türkmen-türk mekdebiniň açylyş dabarasy hem bolup geçdi. Bu taryhy wakanyň üstünden bir ýyldan gowrak wagt geçeninden soňra bolsa Prezident S. A. Nyýazowyň Permany bilen Türkmenistanda ilkinji halkara ýokary okuw mekdebi bolan Halkara türkmen-türk uniwersiteti açyldy (1994).

1994-nji ýylyň 19-21-nji iýunynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Türkiýä nobatdaky resmi sapary boldy. Saparyň çäklerinde Türkiýäniň Prezidenti Süleýman Demirel bilen duşuşan Prezident S. A. Nyýazow ikitaraplaýyn gatnaşyklary has hem ösdürmek üçin gepleşikler geçirdiler.

1995-nji ýylyň 16-19-njy ýanwarynda Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkiýä resmi saparynyň çäklerinde Türkmen energiýa göterijilerini dünýä bazarlaryna çykarmagy guramak

boýunça Döwletara geňeşiniň maslahaty bolup geçdi. Oňa Türkmenistanyň, Eýranyň, Russiýanyň we Türkiýäniň energetiki toplumlarynyň ýolbaşçylary we 30-dan gowrak nebitgaz kompaniýalarynyň we banklaryň wekilleri gatnaşdylar.

1996-njy ýylyň 18-19-njy noýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkiýä nobatdaky sapary mahaly ykdysadyýet, tebigaty goramak, bilim we medeniýet, ýol gurluşygy ugurlarynda hyzmatdaşlyk barada hökümetara ylalaşyklarynda gol çekildi.

1997-nji ýylyň 12-nji maýynda Türkmenistana resmi sapar bilen gelen Türkiýäniň Prezidenti Süleýman Demirel we Türkmenistanyň Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşy Gypjak obasynda türk kompaniýasy tarapyndan gurlan dokma kombinatynyň açylyş dabarasyna gatnaşdylar.

1998-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşy Türkiýede saparda boldy we ol Türkiýäniň döredilmeginiň 75 ýyllygy mynasybetli baýramçylyk dabaralaryna gatnaşdy. Şol ýylyň 11-13-nji noýabrynda Türkiýänin Prezidenti Süleýman Demirel öz ýurdunyň döwlet we iş adamlaryndan düzülen uly topar bilen Türkmenistana geldi. Özüniň Aşgabada resmi sapary mahaly Süleýman Demirel Saparmyrat Türkmenbaşy bilen türk kompaniýalary tarapyndan bina edilen desgalaryň açylyş dabarasyna gatnaşdy. Olaryň arasynda Türkiýäniň ilkinji Prezidenti Mustafa Kemal Atatürküň ýadygärligi we seýilgähi, Ärtogrul Gazy adyndaky metjit we Türkmenistanyň Milli muzeýi bar.

2000-nji ýylyň 28-29-njy martynda Türkiýaniň Prezidenti Süleýman Demirel resmi sapar bilen Türkmenistana geldi. Gepleşiklerde energiýa serişdeleri boýunça hyzmatdaşlyga uly orun berildi. Bu resmi sapar Türkiýäniň Prezidenti hökmünde Süleýman Demireliň Türkmenistana iň soňky saparydyr.

2000-nji ýylyň 17-18-nji oktýabrynda Türkiýäniň 10-njy Prezidenti Ahmet Nejdet Sezer resmi sapar bilen Türkmenistana geldi. XXI asyryň birinji on ýyllygynda ykdysadyýetiň we medeniýetiň dürli ugurlarynda özara peýdaly hyzmatdaşlygy giňeltmek meseleleri onuň Türkmenistanyň Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşy bilen geçiren gepleşikleriniň baş temasy boldy.

2001-nji ýylyň 25-27-nji aprelinde Türkmenistanyň Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşy Türkiýä bardy we ol ýerde türki dilli döwletleriň baştutanlarynyň duşuşygyna gatnaşdy.

2003-nji ýylyň 11-nji dekabrynda türkmen elektrik energiýasyniň ilkinji megawattlary Eýranyň energetika ulgamynyň üsti bilen Türkiýä iberilip başlanyldy.

2007-nji ýylyň 14-nji fewralynda Türkmenistanyň ähli halk tarapyndan saýlanylan Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ygtyýarlyklary tassyklanyldy hem-de onuň işe girişmeginiň dabarasy boldy. Bu dabara gatnaşmak üçin Aşgabada gelen Türkiýäniň Premýer-ministri Rejep Taýyp Erdogan bilen duşuşdy. Gurbanguly Berdimuhamedowa döwlet baştutanynyň köp taraply işinde üstünlikler arzuw edip, ýokary derejeli türk myhmany türkmen we türk halklarynyň arasyndaky garaşsyzlyk zamanasynda görlüp-eşidilmedik ösüşe eýe bolan gadymy doganlyk we dostluk gatnaşyklarynyň has-da pugtalandyrjakdygyna ynam bildirdi.

2007-nji ýylyň 9-njy iýunynda türkmen we türk halklarynyň arasyndaky dostluk we doganlyk däplerini pugtalandyrmak, olaryň dil bitewiligini gorap saklamak işine goşan uly goşandy üçin Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşa (merhum) türk diliniň 5-nji halkara olimpiadasynyň guramaçylyk geňeşi tarapyndan Atatürk adyndaky türk dili baýragy berildi. Türkiýäniň Halkara dil bilimi jemgyýeti tarapyndan döredilen bu baýrak türk dilini we

medeniýetini ösdürmäge örän uly goşant goşan görnükli döwlet işgärine her ýyl gowşurylýar.

2007-nji ýylyň 29-njy awgustynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Türkiýäniň täze saýlanylan Prezidenti Abdulla Güle onuň Türkiýäniň Beýik milli ýygnagynda Prezident saýlawlarynda ynamly ýeňşi bilen gutlap gutlag iberdi.

2007-nji ýylyň 6-7-nji dekabrynda Türkiýäňiň Prezidenti Abdulla Gül resmi sapar bilen Aşgabat şäherinde boldy. Gepleşikleriň netijesinde Bilelikdäki beýanata, şeýle hem Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara Türkmen-türk topary hakynda Türkmenistanyň hökümeti bilen Türkiýäniň hökümetiniň arasyndaky Ylalaşyga gol çekildi. Saparyň çäklerinde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow we Türkiýäniň Prezidenti Abdulla Gül Daşaoguz welaýatynda saparda boldy, ol ýerde ýylda 1,5 milliard kilowat-sagatdan hem köp elektrik energiýasyny öndürjek döwlet elektrik stansiýasynyň açylyşyna gatnaşdy. Şol gün iki ýurduň baştutanlary Köneürgenç etrabyndaky Üç ýüz altmyş piriň ýadygärlik toplumyna zyýarat edip, gudraty güýçli Allatagala doga okady.

2008-nji ýylyň 10-njy noýabrynda Aşgabatda ýerleşen türkmen-türk dostlugy seýilgähinde garaşszy Türkiýäniň esasyny goýan göwrnükli syýasy işgär Mustafa Kemal Atatürküň ýadygäyliginiň etegine gül desseleriniň goýulmagynyň dabarasy boldy.

2008-nji ýylyň mart aýy Türkmenistanyň we Türkiýäniň taryhynda örän möhüm seneleriň biri hökmünde taryha girdi. 24-nji martta Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow resmi sapar bilen Türkiýä bardy. Türkiýäniň Prezidenti Abdulla Gül bilen Türkmenistanyň Prezidenti gepleşikleriň barşynda ozal gelnen ylalaşyklaryň ýerine

ýetirilişiniň barşyny ara alyp maslahatlaşdylar we netijeli arkalaşyga çemeleşmeleri anyklaşdyrdylar, söwda-ykdysady, energetika we ulag kommunikasiýa ulgamlarynda, dokma senagaty we gurluşyk pudaklarynda hyzmatdaşlyk etmegi ileri tutulýan ugurlaryň hatarynda goýdular. Prezidentler türkmen-türk gatnaşyklarynyň rowaçlygynyň aýrylmaz bölegi hökmünde gumanitar sferasyndaky hyzmatdaşlygy dowam etdirmegiň zerurdygyny nygtadylar. Türk lideri Türkiýäniň Türkmenistan bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk etmek bilen birlikde halkara guramalarynyň çäklerinde, ozaly bilen-de BMG-niň çäklerinde mundan beýläk hem işeňňir hyzmatdaşlyk etmekçidini nygtady. Abdylla Gül Gurbanguly Berdimuhamedowyň ikitaraplaýyn partnýorçylygyň ägirt uly potensialyny durmuşa geçirmegiň çeýe we netijeli guraly bolup çykyş edýän hökümetara komissiýasyny döretmek hakyndaky başlangyjynyň möhümdigini belledi. Ol Türkiýe tarapynyň Türkmenistanyň ýerasty ýataklaryndaky tebigy gazyň Ýewropa eltilmegi bilen gyzyklanýandygyny we degişli taslamalary durmuşa geçirmäge öz goşandyny goşmaga taýýardygyny aýtdy. Onuň pikiriçe, Baku-Türkmenbaşy demirýol paromly geçelge ulag sferasynda belelikdäki taslama bolup bilerdi. Türkmenistanyň Prezidenti ýurduň ykdysadyýetiniň dürli ugurlaryny, hususan-da, dokma senagatyny ösdürmäge türk kompaniýalarynyň ägirt uly goşant goşýandygyny belledi. Türk maýasy senagat, ulag, gurluşyk, söwda we beýleki sferalarda işlemek bilen, netijeli hyzmatdaşlygyň aaýyp nusgalaryny görkezýär. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow köğ şahaly ulag infrastrukturasynyň, şol sanda Hazar deňzinde paromly demirýol geçelgeleriniň döredilmegini goldady. Ol bilelikdäki tagallalary birleşdirmegiň sferasy hökmünde Hazar deňziniň türkmen kenarynda “Awaza” Milli syýahatçylyk zolagyny döretmek boýunça taslamany

mysal getirdi. Türkmenistanyň Prezidenti gumanitar-medeni sferada ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmegiň aspektleri barada aýratyn durup geçdi. Onuň pikirine görä, syýahatçylyk netijeli özara gatnaşyklaryň geljegi uly we düşewüntli pudagy bolup, bu ugurda türkmen tarapyna türkiýeli hyzmatdaşlaryndan öwrenere zat köp.

Gepleşikler tamamlanandan soň, Türkmenistanyň Medeniýet we teleradioýaýlymlar ministrligi bilen Türkiýe Respublikasynyň Radio-telewideniýe guramasynyň arasynda teleradioýaýlymlar ulgamynda özara hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň hökümeti bilen Türkiýeniň hökümetleriniň arasynda Ylalaşyk gazanyldy. Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi bilen Türkiýäniň Daşary işler ministrliginiň arasynda hyzmatdaşyk etmek hakynda Teswirnama gol çekildi, Türkmenistanyň Prezidenti bilen Türkiýäniň Prezideni Bilelikdäki Beýanata gol çekdiler.

Türkmenistanyň Prezidenti Türkiýä saparynyň çäklerinde 25-nji martda Stambula bardy we "Çyragan" Köşgünde Türkýede okaýan türkmen talyplary bilen duşuşdy. Ol türkmen-türk hyzmatdaşlygynyň derejesine ýokary baha berdi, Galkynyş eýýamyna gadam uran Türkmenistanyň çözýän meselelerini häsiýetlendirdi. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly, Türkmenistan ýaş, ökde hünärli hünärmenlere uly umyt baglaýar.

2008-nji ýylyň 28-njy noýabrynda Türkmenbaşy şäherinde Türkmenistanyň Prezidenti Türkiýäniň Prezidenti Abdulla Gül bilen duşudşy. Ikitaraplaýyn partnýorçylygy ösdürmek olaryň gepleşikleriniň esasy temasy boldy. Energetika we söwda-ykdysady sferalarda, ulag, aragatnaşyk, gurluşyk, dokma senagaty we beýleki birnäçe pudaklarda arkalaşykly hereket etmek meselesine aýratyn üns berildi.

## Peýdalanylan edebiýatlar


1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow, Gysgaça terjimehal, Aşgabat 2007
2. Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW, Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky söýmek bagtdyr, Aşgabat 2007
3. Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW, Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy, Aşgabat 2007.
4. Täze Galkynyş eýýämy, Aşgabat 2008.
5. Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW, Ösüşiň täze belentliklerine tarap, I tom, Aşgabat 2008.
6. Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW, Ösüşiň täze belentliklerine tarap, II tom, Aşgabat 2009.
7. Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW, Ösüşiň täze belentliklerine tarap, III tom, Aşgabat 2010.
8. Saparmyrat TÜRKMENBAŞY, Ruhnama, Aşgabat 2001.
9. ÇOROTEKIN, Tınçtıkbek, “Kırgızistan Cumhuriyeti”, Türkler, XIX, Ankara 2002, s. 454-484.
10. DEVLET, Nadir, Rusya Türkleriniň Milli Mücadele Tarihi (1905-1917), Ankara 1985.
11. GÖMEÇ, Saadettin, Türk cumhuriyetleri ve toplulukları tarihi, Ankara 1999.
12. История Азербайджана в 3-х томах,Баку 1958,1960,1963.
13. История Казахской ССР, (эпоха социализма), Алма-Ата 1963.
14. История Казахской ССР, tom I, Alma-Ata 1977.
15. История Казахской ССР, tom III, Alma-Ata 1979.
16. История Казахской ССР, tom V, Alma-Ata 1981.
17. История Казахстана с древнейших времен до наших дней (очерки), Алма-Аты 1993.
18. История Киргизии, tom I, Фрунзе 1963.
19. История Киргизии, tom II, Фрунзе 1963.
20. История Киргизской ССР, tom III, Фрунзе 1986.

21. История Киргизской ССР, tom IV, Фрунзе 1990.
22. История стран Азии и Африки в новейшее время, кн. 1, Москва 2004.
23. История стран Азии и Африки в новейшее время, кн. 2, Москва 2006.
24. История Узбекской ССР (с древнейших времен до наших дней), Ташкент 1974.
25. История Узбекской ССР в 4-х томах, Ташкент 1967-1968.
26. İNALCIK, Halil, Osmanlı İmparatorluğu, İstanbul 1996.
27. KARAL, Enver, Ziya , Osmanlı Tarihi, Ankara 1998.
28. KARAL, Enver Ziya, Türkiye Cumhuriyeti Tarihi, Ankara 1945-1981.
29. KURAT, Akdes Nimet, Rusya Tarihi, Ankara 1990.
30. НОВИЧЕВ А. Д., История Турции, Москва 1978.
31. SARAY, Mehmet, Atatürk ve Türk Dünyası, Ankara 1995.
32. SARAY, Mehmet, Rus işgali devrinde Osmanlı Devleti ile Türkistan hanlıkları arasındaki siyasi münasebetler (1775-1785), Ankara 1994.
33. SARAY,Mehmet, Türk Cumhuriyetleri Tarihi, Ankara 1995.
34. SEVİM, Ali – YAŞAR Yücel, Türkiye tarihi, I, Ankara 1995 (2. baskı).
35. SEVİM, Ali – YAŞAR Yücel, Türkiye tarihi, II, Ankara 1995 (2. baskı).
36. SEVİM, Ali-YAŞAR Yücel,Türkiye tarihi, III,Ankara 1991.
37. SEVİM,Ali-YAŞAR Yücel,Türkiye tarihi,IV,Ankara 1992.
38. Türkmen Sowet ensiklopediýasy, tom I-X, Aşgabat 1974-1989.
39. UZUNÇARŞILI, İsmail Hakkı, Anadolu beylikleri ve Akkoyunlu, Karakoyunlu devletleri, Ankara 1988.
40. Восстание 1916 года в Средней Азии и Казахстане, Сборник документов, Москва 1960.

## MAZMUNY

**GIRIŞ**........................................................................ 7
**AZERBAÝJAN RESPUBLIKASY** 9

**I BÖLÜM. Azerbaýjan iň gadymy döwürden b.e.VIII asyryna çenli**................................................ 10
Azerbaýjan iň gadymy adamlaryň mekanydyr............. 10
Ekerançylygyň we maldarçylygyň peýda bolmagy....... 12
Manna, Midiýa we Adropaten döwletleri. Azerbaýjan adynyň gelip çykyşy.................................................... 15
Azerbaýjanyň ýerlerine sasanylaryň, araplaryň we hazarlylaryň aralaşmaklary......................................... 19

**II BÖLÜM. Azerbaýjan VIII-XV asyrlarda**........... 21
Ýerli ilatyň arap basybalyjylaryna garşy göreşi. Babegiň gozgalaňy....................................................... 21
Seljuklaryň Azerbaýjanyň ýerlerine aralaşmaklary....... 22
Ildeňiz atabegligi. Azerbaýjany mongollaryň basyp almagy............................................................................. 24
Temirleriň, garagoýunlylaryň we akgoýunlylaryň Azerbaýjanyň ýerlerine ýörişleri................................. 26
Medeniýet we ylym.................................................... 28

**III BÖLÜM. Azerbaýjan XVI-XVIII asyrlarda**...... 31
Azerbaýjan sefewiler döwründe. Osman-sefewi urşy... 31
Azerbaýjan-rus gatnaşyklary. Stambul parahatçylyk şertnamasy............................................................... 33
Azerbaýjanyň Eýranyň agalygyndan halas bolmagy. Azerbaýjan hanlyklarynyň döremegi....................... 35

Azerbaýjan-gajar gapma-garşylyklary......................... 38
Medeniýet................................................................. 40

**IV BÖLÜM. Azerbaýjan XIX-XX asyryň başlarynda**........................................................ 44
XIX asyryň birinji ýarymynda azerbaýjan-rus gatnaşyklary. Türkmençaý şertnamasy. Demirgazyk Azerbaýjanyň Russiýa birikdirilmegi we onuň netijeleri………………………………………… 44
Azerbaýjanyň sosial-ykdysady ýagdaýy...................... 48
Işçileriň rewolýusion hereketleri. Işçileriň demokratik partiýasynyň döremegi. Buržuaz-demokratik rewolýusiýanyň ýeňmegi............................................ 51
Medeniyet................................................................. 54

**V BÖLÜM. Azerbaýjan Sowet häkimiýeti ýyllarynda (1917-1991)**............................................. 57
Azerbaýjanda sosialistik rewolýusiýanyň ýeňmegi. Sowet häkimiýetiniň berkarar edilmegi........................ 57
Azerbaýjanyň garşysyna daşary ýurt interwensiýanyň guralmagy we raýatlyk urşy........................................ 60
Azerbaýjan SSR-niň döredilmegi................................ 63
Azerbaýjan 20-nji-30-njy ýyllarda............................. 65
Azerbaýjan Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda (1941-1945)...................................................................... 69
50-80-nji ýyllarda Azerbaýjanyň sosial-ykdysasady we syýasy ýagdaýy........................................................ 71

**VI BÖLÜM. Azerbaýjan Garaşsyzlyk eýýamynda**... 74
Garaşsyz Azerbaýjanyň içeri we daşary syýasaty......... 74
Türkmenistan - Azarbaýjan gatnaşyklary.................... 77

**ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASY** 80
**I BÖLÜM. Özbegistan iň gadymy döwürden VIII asyra çenli**.............................................................. 81
Özbegistan iň gadymy adamlaryň watanydyr.............. 81
Ekerançylygyň we maldarçylygyň peýda bolmagy....... 83
Ýerli ilatyň grek-makedonlaryň agalygyna garşy göreşi..................................................................... 86
Özbegistanyň ýerlerine arap basybalyjylarynyň aralaşmagy. Yslam diniň ýaýramagy......................... 88
Medeniýet.............................................................. 90

**II BÖLÜM. Özbegistan VIII - XV asyrlarda**........... 92
Ýerli ilatyň arap basybalyjylaryna garşy göreşi........... 92
Arap agalygynyň ýykylmagy.................................... 94
Özbegistanyň ýerlerine mongollaryň ýörişi................. 96
Mahmyt Tarabynyň gozgalaňy.................................. 97
Serbedarlar hereketi................................................. 99
Merkezleşen döwletiň döremegi................................. 101
Özbegistan temirleriň döwründe................................ 104
Medeniýet we ylym................................................... 105

**III BÖLÜM. Özbegistan XVI-XIX asyryň ortalarynda**.............................................................. 113
Şeýbany hanyň Mawerannahry basyp almagy............. 113
Buhara hanlygy........................................................ 114

Hywa hanlygy........................................................... 117
Kokant hanlygy......................................................... 119
1821-1825-nji ýyllardaky Buhara gozgalaňy................ 121
Medeniýet we ylym.................................................... 124

**IV BÖLÜM. Özbegistan XIX asyryň ikinji ýarymynda we XX asyryň başlarynda**...................... 128
Patyşa Russiýasynyň Özbegistanyň ýerlerine harby ýörişi.............................................................................. 128
1892 we 1898-nji ýyllaryň halk gozgalaňlary.............. 130
Birinji rus reýolýusiýasynyň Özbegistana täsiri............ 133
Buhara we Hywa hanlyklarynda halk köpçüliginiň ýagdaýy............................................................................ 136
1916-njy ýylyň halk gozgalaňy.................................. 141
Medeniýet we ylym.................................................... 144

**V BÖLÜM. Özbegistan Sowet häkimiýeti ýyllarynda (1917-1991)**............................................ 150
Özbegistanda sosialistik rewolýusiýanyň ýeňmegi we ilkinji sosialistik özgerişler.......................................... 150
Türküstan Awtonom Sowet Sosialistik Respublikasynyň döredilmegi..................................... 154
Hywada we Buharada Halk Sowet rewolýusiýasynyň ýeňmegi. Horezm we Buhara Halk Sowet Respublikalarynyň döredilmegi................................. 156
Özbegistan ýurduň halk hojalygynyň dikeldiş ýyllarynda.............................................................................. 160
Merkezi Aziýada milli-döwlet bölünişigi we Özbegistan SSR-niň döredilmegi............................... 165

Özbegistan SSR-i 1925-1941-nji ýyllarda.................... 167
Özbegistan SSR-i Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda (1941-1945)........................................................... 170
Özbegistan SSR-i 50-80-nji ýyllarda............................ 172
Ylym we medeniýet..................................................... 174

**VI BÖLÜM. Özbegistan Respublikasy Garaşsyzlyk ýyllarynda (1991-2010)**............................................ 177
Garaşsyz Özbegistanyň içeri we daşary syýasaty........ 177
Türkmenistan we Özbegistan gatnaşyklary.................. 179

**GAZAGYSTAN RESPUBLIKASY** 182
**I BÖLÜM. Gazak halkynyň döreýşinden XX asyryň başlaryna çenli**............................................ 184
Gazaklar Özbek hanlygy döwründe we gazak halkynyň kemala gelmegi............................................ 184
Gazak ady.................................................................. 185
Gazak hanlygy barada taryhy çeşmeler........................ 185
Gazak hanlygy we hanlary.......................................... 186
Aktaban şubyryndy..................................................... 191
Gazak hanlygynyň dargamagy..................................... 192
Kiçi jüz....................................................................... 193
Orta jüz we Abylaý han.............................................. 195
Uly jüz....................................................................... 196
Gazak hanlygyny täzeden dikeltmek ugrunda göreş: Kenansary hanyň gozgalaňy (1836-1847)...................... 197
Gazagystan baknalyk döwründe.................................. 193
Gazaklaryň sosial-ykdysady ýagdaýy.......................... 199
1916-njy ýylyň gozgalaňy we gazaklar........................ 201

Alaş Orda partiýasy........................................................ 204
Medeniýet we ylym........................................................ 204

**II BÖLÜM. Gazagystan Sowet häkimiýeti döwründe (1917-1991)**................................................ 210
Gazagystanda Sowet häkimiýetiniň ýeňmegi we Gazagystan SSR-niň döredilmegi................................. 210
Gazagystan 1920-1938-nji ýyllarda.............................. 211
Gazagystan Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda........... 214
1950-1980-nji ýyllarda Gazagystanyň sosial-ykdysady we syýasy durmuşy....................................................... 216
Medeniýet we ylym........................................................ 219

**III BÖLÜM. Gazagystan garaşsyzlyk ýyllarynda (1991-2010)**.................................................................. 223
Garaşsyz Gazagystanyň içeri syýasaty.......................... 223
Garaşsyz Gazagystanyň daşary syýasaty...................... 224
Gazagystanyň ykdysadyýeti.......................................... 226
Türkmenistan-Gazagystan gatnaşyklary....................... 226

## GYRGYZYSTAN RESPUBLIKASY

**I BÖLÜM. Gyrgyzlar iň gadymy döwürden XVIII asyra çenli**................................................................. 233
Gyrgyz ady barada......................................................... 233
Gyrgyz halkynyň kemala gelmegi................................. 235
Gyrgyzlaryň syýasy gurluşy.......................................... 238

**II BÖLÜM. Gyrgyzlar Kokant hanlygy döwründe..** 239
Gyrgyzlaryň Kokant hanlygynyň düzümine girmegi..... 239
Kokant hanlygynda gyrgyzlaryň hojalygy.................... 241

**III BÖLÜM. Gyrgyz topraklarynyň Rus Patyşalygy tarapyndan basylyp alynmagy**................ 246
Demirgazyk Gyrgyzystanyň basylyp alynmagy........... 246
Günorta Gyrgyzystanyň basylyp alynmagy................. 248
Gyrgyzlar 1916-njy ýyldaky halk gozgalaňynda........... 252

**IV BÖLÜM. Gyrgyzystan Sowet häkimiýeti döwründe (1917-1991)**............................................... 256
Gyrgyzystanda Sowet häkimiýetiniň ýeňmegi we Gyrgyzystan SSR-niň döredilmegi................................ 256
Gyrgyzystan Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda.......... 258
XX asyryň 50-80-nji ýyllarynda Gyrgyzystanyň syýasy we sosial durmuşy............................................. 259
Medeniýet we ylym...................................................... 261

**V BÖLÜM. Gyrgyzystan garaşsyzlyk ýyllarynda (1991-2010)**........................................................... 263
Garaşsyz Gyrgyzystanyň içeri we daşary syýasaty.................................................................... 263

**TÜRKIÝE RESPUBLIKASY** 264
**I BÖLÜM. Anadolynyň türkmenleşmegi (XI asyryň başlary – 1299)**............................................... 266
Seljukly türkmenleriniň Anadoly ýerlerine aralaşmagy. 266
Malazgirt söweşi.......................................................... 267

Anadoly Seljukjly döwleti........................................... 268
Anadolyda türkmen beglikleriniň döwri...................... 271
Medeniýet we ylym.................................................... 276

**II BÖLÜM. Osmanly türkmen döwleti (1299-1918).** 277
Osmanly türkmen döwletiniň gurulmagy.................... 277
Osman beg.................................................................. 278
Orhan beg................................................................... 278
Soltan Myrat I............................................................ 279
Soltan Ýyldyrym Bayezit............................................ 280
Osmanly türkmen döwletinde galagopluk döwri........... 281
Osmanly türkmen döwletinde galkynyş döwri. Fatyh Soltan Mehmet............................................................ 282
Ýowuz Soltan Selim.................................................... 283
Kanuny Soltan Süleýman............................................ 284
Soltan Selim II............................................................ 284
Osmanly türkmen döwletiniň pese gaçmagy we ýykylmagy. Karlofça şertnamasy................................ 285
Prut söweşi.................................................................. 285
Kiçi Kaýnarja şertnamasy........................................... 286
Ilkinji reformator patyşalar.......................................... 286
Tanzymat permany...................................................... 287
Krym söweşi................................................................ 287
Yslahat permany.......................................................... 288
Soltan Abdulhamyt II we ilkinji Konstitusiýa............. 288
Aýastefanos şertnamasy.............................................. 289
Hijaz demirýoly........................................................... 289
Trablusgarp söweşi...................................................... 289
Balkan söweşleri.......................................................... 290

Osmanly türkmen döwleti birinji jahan urşy ýyllarynda........................................................... 291
Çanakgala söweşi....................................................... 292
Mondros şertnamasy.................................................... 293
Medeniyet we ylym...................................................... 293

**III BÖLÜM. Türkiýe Respublikasy (1918-2010)**...... 297
Milli-azat edijilik hereketiniň başlanmagy.................... 297
Sewr şertnamasy.......................................................... 298
Osmanly türkmen döwletiniň ýykylmagy..................... 299
Lozan şertnamasy we Türkiýe Respubliasynyň yglan edilmegi................................................................ 300
Mustafa Kemalyň içeri we daşary syýasaty.................. 300
Türkiýe Ikinji jahan urşy ýyllarynda............................ 303
Türkiýe XX asyryň ortalaryndan XXI asyryň başlarynda........................................................... 304
XX asyryň ahyrynda – XXI asyryň başlarynda türkmen-türk gatnaşyklary........................................... 307

**Peýdalanylan edebiýatlar**.......................................... 314